**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

T.Goçyýew, S.Ataýew, A.Çaryýew

# Arbitraž iş ýöredişi

**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi***
***Tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat – 2010**

Goçyýew T., Ataýew S., Çaryýew A.
**Arbitraž iş ýöredişi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby.-A:,2010, 299 sah.

## Giriş

Düýpli özgertmeleriň esasynda türkmen jemgyýetini we döwletini kämilleşdirýän reformator prezident hökmünde bütin dünýäde ykrar edilýän Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň jemgyýetimizi özgertmek boýunça ilkinji ädimleriniň bilim ulgamynda amala aşyrylyp başlanmagynda aýratyn many we çuňňur öňdengörüjilik bar.

Öz ömrüniň esli bölegini ylma we bilime bagyş eden, bu pudaga gönüden-göni ýolbaşçylyk edip gelen hormatly Prezidentimiziň bu ugurda baş maksady türkmen ýaşlarynyň ylym-bilimini, gözýetimini, aňyýetini, medeni derejesini dünýä ülňüleriniň iň ýokary ölçegine galdyrmak bolup durýar.

Türkmen jemgyýetini we onuň hukuk binýadyny kämilleşdirmek – Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasy syýasatynyň esasy strategiki maksady bolup durýar. Onuň esaslandyryjysy we irginsiz durmuşa geçirijisi bolsa Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowdyr. Bu syýasatyň esasynda özüniň ähli derwaýys meselelerini we zerurlyklaryny öz içine alýan adam aladasy ýatandyr. Milli hukuk ulgamyny ösdürmek, ony halkara standartlaryna laýyk getirmek, halkara hukuk kadalaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna ornaşdyrmak – Milli Liderimiziň hukuk reformasynyň strategiýasynyň esasy düzüjileri bolup çykyş edýär. Bu ýerde mesele ýurduň kanunçylygyny ýöne bir kämilleşdirmek barada gitmeýär-de, eýsem ony döwrebap, hil taýdan halkara talaplaryna laýyk gelýän derejä ýetirmek hakynda barýar.

Hormatly Prezidentimiziň şu garaýyşlaryndan, pikirlerinden ruhlanyp, şu kitabyň awtorlary tarapyndan “Arbitraž iş ýöredişi” dersi boýunça döwrebap okuw-synag kitabyny ýazmaklyga synanyşyk edildi.

Okuw-synag kitaby arbitraž iş ýöredişini düzgünleşdirmegiň meselelerine, aýratynlyklaryna, tejribede duş gelýän kynçylyklaryna, olary hukuk jähtden ýeňip geçmegiň ýollaryna bagyşlanýar. Onda arbitraž iş ýörediş hukugynyň esasy prosesual düşünjeleri, institutlary, iş ýöredişiň tapgyrlary aýratynlykda, doly we hemmetaraplaýyn seljerilýär.

Hereket edýän Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksinde ýeterlik derejede düzgünleşdirilmedik meseleler, gabat gelýän gapma-garşylyklar, üzňelikler giňişleýin suratlandyrylýar hem-de olary aradan aýyrmak boýunça anyk teklipler aýdylýar. Bu teklipler köplenç halatda Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksiniň we Russiýa Federasiýasynyň Arbitraž iş ýörediş kodeksiniň oňyn tejribesinden gelip çykýar. Başgaça aýdylanda, munuň özi arbitraž iş ýörediş kanunçylygyna ornaşdyrylmagy teklip edilýän kadalaryň hukuk deňeşdirme usulyny peýdalanmak ýoly bilen alnandygyny aňladýar.

GDA-nyň, şeýle hem ýer ýüzüniň döwletleriniň aglaba köpüsinde arbitraž kazyýetler özbaşdak hereket etmeýärler. Köplenç halatlarda olaryň garamaly meseleleri umumy kazyýetleriň ygtyýarlygyna berlen. Arbitraž kazyýetler diňe täjirçilik (hususy) düzümler hökmünde bu döwletlerde bellidir.

Okuw-synag kitabynda ylmy-tejribe nukdaýnazaryndan öňe sürülýän pikirler kitabyň ahyrynda teklip edilýän edebiýatlarda has çuňňur we anyk esaslandyrylýar.

Okuw-synag kitabynda arbitraž iş ýörediş tertibinde garalýan ähli jedeller “ykdysady işler” diýlip atlandyrylýar. Onuň esaslandyrmasy okuw-synag kitabynyň 8-nji temasynda ýörite berilýär.

TAIÝK-da “hak isleýji”, “jogap beriji”, “hak isleg arzasy” ýaly düşünjeler ulanylýar. Tejribede bu düşünjeler başga birnäçe görnüşlerde duş gelýär. Talyplar üçin has aýdyň hem anyk bolar ýaly, okuw-synag kitabynda ýokarda agzalan düşünjeleriň has gysga hem düşnükli aňlatmalary, ýagny”talapçy”, “jogapçy”, “talap arza” diýen sözler ulanyldy. Mundan başga-da käbir beýleki prosessual düşünjeler we hereketler babatda hem kitapda kanunçykaryjylyk tejribesini geljegini nazara alyp döwrebap sözler ulanyldy.

Okuw-synag kitabynda meýilleşdirilen temalaryň has düýpli hem netijeli özleşdirilmegi üçin çyzgylardan, tablisalardan we testlerden giňişleýin peýdalanyldy. Bu okuw-usuly serişdeler barada gysgaça durlup geçilende, şulary bellemek bolar.

Çyzgylar (tablisalar). Okuw-synag kitabynda beýan edilýän temalaryň has wajyp institutlary, kadalary hem düşünjeleri çyzgylarda ýönekeý, anyk we gysga görnüşde ýerleşdirilýär. Çyzgylarda temanyň özenini düzýän meseleler olaryň logiki yzygiderliligini çöşläp boljak ýagdaýda berilýär. Talyplaryň wezipesi, çyzgylaryň üsti bilen temalaryň mazmunyny, olaryň logiki zynjyryny üzmezlik şerti bilen dolulygyna göz öňüne getirmekligi başarmak bolup durýar. Has sada aýdylanda, talyplar çýzgylara düşünip, olary “gepletmegiň” hötdesinden gelmeli. Görüş ýatkeşliginiň temalary özleşdirmekde ähmiýeti uludyr. Esasan hem belli bir wagtyň geçmegi bilen geçilenler ýatlananda çyzgylaryň ähmiýeti has-da wajypdyr.

Testler. Okuw-synag kitabynyň temalaryny özleşdirmekde testleriň-de aýratyn ähmiýeti bardyr. Testleriň jogaplary dörtden az bolmaly däldir. Jogaplaryň her biri-de özüne çekiji hem ynandyryjy bolmalydyr, many-mazmun taýdan bolsa mümkin boldugyça ýakyn bolmalydyr. Şeýlelikde testleriň jogaplary talyplardan çynlakaý pikirlenmegi talap edýän “akyl duzaklaryna” meňzemelidir. Testlerde dogry, nädogry ýa-da kanuna doly laýyk gelýän jogaplary tapmaklyk tabşyrylýar. Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapmak diýmek, beýleki jogaplaryň hem belli bir derejede dogrudygyny aňladýar. Bu ýerde talyplaryň öňünde deňeşdirme ýoly bilen has anyk kanuny jogaby tapmak wezipesi durýar. Testleriň temanyň beýan ediliş logiki yzygiderliliginde ýerleşdirilmegi hökman däldir.

Okuw-synag kitabynda testleriň jogaplary ýörite berilýär. Talyp her bir testiň jogaby bilen diňe ol boýunça öz jogabyny saýlanyndan soňra tanyşmalydyr. Soragyň jogaby dogry kesgitlenilmedik halatynda, talyp kitapda berlen maglumatlar bilen goşmaça işlemelidir.

Okuw-synag kitabynda gysgaldylyp ulanylan düşünjeler şulardyr:

- Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti – Arbitraž kazyýet;
- Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi – TAIÝK;
- Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksi – TRIÝK;
- Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksi – TRK;
- Russiýa Federasiýasynyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi – RF-nyň AIÝK.

## Tema 1. Arbitraž prosesual hukugy barada düşünje we onuň mazmuny

### §1. Arbitraž prosesual hukugynyň närsesi , usuly we onuň çeşmeleri

Hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, islendik hukugyň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklary şol hukuk pudagynyň närsesi hökmünde çykyş edýär. Ykdysady gatnaşyklar bilen bagly ýüze çykýan jedelleri çözmek üçin şol hukuk gatnaşyklarynyň ähli gatnaşyjylarynyň (subýektleriniň[1]) we kazynyň gatnaşmagynda kazyýetde seljerilýän we çözülýän ykdysady işler arbitraž prosesual hukugynyň närsesi bolup durýarlar.

Arbitraž prosesual hukugynyň närsesine üç görnüşde kesgitleme berip bolýar:

- kazynyň we iş ýöredişe (prosese[2]) gatnaşýan beýleki gatnaşyjylaryň takyk prosesual hereketleri. Mysal üçin, talap arzanyň bildirilmegi, talap arzanyň kabul edilmegi we ş.m.
- prosesual hereketlerden gelip çykýan hukuk gatnaşyklary. Mysal üçin, talap arza bildirilende we kabul edilende – talapçynyň we kazynyň hereketleriniň netijesinde ýüze çykýan prosesual gatnaşyklary.
- prosesual hukuk gatnaşyklarynyň jemi esasynda anyk bir iş boýunça kazyýet önümçiliginiň emele gelýändigi sebäpli arbitraž iş ýöredişiň özi.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly (metody[3]) diýlip, döwletiň hukuk kadalarynyň esasynda arbitraž iş ýöredişine gatnaşyjylaryň özlerini alyp barmaklarynyň döwlete gerek tertibini üpjün edýän tärlerine we serişdelerine düşünilýär.

Hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly diýen düşünjä köp ýyllaryň dowamynda dar manyda düşünilip gelnipdi. Mysal üçin, raýat hukugynda, hukugyň usuly deňhukukly, ýagny keseligine (gorizontal[4]) hukuk gatnaşyklary bilen, dolandyryş hukugynda bolsa – häkimlik we tabynlyk dikligine (wertikal[5]) hukuk gatnaşyklary jähtleri bilen häsiýetlendirilýärdi.

Häzirki wagtda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usuly diýen düşünje has giň mana eýe boldy. Arbitraž prosesual hukugynyň, hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulynyň häsiýetli aýratynlyklary:

- kazyýetiň arbitraž iş ýöredişine gatnaşýan beýleki gatnaşyjylaryň arasynda aýratyn hukuk ýagdaýa (statusa[6]) eýe bolmagy. Arbitraž kazyýet iş ýöredişiň gidişine ýolbaşçylyk edýär, hakyky ýagdaýlara görä işi düýp

---

[1]Subýekt – "subjectus – aşagynda ýatan, esasynda duran" diýen latyn sözünden gelip çykyp, kanun esasynda belli bir hukuga we şol bir wagtyň özünde-de borçlara eýe bolan fiziki ýa-da ýuridik şahsy aňladýar;

[2]Proses – "processus – ösüşiň barşy, ösüşiň gidişi" diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir netijäni almaklyk üçin gönükdirilen yzygiderli hereketleriň jemini aňladýar;

[3]Metod – "methodos – barlagyň ýoly, nazaryýet, okuw"diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir maksada ýetmekligiň usulyny, takyk bir meseläniň çözgüdini aňladýar;

[4]Gorizontal – "horizontale - çäklendirmeklik" diýen fransuz sözünden gelip çykyp, dikligiň garşysyna göni kese diýmegi aňladýar;

[5]Wertikal – "verticālis - dik" diýen latyn sözünden gelip çykyp, dikligine, ýagny kesäniň garşysyna diýmekligi aňladýar;

[6]Status - "status-ỳagdaỳ" diỳen latyn sözünden gelip çykyp, hukuk ylmynda belli bir subỳektiň hukuk ỳagdaỳyny, ỳagny onuň hukuklarynyň we borçlarynyň jemini, şol hukuklary amala aşyrmagyň, borçlary bolsa berjaỳ etmegiň tertibini aňladỳar.

mazmuny boýunça çözýär, kazyýet çözgüdiniň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýar. Şonuň bilen baglylykda-da, kanunçykaryjy kazyýete birnäçe aýratyn ygtyýarlyklar berýär. Şol sebäpli arbitraž iş ýöredişiniň gidişinde ýüze çykýan gatnaşyklar, häkimlik we tabynlyk gatnaşyklary ýaly häsiýetlendirilýärler.

- prosesual hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň, üýtgemeginiň we bes edilmeginiň esasy (hukuk ýagdaýlary) hökmünde diňe hereketler (kazynyň we beýleki gatnaşyjylaryň hereketleri) çykyş edýärler. Waka ýa-da ýagdaý (mysal üçin, hususy telekeçiniň kämillik ukybyny ýitirmegi), prosesual hukuk netijeleriniň ýüze çykmagyna getirip bilmeýär.
- kazyýetiň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar, arbitraž iş ýöredişiň mundan beýläk dowam etdirilmegini ýa-da bes edilmegini kesgitleýji ýagdaýlar hökmünde çykyş edýär. Çünki, bu gatnaşyklar dispozitiw[1] häsiýete eýedir. Başgaça aýdylanda, jenaýat iş ýöredişinden tapawutlylykda, arbitraž iş ýöredişiniň döremegi, dowam etdirilmegi ýa-da bes edilmegi iş ýöredişe gatnaşýan taraplaryň öz erk-isleglerine bagly bolup durýar.
- kanunda prosesual kadalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän serişdeler berkidilýär. Bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kazyýet çözgütleriniň nägilelik (kassasion[2]) ýa-da gözegçilik tertibinde ýatyrylmagy, bähbitsiz prosesual netijeleriň ýüze çykmagy (mysal üçin, talap arzanyň yzyna gaýtarylmagy we ş.m.).

Nazarýetde hukugyň çeşmesi diýlip, ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kadalaryň berkidilişine düşünilýär. Arbitraž prosesual hukugynyň çeşmeleri diýlende bolsa, arbitraž iş ýöredişiniň tertibini düzgünleşdirýän kanunlara we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara düşünilýär.

Arbitraž prosesual hukugynyň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Ol prosesual kanunçylygyň ösdürilmeginiň esasy bolup çykyş edýär;
- Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi (TAIÝK). Onda ykdysady işler boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň tertibi jikme-jik düzgünleşdirilýär;
- “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň Kanuny we arbitraž iş ýörediş kadalary berkidilen beýleki kanunlar;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň arbitraž iş ýörediş meselelerini düzgünleşdirýän permanlary we kararlary;
- ministrlikleriň we pudak edaralarynyň arbitraž iş ýörediş kadalaryny özünde jemleýän hem-de kanuna laýyklykda çykarylýan namalary;
- Türkmenistanyň gatnaşmagyndaky halkara şertnamalary.

[1]Dispozitiw – “dispono – ygtyýar edýärin, ýerleýärin” diýen latyn sözünden gelip çykyp, raýat iş ýöredişiniň demokratik ýörelgeleriniň esasylarynyň biri bolup, kazynyň kömegi bilen işe gatnaşýanlaryň özleriniň iş ýörediş we maddy hukuklaryndan erkin peýdalanmaklaryny aňladýar;
[2]Kassasion – “cassatio - üýtgetmek, ýok etmek” diýen latyn sözünden gelip çykyp, birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgüdine (hökümine) ýokarda duran kazyýete şikaýat (garşylyknama) getirmegi aňladýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň (Plenumynyň[1]) kararlary hukuk çeşmesi hökmünde çykyş etmeýärler. Sebäbi, birinjiden, olarda eýýäm hereket edýän kanunlara düşündiriş berilýär. Ikinjiden bolsa, prosesual meseleler çözülende kanun we goşmaça Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisiniň diňe şol meselä degişli düşündirişleri ulanylýar. Türkmenistanyň kazyýet tejribesinde kazyýet presedenti[2] diýen düşünje ulanylmaýar we bu mesele kanun tarapyndan berkidilmeýär.

Prosesual kadalary düşündirmekligiň görnüşleri:

- resmi we resmi däl düşündiriş;
- taryhy düşündiriş;
- ulgamlaýyn düşündiriş;
- grammatik[3] düşündiriş;
- göwrümi boýunça berilýän düşündiriş;
- kanunyň we hukugyň meňzeşligi boýunça berilýän düşündiriş (1-nji çyzgy).

## §2. Arbitraž iş ýöredişi we onuň tapgyrlary

Arbitraž iş ýöredişi ýa-da arbitraž kazyýet önümçiligi kazyýet goragynyň bir görnüşi bolup durýar. Kazyýet goragynyň bu tertibi we görnüşi TAIÝK-da düzgünleşdirilýär. TAIÝK-da göz öňünde tutulmadyk hereketler, hukuk netijeleriň ýüze çykmagyna getirmeýär.

Ykdysady işler garalanda we çözülende kazyýetiň işi kesgitlenen tapgyrlardan ybaratdyr. Tapgyr – bu bir maksada gönükdirilen prosesual hereketleriň jemidir. Arbitraž iş ýöredişiniň tapgyry diýlende bolsa, ykdysady işi ýöretmegiň aýratyn döwürlerine (basgançaklaryna) düşünilýär. Arbitraž iş ýöredişiniň tapgyrlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Kazyýetde iş gozgamak. Konstitusiýada we kanunlarda göz öňünde tutulan hukuklary hem-de bähbitleri bozulan fiziki[4] we ýuridik şahslaryň[5] (şol sanda daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslarynyň) kazyýet goragyndan peýdalanmak üçin, kazyýete ýüz tutmaga hukuklary bardyr. Döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goramak maksady bilen, kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, kazyýete prokuror, döwlet edaralary, ýerli

[1]Plenum-“plenum-doly” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ýokary kazyýet edarasynyň ähli agzlarynyň umumy ýygnagyny aňladýar;
[2]Presedent – “praecedens, praecēdentis – öňde barýan, öňki, ozalky” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, takyk bir işe garalanda şoňa meňzeş iş boýunça öňki kazyýetleriň çykaran çözgütleriniň esasynda kazyýet tarapyndan çykarylýan çözgüt. Şunuň ýaly düzgün Beýik Britaniýanyň we ABŞ-nyň we beýleki birnäçe döwletleriň hukuk ulgamlarynyň esasyny düzýär;
[3]Grammatika – “grammatike, gramma – harp, ýazylyş, ýazma” diýen grek sözlerinden gelip çykyp, sözüň gurluşyny, onuň üýtgeýşini we kanunalaýyklygyny öwrenýän dil biliminiň bir bölümidir. Grammatika sözüň emele gelşini, ýagny morfologiýany we sintaksisi birleşdirýär;
[4]Fiziki şahs-Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 19-njy maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň raýaty, daşary ýurt raýaty ýa-da raýatlygy ýok adam;
[5]Ýuridik şahs-Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda, eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny ýerine ýetirip bilýän, kazyýetde talapçy we jogapçy bolup bilýän edara düzümi.

öz-özüňi dolandyryş edaralary we beýleki edaralar hem ýüz tutup bilýär. Eger-de kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli çözmegiň tertibi göz öňünde tutulan bolsa, onda görkezilen tertibi berjaý etmek bilen, jedel kazyýetde garamak üçin kabul edilip bilner.

- Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak. Bu tapgyryň esasy maksady, işiň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmek bolup durýar. Şonuň üçin bu tapgyrda kazyýet esasan, işi seljermek üçin degişli ýagdaýlary anyklamaga we şol ýagdaýlary tassyklaýan subutrnamalary toplamaga borçlydyr.
- Işiň kazyýet mejlisinde seljerilmegi (kazyýet sejlerişi). Bu tapgyrda jedele düýp mazmuny boýunça garalýar we çözgüt çykarylýar. Bu tapgyr arbitraž iş ýöredişiniň esasy tapgyrydyr, sebäbi diňe şu ýerde jedel gutarnykly çözülýär. Arbitraž iş ýöredişiniň mundan öňki we soňky tapgyrlary, kazyýet seljerişi tapgyryna hyzmat ediji tapgyrlar bolup durýar.
- Kanuny güýjüne girmedik çözgütlere we kesgitnamalara nägilelik şikaýatyny bildirmek (nägilelik önümçiligi). Bu tapgyrda birinji basgançakly (instansiýaly) kazyýetiň iş boýunça çykaran çözgütleriniň kanunylygy we esaslylygy barlanylýar.
- Kazyýet çözgütlerini ýerine ýetirmek. Kazyýet çözgütleri Türkmenistanyň çäginde (territoriýasynda[1]) ýerleşýän ähli döwlet düzümleri, şeýle hem fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir. Kada boýunça bu hereket (çözgütleriň ýerine ýetirilmegi) adatça bank[2] edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.
- Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde garamak (gözegçilik önümçiligi). Bu tapgyra şeýle at berilmeginiň sebäbi, kähalatlarda, kazyýet namalary kanuny güýjüne girenden soň hem onuň kanunylygyna we esaslylygyna şübhe döräp bilýär. Şonuň üçin hem bu tapgyrda ýokarda duran kazyýet kazyýetiň garan işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrmaklygyň kanunylygyna we esaslylygyna gözegçilik etmek wezipesini ýerine ýetirýär.
- Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak. Bu ýerde, taraplara we kazyýete öň mälim bolmadyk we bolup hem bilmejek ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Ýöne, bu täze ýüze çykan ýagdaýlar däl. Bilermeniň (ekspertiň[3]) görnetin ýalan netijenama bermegi, terjimeçiniň görnetin nädogry terjime etmegi, kazyýete galp resminamalaryň ýa-da maddy subutnamalaryň bildirilmegi ýaly ýagdaýlaryň ýüze çykarylmagy, eger-de şeýle hereketler bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kazyýet namalarynyň çykarylmagyna getiren bolsa,

[1]Territoriýa-“territorium-welaýat, ülke we terra-ýer, gury ýer” diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, kesgitlenen serhetdäki ýa-da çäkdäki ýer giňişligini aňladýar;

[2]Bank-“banco-oturgyç, pul çalyşýanyň (serrabyň) dükany” diýen italýan sözünden gelip çykyp, goýumlary kabul etmeklige, karz bermeklige, kärhanalaryň arasyndaky hasaplaşyklary geçirmeklige we gymmatly kagyzlaryň söwdasyny etmeklige ýörite ygtyýarnamasy (*lisenziýa*-latynça *licentia-azatlyk, hukuk*) bolan maliýe guramasy;

[3]Ekspert-„expertus-tejribeli“ diýen latyn sözünden gelip çykyp, ylymyň, bilimiň, tehnikanyň we sungatyň belli bir ugurlarynda ýokary hem ýörite bilimleri bolan we onuň ýörite bilimlerini talap edýän soraglary çözmek üçin çagyrylan adam.

onda olar täze ýüze çykan ýagdaýlar hökmünde işiň gaýtadan garalmagyna getirip bilýär.

TAIÝK-da käbir işlere garamaklygyň aýratynlyklary berkidilýär. Bu ýerde, şu Kanunda, şeýle hem "Bergidarlaryň batyp galmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda berkidilen hukuk kadalaryna laýyklykda garalýan batyp galmak (bankrotlyk[1]) barada işler göz öňünde tutulýar.

Hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary anyklamak ýaly işlere hem aýratyn derejedäki (kategoriýadaky) işler hökmünde garalýar. Bu işlerde hukuk barada jedel ýok. Olarda soňundan bozulan hukuklary goramak üçin ulanylýan hakyky hukuk ýagdaýlary (ýuridik faktlar) anyklanýar. Mysal üçin, hakykat ýüzünde ol ýa-da beýleki bir bina, desga, ýer bölegine we beýleki gozgalmaýan emläklere eýelik etmeklik baradaky işler we ş.m.

## §3. Arbitraž prosesual hukugynyň ýörelgeleri

Ähli hukuk pudaklarynyň, şol sanda arbitraž prosesual hukugynyň hem öz öňünde goýýan wezipeleriniň çözgüdi esasan onuň ýörelgeleriniň we hukuk kadalarynyň nä derejede durmuşa geçirilýändigine bagly bolup durýar. Hukuk taglymatyndan belli bolşy ýaly, hukugyň umumy ýörelgeleri diýlende, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen hukuk kadalarynda berkidilen esasy ýol görkeziji kadalara, şeýle hem syýasy – aňyýet (ideologiýa[2]) esaslaryna düşünilýär.

Hukugyň ýörelgeleri esasy iki sany wezipäni ýerine ýetirýärler: birinjiden, olar jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýärler, ikinjiden bolsa, häzirki hereket edýän kanunçylyk ulgamynyň ösmeginde esas goýujy binýat bolup çykyş edýärler. Haçan-da täze kada kabul edilende ýa-da hereket edýän kanuna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilende hukugyň umumy ýörelgelerinden ugur alynýar.

Arbitraž prosesual hukugynyň ýörelgeleri onuň ulgamyny emele getirýär. Olar özara baglanyşykly we biri-birine täsir ediji häsiýete eýe bolýarlar. Mysal üçin, eger-de taraplaryň deňligi ýaly prosesual ýörelge hereket etmese onda, iş ýöredişiň bäsdeşlik görnüşinde alnyp barylmagyny üpjün etmek mümkin bolmazdy.

Arbitraž prosesual hukugynyň ýörelgeleriniň toparlara bölünişi (klassifikasiýasy[3]):

- Kadalaşdyryjy hukuk namalarda berkidilmeginiň gornüşi boýunça, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we TAIÝK-da berkidilen ýörelgelere;
- Düzgünleşdirmekligiň obýekti[1] boýunça, adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyny düzgünleşdirýän ýörelgelere, şeýle hem iş ýöredişde

[1]Bankrot – "banco – oturgyç we rotto - döwlen" diýen italýan sözlerinden gelip çykyp, tozma; gurply dällik; garyplyk, bergidaryň (fiziki we ýuridik şahsyň) serişdeleriniň ýoklugy, şonuň bilen baglylykda özüniň bergisini bermeklikden boýun gaçyrmak;

[2]Ideologiýa – "idea – düşünje we logos – okamak, öwrenmek" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir sosial toparlary, ýagny synpy, syýasy partiýany, jemgyýeti häsiýetlendirýän pikirleriň, garaýşlaryň ulgamy;

[3]Klassifikasiýa – "classification – topar, hil" diýen fransuz sözünden gelip çykyp, ol ýa-da beýleki närseleriň (obýektleriň) özboluşlylygyna baglylykda toparlara bölünmegi.

kazynyň we beýleki gatnaşyjylaryň prosesual hereketlerini kesgitleýän ýörelgelere.

## Kazyýete ýüz tutmak hukugy

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda berkidilen hukuk kadalaryna laýyklykda, bozulan ýa-da jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin islendik fiziki ýa-da ýuridik şahs Arbitraž kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Şonuň ýaly-da kanunda görkezilen ýagdaýlarda bu hukuk prokurora[2] we ygtyýarly edilen beýleki taraplara hem degişlidir.

Daşary ýurtly fiziki we ýuridik şahslaryň Arbitraž kazyýete ýüz tutmaklarynyň tertibi TAIÝK-da, arbitraž iş ýörediş meselelerine degişli beýleki kanunlarda, halkara şertnamalarynda we taraplaryň ylalaşyklarynda berkidilýär (TAIÝK-nyň 4-nji maddasy).

Arbitraž kazyýete ýüz tutmaga bolan hukukdan ýüz dönderilmegi hakyky däldir. Hatda eger-de taraplar kazyýet goragyndan ýüz döndermek barada öz aralarynda ýazmaça ylalaşyk baglaşan bolsalar-da, ol hakyky hasaplanmaýar.

Eger kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi göz öňünde tutulan bolsa, onda jedel kazyýet tarapyndan garamaga diňe şeýle tertip berjaý edilenden soň kabul edilip bilner (TAIÝK-nyň 4-nji maddasy).

Taraplaryň ylalaşygy boýunça, ykdysady işler, Arbitraž kazyýeti tarapyndan çözgüt kabul edilmezinden öň bitaraplar kazyýetiniň garamagyna geçirilip bilner (TAIÝK-nyň 23-nji maddasy).

## Kazyýetde işleriň ýekelikde we bilelikde (kollegial[3]) garalmagy ýörelgesi

Birinji basgançakly kazyýetde, ykdysady işlere kazy ýekelikde garaýar. Ýöne kazyýetiň başlygynyň çözgüdi boýunça işe kazylar tarapyndan bilelikde hem garalyp bilner.

Nägilelik tertibinde, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda işlere üç kazynyň gatnaşmagynda garalýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy[4] gözegçilik tertibinde işlere, onuň agzalarynyň köpçüliginiň gatnaşmagynda garaýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi gözegçilik tertibinde işlere onuň agzalarynyň azyndan üçden iki bölegi gatnaşan mahalynda garaýar.

Işiň düýp mazmuny bilen bagly bolmadyk hereketleri, mysal üçin, talap arzany kabul etmek, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak, nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) kabul etmek kazy ýekelikde amala aşyrýar.

---

[1]Obýekt – "objectus – zat, närse" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bizde bolmadyk we bize bagly bolmadyk daşky dünýäniň maddy ýüze çykmasy; hukugyň obýektine – adamlaryň we raýatlaryň kanun tarapyndan goralýan tebigy we mizemez hukuklary, fiziki we ýuridik şahslaryň, şeýle hem döwlet edaralarynyň kanun tarapyndan goralýan maddy we maddy däl bähbitleri degişlidir;

[2]Prokuror-"procuro-alada edýärin" diýen latyn sözunden gelip çykyp, prokuratura edaralarynyň wezipeli adamy;

[3]Kollegial-"collegium-birleşme" diýen latyn sözünden gelip çykan, ýerine ýetiriji we serenjam beriji geňeş edarasyny emele getirýän ýolbaşçy wezipeli şahslaryň topary;

[4]Prezidium-"praesidium-gorag, başlyklyk" diýen latyn sözünden gelip çykan, belli bir maslahaty ýa-da umumy ýygnagy dolandyrmak üçin ýörite saýlanan adamlaryň topary.

RF-nyň AIÝK-na laýyklykda işlere kazylar ýekelikde garaýar, AIÝK-da görkezilen ýagdaýlarda bolsa – bileleşip garaýarlar. Birinji basgançakly kazyýetde işlere bileleşip garalanda kazyýetiň düzümi üç kazydan ýa-da bir kazy we iki sany oturdaşdan ybaratdyr. Oturdaşlar taraplaryň hödürlemesi esasynda iş ýöredişe gatnaşýarlar. Taraplaryň bu babatda beren hödürnamasy kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylan ýagdaýynda, taraplar kazyýet tarapyndan hödürlenen adamlaryň içinden oturdaşlary saýlaýarlar. Belli bir netijä gelip bilmedik halatlarynda bu meseläni kazyýetiň özi çözýär. Işe garalanda oturdaşlar kazynyň hukuklaryndan peýdalanýarlar we onuň borçlaryny ýerine ýetirýärler.

## Fiziki we ýuridik şahslaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi

Arbitraž kazyýet önümçiligi taraplaryň bäsleşigi hem-de olaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi esasynda amala aşyrylýar. Özi-de bu hukuk olaryň ýerleşýän ýerine, emläk ýagdaýyna, guramaçylyk hukuk görnüşine garamazdan, hususy telekeçiler üçin bolsa, olaryň milletine, diline, meşgul bolýan işine we beýleki ýagdaýlaryna garamazdan, “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanunynda hem-de TAIÝK-da deň-derejede kepillendirilýär.

TAIÝK-nyň 6-njy maddasynda iki sany özbaşdak ýörelge berkidilýär. Olar iş ýöredişiň taraplaryň bäsleşigi esasynda guralmagy hem-de taraplaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi ýörelgeleridir. Bu iki ýörelge biri-birini doldurýarlar. Taraplaryň deňligi ýörelgesi kazyýet önümçiliginiň bäsleşik esasynda geçirilmegini üpjün edýär.

## Ykdysady işlere garalan mahaly kazylaryň garaşsyzlygy

Ykdysady işlere garalan mahaly kazylar garaşsyzdyrlar we diňe Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de kanunlaryna tabyndyrlar (TAIÝK-nyň 5-nji maddasy).

Kazylaryň garaşsyzlygy diýen hukuk kadasynyň TAIÝK-da we beýleki kanunlarynda berkidilmegi, işleriň kazylaryň öz islegine ýa-da garamagyna görä çözülmelidigini aňlatmaýar, olar her bir iş boýunça hökmany suratda kanuna gollanmalydyr. Kazylaryň kanuna tabyn bolmaklygy olaryň garaşsyzlygyny üpjün edýär. Islendik edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň kazylaryň işine keseden täsir etmegi Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Kazylaryň garaşsyzlygyny üpjün edýän, aýratyn iş ýörediş ýagdaýlarynyň üstünde durup geçeliň:

- beýleki kazylaryň pikiri bilen ylalaşmaýan kazynyň aýratyn pikirini beýan etmäge hukugy bar;
- işe garalanda we iş çözülende beýleki ýüze çykan pikirler yglan edilmäge degişli däl;
- prokuroryň çykaran netijenamasy kazyýet üçin hökmany däldir. Şunuň ýaly kada bilermeniň beren netijenamasy babatynda hem hereket edýär.

Kazyýetiň netijenamalary ret etmäge hukugy bardyr, ýöne ol şeýle ýagdaýda öz garaýşyny esaslandyrmaga borçlydyr.

TAIÝK-nyň 5-nji maddasynda edaralaryň, guramalaryň we wezipeli adamlaryň kazylaryň işine keseden täsir etmegine ýol berilmeýänligi barada hukuk kadasy berkidilýär. Görkezilen madda raýatlary hem goşmaly diýip hasap edýäris. Sebäbi raýatlaryň kazyýetiň işlerine goşulmaklyk mümkinçiliginiň bardygyny nazary we tejribe taýdan inkär etmek mümkin däl.

## Kazyýet önümçiliginiň dili

Arbitraž kazyýet önümçiligi Türkmenistanyň döwlet dilinde alnyp barylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 106-njy maddasyna laýyklykda, kazyỳet önümçiligi döwlet dilinde ýöredilýär, işe gatnaşýan taraplar kazyỳet önümçiliginiň dilini bilmeýän halatlarynda terjimeçiniň kömegi, işiň maglumatlary we resminamalary bilen tanyşmak hem-de kazyỳet hereketlerine gatnaşmak, şonuň ýaly-da kazyỳet mejlisinde ene dilinde çykyş etmek hukugy üpjün edilýär.

TAIÝK-nyň 7-nji maddasynyň 2-nji bendinde "işe gatnaşyjylaryň" ählisi terjimeçiniň kömeginden peýdalanýarlar diýip bellenilýär. Emma işde bu hukuk işe gatnaşyjylaryň ählisine berilmeýär. Prosesual kanunçylygyna laýyklykda, diňe "işde bähbidi bar taraplar" terjimeçiniň kömeginden peýdalanýarlar. Şonuň üçin hem görkezilen maddada "işe gatnaşyjylar" diýen düşünjäniň deregine "işe gatnaşýan taraplar" diýip görkezmek ýerlikli bolardy.

Bulardan başga-da, işe gatnaşýan taraplaryň kazyỳet önümçiliginde öz ene dilinde çykyş etmäge bolan konstitusion hukugyny hem görkezmek maksada laýyk bolardy. Işe gatnaşýan taraplaryň bu hukugy "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasynda hem berkidilendir.

## Kazyýet seljerişiniň aýanlygy

Bu ýörelge Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 105-nji maddasyndan berkidilendir. Şoňa laýyklykda-da Türkmenistanyň ähli kazyýetlerinde işler açyk seljerilýär. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda işiň bir bölegi ýa-da işiň tutuş özi ýapyk kazyýet mejlisinde hem seljerilip bilinýär. Şu aşakdaky esaslar bar bolan halatynda iş ýapyk kazyýet mejlisinde geçirilýär:

- döwlet syryny goramak zerurlygy ýüze çykan halatda;
- kazyýet tarapyndan gulluk, täjirçilik we beýleki syrlaryň saklanylmagynyň zerurlygyna salgylanýan taraplaryň piriniň haýyşy kanagatlandyrylan mahaly;
- kanun arkaly göz öňünde tutulan beýleki halatlarda (TAIÝK-nyň 8-nji maddasy).

Ýokarda görkezilen halatlarda işe hökmany suratda ýapyk kazyýet mejlisinde garalýar.

Iş kazyýetiň delillendirilen kesgitnamasy boýunça ýapyk ýagdaýda garalyp bilner. Ýapyk kazyýet mejlisi kazyýet önümçiliginiň ähli kadalaryny berjaý etmek bilen geçirilýär. Ýapyk kazyýet mejlisine işe gatnaşýan taraplar we olaryň

wekilleri gatnaşyp bilýärler, gerek bolan halatlarda – terjimeçi we bilermen hem gatnaşdyrylyp bilinýär.

Kazyýet mejlisiniň açyk ýa-da ýapyk geçirilendigine garamazdan, çözgüt ähli halatlarda aç-açan yglan edilýär. Bu kada TAIÝK-da hem berkidilmäge degişli.

## Iş garalanda ulanylýan kadalaşdyryjy hukuk namalar

Işlere garalanda kazyýet Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna we kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, Türkmenistanyň baglaşan halkara şertnamalaryna gollanýar.

Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda milli kanunçylykdakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda kazyýet tarapyndan halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda, şeýle hem taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan halatlarda, beýleki döwletleriň kanunlary hem ulanylyp bilinýär. Daşary ýurt kanunlarynda jedelli hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän degişli kadalar bolmadyk halatynda, onda Türkmenistanyň degişli hukuk kadalary ulanylýar.

Eger-de ýüze çykan jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän degişli kadalar bolmadyk halatynda, onda kazyýet tarapyndan şoňa meňzeş gatnaşyklary düzgünleşdirýän beýleki kadalar ulanylýar (bu ýagdaýa kanunyň analogiýasy[1] diýilýär), eger-de şeýle kadalar hem bolmadyk mahalynda bolsa, işler hukugyň degişli pudagynyň umumy başlangyçlaryndan we many-mazmunyndan ugur alnyp çözülýär (bu ýagdaýa bolsa hukugyň analogiýasy diýilýär) (TAIÝK-nyň 10-njy maddasy).

## Kazyýet namalarynyň hökmanylygy

Kazyýet namalary diýlende, kazyýetiň çykarýan çözgütlerine, kararlaryna we kesgitnamalaryna düşünilýär. Birinji basgançakly kazyýet, jedellere düýp mazmuny boýunça garap, çözgüt çykarýar. Eger-de jedel düýp mazmuny boýunça çözülmeýän bolsa (işe garamaklygy gaýra goýmak, iş boýunça önümçiligi togtatmak, iş boýunça önümçiligi bes etmek, talaby garaman galdyrmak we ş.m.), onda kazyýet tarapyndan kesgitnama çykarylýar.

Nägilelik we gözegçilik kazyýetleri karar çykarýarlar. Nägilelik basgançagynda kesgitnama hem çykarylýar.

Kanuny güýjüne giren kazyýet namalarynyň ähli häkimiýet düzümleri, edara-kärhana-guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň bütin çäginde hökmanydyr.

Şonuň ýaly-da, garalýan iş bilen baglanyşykly kazyýetiň subutnamalary, maglumatlary we beýleki resminamalary bildirmek talaby, şeýle hem iş boýunça düşündiriş ýa-da netije bermek hem-de beýleki kanuny talaplarynyň ýerine

[1]Analogiýa – “analogia – gabat gelmegi, meňzeşlik” diýen grek sözünden gelip çykyp, haýsy hem bolsa bir gatnaşyklaryň, zatlaryň, düşünjeleriň we ş.m. meňzeşligi.

ýetirilmegi hökmanydyr we edara-kärhanalar, guramalar we şol talaplar bildirilen beýleki taraplar tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Kazyýet namalarynyň we kazyýet talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi, şeýle hem kazyýete äsgermezçilik edilmegi Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige eltýär.

Daşary ýurt döwletleriniň kazyýetleriniň, halkara arbitražlarynyň namalary Türkmenistanyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär (TAIÝK-nyň 11-nji maddasy).

## Iş ýöredişiň dispozitiwlik ýörelgesi

Bu ýörelgäniň düýp mazmuny, iş ýöredişiň ýüze çykmagynyň, dowam etmeginiň we bes edilmeginiň işe gatnaşýan taraplara (öňi bilenem jedelleşýän taraplara) bagly bolup durýanlygyndan ybaratdyr. Şonuň üçinem bu ýörelgäni iş ýöredişiň hereketlendiriji başlangyjy diýip hem atlandyrýarlar.

Günbataryň iş ýöredişinde kazyýet önümçiligini diňe taraplaryň özleri gozgap bilýärler. Bizde bu hukuk, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda, prokurora we beýleki ygtyýarly edilen taraplara hem berilýär. Şol taraplar hem kazyýet namalaryna şikaýat bildirip ýa-da teklipnama getirip bilýärler. Günbataryň ölçeglerine görä, kazyýetiň we prokuraturanyň wezipeli adamlarynyň başlangyçlary bilen gözegçilik önümçiliginiň gozgalmagy, dispozitiwlik ýörelgelerine garşy gelýär. Günbatarda hiç kim goşulmazdan kazyýet goraglylygynyň möçberi (takyk talap we onuň möçberi) kesgitlenýär. Taraplar islän wagty ylalaşyk baglaşyp bilýärler. Talapçy öz talabyndan ýüz dönderip bilýär, jogapçy bolsa – bildirilen talaby ykrar edip bilýär.

Biziň kanunçylygymyz boýunça, kazyýet talapdan ýüz döndermekligi, talabyň möçberiniň azaldylmagyny ýa-da bildirilen talabyň ykrar edilmegini kabul etmeýär, şeýle hem taraplaryň ylalaşygyny tassyklamaýar, eger-de olar kanuna garşy gelýän bolsa ýa-da başga biriniň kanun tarapyndan goralýan hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozýan bolsa. Bu ýagdaýda iş düýp mazmuny boýunça garalýar.

## Iş ýöredişiň bäsdeşlik ýörelgesi

Bäsdeşlik – bu günbataryň iş ýöredişiniň esasy ýörelgeleriniň biridir. Günbatar iş ýöredişinde taraplaryň bäsdeşligine kazyýetiň goşulmagyna ýol berilmeýär. Çözgütler taraplaryň kazyýete bildiren subutnamalarynyň esasynda kabul edilýär. Has takygy, haýsy ýagdaýlary anyklamalydygyny we haýsy serişdeleriň esasynda subut edilmelidigini taraplaryň özleri kesgitleýärler. Şol subutnamalary haýsy ýollar bilen kazyýete bildirmek, taraplaryň öz aladasy bolmaly. Subutnamalary ýüze çykarmaklyga we olary toplamaklyga kazyýet gatnaşmaýar. Milli kanunçylygymyza laýyklykda, kazyýet kazyýet önümçilikleriniň ähli görnüşlerinde (jenaýat, raýat, arbitraž) subutnamalary toplamak bilen meşgullanýar. Sebäbi bu olaryň gönüden-göni wezipe borjy bolup durýar.

Biziň iş ýöredişimizde, taraplar, bäsdeşlik ýörelgesiniň esasynda, özleriniň talaplaryny we garşylyklaryny esaslandyrmaga borçludyrlar. Bu işe kazyýet we prokuror işjeň gatnaşýarlar.

Iş ýörediş başlanmazyndan öň taraplar jedelli mesele boýunça biri-biriniň garaýşyny (pozisiýasyny[1]) bilmäge haklydyr. Her tarap kanunda göz öňünde tutulan ähli serişdeleriň üsti bilen öz talabynyň ýa-da garşylygynyň kanunylygyny we esaslandyrylandygyny subut etmäge, şonuň ýaly-da gerek bolan halatynda, işiň gidişinde öz delillerini getirmäge hem-de iş boýunça pikirini aýtmaga, şeýle hem haýyşnama bildirmäge we düşündiriş bermäge haklydyr.

Kazyýet öz gezeginde taraplara olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, hem-de şol hukuklaryň durmuşa geçirilmegine ýardam berýär, şonuň ýaly-da ol ýa-da beýleki hereketleriň edilmegi ýa-da edilmezligi nähili netijelere getirip biljekdigi barada duýdurýar, işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak we subut etmek üçin ähli şertleri döredýär, şeýle hem jedelleri düzgünleşdirýän degişli kanunyň dogry ulanylmagyny üpjün edýär.

### Taraplaryň prosesual deňligi ýörelgesi

Prosesual kanunçylygy taraplara öz bähbitlerini goramaklyk üçin deň-derejede ygtyýarlyklary berýär. Eger şeýle edilmese, iş ýöredişiň bäsdeşlik ýörelgesini üpjün etmeklik mümkin däl. Hiç bir tarap aýratyn hukuklardan peýdalanmaýar. Mysal üçin, talapçy talap arza bilen kazyýete ýüz tutmaga hukugy bolsa, jogapçynyň kazyýete garşylyklaýyn talaby bildirmäge hukugy bar.

Iki tarapa hem subutnamalary bildirmäge, olaryň derňewine gatnaşmaga, dil üstünden ýa-da ýazmaça görnüşde düşündiriş bermäge, haýyş etmäge, iş boýunça delillerini bildirmäge we pikirini aýtmaga doly mümkinçilik berilýär.

### Subutnamalary kazyýet tarapyndan gönüden-göni derňemek ýörelgesi

Bu ýörelgäniň düýp mazmuny, iş boýunça kazyýete bildirilen ähli subutnamalaryň kazyýetiň gönüden-göni derňemegini aňladýar (TAIÝK-nyň 9-njy maddasy). Kazyýet tarapyndan derňelmedik subutnamalar, kazyýet çözgüdiniň esasynda goýlup bilinmez. Ýöne işiň ýagdaýlarynyň her bir halatda kazyýet tarapyndan derňelmegi-de mümkin däl. Mysal üçin, islendik resminamanyň asyl nusgasy ýiten ýa-da ýok edilen bolsa, onda kazyýet şol resminamanyň tassyklanan nusgasyny subutnama hökmünde kabul edip, şony hem derňemek bilen çäklenmeli bolýar.

## §4. Arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklary

TAIÝK-ny tarapyndan düzgünleşdirilýän gatnaşyklar, arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklary bolup durýar. Olar maddy-hukuk gatnaşyklardan şular bilen tapawutlanýar:

---

[1]Pozisiýa – "positio - ýagdaý" diýen latyn sözünden gelip çykyp, 1) ýagdaý, haýsy hem bolsa bir zadyň ýerleşişi (mysal üçin, küşt tagtasyndaky küşt çöpleriň ýerleşişi); 2) nukdaýnazar, haýsy hem bolsa bir zada bolan gatnaşyk, ýagny şol gatnaşyklar bilen şertleşilen hereket, tertibi we ş.m.

- Bu gatnaşyklar iki subýektli gatnaşyklardyr. Maddy-hukuk gatnaşyklar bolsa, köp subýektli hem bolup bilýär. Mysal üçin, birnäçe adamyň gatnaşmagynda baglaşylan alyp-satmak şertnamasy.
- Bu gatnaşyklar häkimlik we tabynlyk, ýagny wertikal gatnaşyklardyr. Kazyýet jedeli düýp mazmuny boýunça çözýär. Şonuň bilen baglylykda-da kazyýete häkimlik ygtyýarlyklary berilýär (mysal üçin, mejlise ýolbaşçylyk etmek, işiň gidişinde jedelli meseleleri çözmek, çözgüt çykarmak hem-de onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we ş.m.). Maddy-hukuk gatnaşyklary bolsa onuň tersine gorizontal gatnaşyklar bolup durýar, bu hili gatnaşyklarda onuň subýektleriniň ählisi deň hukuklydyr.
- Kazyýet ähli arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde çykyş edýär. Sebäbi kazyýet gatnaşmazdan prosesual hukuk gatnaşyklary ýüze çykmaýar. Talapçynyň we jogapçynyň arasyndaky gatnaşyklar diňe maddy-hukuk gatnaşyklar görnüşinde bolup bilýär. Arbitraž iş ýöredişinde bu gatnaşyklar, Kazyýet-Talapçy, Kazyýet-Jogapçy ýaly görnüşlerde ýüze çykyp bilýär.
- Prosesual hukuk gatnaşyklarynyň ýeke-täk görnüşi – ol hem bu gatnaşyklaryň diňe hukuk görnüşinde ýüze çykmasydyr. AIÝK-dan daşgary prosesual gatnaşyklar döremeýär, ýagny olar hukuk netijeleriniň emele gelmegi üçin esas bolup bilmeýär.

Arbitraž prosesual gatnaşyklarynyň subýektleri iki topara bölünýärler. Işe gatnaşýan taraplar. Bular öz gezeginde, öz bähbidini goraýanlara (taraplar, üçünji taraplar, arza bilen ýüz tutanlar we işde bähbidi barlar) hem-de başganyň bähbidini goraýanlara (prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar) bölünýärler.

Arbitraž iş ýöredişinde adyl kazyýetligi amala aşyrmaga ýardam berýänlere bilermen, terjimeçi, **kazyýet wekili (hukuk maslahatçysy, iş bilen doly we hemmetaraplaýyn tanyş işgär, adwokat, howandar)** degişlidir. TAIÝK-nyň 41-nji maddasynda agzalanlardan başga bu topara "beýleki taraplar" hem goşulýar. Ýöne TAIÝK-ny olary atlandyrmaýar, şeýle hem bu kodeksiň beýleki maddalarynda "beýleki gatnaşyjylaryň" hukuk ýagdaýy kesgitlenmedik. Şol sebäpli arbitraž iş ýöredişinde bilermenden, terjimeçiden we kazyýet wekilinden başga işde bähbidi ýok gatnaşyjylar bolup bilmez. Öň bellenip geçilişi ýaly, arbitraž prosesual gatnaşyklary diňe hukuk gatnaşyklary hökmünde ýüze çykyp bilýär. Olaryň subýektleriniň kanunda bellenen anyk hukuklary we borçlary bolmaly.

**1-nji tema degişli çyzgylar. Arbitraž prosesual hukugy barada düşünje we onuň mazmuny**

Çyzgy 1.1.




Çyzgy 1.2.



Çyzgy 1.3.

## Arbitraž prosesual kadalaryň düşündirilişi

**Resmi düşündiriş:**
(bu düşündiriş döwlet edaralary tarapyndan berilýär we ýerine ýetirilmegi hökmanydyr)

**Resmi däl düşündiriş:**
(bu düşündiriş jemgyýetçilik guramalary, ylmy edaralar tarapyndan berilip, ulanylmagy hökmany däl)

**Grammatik düşündiriş:**
AIÝK-nyň 37-nji maddasyna laýyklykda talapçy talabyň esasyny ýa-da närsesini üýtgetmäge haklydyr

**Ulgamlaýyn düşündiriş:**
AIÝK-nyň 34-36-njy maddalaryna laýyklykda, işe degişli däl taraplary çalyşmak

**Taryhy düşündiriş:**
bir kada üýtgetme-goşmaça girizilende ýa-da şol kada täzeden kabul edilende ýa-da ýatyrylanda , öňki kada bilen deňeşdirilýär

**Göwrümi boýunça berilýän düşündiriş:**
Çäklendirilen – AIÝK-nyň 17-nji maddasy
Giňişleýin – AIÝK-nyň 70, 120-nji maddalary

**Kanunyň analogiýa boýunça düşündirişi:**
Kanunyň analogiýasy-jedeli düzgünleşdirýän kada bolmadyk ýagdaýynda meňzeş kada ulanylýar. Hukugyň analogiýasy-hukugyň anyk pudagynyň ýörelgelerinden ugur alnyp jedel çözülýär. Analogiýa boýunça düşündiriş bermek prosesual hukugynyň kadalaryna degişli däl

Resmi düşündiriş:

**Autentiki düşündiriş:**
Bu düşündirişi kanuny kabul eden edara berýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Mejlisi

**Kazual düşündiriş:**
Kazyýetiň öz önümçiligindäki işler boýunça berýän düşündirişi

**Legal düşündiriş:**
Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisi tarapyndan berilýän düşündiriş

Resmi däl düşündiriş:

**Doktrinal düşündiriş:**
Alymlar tarapyndan ylmy işleriň, okuw-synag kitaplaryň, monografiýalaryň, makalalaryň üsti bilen berilýän düşindiriş

Çyzgy 1.4.

**Arbitraž prosesual hukugynyň ýörelgeleri**

- Kazyýete ýüz tutmak hukugy
- Kazyýetde işleriň ýekelikde we bilelikde garalmagy
- Fiziki hem ýuridik şahslaryň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi
- Işlere garalanda kazylaryň garaşsyzlygy we olaryň diňe kanuna tabynlygy
- Kazyýet önümçiliginiň dili
- Subutnamalaryň kazyýet tarapyndan gönüden-göni derňelmegi
- Taraplaryň prosesual deňligi
- Iş ýöredişiň bäsdeşlik esasynda alnyp barylmagy
- Iş ýöredişiň dispozitiwligi
- Kazyýet namalarynyň hökmanylygy
- Işe garalanda ulanylýan kadalaşdyryjy hukuk namalar
- Kazyýet seljerşiniň aýanlygy

Çyzgy 1.5.

## Kazyýetde işleriň ýekelikde we bilelikde garalmagy ýörelgesi

**Işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde:** Arbitraž kazyýetde – kazy ýekelikde ýa-da 3 kazydan ybarat düzümde garaýar

**Işlere nägilelik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde garalanda:** ykdysady işler boýunça, kazyýet kollegiýasynda– 3 kazydan ybarat düzümde garalýar

Işlere gözegçilik basgançagynda Türkmenistanyn Ýokary kazyýetinde garalanda:

- Prezidiumynyň agzalarynyň köplüginde garalýar
- Giňişleýin mejlisiň düzüminiň 2/3 bölegi tarapyndan garalýar

Çyzgy 1.6.


Arbitraž iş ýöredişiniň tapgyrlary
1. Kazyýetde işi gozgamak
2. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak
3. Işiň kazyýet mejlisinde seljerilmegi (kazyýet sejlerişi)
4. Kanuny güýjüne girmedik çözgütlere we kesgitnamalara şikaýat, teklipnama bildirmek
5. Kazyýet namalaryny ýerine ýetirmek
6. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryny gözegçilik tertibinde täzeden garamak
7. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryny täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak

Çyzgy 1.7.



Arbitraž iş ýöredişiniň gatnaşyjylary (subýektleri)
Işe gatnaşýan taraplar
Adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna ýardam berýän taraplar:
Başganyň bähbidini goraýanlar:
Öz bähbidini goraýanlar:
Prokuror
Döwlet edaralary
Ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary hem-de döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goramak maksady bilen kazyýete talap arza bilen ýüz tutan beýleki edaralar
Taraplar (talapçy, jogapçy)
Üçünji taraplar
Arza bilen ýüz tutan. Işde bähbidi bar taraplar
Bilermen
Terjimeçi
Kazyýet wekili
Iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylary (TAIÝK-nyň 41-nji maddasy)
Bilermen
Terjimeçi
Beýleki gatnaşyjylar ?

## Türkmenistanyň kazyýet ulgamy

Çyzgy 1.8.



## 1-nji tema degişli testler. Arbitraž prosesual hukugy barada düşünje we onuň mazmuny

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Arbitraž prosesual hukugynyň närsesi hökmünde çykyş edýärler:**

- prosesual hereketler;
- prosesual hukuk gatnaşyklar;
- anyk bir iş boýunça kazyýet önümçiligi;
- arbitraž iş ýöredişini düzgünleşdirýän iş ýörediş kadalar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklary:**

- gorizontal hukuk gatnaşyklary bolup durýar;
- wertikal hukuk gatnaşyklary bolup durýar;
- gorizintal ýa-da wertikal hukuk gatnaşyklary bolup durýar;
- gorizintal we wertikal hukuk gatnaşyklary bolup durýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Prosesual hukuk gatnaşyklary ýüze çykyp, üýtgäp we bes edilip bilner:**

- hereket bolanda;
- waka bolanda;
- hereket ýa-da waka bolanda;
- hereket we waka bolanda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Su aşakdaky hukuk gatnaşyklarynyň haýsysy, bolup biläýjek prosesual-hukuk netijeleri nukdaýnazaryndan, arbitraž iş ýöredişinde kesgitleýji bolup durýar:**

- kazyýet – bilermen;
- kazyýet – jogapçy;
- kazyýet – prokuror;
- kazyýet –terjimeçi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Arbitraž kazyýet önümçiligindäki işi, bitaraplar kazyýetiniň garamagyna geçirip bolarmy?**

- hawa;
- ýok;
- kazyýet bilen talapçynyň ylalaşygy boýunça;
- diňe talapçynyň başlangyjy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Almak-satmak şertnamasynda „taraplaryň biri öz üstüne alan borçlaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda, onda olar bozulan hukuklaryny**

**goramaklyk üçin kazyýete ýüz tutmakdan ýüz dönderýändigi barada" görkezilýär. Şu kada hukuk güýjüne eýe bolup bilermi?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de gol çekilen ylalaşyk dawa ýüze çykmazyndan öň baglaşylan bolsa;
- hawa, eger-de gol çekilen ylalaşyk dawa ýüze çykanyndan soň baglaşylan bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Arbitraž kazyýetde garalýan jedelleri kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi ähli işler boýunça hökmandyr:**

- hawa;
- ýok, diňe kanunda göz öňünde tutulan halatynda;
- ýok, diňe şertnamada göz öňünde tutulan halatynda;
- ýok, diňe kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatynda.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**8) Ykdysady işler kazyýetde:**

- ýekelikde garalýar;
- bilelikde garalýar;
- ýekelikde ýa-da bilelikde garalýar;
- ýekelikde we bilelikde garalýar.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**9) Ykdysady işe bilelikde şu düzümde garalýar:**

- birinji basgançakly kazyýetde üç kazydan ybarat;
- nägilelik kazyýetinde bäş kazydan ybarat;
- Ýokary kazyýetiň Prezidiumynda agzalarynyň köplüginden ybarat;
- Ýokary kazyýetiň Giňişleýin mejlisinde, onuň agzalarynyň 3/2 böleginden ybarat.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**10) Prokuroryň we bilermeniň netijenamalary kazyýet üçin hökmanmy?**

- hawa;
- ýok;
- bilermeniň netijenamasy hökman, emma prokuroryň netijenamasy hökman däl;
- prokuroryň netijenamasy hökman, emma bilermeniň netijenamasy hökman däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Ýapyk kazyýet seljerişini geçirip bolýar:**

- döwlet syryny goramak üçin;

- gulluk syryny goramak üçin;
- täjirçilik syryny goramak üçin;
- gulluk ýa-da täjirçilik syryny goramak üçin.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda biziň kanunçylygymyzdakydan başga kadalar berkidilen bolsa, onda kazyýet ulanỳar:**

- biziň döwletimiziň kanunçylygyny;
- halkara şertnamalarynyň kadalaryny;
- biziň döwletimiziň kanunçylygyny ýa-da halkara kadalaryny;
- biziň döwletimiziň kanunçylygyny we halkara kadalaryny.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Kanunyň we hukugyň analogiýasynyň düzgünleri iş ýörediş we maddy-hukuk kadalarynyň ikisinde-de ulanylýar:**

- hawa;
- ýok, diňe iş ýörediş kadalary bilen bagly ulanylmaga degişli;
- ýok, diňe maddy-hukuk kadalary bilen bagly ulanylmaga degişli;
- iş ýörediş ýa-da maddy-hukuk kadalary bilen bagly ulanylmaga degişli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi, şu aşakdaky çäklerde ýerine ýetirilmäge degişli:**

- Türkmenistanyň ähli çäklerinde;
- etrap kazyýetiniň çözgüdi – etrabyň çäginde;
- welaýat we Aşgabat şäher kazyýetiniň çözgüdi – welaýat we Aşgabat şäheriniň çäginde;
- Ýokary kazyýetiň çözgüdi – Türkmenistanyň ähli çäklerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Kazyýetiň kanuny güýjüne giren kazyýet namalary, ähli döwlet düzümleri, edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmandyr:**

- hawa;
- ýok, diňe talapçy we jogapçy üçin hökman;
- ýok, diňe işe gatnaşýan taraplar üçin hökman;
- ýok, diňe taraplar, döwlet düzümleri, edaralar, kärhanalar, guramalar we wezipeli adamlar üçin hökman.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**16) Kazyýetiň şu aşakdaky görkezmelerini ýerine ýetirmek, iş ýöredişe gatnaşýan we gatnaşmaýan ähli fiziki hem ýuridik şahslar üçin hökmandyr:**

- subutnamalary bildirmek barada;
- gerekli düşündirişleri bermek barada;

- iş ýöredişe gatnaşyjylaryň düzüminden çykarmak barada;
- kazyýeti gyzyklandyrýan maglumatlary bermek barada.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Kazyýet hiç-hili şert bildirmezden borçly:**

- talapdan ýüz dönderilmegini kabul etmäge;
- talabyň möçberiniň köpeldilmegini kabul etmäge;
- talabyň ykrar edilmegini kabul etmäge;
- taraplaryň özara ylalaşygyny tassyklamaga.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Iş kazyýetde garalanda we çözülende, iş ýöredişde kazy we prokuror esasy işjeň orny eýeleýärler:**

- biziň iş ýöredişimizde;
- Günbataryň iş ýöredişinde;
- görkezilen iş ýöredişleriň ikisinde-de;
- Günbataryň iş ýöredişinde, aýratyn halatlarda bolsa biziň iş ýöredişimizde-de.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Iş boýunça subutnamalary toplamak kazyýetiň wezipesine girýär:**

- Günbataryň kazyýetinde;
- biziň kazyýetimizde;
- biziň we Günbataryň kazyýetlerinde;
- Günbatar kazyýetinde, aýratyn halatlarda biziň kazyýetlerimizde-de.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Kazyýetiň talaby boýunça, subutnamalary bildirmek taraplaryň hukugy ýa-da borjy bolup durýar:**

- Günbataryň iş ýöredişinde – hukugy, biziňkide – borjy;
- ikisinde-de hukugy;
- ikisinde-de borjy;
- biziň iş ýöredişimizde – hukugy, Günbataryňkyda – borjy.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**21) Biziň iş ýöredişimizde taraplar subut etmeli:**

- diňe talapçy, özüniň talabynyň esasyny;
- diňe jogapçy, talaba garşylygynyň esasyny;
- talapçy, özüniň talabynyň esasyny, jogapçy bolsa, talaba garşylygynyň esasyny;
- jogapçy, talaba garşylygynyň esasyny, aýratyn halatlarda bolsa kazyýetiň talap etmegi bilen, talapçy, özüniň talabynyň esasyny.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**22) Arbitraž iş ýöredişinde taraplar deň ygtyýarlyklardan peýdalanýarlar:**

- hawa;
- ýok;
- ýok, talapçynyň hukugy köp;
- ýok, jogapçynyň hukugy köp.

***Dogry jogaby tapyň.***

**23) Prosesual gatnaşyklary bu:**

- iki subýektli gatnaşyklar;
- köp subýektli gatnaşyklar;
- iki subýektli we köp suýektli gatnaşyklar;
- iki subýektli ýa-da köp suýektli gatnaşyklar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**24) Şu aşakdaky gatnaşyklaryň haýsysy prosesual gatnaşyklar däl diýlip hasaplanýar?**

- kazyýet bilen prokuroryň arasyndaky gatnaşyk;
- talapçy bilen jogapçynyň arasyndaky gatnaşyk;
- kazyýet bilen bilermeniň arasyndaky gatnaşyk;
- kazyýet bilen terjimeçiniň arasyndaky gatnaşyk.

***Dogry jogaby tapyň.***

**25) Şu gatnaşyklaryň haýsysy prosesual gatnaşyk diýlip hasaplanýar?**

- prokuror bilen talapçynyň arasyndaky gatnaşyk;
- adwokat bilen talapçynyň arasyndaky gatnaşyk;
- kazyýet bilen bilermeniň arasyndaky gatnaşyk;
- jogapçy bilen terjimeçiniň arasyndaky gatnaşyk.

***Dogry jogaby tapyň.***

**26) Şulardan kim işe gatnaşýan tarap diýip hasaplanmaýar?**

- bilermen;
- talapçy;
- prokuror;
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**27) Işe gatnaşýan taraplar işde goraýarlar:**

- diňe öz bähbitlerini;
- diňe başganyň bähbitlerini;
- özüniň ýa-da başganyň bähbitlerini;
- özüniň we başganyň bähbitlerini.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**28) Şulardan kim adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna ýardam berýän diýlip hasaplanýar?**

- üçünji tarap;
- adwokat;
- jogapçy;
- talapçy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**29) Arbitraž kazyýetiň düzüm birlikleri bar:**

- aýry-aýry etraplarda, şäherlerde;
- welaýatlarda;
- Aşgabat şäherinde;
- düzüm birlikleri ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**30) Welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri raýat hem jenaýat işlerine garaýarlar:**

- diňe birinji basgançakda;
- diňe birinji we nägilelik basgançaklarynda;
- diňe birinji we gözegçilik basgançaklarynda;
- birinji, nägilelik we gözegçilik basgançaklarynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *4* | *2* | *1* | *2* | *1* | *2* | *4* | *3* | *2* | *2* | *4* | *2* | *3* | *1* | *1* | *3* | *2* | *1* | *2* |

| 20 | 21 | 22 | 23 | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 | 29 | 30 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *3* | *1* | *1* | *2* | *3* | *1* | *3* | *2* | *4* | *4* |

## Tema 2. Arbitraž iş ýöredişinde taraplar

### §1. Taraplar barada düşünje, olaryň esasy prosesual hukuklary we borçlary

Taraplar – bu jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektleridir[1]. Bozulan ýa-da jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen kazyýete Türkmenistanyň, şol sanda daşary ýurtlaryň hem fiziki we ýuridik şahslary ýüz tutup bilýärler.

Döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitlerini goramak üçin kazyýete prokuror, döwlet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary we beýleki edaralar ýüz tutup bilýärler. Kanuna laýyklykda kazyýete talap arza bilen ýüz tutan tarap däl-de, işde bähbidi bar tarap talapçy diýlip bilinýär. Elbetde kazyýete işde bähbidi bolan tarapyň özi hem ýüz tutmaga haklydyr. Haçan-da kazyýete prokuror ýa-da başga ygtyýarly taraplar talap arza bilen ýüz tutan ýagdaýynda işde bähbidi bar tarap talapçy hökmünde iş ýöredişe gatnaşdyrylýar. Şeýle halatda prokuror ýa-da beýleki ygtyýarly taraplar iş ýöredişinde prosesual manyda talapçylar hökmünde çykyş edýär.

Talapçynyň talap arzasynda talap bildirilen fiziki we ýuridik şahslar bolsa iş ýöredişinde jogapçy hökmünde çykyş edýärler. Kanuna laýyklykda diňe taraplar jedeliň obýektine ygtyýar etmäge haklydyr we diňe şolar iş boýunça ähli kazyýet çykdajylaryny töleýärler.

Taraplaryň esasy hukuklary TAIÝK-nyň 33-nji maddasynda berkidilýär. Kanuna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplaryň, işiň maglumatlary bilen tanyşmaga, olardan zerur maglumatlary göçürip almaga, göçürmeler almaga, degişli gatnaşyjylara ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge we olaryň derňewine gatnaşmaga, soraglar bermäge, haýyşnamalar bilen ýüz tutmaga, kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge, iş ýöredişiniň dowamynda ýüze çykýan ähli soraglar boýunça delillerini görkezmäge, haýyşnamalar babatda garşylyk bildirmäge, çözgütlere gaýtadan garamak barada arza bilen ýüz tutmaga we kanunda kesgitlenen gaýry prosesual hukuklaryndan peýdalanmaga haklary bardyr. Işe gatnaşýan taraplar özlerine degişli prosesual hukuklaryndan ynsaply peýdalanmalydyrlar. Hukuklardan ynsapsyz peýdalanmak bilip duran halatynda esassyz talaby bildirmekde ýa-da kanuny we esasly talap babatda jedelleşmekde ýüze çykyp biler.

TAIÝK-nyň gözkezilen maddasynda işe gatnaşýan taraplaryň borçlary hem kesgitlenýär. Kanuna laýyklykda olar, kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge, kazyýetiň talaby boýunça zerur maglumatlary (subutnamalary) bildirmäge, seljerilýän jedeliň mazmuny boýunça kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişler bermäge, şeýle hem kanunda kesgitlenen beýleki prosesual kadalary berjaý etmäge borçludyrlar.

TAIÝK-nyň 37-nji maddasynda bolsa taraplaryň ýörite hukuklary berkidilýär. Kanuna laýyklykda talapçy talabyň närsesini ýa-da esasyny üýtgedip, talabyň

---

[1]Subýekt-"subjektus-esasynda durýan, astynda ýatýan" diýen latyn sözünden gelip çykyp, adamy, adamlaryň toparyny ýa-da guramany aňladýar; Hukugyň subỳekti-kanuna laỳyklykda hukuklaryna we ỳuridiki borçlaryna eỳe bolup bilỳän fiziki hem ỳuridik şahslar.

möçberini azaldyp ýa-da köpeldip ýa-da talabyndan ýüz dönderip bilýär. Kanunda bellenilişine görä, talapçy talap arzasynyň esasyny ýa-da närsesini üýtgetmäge ygtyýarlydyr, ýöne bir wagtyň özünde ol talabynyň esasyny hem närsesini üýtgedip bilmeýär. Sebäbi şeýle edilende talap arza başga talap arza öwrülýär.

Talap arzanyň esasy – ýuridiki faktlar bolup, olardan talapçynyň talaby gelip çykýar. Ýuridik faktlar – bu taraplaryň arasynda maddy-hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we ýatyrylmagy bilen bagly ýagdaýlardyr. Talapçynyň jogapça bildirýän talaby bolsa talap arzanyň närsesi bolup durýar.

Kanuna laýyklykda jogapçy talap arzany doly ýa-da bölekleýin ykrar edip biler, şonuň ýaly-da taraplar iş ýöredişiň islendik tapgyrynda öz aralarynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga haklydyr.

Kazyýet talap arzadan ýüz dönderilmegini kabul etmezinden ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklamazyndan öň taraplara bu hereketleriň döretjek netijelerini düşündirýär. Çünki taraplaryň arasynda şol bir esas, şol bir närse boýunça jedelli mesele babatda öň ýüz dönderilen ýa-da barlyşyk ylalaşygy baglaşylan talap arza boýunça kazyýete gaýtadan ýüz tutmaga ýol berilmeýär. Barlyşyk ylalaşygy – bu taraplaryň arasynda hukuk babatda özara jedeli ýatyrmagyň şertleri baradaky ylalaşygydyr. Düzgün bolşuna görä, talapçy käbir eglişikleri edýär, jogapçy bolsa möçberi azaldylan ýa-da üýtgedilen talaplary ykrar edýär.

Eger-de kanuna garşy ýa-da kimdir biriniň hukuklaryna we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerine zelel ýetirýän bolsa, kazyýet talap arzadan ýüz dönderilmegini, talabyň möçberiniň üýtgedilmegini, talap arzanyň ykrar edilmegini kabul etmeýär, barlyşyk ylalaşygyny bolsa tassyklamaýar. Şeýle halatlarda kazyýet jedeli düýp mazmuny boýunça seljerýär we çözgüt çykarýar. Günbataryň iş ýöredişinden tapawutlylykda taraplaryň dispozitiw hukuklary[1] ýokarda görkezilen ýagdaýlarda belli bir derejede çäklendirilýär.

TAIÝK-nyň 37-nji maddasynyň 3-nji böleginde: “kanunlara ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna ters gelýän” diýen jümleler bar. “Kanun” düşünjesi giň manyda ulanylýar, şonuň üçinem “ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna” diýen sözler maddanyň tekstinden aýrylmaga degişlidir.

RF-nyň AIÝK-nyň 41-nji maddasynda işe gatnaşýan taraplaryň hukuklary we borçlary has giňişleýin we anyk berkidilýär (kazyýet seljerişi başlamazyndan öň subutnamalar bilen tanyşmak, kazyýet namalary babatda bildirilen şikaýatlar bilen tanyşmak, kazyýet namalarynyň göçürmelerini almaga mümkinçilik we ş.m.).

RF-nyň AIÝK-nyň 42-nji maddasynda olar babatda kazyýet namalary çykarylan, ýöne işe gatnaşmadyk taraplaryň hukuklary kesgitlenýär. Görkezilen taraplar özleriniň hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen nägilelik we gözegçilik tertibindäki önümçilikleri gozgamaga haklydyrlar. Olar işe gatnaşýan taraplaryň hukuklaryna we borçlaryna eýedir.

RF-nyň AIÝK-nyň 45-nji maddasynda “arza bilen ýüz tutanyň” hukuk ýagdaýy (statusy[2]) kesgitlenýär. Arza bilen ýüz tutan tölege ukypsyzlyk

[1] Dispozitiw hukuklar – bu taraplaryň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň iş ýöredişiň dowamynda öz isleglerine görä erkin peýdalanyp bilýän mady we prosesual hukuklary;
[2]Status-“status-ýagdaý” diýen latyn sözünden gelip çykyp, hukugyň subýektiniň hukuklarynyň we borçlarynyň jeminden emele gelýän hukuk ýagdaýyny aňladýar.

(bankrotlyk) hakda we ş.m. ýuridik ähmiýetli ýagdaýlary (faktlary[1]) anyklamak barada we beýleki işleri gozgaýar. Eger-de AIÝK-da başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, olar tarapyň hukuklaryndan peýdalanýar we borçlaryny berjaý edýär.

Seljerilen hukuk kadalaryny TAIÝK-da berkitmeklik şu Kanunyň kadalaşdyrýan çygryndaky gatnaşyklaryň doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilmegine ýardam bererdi.

## §2. Degişli däl tarapy çalyşmak

Iş gozgalanda, taraplaryň hakykatdan hem jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektidir diýen çaklamadan ugur alynýar. Kazyýetiň çözgüdi çykýança-da şu pikir saklanylýar.

Emma işiň seljerilişiniň dowamynda we adatça iş ýöredişiň başynda taraplaryň biriniň, kä halatda bolsa taraplaryň ikisiniň-de hakykat ýüzünde jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektidir diýen çaklama aradan aýrylýar. Şol bir wagtda-da başga bir tarapyň jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýektidigi çaklanylýar. Şeýle halatlarda olaryň birinjisi prosesual kanunçylygynda *degişli däl tarap*, ikinjisi bolsa *degişli tarap* diýlip atlandyrylýar.

Umumy kadalara laýyklykda, talap arza hatda degişli däl tarapdan hem kabul edilmäge degişli. TAIÝK-nyň 36-njy maddasyna laýyklykda degişli däl tarapy (talapçyny ýa-da jogapçyny) çalyşmak üçin ilkibaşky talapçynyň razylygy zerurdyr. Jogapçynyň şeýle çalşygy geçirmekde hiç-hili prosesual bähbidiniň ýoklugy sebäpli, onuň razylygy talap edilmeýär.

Degişli däl talapçyny çalyşmagyň wariantlaryny[2] seljerip geçeliň:

Tablisa 2.1.

| № | Ilkibaşky talapçynyň iş ýöredişden çykmaga razylygy | Degişli talapçynyň iş ýöredişe girmäge razylygy | Kazyýet nähili hereket etmeli? |
|---|---|---|---|
| 1 | Razy | Razy | Kazyýet degişli däl talapçyny degişli talapçy bilen çalyşmaly. Degişli talapçy iş ýöredişe umumy esaslarda girýär (talap arza bildirýär we döwlet pajyny töleýär). |
| 2 | Razy | Garşy | Iş ýörediş ilkibaşky talapçynyň talabyndan ýüz dönderendigi |

[1]Fakt-“factum-amala aşyrylan, ýerine ýetirilen” diýen latyn sözünden gelip çykyp, adaty manyda hakyky bolup geçen, bar bolan ýagdaýy aňladýar;
[2]Wariant-“variantis-üýtgeýän” diýen latyn sözünden gelip çykyp, kabul edilmegi mümkin bolan çözgütleriň birnäçesini aňladýar.

| | | | |
|---|---|---|---|
| | | | sebäpli bes edilýär. Kazyýet degişli talapçyny iş ýöredişe girmäge borçly edip bilmeýär, sebäbi bu onuň dispozitiw hukugy. Kazyýet diňe ony iş ýöredişiň başlandygy barada habarly edýär. |
| 3 | Garşy | Razy | Degişli talapçy jedeliň närsesi babatda özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde iş ýöredişe çekilýär. Ilkibaşky talapçyny onuň razylygy bolmazdan iş ýöredişden çykaryp bolmaýar. Şeýlelikde iş ýöredişde iki sany bähbitleri biri-biriniňkä gabat gelmeýän talapçy hereket edýär. |
| 4 | Garşy | Garşy | Kazyýet iş ýöredişi dowam etdirýär we ilkibaşky talapçynyň talap arzasyny kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada çözgüt çykarýar. |

Degişli däl jogapçyny çalyşmagyň wariantlaryny seljerip geçeliň:

Tablisa 2.2.

| № | Ilkibaşky talapçynyň jogapçyny çalyşmaga razylygy | Kazyýet nähili hereket etmeli? |
|---|---|---|
| 1 | Razy | Iş ýöredişe degişli jogapçy çekilýär. |
| 2 | Garşy | Degişli jogapçy ikinji jogapçy hökmünde iş ýöredişe çekilýär. Işde iki sany jogapçy döreýär, ýöne olar jogapçylar däl, sebäbi biri-biri bilen maddy-hukuk gatnaşyklarynda durmaýar, olaryň bähbitleri biri-biriniňkä gabat gelmeýär, tersine garşy gelýär. |

Degişli däl tarapy çalyşmak hakynda mesele, kazyýet, taraplaryň biri we prokuror tarapyndan goýlup bilinýär. Tarapy çalyşmak diňe kazyýetiň çözgüdi kabul edilýänçä amala aşyrylyp bilinýär, beýle diýildigi degişli däl tarap diňe birinji basgançakly (instansiýaly[1]) kazyýet tarapyndan çalşylyp bilinýändigini aňladýar. Ýokarda durýan kazyýet degişli däl tarapyň işe gatnaşýandygyny

[1]Instansiýa--“instantia-gönüden-göni ýakynlyk” diýen latyn sözünden gelip çykyp, biri-birine tabynlykda hereket edýän edaralaryň ulgamyndaky bir basgançagy aňladýar.

anyklap, kazyýetiň çözgüdini ýatyrýar we işi degişli däl tarapy çalyşmagyň zerurdygyny görkezmek bilen täzeden seljermek üçin ugradýar.

Degişli däl tarapy çalyşmak iş boýunça önümçilik bes edilmezden amala aşyrylýar. Tarap çalşylandan soňra, degişli tarap öz bähbitlerini goramak üçin taýýarlanar ýaly iş ýörediş başga bir güne bellenilýär. Şu ýerde bellemeli möhüm bir kada, ilkibaşky talapçy ýa-da jogapçy tarapyndan amala aşyrylan hereketler iş ýöredişe täze girişen taraplar üçin hökmany däldir we olar kazyýet önümçiliginiň başdan başlap täzeden gaýtalanamagyny (mysal üçin: ýazmaça we maddy subutnamalary derňemek we ş.m.) talap etmäge haklydyr. Şonuň üçinem TAIÝK-nyň 36-njy maddasynyň 4-nji bölegi degişli däl tarap çalşylandan soňra iş ýöredişiň başdan, ýagny işi seljerişe taýýarlamak tapgyryndan başlanýandygyny kesgitleýär. Degişli däl tarapy çalyşmak kazyýet tarapyndan kazyýet mejlisinde işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

RF-nyň AIÝK-nyň 47-nji maddasy diňe jogapçyny çalyşmagyň bolýandygyny göz öňünde tutýar. Eger-de iş seljerişiniň dowamynda talabyň talap boýunça jogap bermäge borçly bolmadyk tarapa bildirilendigi anyklansa, onda arbitraž kazyýet talapçynyň haýyşnamasy ýa-da razylygy bilen degişli däl jogapçyny, degişli jogapçy bilen çalşyp bilýär.

Eger-de talapçy jogapçynyň başga tarap bilen çalşylmagyna garşy bolsa, onda kazyýet talapçynyň razylygy bilen şol tarapy ikinji jogapçy hökmünde işe çekip biler.

Haçan-da talapçy degişli däl jogapçyny degişli jogapçy bilen çalyşmaga ýa-da ony ikinji jogapçy hökmünde işe çekmäge garşy bolan halatynda talap arbitraž kazyýet tarapyndan düýp mazmuny boýunça seljerilmäge degişlidir. Şeýle halatda talaby kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakynda çözgüt çykarylmagy mümkin. Şunuň ýaly ýagdaýda talapça degişli jogapçynyň garşysyna bellenen tertipde kazyýete talap arza bilen ýüz tutmak galýar.

Degişli däl jogapçy çalşylanda ýa-da işe ikinji jogapçy çekilende işiň seljerilişi täzeden başlanýar.

## §3. Prosesual tarapdarlyk

Ilki bilen talaplaryň obýektiw we subýektiw birleşdirilmeginiň tapawutly alamatlaryna göz ýetirmek zerur. Talaplaryň obýektiw birleşdirilmeginde bir talapda (talap arzada) birnäçe talaplar birleşdirilýär. Mysal üçin, kireýine alnan jaýy boşatmak we jaýdan peýdalanylan döwür üçin kireý tölegini tölemek barada talap.

Talaplaryň subýektiw birleşdirilmeginde (tarapdarlyk) talapçynyň ýa-da jogapçynyň tarapynda birnäçe taraplar bolýarlar. Eger-de talapçynyň tarapynda birnäçe tarap bar bolsa, ony *işjeň* (aktiw[1]*) tarapdarlyk*, jogapçynyň tarapynda bolsa *işjeň däl* (passiw[2]) *tarapdarlyk* diýip atlandyrýarlar. Eger-de talapçynyň we jogapçynyň ikisiniň tarapynda-da taraplaryň köplügi çykyş etse onda, şeýle ýagdaý

[1] Aktiw-"activus-işjeň" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2] Passiw-"passivus-işjeň däl, ýalta, haýal" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

*gatyşyk tarapdarlyk* diýlip atlandyrylýar. Şu ýerde bellemeli zat, taraplaryň köplügine garamazdan işe diňe iki tarap, talapçynyň we jogapçynyň tarapy gatnaşýar diýip düşünmeli.

Bir tarapda çykyş edýän tarapdarlaryň bähbitleri biri-biriniňkä gapma-garşy gelip bilmeýär. Bir talapçynyň talaba bolan hukugy beýleki talapçyda hem şol bir wagtda deň-derejede ýüze çykýar. Bir jogapçynyň talap boýunça jogap bermäge bolan borjy beýleki jogapçynyň şonuň ýaly borjunyň ýüze çykmagyny inkär etmeýär. Mysal üçin, birnäçe jogapça ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada talap bildirilen. Bu ýerde jogapçylaryň bilelikde gatnaşmagy hökmandyr. Sebäbi talapçy olaryň her biri bilen maddy-hukuk gatnaşygynda durýar we onuň olaryň her haýsyna özbaşdak talaby bar.

Talapçylaryň her haýsynyň bir jogapça ýa-da jogapçylara özbaşdak talabynyň bolmagy, kazyýetiň olaryň ählisi babatda birmeňzeş çözgüdi kabul etjekdigini aňlatmaýar. Işiň ýagdaýlaryna görä kazyýet bir ýa-da birnäçe talapçynyň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderip, bir ýa-da birnäçe jogapçyny jogapkärçilikden boşadyp hem bilýär. Mysal üçin, birnäçe jogapça karz alnan pullary gaýtaryp bermek barada talap bildirilen bolsa, jogapçylaryň biri bergisini beren ýa-da öz bergisiniň möçberine deň garşylyklaýyn talap bildiren bolsa, kazyýet şeýle jogapça bildirilen talaby kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär. Ýöne şeýle halatda ýüz dönderilmegine garamazdan her bir jogapça özbaşdak talaby bildirmäge bolan hukugyň barlygyna şek-şübhe bolup bilmez. Birnäçe talaplaryň we (ýa-da) borçlaryň bilelikde ýüze çykmagy, tarapdarlygyň iň esasy tapawutly aýratynlyklarynyň biridir.

Taraplaryň maddy-hukuk gatnaşyklary tarapdarlygyň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýar. Jedelli hukuk gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasyndaky maddy-hukuk arabaglanyşygynyň häsiýetli aýratynlyklaryna görä, prosesual tarapdarlyk iki görnüşe bölünýär – hökmany we hökmany däl (fakultatiw[1]).

Hökmany tarapdarlykda özara baglanyşykly birnäçe özbaşdak talaplaryň her haýsynyň aýratyn seljerilmegi mümkin däl, sebäbi maddy-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny jedelli hukuk gatnaşygynyň ähli gatnaşyjylarynyň hukuklarynyň (borçlarynyň) çygryny bir wagtyň özünde kesgitlemezden subýektleriň haýsydyr biriniň hukugy (borjy) baradaky meseläni aýratynlykda çözmäge mümkinçilik bermeýär. Şoňa görä-da, hökmany tarapdarlygyň esasy aýratynlygy jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň ähli subýektleriniň hukuklarynyň (borçlarynyň) çygryny birwagtyň özünde kesgitlemezden subýektleriň haýsydyr biriniň hukugyny (borjuny) kesgitlemäge mümkinçiligiň ýoklugyndadyr.

Eger-de maddy-hukuk talaplaryň häsiýetli aýratynlyklaryna görä işe birnäçe jogapçy gatnaşmaly bolsa, talapçy bolsa olaryň ählisine talaby bildirmedik bolsa, kazyýet öz başlangyjy bilen iş ýöredişe beýleki jogapçylary hem çekmelidir.

Eger-de talap jedelli umumy hukugyň kazyýet goragyna hukugy bolan ähli taraplar tarapyndan bildirilmedik bolsa, onda kazyýet olaryň ählisini iş ýöredişiň başlanandygy barada habarly etmelidir, ýöne kazyýet öz başlangyjy bilen olary talapçy hökmünde işe gatnaşdyryp bilmeýär. Çünki şeýle ýagdaýda iş ýöredişiň

[1] Fakultatiw-"facultas, facultatis-mümkinçilik, ukyp" diýen latyn sözlerinden gelip çykan adalga.

dispozitiwlik ýörelgesi bozulýar. Hökmany tarapdarlykda ähli jogapçylaryň ýa-da talapçylaryň işe gatnaşdyrylmazlygy (eger olar iş ýöredişe gatnaşmak isleýän bolsalar) taraplaryň hukuklarynyň bozulmagyna we soňra sökülmäge degişli bikanun hem esassyz çözgüdiň çykarylmagyna getirýär.

Hökmany däl (fakultatiw) tarapdarlykda tarapdarlaryň hukuklary we borçlary baradaky mesele aýratynlykda, ýagny beýleki tarapdarlaryň hukuklary we borçlary baradaky meselä baglanyşyksyz çözmek bolýar, sebäbi olaryň her haýsy aýratyn talapdyr.

Özara baglanyşykly talaplaryň, birmeňzeşligi hökmany däl tarapdarlygyň döremeginiň esasy bolup durýar. Birmeňzeş esaslary we närsesi bolan talaplar birmeňzeş talaplar diýlip hasap edilýär. *Talabyň esasy* – bu talapçynyň talabynyň esaslanýan ýagdaýlarydyr, *talabyň närsesi* bolsa – bu talapçynyň jogapça bildirýän maddy talabydyr.

Talaplar birmeňzeş we özara baglanyşykly bolan ýagdaýynda kazy:

- talaplaryň birleşdirilmeginiň işiň ähli ýagdaýlaryny hem subut ediş serişdelerini bir wagtyň özünde doly we hemmetaraplaýyn seljermäge mümkinçilik berýändiginden;
- bir kazyýet mejlisinde taraplaryň ähli hakyky hukuklarynyň we borçlarynyň anyklanmagyna mümkinçilik döreýändiginden;
- kazyýetiň we taraplaryň wagtynyň hem-de kazyýet çykdajylarynyň tygşytlanýandygyndan;
- birmeňzeş jedeller boýunça biri-birine gapma-garşy çözgütleriň çykarylmagynyň öňüniň alynýandygyndan ugur alyp birnäçe talaplary (işleri) bir önümçilige birleşdirip bilýär.

Eger-de tarapdarlyk görkezilen maksatlaryň amala aşyrylmagyna ýardam bermeýän bolsa, onda kazyýet bir ýa-da birnäçe talaby aýratyn önümçilige bölüp aýyrmaga ygtyýarlydyr (TAIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Edil hökmany tarapdarlykda bolşy ýaly, hökmany däl tarapdarlykda-da, tarapdarlar beýleki tarap babatda özbaşdak çykyş edýärler. Olaryň her haýsy tarapyň hukuklaryna eýedirler we öz erk-isleglerine görä ol hukuklardan peýdalanýarlar. Mysal üçin, tarapdarlaryň biri talapdan ýüz dönderýär ýa-da talaby ykrar edýär. Bir talapçynyň talapdan ýüz döndermegi beýleki talapçylar babatda iş boýunça önümçiligi bes etmek üçin esas bolup bilmeýär. Şonuň ýaly-da jogapçylaryň biriniň talaby ykrar etmegi galan jogapçylar babatda oňyn çözgüt çykarmaga esas döretmeýär.

Tarapdarlar, işe ýeke özi gatnaşýan taraplardan tapawutlylykda işi alyp barmagy tarapdarlaryň birine tabşyryp bilýärler. Ol iş ýöredişiň dowamynda bir wagtda iki wezipäni (funksiýany) ýerine ýetirýär: işde tarap we beýleki tarapdarlaryň wekili bolup durýar. Şonuň bilen birlikde-de beýleki tarapdarlar öz isleglerine görä talapdan ýüz döndermek, talaby ykrar etmek ýaly we beýleki islendik hereketleri amala aşyryp, şeýle hem subutnamalaryň seljerilişine gatnaşyp, düşündirişler berip, haýyşnamalar bilen ýüz tutup bilýärler.

RF-nyň AIÝK-nyň 46-njy maddasyna laýyklykda tarapdarlar işi alyp barmagy tarapdarlaryň birine ýa-da birnäçesine tabşyryp bilýärler.

Beýleki jogapçy bolmazdan işe garamaklyk mümkin bolmadyk ýagdaýynda birinji basgançakly arbitraž kazyýeti, taraplaryň haýyşnamasynyň ýa-da talapçynyň razylygy esasynda beýleki jogapçyny işe çekýär. Eger-de kanun jogapçynyň hökmany gatnaşmalydygyny göz öňünde tutýan bolsa, onda arbitraž kazyýeti öz başlangyjy bilen jogapçyny işe çekýär we iş ýöredişi täzeden başlaýar.

## §4. Prosesual hukuk oruntutarlyk

TAIÝK-nyň 39-njy maddasyna laýyklykda, ýuridik şahsyň işiniň bes edilmeginiň, talap ediş hukugynyň ýa-da berginiň başga birine geçirilmeginiň, fiziki şahsyň aradan çykmagynyň netijesinde, kazyýetiň çözgüdi çykmazdan öň taraplaryň biri jedelli ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen kesgitlenen hukuk gatnaşygyndan (bu ýerde ýerine ýetiriş önümçiligi göz öňünde tutulýar) çykan halatynda, kazyýet şol tarapyň ornuny onuň hukuk oruntutary bilen çalyşýar. Şu ýerde bellemeli zat, görkezilen ýagdaýda kärhananyň üýtgedilip guralmagynyň netijesinde ýuridik şahsyň işiniň bes edilmegi göz öňünde tutulýar. “Kärhanalar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasyna laýyklykda, täze döredilen we öz işini dowam edýän kärhanalar üýtgedilip guralan kärhanalaryň ähli hukuklarynyň we borçlarynyň hukuk oruntutary bolup durýarlar.

Bu ýerden bolsa, prosesual hukuk oruntutarlygy üçin maddy-hukuk gatnaşygyndaky oruntutarlygyň esas bolup durýandygy gelip çykýar. Maddy-hukukda hukuk oruntutarlygy *umumy* (uniwersal[1]) bolup bilýär. Mysal üçin, ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy. Şonuň ýaly-da maddy-hukuk gatnaşygynda hukuk oruntutarlygy *bölekleýin* (singulýar), ýagny anyk hukuk gatnaşygyndaky oruntutarlyk hem bolup bilýär. Mysal üçin, talap etmäge bolan hukugyny başga birine bermek, başga tarapyň bergisini özüne almak, bergini başga tarapa geçirmek.

Prosesual hukuk oruntutarlygy, maddy-hukuk gatnaşygyndaky oruntutarlygyň umumy ýa-da bölekleýindigine garamazdan hemişe umumy hukuk oruntutarlyk bolup durýar, ýagny hukuk oruntutaryna tarapa degişli ähli prosesual hukuklary we borçlary geçýärler.

Şu ýerde bellemeli wajyp ýagdaýlaryň biri-de, maddy-hukuk oruntutarlygynyň döremegi bilen birlikde prosesual hukuk oruntutarlygy hökmany halatda döremeýär. Talapçynyň hukuk oruntutarynyň işe gatnaşmagy onuň özüniň erk-islegine bagly. Şonuň ýaly-da jogapçynyň hukuk oruntutarynyň işe gatnaşdyrylmagy hem talapçynyň erkine bagly, sebäbi diňe taraplar jedeliň närsesine ygtyýar edip bilýärler.

Eger-de hukuk oruntutary işe gatnaşmasa, iş boýunça kazyýet seljermesi dowam etdirilip bilinmez we ol TAIÝK-nyň 100-nji maddasynyň 6-7-nji bentleriniň esasynda bes edilmäge degişlidir:

*TAIÝK-nyň 100-nji maddasynyň 6-njy bendi* – eger iş boýunça tarap hökmünde gatnaşýan ýuridik şahs hukuk oruntutary diýlip kesgitlenilmän ýatyrylan bolsa;

---

[1]Uniwersal-“universalis-umumy, ählumumy” diýen latyn sözünden gelip çykyp, nämedir bir zadyň hemmetaraplaýyn bolmagyny aňladýar.

*TAIÝK-nyň 100-nji maddasynyň 7-nji bendi* – eger fiziki şahs aradan çykandan soň jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol bermeýän bolsa.

Iş ýöredişiň islendik tapgyrynda hukuk oruntutarlygyna rugsat berilýär. Işe hukuk oruntutarynyň gatnaşmagy hakynda mesele kazyýet mejlisinde çözülýär. Işe gatnaşmak üçin hukuk oruntutary özüniň maddy-hukuk gatnaşygyndaky hukuk oruntutarlygyny esaslandyrmaly, mysal üçin, ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy hakynda resminamany, talap etmek hukugynyň başga birine geçirmek hakynda şertnamany we ş.m. görkezmeli.

Hukuk oruntutarynyň işe girişmeginden öň iş ýöredişde amala aşyrylan ähli hereketleriň şol orny çalşylan tarap üçin hökmany bolşy ýaly hukuk oruntutary üçin hem hökmanydyr (TAIÝK-nyň 39-njy maddasynyň 2-nji bendi). Mysal üçin, orny çalşylan tarap talaby ykrar eden bolsa hukuk oruntutary onuň bu hereketini inkär edip bilmeýär.

RF-nyň AIÝK-nyň 48-nji maddasynda hukuk oruntutarlygynyň esasy hökmünde ýuridik şahsyň ýatyrylmagy däl-de, onuň üýtgedilip guralmagy berkidilýär. Ondan başga-da borçnamalarda taraplar çalşylan beýleki halatlarda-da hukuk oruntutarlygynyň ýüze çykyp bilýändigi görkezilýär.

## 2-nji tema degişli çyzgylar. Arbitraž iş ýöredişinde taraplar

**Çyzgy 2.1.**

Kazyýete ýüz tutmaga bolan hukuk şulara degişli
(TAIÝK-nyň 4-nji maddasy)

- Bozulan ýa-da jedelli hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen – Türkmenistanyň fiziki we ýuridik şahslaryna
- TAIÝK-da göz öňünde tutulan ýagdaýlarda döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitlerini goramak üçin – prokurora, döwlet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna we beýleki edaralara
- TAIÝK-da, beýleki kanunlarda, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda ýa-da ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan halatlarda – daşary ýurtlaryň fiziki we ýuridik şahslaryna

*Eger-de kanunda ýa-da şertnamada jedeli düzgünleşdirmegiň kazyýete çenli tertibi kesgitlenen bolsa, onda diňe görkezilen tertip berjaý edilenden soňra jedel kazyýet tarapyndan seljerilmäge kabul edilip bilner.

**Çyzgy 2.2.**

**Taraplaryň ýörite hukuklary**
**(TAIÝK-nyň 37-nji maddasy)**

**Talapçy:**
- Talabyň esasyny ýa-da närsesini üýtgetmäge hakly;
- Talabyň möçberini köpeltmäge ýa-da azaltmaga hakly;
- Talapdan ýüz döndermäge hakly.

**Jogapçy:**
Talaby (doly ýa-da bölekleýin) ykrar etmäge hakly.

**Taraplar:**
Barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga hakly.

Çyzgy 2.3.




Çyzgy 2.4.




Çyzgy 2.5.



**Çyzgy 2.6.**

- Hukuk oruntutarlygyň esaslary (TAIÝK-nyň 39-njy maddasy)
  - Ýuridik şahsyň ýatyrylmagy
  - Fiziki şahsyň aradan çykmagy
  - Talap etmek hukugynyň başga birine berilmegi
  - Berginiň başga birine geçirilmegi

**Çyzgy 2.7.**

- Hukuk oruntutarlygyň degişli däl tarapy çalşyrmakdan tapawutlylygy
  - Hukuk oruntutary üçin orny çalşylan tarapyň ähli hereketleri hökmanydyr, şonuň üçinem işiň seljerilişi dowam etdirilýär. Degişli däl tarap çalşylanda iş ýörediş täzeden başlanýar, sebäbi degişli däl tarap tarapyndan amala aşyrylan ähli prosesual hereketler degişli tarap üçin hökmany däldir.
  - Hukuk oruntutarlygy iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda mümkindir. Degişli däl tarapy çalyşmak diňe birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi kabul edilmezinden öň amala aşyrylyp bilinýär.
  - Hukuk oruntutarlygynda işe bir wagtyň özünde hukuk oruntutarynyň we orny çalşylan tarapyň gatnaşmagy mümkin däl. Degişli däl tarap çalşylanda bolsa ilkibaşky talapçy degişli däl jogapçyny ýa-da özüni çalyşmaga razylyk bermese onda işe degişli däl tarap bilen birlikde degişli tarap hem gatnaşýar.
  - Hukuk oruntutary we orny çalşylan tarap anyk maddy-hukuk gatnaşygynda durýarlar. Degişli däl tarap bilen degişli tarapyň arasynda hiç-hili maddy-hukuk gatnaşygy ýok.

## 2-nji tema degişli testler: Arbitraž iş ýöredişinde taraplar

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Arbitraž iş ýöredişinde talapçy diýlip bilinýär:**
- kazyýete talap arza bilen ýüz tutan tarap;
- kazyýetde bähbidi goralýan tarap;
- prokuror ýa-da kazyýete ýüz tutan islendik tarap;
- kazyýete talap arza bilen ýüz tutan prokuror, beýleki ygtyýarly edilen edaralar we beýleki gyzyklanýan taraplar.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**2) Jogapçyny kesgitleýär:**
- talapçy;
- kazyýet;
- talapçy we kazyýet;
- talapçy ýa-da kazyýet.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Işiň seljerişiniň dowamynda talapçy hukukly:**
- talapdan ýüz döndermäge;
- talabyň möçberini köpletmäge ýa-da azaltmaga;
- talabyň esasyny ýa-da närsesini üýtgetmäge;
- talabyň esasyny we närsesini üýtgetmäge.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Taraplar:**
- kazyýetiň çagyryşy boýunça gelmäge borçly;
- kazyýetiň talap edýän subutnamalaryny bildirmäge borçly;
- barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga hakly;
- kazyýetiň çagyryşy boýunça gelmäge we zerur subutnamalary bildirmäge hakly.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Kazyýet talapdan ýüz döndermegi kabul etmeýär, eger-de ol:**
- kanuna garşy gelýän bolsa;
- kimdir biriniň hukuklaryny bozýan bolsa;
- kimdir biriniň kanuny bähbitlerine zelel ýetirýän bolsa;
- jogapçy tarapyndan ýazmaça görnüşde goldanylmasa.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Eger-de bu kanuna garşy gelýän bolsa, kazyýet:**
- talapdan ýüz dönderilmegini kabul etmeýär;
- talabyň möçberiniň köpeldilmegini kabul etmeýär;
- talabyň ykrar edilmegini kabul etmeýär;

- barlyşyk ylalaşygyny tassyklamaýar.
  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**7) Barlyşyk ylalaşygy, kim tarapyndan eglişik edilmegini aňladýar?**
- talapçy;
- jogapçy;
- talapçy we jogapçy;
- talapçy ýa-da jogapçy.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Işe gatnaşýan talapçynyň çalşylmagy üçin kimiň razylygy zerur?**
- ilkibaşky jogapçynyň;
- ilkibaşky talapçynyň;
- ikisiniň hem;
- ilkibaşky talapçynyň we kazyýetiň.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Işe gatnaşýan jogapçynyň çalşylmagy üçin kimiň razylygy zerur?**
- ilkibaşky jogapçynyň;
- ilkibaşky talapçynyň;
- ikisiniň hem;
- degişli jogapçynyň.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Eger-de ilkibaşky talapçy iş ýöredişden çykmaga razy bolsa:**
- iş ýörediş bes edilýär. Degişli talapçy täze işi gozgamaga hakly;
- iş ýörediş bes edilýär. Degişli talapçy täze işi gozgamaga hakly, kanunda görkezilen halatlarda bolsa borçly hem;
- degişli talapçy (eger-de ol öz hukuklaryny goramak isleýän bolsa) degişli däl talapçyny çalyşýar we iş ýörediş dowam edýär;
- degişli talapçy onuň erk-isleginiň nähilidigine garamazdan işe çekilýär we kazyýet önümçiligi dowam etdirilýär.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Eger-de ilkibaşky talapçy iş ýöredişden çykmaga razy bolmasa:**
- degişli talapçy umumy esaslarda oňa talap bildirýär;
- kazyýet öz baslangyjy bilen ony degişli talapçy bilen çalyşmak barada delillendirilen kesgitnama çykarýar;
- degişli talapçy öz islegine görä işe özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde gatnaşýar;
- degişli talapçy ilkibaşky talapça we jogapça umumy esaslarda talap bildirýär.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Eger-de ilkibaşky talapçy jogapçynyň çalşylmagyna razy bolmasa:**

- iş ýörediş bes edilýär. Talapça degişli jogapça talaby bildirmek teklip edilýär;
- jogapçy barybir çalşylýar, sebäbi kazyýet jedeli düýp mazmuny boýunça çözmeklige borçly;
- degişli jogapçy tarapdar hökmünde işe çekilýär;
- degişli jogapçy ikinji jogapçy hökmünde işe çekilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Degişli däl tarapy çalyşmak hakynda mesele:**

- diňe taraplaryň biri tarapyndan goýlup bilner;
- diňe birinji basgançakly kazyýet tarapyndan çözülip bilinýär;
- nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýeti tarapyndan çözülýär;
- birinji basgançakly kazyýetde kazynyň ýeke özi tarapyndan çözülýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Bir tarapda çykyş edýän tarapdarlaryň bähbitleri biri-biriniňkä gapma-garşy gelýärmi?**

- hawa;
- ýok;
- diňe talapçylaryňky;
- diňe jogapçylaryňky.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Tarapdarlaryň hukuk ýagdaýy deň (olaryň her haýsy tarapyň hukuklaryna we borçlaryna eýe):**

- hawa;
- ýok;
- diňe talapçylarda;
- diňe jogapçylarda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Eger-de bir işde birnäçe sany talapçy we jogapçy bar bolsa kazyýet olaryň ählisi barada birmeňzeş çözgüt çykarýarmy?**

- hawa, sebäbi başgaça edilende adalatly çözgüdiň çykarylmagyny üpjün etmek mümkin däl;
- ýok, bu işiň ýagdaýlaryna bagly;
- diňe talapçylar babatda;
- diňe jogapçylar babatda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Hökmany tarapdarlykda jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň ähli subýektleriniň hukuklary we borçlary bir iş ýöredişde çözülýärmi?**

- hawa, sebäbi başgaça edilse kanuna ters gelýär;

- ýok, sebäbi iş ýüzünde bu maksadalaýyk we mümkin däl;
- bu diňe talapçylara degişli;
- bu diňe jogapçylara degişli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Hökmany tarapdarlykda kazyýet kimi işe çekmäge borçly?**
- beýleki talapçylary;
- beýleki jogapçylary;
- ikisini hem;
- beýleki jogapçylary, talapçylary bolsa işiň seljerilip başlanandygy barada habardar etmäge.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**19) Fakultatiw tarapdarlykda birmeňzeş işler seljerilýär:**
- diňe bilelikde;
- diňe aýry-aýrylykda;
- maksadalaýyklylygyna baglylykda bilelikde ýa-da aýratyn;
- maksadalaýyklylygyna baglylykda bilelikde, kanunda görkezilen halatlarynda bolsa aýry-aýrylykda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Fakultatiw tarapdarlykda talaplaryň birleşdirilmegi:**
- bir işde işiň ýagdaýlaryny we subutnamalaryny derňemäge mümkinçilik berýär;
- bir işde taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär;
- kazyýet çykdajylaryny tygşytlamaga mümkinçilik berýär;
- birmeňzeş jedeller boýunça biri-birine gapma-garşy gelýän çözgütleri çykarmak mümkinciligini inkär etmeýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**21) Bir işde talapçylaryň biri talapdan ýüz dönderse, beýlekisinde bolsa jogapçylaryň biri talaby ykrar etse nähili hereket etmeli?**
- birinji ýagdaýda iş boýunça önümçiligi bes etmeli, ikinji ýagdaýda bolsa – talaby kanagatlandyrmak barada çözgüt çykarmaly;
- iki ýagdaýda-da iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- iki ýagdaýda-da iş boýunça önümçiligi beýleki tarapdarlar babatda dowam etdirmeli;
- iki ýagdaýda-da talaby kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek barada çözgüt çykarmaly.

***Dogry jogaby tapyň.***

**22) Hukuk oruntutarlykda (maddy we prosesual hukuk oruntutarlygynda) hukuk oruntutaryna geçýär:**

- orny çalşylan tarapyň ähli hukuklary we borçlary;
- maddy-hukukda ähli hukuklary we borçlary, prosesual hukugynda bolsa – orny çalşylan tarapyň hukuklarynyň we borçlarynyň belli bir bölegi;
- prosesual hukugynda ähli hukuklary we borçlary, maddy-hukukda bolsa – orny çalşylan tarapyň hukuklarynyň we borçlarynyň belli bir bölegi;
- iki ýagdaýda-da orny çalşylan tarapyň ähli hukuklary we borçlary geçýär, ýöne maddy-hukukda orny çalşylan tarapyň hukuklarynyň we borçlarynyň belli bir bölegi hem geçip biler.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**23) Hukuk oruntutaryň işe çekilmegi kimiň erk-islegine bagly?**

- talapçynyň, ýöne ony kazyýet goldamaly;
- jogapçynyň;
- talapçynyň we jogapçynyň;
- talapçynyň. Işe jogapçynyň hukuk oruntutarynyň çekilmegi hem talapçynyň erk-islegine bagly.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**24) Hukuk oruntutaryň işe girmegi we degişli däl tarapyň çalşylmagy mümkin:**

- işiň islendik tapgyrynda;
- diňe birinji basgançakly kazyýetde;
- hukuk oruntutarlygy işiň islendik tapgyrynda, degişli däl tarapyň çalşylmagy bolsa – diňe birinji basgançakly kazyýetde;
- degişli däl tarapyň çalşylmagy işiň islendik tapgyrynda, hukuk oruntutarlygy bolsa – diňe birinji basgançakly kazyýetde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**25) Hukuk oruntutary we degişli tarap üçin orny çalşylan tarapyň we degişli däl tarapyň amala aşyran ähli hereketleri hökmanymy?**

- hawa;
- ýok;
- hukuk oruntutar üçin – hawa, degişli tarap üçin – ýok;
- degişli tarap üçin – hawa, hukuk oruntutar üçin – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**26) Hukuk oruntutar we degişli tarap iş ýöredişe girende:**

- iş ýörediş dowam edýär;
- iş ýörediş täzeden başlanýar;
- degişli däl tarap çalşylanda iş ýörediş dowam edýär, hukuk oruntutar iş ýöredişe girende bolsa – täzeden başlanýar;
- hukuk oruntutar iş ýöredişe girende iş ýörediş dowam edýär, degişli däl tarap çalşylanda bolsa – täzeden başlanýar;

***Dogry jogaby tapyň.***

**27) Hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap, şeýle hem degişli we degişli däl tarap bir wagtyň özünde iş ýöredişe gatnaşyp bilýärlermi?**

- hawa;
- ýok;
- hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap – hawa, degişli we degişli däl tarap – ýok;
- degişli we degişli däl tarap – hawa, hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**28) Hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap, şeýle hem degişli we degişli däl tarap özaralarynda maddy-hukuk gatnaşyklarynda durýarlarmy?**

- hawa;
- ýok;
- hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap – hawa, degişli we degişli däl tarap – ýok;
- degişli we degişli däl tarap – hawa, hukuk oruntutar we orny çalşylan tarap bolsa – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *2* | *1* | *4* | *4* | *4* | *2* | *3* | *2* | *2* | *3* | *3* | *4* | *2* | *2* |

| 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 | 22 | 23 | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *2* | *1* | *4* | *3* | *4* | *3* | *4* | *4* | *3* | *3* | *4* | *4* | *3* |

## Tema 3. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplar

### §1. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplara düşünje

Adatça iş ýöredişe iki tarap, ýagny talapçy we jogapçy gatnaşýar. Talapçynyň we jogapçynyň tarapynda birnäçe taraplaryň talapçylaryň ýa-da jogapçylaryň gatnaşmagy bilen iş ýörediş çylşyrymlaşyp biler, emma muňa garamazdan iş ýörediş iki tarapdan, talapçynyň we jogapçynyň tarapyndan ybaratdyr.

Kähalatda, agzalan taraplardan başga-da, işde belli bir maddy-hukuk bähbitleri bolan taraplar hem bolup biler. Olar talapçy we jogapçy babatda üçünji tarap bolup çykyş edýärler. Şonuň üçin bu taraplaryň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän kadalar üçünji taraplaryň instituty diýip atlandyrylýar.

Maddy-hukuk gatnaşyklaryň häsiýetine baglylykda üçünji taraplary ikä bölýärler:

- jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirýan üçünji tarap;
- jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap;

Üçünji taraplaryň ikisine-de mahsus bolan umumy alamatlar:

- özbaşdak talap bildirýän, şonuň ýaly-da özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap başgalaryň başlangyjy boýunça ýöredilýän işe girýärler;
- kazyýetiň çözgüdi olaryň ikisiniň hem hukuklaryna we borçlaryna täsir edip bilýär;
- olaryň hukuklary hem bähbitleri ilkinji taraplaryň (talapçynyň we jogapçynyň) hukuklary hem bähbitleri bilen gabat gelmeýär;
- kazyýetiň we iş ýöredişe gatnaşyjylaryň wagtynyň tygşytlylygy gazanylýar.

Ýokarda aýdylanlary nazara almak bilen, üçünji taraplaryň institutyna şeýle kesgitleme berip bolar.

Üçünji taraplar – bu beýleki taraplaryň başlangyjy bilen başlanan we şol taraplaryň hukuklaryna we bähbitlerine gabat gelmeýän, öz subýektiw hukuklaryny we kanuny bahbitlerini goramak maksady bilen iş ýöredişe girýän taraplardyr.

Üçünji taraplaryň instituty arkaly, ähli subut ediji resminamalar bir iş ýöredişde derňelýär, şol bir wagtyň özünde-de işiň özara baglanyşykly ýagdaýlary anyklanylýar we biri-biri bilen özara bagly jedeller boýunça gapma-garşy gelýän çözgütleri çykarmak howpy aradan aýrylýar.

### §2. Jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplar

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, işde maddy-hukuk bähbidi bolan özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap, özbaşdak talap arza bermek arkaly beýleki taraplaryň başlangyjy bilen başlanan iş ýöredişe girip bilýär.

Şunda işe gatnaşýan üçünji tarap öz talap arzasyny umumy esaslarda bildirýär. Üçünji tarapyň talap arzasy iş ýörediş kadalarynyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen resmileşdirilýär we onuň üçin döwlet pajy tölenilýär.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap, talap arzasyny bildirmek bilen, jedelli hukuk gatnaşygynda bir bada talapçynyň hem-de jogapçynyň hukuklaryna dalaş edýär. Şonuň üçin hem onuň talap arzasy iki tarapyň-da garşysyna gönükdirilendir.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň prosesual hukuk ýagdaýy barada aýdylanda, ol edil talapçynyň hukuk ýagdaýy bilen bir meňzeşdir, ýagny ol iş ýöredişde talapça berilýän ähli hukuklardan peýdalanýar we şonuň bilen bir hatarda onuň ähli borçlaryny hem ýerine ýetirýär. Şonuň üçin hem özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap babatda "üçünji tarap" adalgasynyň ulanylmagy diňe tehniki ähmiýete eýedir. Edil talapçy ýaly, ol hem talap arzadan ýüz dönderip, talabynyň möçberini üýtgedip, barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp, kazyýet çözgüdine şikaýat edip bilýär we talapçynyň beýleki ygtyýarlyklaryndan peýdalanýar.

Talapçydan tapawutlylykda özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapdan, jogapçy bilen bu işler boýunça kanuna ýa-da şertnama laýyklykda, jedeliň kazyýete çenli düzgünleşdirilişiniň çärelerini amala aşyrmak borjuny ýerine ýetirmegi talap etmek bolmaýar.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap diňe öz  başlangyjy bilen iş ýöredişe girýär. Işi seljerişe taýýarlamak tertibinde kazy işde başga-da bähbitli taraplaryň bardygyny anyklap, olary başlanan iş ýörediş barada habarly etmäge borçludyr, ýöne olary öz  başlangyjy bilen işe çekip bilmeýär, sebäbi dispozitiwlik ýörelgesi bozulýar.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň şu iki ýagdaýda iş ýöredişe goýberilmezligi mümkindir:

- eger-de kazyýet jedelli hukuk gatnaşyk babatda onuň taraplar bilen hiç-hili maddy-hukuk gatnaşyklary bilen bagly däldigini anyklasa. Şeýle netije üçünji taraplar institutynyň many-mazmunyndan gelip çykýar, ýagny üçünji tarapyň talaby jedeliň närsesine gönükdirilen bolmaly;
- eger-de kazyýet onuň talabynyň ilkibaşdaky talap arza bilen bilelikde seljerilmegini maksadalaýyk däl diýip netijä gelse. Şu ýagdaýda kazyýet kaza bir ýa-da birnäçe birikdirilen talaplaryň aýratyn iş hökmünde garalmagyna hukuk bermegi göz öňünde tutýan TAIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 2-nji bendine goldanýar.

Kazyýetiň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy iş ýöredişe goýbermek (goýbermekden ýüz döndermek) hakyndaky kesgitnamasyna talapçy we jogapçy şikaýat, prokuror bolsa teklipnama getirip bilmeýärler, çünki bu hereketler işiň dowam etdirilmegine hiç-hili päsgelçilik döretmeýär. Taraplar özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň iş ýöredişe gatnaşmagy babatdaky närazylyklaryny nägilelik şikaýatynda bildirip bilerler.

Iş ýöredişe goýberilmedik özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap özüniň hukugyny ilkinji taraplaryň jedeli boýunça kimiň peýdasyna çözgüt çykarylan bolsa şonuň garşysyna özbaşdak talap arza bildirmek arkaly gorap biler. Emma, şeýle gijikdirilen kazyýet goragy islenilmeýän netijeleri hem getirip biler. Mysal üçin, kazyýetiň çözgüdi boýunça jedelli närsäni alan tarap ony satyp, sowgat berip we ş.m. hereketleri edip biler. Şonuň üçin, eger-de soň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň özbaşdak talap arzasy kanagatlandyrylsa, şeýle çözgüdiň ýerine

ýetirilmegi kynlaşýar, mümkin ol diňe öwezini dolma pul tölegi bilen kanagatlanmaga mejbur bolar.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap iş ýöredişe goýberilen ýagdaýynda kazyýet iki talap arza garaýar. Şunda şol talaplaryň biriniň garaman galdyrylmagy beýleki talap babatda şoňa meňzeş hereketiň gaýtalanmagyna esas bolup bilmeýär. Ilkinji taraplaryň arasyndaky iş tamamlanandan soň özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap adaty talapça öwrülýär.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy tarapdarlardan tapawutlandyrmak gerek. Tarapdarlykda talapçylaryň talaplary biri-biriniňkini inkär etmeýär. Özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň talaby ilkibaşdaky talapçynyň talabyny doly inkär edýär, çünki olar jedeliň närsesi babatda biri beýlekisiň garşysyna durýar.

RF-nyň AIÝK-synda şeýle bellenýär, eger-de özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap kazyýet seljermesi başlanandan soň iş ýöredişe giren bolsa, arbitraž kazyýetiniň birinji basgançagynda işe täzeden garalyp başlanýar. Kazyýet tarapyndan özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň iş ýöredişe girenligi barada kesgitnama çykarylýar (50-nji madda).

## §3. Jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar

Eger-de iş boýunça çykarylan çözgüt taraplaryň haýsy hem bolsa biri babatynda olaryň hukuklaryna ýa-da borçlaryna täsir edip biljek bolsa, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar işde talapçynyň ýa-da jogapçynyň tarapynda çykyş edip bilýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukugyna we borjuna kazyýetiň çözgüdiniň täsiri dürli-dürli bolup biler. Köp halatda iş boýunça çykarylan çözgüt tarapyň (ozaly bilen jogapçynyň) onuň öz tarapynda işe gatnaşan özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa regress talap bildirmek hukugynyň ýüze çykmagyna esas bolýar.

Kanun boýunça özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap jogapçynyň hem talapçynyň tarapynda çykyş edip bilýän-de bolsa, tejribede onuň talapçynyň tarapynda gatnaşmagy seýrek duş gelýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar iş ýöredişe öz başlangyjy bilen girip bilýärler. Şeýle-de olar taraplaryň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň haýyşnamasy esasynda hem iş ýöredişe çekilip bilýärler.

Olar birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi çykýança iş ýöredişe girip ýa-da çekilip bilýär. Ýöne adatça özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň iş ýöredişe girmek meselesi işi kazyýet mejlisine taýýarlaýyş döwründe çözülýär.

Iş ýöredişe özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň çekilmezligi ol kimiň tarapynda çykyş etmeli bolsa şonuň üçin ýaramaz netijelere getirip biler. Sebäbi taraplaryň arasyndaky jedel boýunça kazyýetiň çözgüdi onuň üçin preýudisial ähmiýete eýe bolup bilmeýär, ýagny kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýji oňa degişli bolmaýar. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap, eger-de ol iş ýöredişe gatnaşyp degişli tarapyň garşysyna çözgüt çykarmagyň öňüni almagy başarjakdygyny subut edip bilse, ol pegress talap boýunça jogapkärçilikden

boşadylýar. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň iş ýöredişe hakykat ýüzünde gatnaşmakdan boýun gaçyrmagy, onuň garşysyna bildirilen regress talap boýunça işiň nädogry alnyp barlandygyny subut etmek hukugyndan mahrum edýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar taraplaryň prosesual hukuklardan peýdalanýarlar we olaryň prosesual borçlaryny ýerine ýetirýärler. Ýöne prosesual kanunçylygy olaryň dispozitiw ygtyýarlyklaryny belli bir derejede çäklendirýär. Hususan-da özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar talabyň esasyny ýa-da närsesini üýtgedip, talabyň möçberini köpeldip ýa-da azaldyp, talapdan ýüz dönderip, talaby ykrar edip ýa-da barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp, çözgüdiň mejbury ýerine ýetirilmegini talap edip bilmeýärler. Bu ýagdaý olaryň jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup durmaýandyklary bilen düşündirilýär.

Özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplar bu hukuklaryň ählisine ygtyýary bar, (jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibinden başga), çünki olar jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup çykyş edýärler.

Tejribede özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplary tarapdarlar (jogapçylar) bilen çalşyrýarlar. Ýöne, ol garşydaş tarap bilen jedelli ýagdaýda bolup bilmeýär, çünki jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup çykyş etmeýär. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap diňe bir tarap, ýagny ol kimiň tarapynda çykyş edýän bolsa, şonuň bilen maddy-hukuk gatnaşygynda bolup biler.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe kazyýetiň çözgüdiniň özi üçin ýaramaz netijeleri getirip biläýjek ýagdaýlarynyň öňüni almak maksady bilen gatnaşýar. Sebäbi, kazyýet iş ýöredişiň dowamynda diňe taraplaryň arasyndaky jedeliň çözgüdi üçin ähmiýetli ýuridik faktlary däl-de, eýsem geljekde özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa bildirip bilinjek pegress talabyň çözülmegi üçin ähmiýetli faktlary hem anyklaýar.

Tarap (adatça jogapçy) özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapy öz tarapyna çekmek bilen özüniň geljekdäki regress talabynda prosesual ýagdaýyny ýeňilleşdirýär, çünki özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň kazyýet tarapyndan iş boýunça öň kesgitlenen ýagdaýlary inkär etmäge haky ýok.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe gatnaşmak bilen kimiň tarapynda çykyş edýän bolsa şoňa-da hemmetaraplaýyn goldaw berýär. Şeýle etmek bilen ol öz garşysyna regress talabyň bildirilmeginiň öňüni almaga çalyşýar.

Şeýlelikde, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň iş ýöredişde taraplaryň biriniň tarapynda çykyş etmek we oňa kömek bermek bilen öz bähbitlerini goraýar.

Kazyýet, eger-de özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň kimiň tarapynda çykyş etjek bolýan bolsa, onuň bilen hiç-hili maddy-hukuk gatnaşygynyň ýokdugyny anyklasa, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa iş ýöredişe girmäge razylyk bermeýär, onuň işe çekilmegi baradaky haýyşnamalaryny-da kanagatlandyrmaýar. Taraplar özleriniň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň işe çekilmegi ýa-da çekilmezligi babatdaky nägileliklerini nägilelik şikaýatynda görkezip bilýärler.

Jogapçy we özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň arasynda regress talap esasynda ýüze çykýan gatnaşyklary seljereliň. Jogapçynyň, ýagny talapça öwrülen jogapçynyň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapa (jogapça) regress talaby

özbaşdak iş ýöredişde garalýar. Bu dogry tejribe, sebäbi kazyýet mejlisinde birden iki talap arza garamak iş ýöredişiň çylşyrymlaşmagyna we haýal gitmegine getirýär.

Bu talaplar bilelikde garalan halatynda kazyýet esasy we regress talap arzalarynyň ýagdaýlaryny bir wagtda derňemeli bolýar. Olar bolsa, many-mazmun taýdan düýpgöter tapawutlanýarlar. Munuň özi jedelli gatnaşyklaryň hakyky ýagdaýlarynyň dogry anyklanmagyna päsgelçilik döredýär.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapy häsiýetlendirýän esasy alamatlar:

- jedeliň närsesine gönükdirilen özbaşdak talabyň ýoklugy;
- talapçynyň talap arzasy boýunça başlanan işe girmegi;
- diňe taraplaryň biri bilen maddy-hukuk gatnaşygynda bolmagy;
- çözgüdiň onuň hukuklaryna we borçlaryna täsirini ýetirip bilmegi.

RF-nyň AIÝK-synyň özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän bölüminde olaryň garşylyklaýyn talaby bildirmäge hukuklarynyň ýokdugy goşmaça görkezilýär. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapyň işe girmegi (çekilmegi) ýa-da ony iş ýöredişe goýbermezlik baradaky mesele boýunça arbitraž kazyýeti tarapyndan kesgitnama çykarylýar. Eger-de, özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap iş ýöredişe kazyýet seljerişi başlandan soň girse, onda işi seljermeklik arbitraž kazyýetiň birinji basgançagynda gaýtadan başlanýar (RF-nyň AIÝK-nyň 51-nji maddasy).

**3-nji tema degişli çyzgylar. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplar**

Çyzgy 3.1.




Çyzgy 3.2.



Çyzgy 3.3.

**Özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplaryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň aýratynlyklary**

**1)** Ol iş ýöredişe diňe öz başlangyjy esasynda girýär

**2)** Ol özbaşdak talap bildirýär we döwlet pajyny töleýär

**3)** Onuň talaby boýunça jogapçy hökmünde ilkibaşky talapçy we jogapçy çykyş edýär

**4)** Ol talapçynyň hukuklaryna eýedir we onuň borçlaryny ýerine ýetirýär

**5)** Ol iş ýöredişe goýberilmän bilýär:

- eger jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmasa;
- eger onuň gatnaşmagy iş ýöredişiň çylşyrymlaşmagyna getirse;

**6)** Ol iş ýöredişe goýberilmedik halatynda peýdasyna çözgüt çykan tarapyň garşysyna özbaşdak talap bildirmäge haklydyr

Çyzgy 3.4.

**Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplaryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň aýratynlyklary**

**1)** Eger-de iş boýunça çözgüt onuň hukuklaryna we borçlaryn täsir etjek bolsa (regress talaba bolan hukuk döreýär) ol iş ýöredişe girýär (ýa-da çekilýär)

**2)** Talapçynyň ýa-da jogapçynyň tarapynda (adatça jogapçynyň) çykyş edýär

**3)** Iş ýöredişe gatnaşmak bilen soňra iş boýunça çözgüde nägilelik bildirmäge hukugy ýok (jogapçy üçin bähbitli kada)

4) Jogapça kömek etmek bilen özüne kömek edýär (regress talabyň bildirilmeginden boşaýar)

**5)** Jogapçynyň hukuklaryna we borçlaryna eýedir, emma talaba ygtyýar edip bilmeýär

**6)** Kazyýet eger-de onuň we jogapçynyň arasynda maddy-hukuk gatnaşygy ýok diýen netijä gelse, onuň iş ýöredişe girmegine (çekilmegine) rugsat bermeýär

**7)** Regress talap özbaşdak önümçilikde garalýar (sebäbi talaplaryň närseleri we esaslary gabat gelmeýär)

## 3-nji tema degişli testler. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplar

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Üçünji taraplaryň işde maddy-hukuk bähbitleri barmy?**

- hawa;
- ýok;
- diňe “talap bildirýän” üçünji tarapda;
- diňe “talap bildirmeýän” üçünji tarapda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Esasy talap arza boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdi üçünji taraplaryň hukuklaryna we borçlaryna täsir edýärmi?**

- hawa;
- ýok;
- diňe “talap bildirýän” üçünji tarapa;
- diňe “talap bildirmeýän” üçünji tarapa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) “Talap bildirýän” üçünji tarap iş ýöredişe haýsy ýol bilen girip bilýär?**

- ilkibaşdaky talap arza birigip;
- kazyýete öz talaplary babatynda dilden ýüzlenip;
- özbaşdak talap arzasyny bildirip;
- talapçynyň deslapky razylygy bilen özbaşdak talap arzasyny bildirip.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) “Talap bildirýän” üçünji tarapyň talap arzasy boýunça jogapçy bolup çykyş edýär:**

- diňe talapçy;
- diňe jogapçy;
- talapçy ýa-da jogapçy;
- taraplaryň ikisi hem.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) “Talap bildirýän” üçünji tarap talapçynyň ähli hukuklaryndan peýdalanýar, şol sanda talaba ygtyýar etmek hukugyndan hem:**

- hawa;
- ýok;
- hawa, ýöne talaba ygtyýar edip bilmeýär;
- hawa, ýöne talaba ygtyýar etmek hukugyndan diňe kanunda göz öňünde tutulan aýratyn ýagdaýlarda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) “Talap bildirýän” üçünji tarap kimiň başlangyjy bilen iş ýöredişe girýär?**

- kazyýetiň;

- prokuroryň
- kazyýetiň we (ýa-da) prokuroryň;
- öz başlangyjy bilen.

*__Dogry jogaby tapyň.__*

**7) "Talap bildirýän" üçünji tarap iş ýöredişe goýberilýär, eger-de:**

- kazyýete çenli jedeli düzgünleşdirmegiň tertibini berjaý etse;
- jedeliň närsesine dalaş etse;
- talap arza bilen kazyýete dilden ýüz tutsa;
- ilkibaşdaky talapçyny iş ýöredişden çykarmagy talap etse.

*__Dogry jogaby tapyň.__*

8) **"Talap bildirýän" üçünji tarap iş ýöredişe goýberilmeýär, eger-de:**

- jedelli maddy-hukuk gatnaşygyň subýekti bolmasa;
- onuň gatnaşmagy iş ýöredişi çylşyrymlaşdyrsa;
- jedelli maddy-hukuk gatnaşygyň subýekti bolmasa we onuň gatnaşmagy iş ýöredişi çylşyrymlaşdyrsa;
- jedelli maddy-hukuk gatnaşygyň subýekti bolmasa ýa-da onuň gatnaşmagy iş ýöredişi çylşyrymlaşdyrsa.

*__Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.__*

**9) Iş ýöredişe goýberilmedik "talap bildirýän" üçünji tarap öz hukugyny nähili edip gorap biler?**

- prokurordan nägilelik tertibinde kazyýetiň çözgüdine teklipnama getirmegini sorap biler;
- nägilelik tertibinde kazyýetiň çykaran çözgüdine şikaýat bildirip biler;
- kazyýetiň başlygyna kazynyň hereketlerine şikaýat edip biler;
- kazyýetiň çözgüdi kimiň bähbidine çykarylan bolsa şonuň garşysyna talap arza bildirip biler.

*__Dogry jogaby tapyň.__*

**10) "Talap bildirýän" üçünji tarap iş ýöredişde hakykat ýüzünde:**

- degişli talapçy;
- tarapdar;
- ikinji talapçy;
- arza bilen ýüz tutan, sebäbi talapçynyň ýeri eýelenen.

*__Dogry jogaby tapyň.__*

**11) "Talap bildirmeýän" üçünji tarap iş ýöredişe gatnaşýar:**

- öz başlangyjy bilen;
- kazyýetiň, prokuroryň ýa-da taraplaryň çekmegi bilen;
- öz başlangyjy bilen ýa-da kazyýetiň, prokuroryň ýa-da taraplaryň çekmegi bilen;
- jogapçynyň başlangyjy bilen.

*__Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.__*

**12) “Talap bildirmeýän” üçünji tarap iş ýöredişe girýär (çekilýär):**
- birinji basgançakly kazyýetde;
- nägilelik kazyýetinde;
- gözegçilik kazyýetde;
- ähli kazyýetlerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Eger-de “talap bildirmeýän” üçünji tarap iş ýöredişe çekilmedik bolsa, kazyýet çözgüdiniň güýji oňa degişli bolarmy?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de ol kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşýandygy barada ýazmaça görnüşde razylyk hatyny beren bolsa;
- ýok, diňe jogapça degişli bölekleri oňa hem degişli bolar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Eger-de “talap bildirmeýän” üçünji tarap kazyýete çagyryş hatyny alyp kazyýete gelmese, şol çözgüt oňa degişli bolarmy?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de ol kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşýan bolsa we razylygyny ýazmaça görnüşinde beýan eden bolsa;
- ýok, eger-de ol kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşmaýan bolsa we närazylygyny ýazmaça görnüşinde beýan eden bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) “Talap bildirmeýän” üçünji tarap maddy-hukuk gatnaşyklarynda durýar:**
- diňe talapçy bilen;
- diňe jogapçy bilen;
- taraplaryň ikisi bilen;
- taraplaryň biri bilen (adatça jogapçy bilen).

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Eger-de “talap bildirmeýän” üçünji tarap jogapçy bilen maddy-hukuk gatnaşygynda durmaýan bolsa, oňa iş ýöredişe girmäge (ýa-da iş ýöredişe onuň çekilmegine) razylyk bermän bilerlermi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe girmegine razylyk bermän bilerler;
- diňe çekilmegine razylyk bermän bilerler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Esasy we regress talap arzalar bir iş ýöredişde garalýarmy?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de taraplaryň özi isleg bildirse;
- hawa, eger-de kazyýet talap arzalaryň bilelikde garalmagy maksada laýyk hasaplasa.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**18) “Talap bildirmeýän” üçünji tarap iş ýöredişe gatnaşýar:**
- birinji talap arza boýunça jogapçy hökmünde, regress talap arza boýunça - tarapdar hökmünde;
- birinji talap arza boýunça tarapdar hökmünde, regress talap arza boýunça - jogapçy hökmünde;
- birinji talap arza boýunça “talap bildirmeýän” üçünji tarap hökmünde, regress talap arza boýunça - jogapçy hökmünde;
- birinji talap arza boýunçaa “talap bildirmeýän” üçünji tarap hökmünde, regress talap arza boýunça - tarapdar hökmünde.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**19) Üçünji taraplar jedeliň närsesine ygtyýar edip bilýärlermi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe “talap bildirýän” üçünji tarap;
- diňe “talap bildirmeýän” üçünji tarap.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**20) Üçünji taraplar kazyýetiň çözgüdine nägilelik tertibinde şikaýat edip bilýärlermi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe “talap bildirýän” üçünji tarap;
- diňe “talap bildirmeýän” üçünji tarap.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**21) Üçünji taraplar işe gatnaşýan taraplaryň hataryna girýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- diňe “talap bildirýän” üçünji tarap;
- diňe “talap bildirmeýän” üçünji tarap.

***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *1* | *3* | *4* | *1* | *4* | *2* | *4* | *4* | *3* | *3* | *1* | *2* | *1* | *4* | *1* | *2* | *3* | *3* | *1* | *1* |

## Tema 4. Prokuroryň arbitraž iş ýöredişine gatnaşmagy

### §1. Prokuroryň arbitraž iş ýöredişine gatnaşmagyna düşünje we onuň ähmiýeti

Biziň döwletimiziň ösüşiniň sosialistik tapgyrynda adyl kazyýeti amala aşyrmagyň üstünden "prokuror gözegçiligi" kanunyň derejesinde berkidilipdi. Sowet Soýuzyndan başga dünýäniň hiç bir döwletinde kazyýet önümçiliginiň üstünden prokuror gözegçiligi amala aşyrylmaýardy. Sebäbi munuň özi kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlyk hukuk ýagdaýyna ters gelýär.

Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soňra bu adalga kanunçylykda "prokuroryň kazyýet önümçiligine gatnaşmagy" diýen düşünje bilen çalşyldy. Häzirki wagtda prokuror iş ýöredişe (raýat, jenaýat, arbitraž) gatnaşýar we oňa gatnaşyjy hökmünde anyk prosesual hukuklary hem borçlary berilýär. Ýöne şu güne çenli prokuroryň gözegçilik ygtyýarlyklary arbitraž we raýat prosesual kanunçylygynda üýtgewsizdir. Bir ýagdaýda, prokuror kazyýete talap arza (arza) bilen ýüz tutanda ol talapçy (arza bilen ýüz tutan) hökmünde çykyş edýär, beýleki halatda bolsa – ol iş ýöredişde kanunylygyň üpjün edilmeginiň kepili hökmünde çykyş edýär. Şeýlelikde prokuroryň iş ýöredişe gatnaşmagynyň galyby, daşky görnüşi üýtgän hem bolsa, mazmuny öňküligine galýar.

TAIÝK-nyň 40-njy maddasyna laýyklykda, prokuror işiň islendik tapgyrynda işe gatnaşmaga we kimden çykýandygyna garamazdan kanunyň bozulmalaryny aradan aýyrmak üçin çäreler görmäge ygtyýarlydyr.

Prokuror öz ygtyýarlyklaryny häkimiýet edaralaryndan hem wezipeli adamlardan garaşsyz, diňe kanuna we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň görkezmelerine tabynlykda amala aşyrýar. Prokuroryň garaşsyzlygy, onuň özüniň iş ýöredişe gatnaşmagynyň görnüşini özbaşdak çözýändigini we kazyýetiň prokuroryň işe gatnaşmagynyň esaslaryny barlamaga hakynyň ýokdugyny aňladýar. Ol erkin ýagdaýda talap bildirýär, arza bilen ýüz tutýar, nägilelik teklipnamasyny we gözegçilik garşylyknamasyny getirýär, iş ýöredişde netijenama bermek üçin çykyş edýär we ş.m.

Prokuroryň iş ýöredişde hiç-hili ýerine ýetiriş we serenjam beriş ygtyýarlyklarynyň ýokdugyny, onuň diňe işde kanunylygy üpjün edýändigini bellemek gerek. Şol sebäpli-de prokuror esasan iş gozgamaga we nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirmäge ygtyýarly edilen. Mysal üçin, prokuror kazyýetiň çözgüdini ýatyrmaga ygtyýarly däl, ol diňe çözgüdi ýatyrmak barada nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirip bilýär.

Prosesual kanunçylyk prokurory işe gatnaşýan taraplara degişli edýär. Ýöne, onuň prosesual-hukuk ýagdaýy işe gatnaşýan beýleki taraplaryň hukuk ýagdaýyndan düýpli tapawutlanýar. Bu hem prokuroryň bir wagtyň özünde iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmek we döwletiň hem jemgyýetçiligiň, şeýle hem telekeçilik bilen meşgullanýanlaryň bähbitlerini goramak wezipelerini berjaý edýändigi bilen düşündirilýär.

Şonuň bilen baglylykda-da ol diňe bir işe gatnaşýan taraplaryň hukuk ýagdaýyndan peýdalanman, eýsem goşmaça ygtyýarlyklara-da eýedir. Mysal üçin, ol işe iş ýöredişiň islendik tapgyrynda girip bilýär, işe gatnaşmazdan kazyýetiň çözgüdine nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirmäge ygtyýarlydyr we ş.m.

Prokuror arbitraž iş ýöredişinde kanunylygyň üpjün edilmegini şu aşakdaky usullary ulanmak bilen üpjün edýär:

- iş gozgamak barada kazyýete talap arza (arza) bildirýär;
- işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär;
- nägilelik tertibinde teklipnama we gözegçilik tertibinde kazyýetiň bikanun hem esassyz namalaryna garşylyknama getirýär;
- kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kanunylygyny barlaýar;
- zerurlyk ýüze çykanda täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça önümçiligi gozgaýar ýa-da başgalar tarapyndan gozgalan işe gatnaşýar.

## §2. Birinji basgançakly kazyýete prokuroryň gatnaşmagy

Prokuror birinji basgançakly kazyýete iki görnüşde gatnaşýar:

- başganyň bähbidini gorap, talap arza (arza) bilen iş gozgaýar;
- işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bermek üçin kazyýetde seljerilýän işe gatnaşýar.

Prokuroryň prosesual hukuk ýagdaýy bolsa onuň işe gatnaşmagynyň görnüşine bagly bolup durýar. Mysal üçin, talap bildiren prokuror talap arzany kanuna laýyk düzmäge, öz talaplaryny subut etmäge, jogapçy bilen bäsleşmäge borçly we öz talabyndan ýüz döndermäge ygtyýarly. Prokuroryň işe gatnaşmagynyň ikinji görnüşinde bolsa ol diňe işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär, ýokarda görkezilen ygtyýarlyklar bolsa onda ýokdur.

Kanunylygyň bozulandygy hakyndaky maglumaty prokuror dürli çeşmelerden alyp bilýär:

- prokuror tarapyndan edaralarda, kärhanalarda we guramalarda kanunlaryň berjaý edilişiniň barlagynyň geçirilmeginiň netijesinde;
- ýuridik we fiziki şahslardan özüne gelip gowşan arzalary, şikaýatlary we habarlary barlamagynyň netijesinde;
- köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryny barlamagyň netijesinde.

Kanunyň bozulandygyny anyklanandan soňra prokuror hukuk bozulmany aradan aýyrmak üçin şu aşakdaky çäreleri görýär:

- ýokarda durýan edara teklipnama, tabşyryknama ýa-da garşylyknama getirýär;
- kanun bozujyny düzgün-nyzam, dolandyryş ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekýär;
- kazyýetde başlanan işe işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bermek üçin girýär;
- kazyýete talap arza (arza) bilen ýüz tutýar.

Prokuror talap arza (arza) bilen kazyýete ýüz tutmazyndan öňürti zerur subutnamalary toplamaga borçludyr. Şu maksat bilen ol edaralardan, kärhanalardan we guramalardan degişli resminamalary we maglumatlary talap edip almaga, kanunyň bozulandygy barada wezipeli adamlardan we hususy telekeçilerden düşündirişler almaga ygtyýarlydyr.

Şu ýerde her bir kanun bozulmanyň prokuroryň goşulyşmagyny talap etmeýändigini bellemek gerek. Adatça kazyýete bähbidi bar taraplaryň özleri ýüz tutýarlar. Eger-de hususy telekeçi keselländigi sebäpli ýa-da başga bir ýagdaýlara görä öz hukuklaryny we bähbitlerini özbaşdak goramaga mümkinçiligi bolmadyk halatynda, bu ýagdaý prokuroryň kazyýete talap arza bildirmegi üçin esas bolup biler.

Prokuror jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň tarapy bolup durmaýar, şonuň üçinem kazyýetiň çözgüdiniň maddy-hukuk netijeleri oňa degişli däldir. Prokuroryň talaby bilen gozgalan iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdi bähbidi goralyp iş gozgalan taraplara täsir edýär we olar üçin hökmanydyr. Şeýle halatlarda kazyýet işde bähbidi bar tarapy talapçy (arza bilen ýüz tutan) hökmünde işe gatnaşdyrmaga borçludyr. Şonuň üçinem prokuror özüniň talap arzasynda (arzasynda) talapçynyň (arza bilen ýüz tutanyň) adyny, onuň salgysyny we bank rekwizitlerini[1] görkezmäge borçludyr.

Aýdylanlardan, iş ýöredişde kimiň bähbidi aralyp iş gozgalan bolsa şonuň hem maddy-hukuk manysynda talapçy bolup durýandygy hakynda netije gelip çykýar. Şeýle ýagdaýda, prokuroryň prosesual hukuk ýagdaýyny nähili kesgitlemek bolar? Prokuror sözüň prosesual manysynda talapçy bolup durýar. Prokuroryň we talapçynyň prosesual hukuk ýagdaýlary biri-birine ýakyn hem bolsa olar doly meňzeş däldir:

- prokuroryň haýryna hiç zat berilmeýär we ondan hiç zat öndürilip alynmaýar;
- oňa garşylyklaýyn talap bildirip bolmaýar;
- onuň bilen barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp bolmaýar.

Görkezilenlerden başga-da prokuror talapdan ýüz dönderen halatynda bähbidi goralýan tarap talaby düýp mazmuny boýunça seljermegi talap etmäge haklydyr. Sebäbi talaby bildiren prokuror özüniň ilkibaşky garaýşy we bähbidi goralyp talap bildirilen tarapyň garaýşy bilen öz işini guramaýar. Ol iş ýöredişde kanunylygy üpjün etmeli. Haçan-da bähbidi goralýan tarap işi düýp mazmuny boýunça seljermegi talap eden halatynda kazyýet çykdajylary ol tarapyndan umumy esaslarda tölenilýär.

Talaby bildiren prokuror, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, öz talabyndan ýüz dönderip bilýär. Eger-de şeýle halatda bähbidi goralyp talap bildirilen tarap işi düýp mazmuny boýunça seljermegi talap edýän bolsa, onda prokuror işe gatnaşmagyň birinji görnüşinden ikinji görnüşine geçýär. Netijede ol şondan soň özüniň talabyny esaslandyrmaýar we oňa sowal bermek hem bolmaýar.

---

[1] Bank rekwizitleri –"requisitum-zerur zat" diýen latyn sözünden gelip çykyp, bank resminamalaryny, hasaplaryň belgilerini aňladýar.

Şonuň ýaly-da bähbidi goralýan tarapyň prokuroryň talabyny goldamaýan ýagdaýy hem bolup biler. Talapçynyň talaby goldamazlygy we işe gatnaşmakdan ýüz döndermegi prokuror üçin diňe talapçy ýeke-täk özüne degişli hukuklaryna ygtyýar edende we onuň hereketleri özgeleriň bähbitlerine täsir etmeýän halatynda hökmandyr. Galan ýagdaýlarda prokuror özüniň bildiren talabyny düýp mazmuny boýunça seljermegi talap etmäge haklydyr.

Işe gatnaşýan tarap hökmünde prokuror işiň maglumatlary bilen tanyşmaga, subutnamalary bildirmäge, olaryň seljerilişine gatnaşmaga we ş.m. haklydyr. Işe gatnaşmagyň birinji görnüşinde prokuror azyndan iki sapar çykyş edýär:

- öz talabyny esaslandyrýar;
- işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär.

Öň seljerilip başlanan işe gatnaşýan prokuror bolsa diňe işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär.

Işiň düýp mazmuny boýunça prokuroryň netijenamasy şulary öz içine alýar:

- kazyýet tarapyndan seljerilen subutnamalaryň (ýazmaça, maddy we ş.m.) barlagy baradaky netijeler;
- işiň hakyky ýagdaýlarynyň subut edilenligi baradaky netijeler;
- işiň hakyky ýagdaýlarynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşy, ýagny anyklanan ýagdaýlar babatda maddy kanunyň dogry ulanyşlyşy baradaky netijeler;
- taraplaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary, olardan gelip çykýan hukuklar we borçlar baradaky netijeler;
- jogapçy talapçynyň hukuklaryny nädip bozupdyr;
- talapçynyň talaby esaslymy;
- kazyýetiň çözgüdiniň mazmuny nähili bolmaly (haýsy möçberde ýa-da haýsy emläk babatda talap kanagatlandyrylmaly ýa-da talabyň asla kanagatlandyrylmaga degişli däldiginiň esaslandyrmasy).

Prokuror adatça işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bermek üçin şu aşakdaky ýagdaýlarda işe gatnaşýar:

- ýokarda durýan prokuroryň görkezmesi boýunça;
- öz başlangyjy bilen;
- işiň çylşyrymlydygyny we wajypdygyny nazarda tutmak bilen kazyýet onuň gatnaşmagyny zerur diýip bilse.

TAIÝK-nyň 40-njy maddasynda prokuroryň kazyýete talap arza bilen ýüz tutup bilýändigi görkezilýär. Emma prokuror talap arza bilen däl-de “arza” bilen gozgalýan, batyp galmak, ýuridik faktlary anyklamak ýaly, arbitraž kazyýetiň garamagyna degişli beýleki işleri hem gozgap bilýär.

Eger-de prokuroryň diňe şu Kodeksde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda iş gozgamaga bolan hukugyny berkdiýän, TAIÝK-nyň 4-nji maddasynyň 2-nji böleginden ugur alsaň, onda RF-nyň AIÝK-nyň 52-nji maddasynda berkidilişi ýaly, TAIÝK-nyň 40-njy maddasynda prokuroryň “talap arza” we “arza” bilen gozgaýan işleriniň sanawyny bermek zerur bolup durýar. TRIÝK-da prokuroryň ygtyýarlyklarynyň ýokarda görkezilişi ýaly çäklendirmesiniň ýokdugyny ýeri gelende bellemek gerek.

TAIÝK-nyň 40-njy maddasynda prokuroryň hukuk ýagdaýy doly derejede anyk kesgitlenmeýär. Ol ýerde diňe onuň kazyýete talap arza bilen ýüz tutup we iş ýöredişe onuň islendik tapgyrynda girip bilýändigi görkezilýär. Biziň pikirimizçe, bu mesele RF-nyň AIÝK-nyň 52-nji maddasynda şowly çözülipdir. Şu madda laýyklykda arbitraž kazyýete ýüz tutan prokuror talapçyny prosesual hukuklaryna eýedir we onuň borçlaryny ýerine ýetirýär.

Şu ýerde TRIÝK-da berkidilen oňyn kanunçykaryjylyk tejribesine-de salgylanmak bolar. Raýat iş ýöredişinde prokuroryň ygtyýarlyklary has takyk we anyk kesgitlenýär. TRIÝK-nyň 107-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, prokuror işiň maglumatlary bilen tanyşmaga, degişli gatnaşyjylara ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge, subutnamalary derňemäge gatnaşmaga, haýyşlaryny bildirmäge, iş seljerilende ýüze çykýan meseleler barada we tutuş işiň düýp mazmuny boýunça netije bermäge, şonuň, ýaly-da kanunda göz öňünde tutulan beýleki prosesual hereketleri ýerine ýetirmäge haklydyr.

## §3. Arbitraž iş ýöredişiniň beýleki tapgyrlaryna prokuroryň gatnaşmagy

Birinji basgançakly kazyýetdäki tertipde bolşy ýaly, nägilelik kazyýetinde-de prokuror işe iki görnüşde gatnaşýar:

- nägilelik önümçiligini gozgamak;
- taraplaryň ýa-da işe gatnaşýan beýleki taraplaryň şikaýaty boýunça seljerilýän işe gatnaşmak.

Işiň kim tarapyndan gozgalandygyna garamazdan prokuror çözgüt çykarylandan soň 10 günüň dowamynda ýokarda durýan kazyýete nägilelik teklipnamasyny getirmäge ygtyýarlydyr. Bölümleriň we müdirlikleriň prokurorlary diňe özleriniň gatnaşan işleri boýunça nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirip bilýärler.

Çözgüdiň bikanundygyny ýa-da esassyzdygyny ýüze çykarandan soňra prokuror, şol işiň seljerilişine gatnaşandygyna ýa-da gatnaşmandygyna, şol çözgüt babatda nägilelik tertibinde şikaýatyň bildirilendigine ýa-da bildirilmändigine garamazdan kazyýete teklipnama getirmäge borçludyr. Sebäbi prokuroryň kazyýet namalarynyň kanunylygyny üpjün etmek wezipesi kanunda berkidilýär. Şonuň üçinem prokuror bellenen möhletlerde, özleriniň gatnaşmazlygynda garalan ähli ykdysady işler boýunça çykarylan kazyýet namalarynyň kanunylygyny we esaslylygyny seljermäge borçludyr.

Prokuratura edaralarynyň merkezleşdirme ýörelgesiniň esasynda nägilelik tertibindäki teklipnamalary ýokarda durýan prokurorlar hem getirip bilýärler. Kazyýet seljerişi başlanmazyndan öň prokuror öz teklipnamasyny yzyna çagyrmaga ygtyýarlydyr. Ýokarda durýan prokuroryň hem şeýle ygtyýarlygy bardyr.

Prokuroryň teklipnamasy seljerilýän işlerden başga ýagdaýlarda nägilelik kazyýetinde işler seljerilende oňa prokuroryň gatnaşmagy hökman däldir. Adatça nägilelik kazyýetinde prokuroryň teklipnamasy seljerilýän işlere ýokarda durýan prokuror gatnaşýar. Eger-de ol teklipnama bilen ylalaşmasa ol teklipnamany iş seljerilip başlanmazyndan öň yzyna çagyrýar we goýberilen ýalňyşlyklary hem

düzgün bozmalary görkezmek bilen bu barada teklipnama getiren prokurora habar berýär.

Nägilelik kazyýetinde prokuror öz teklipnamasyny goldap, ony esaslandyrýar. Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerinden soňra prokuror teklipnama getirilen çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär.

Eger-de prokuror işe gatnaşýan taraplaryň şikaýaty esasynda nägilelik tertibinde işiň seljerilmesine gatnaşýan halatynda, ol işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerinden soňra şikaýat bildirilen kazyýet çözgüdiniň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär.

Kazyýetiň çözgüdiniň kanunylygy we esaslylygy barada prokuroryň netijenamasy şulary öz içine alýar:

- kazyýetiň çözgüdiniň seljermesi (onuň hakyky ýagdaýlary we ýuridik esaslandyrmasy babatda);
- nägilelik tertibindäki şikaýatyň we oňa gelip gowşan ýazmaça seslenmeleriň delilleriniň seljermesi;
- işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerine we goşmaça berlen maglumatlara hukuk nukdaýnazaryndan baha berilmegi;
- çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netije.

Gözegçilik önümçiligine hem prokuror iki görnüşde gatnaşýar:

- gözegçilik önümçiligini gozgamak;
- kazyýetiň wezipeli adamlarynyň garşylyknamasynyň esasynda gozgalan işe gatnaşmak.

Kanuna laýyklykda gözegçilik önümçiligini gozgamak ygtyýarlygy diňe Türkmenistanyň Baş prokuroryna we onuň orunbasarlaryna degişlidir (TAIÝK-nyň 132-nji maddasy).

Edil nägilelik tertibinde getirilen teklipnamasyndaky ýaly, prokuror gözegçilik tertibinde getiren garşylyknamasyny hem iş seljerilip başlanmazyndan öň yzyna çagyryp bilýär. Şonuň ýaly-da gözegçilik tertibindäki garşylyknama ýokarda durýan prokuror tarapyndan, ýagny orunbasarlarynyň garşylyknamasyny Türkmenistanyň Baş prokurory yzyna çagyryp bilýär. Garşylyknamanyň yzyna çagyrylandygy barada işe gatnaşýan taraplar habarly edilýär. Iş seljerilýän döwründe garşylyknama yzyna çagyrylyp ýa-da üýtgedilip bilinmeýär. Prokuror diňe öz garşylyknamasyny goldamakdan ýüz döndermäge ygtyýarlydyr.

Gözegçilik kazyýetde iş seljerilende oňa prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr.

Diňe kazyýetiň wezipeli adamlary tarapyndan garşylyknama getirilen işlerde prokuror gözegçilik kazyýetde öz netijenamasy bilen çykyş edýär. Eger-de gözegçilik teribindäki garşylyknama prokuraturanyň wezipeli adamy tarapyndan getirilen bolsa, onda prokuror diňe garşylyknamasyny goldamak bilen ilkinji çykyş edýär, ýöne iş boýunça netijenama bermeýär.

Prokuror täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça hem, haçan-da kanuny güýjüne giren kazyýetiň namalaryny ýatyrmaly bolan halatynda iş gozgap bilýär. Prokuror çözgüdi, kesgitnamany, karary çykaran kazyýetde işe gaýtadan garamak barada mesele gozgaýar. Bu hereketi ol özüniň işiň seljerilişine gatnaşandygyna ýa-da

gatnaşmandygyna garamazdan edip bilýär. Prokuror işe kazyýet önümçiligi başga taraplar tarapyndan gozgalan ýagdaýynda-da gatnaşyp bilýär.

Prokuror kazyýet namalarynyň ýerine ýetiriliş önümçiliginde-de, olar ýerine ýetirilmese ýa-da degişli derejede ýerine ýetirilmese kanunylygy üpjün etmäge borçludyr.

## 4-nji tema degişli çyzgylar. Arbitraž iş ýöredişine prokuroryň gatnaşmagy

Çyzgy 4.1.




Çyzgy 4.2.



Çyzgy 4.3.



Hökmany çykyşlar:
- Ilkinji bolup çykyş edip öz talabyny esaslandyrýar
- Işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär

Hökmany çykyşlar:
Işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär:
- kazyýetiň derňän subutnamalaryny seljerýär;
- işiň hakyky ýagdaýlarynyň subut edilenligi barada gelen netijelerini beýan edýär;
- işiň anyklanan hakyky ýagdaýlaryny ýuridik taýdan maddalaşdyrýar;
- jedeli nähili çözmelidigi barada netijelerini beýan edýär.

Çyzgy 4.4.



Hökmany çykyşlar:
- Ilkinji bolup çykyş edip öz teklipnamasyny esaslandyrýar
- Çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär

Hökmany çykyşlar:
Çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär:
- kazyýetiň çözgüdiniň hakyky ýagdaýlarynyň esaslandyrylyşyny we onuň hukuk esaslarynyň dogrulygyny seljerýär;
- nägilelik şikaýatyny we ol babatdaky ýazmaça seslenmeleri seljerýär;
- işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerine we goşmaça bildirilen maglumatlara baha berýär;
- çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär.

Çyzgy 4.5.



Hökmany çykyş:
Öz garşylyknamasyny goldaýar we esaslandyrýar

Hökmany çykyş:
Kazyýetiň namasynyň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama berýär.

**4-nji tema degişli testler: Arbitraž iş ýöredişine prokuroryň gatnaşmagy**
*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Arbitraž iş ýöredişinde prokuror gatnaşmaga hukukly:**
- diňe birinji basgançakly kazyýetde;
- diňe birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde;
- diňe birinji we gözegçilik kazyýetlerde;
- ähli basgançakly kazyýetlerde.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**2) Prokuror arbitraž iş ýöredişine kazyýetiň deslapky rugsady bilen gatnaşýar:**
- hawa;
- ýok;
- hawa, ýöne ol haçan-da döwlet bähbidini goranda kazyýetiň razylygy zerur däl;
- hawa, ýöne ol haçan-da döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbidini goranda kazyýetiň razylygy zerur däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Arbitraž iş ýöredişinde prokuror hukukly:**
- kazyýetiň çözgüdine nägilelik tertibinde teklipnama (gözegçilik tertibinde garşylyknama) getirmäge;
- kazyýetiň çözgüdini ýatyrmaga;
- kazyýete iş gozgamak barada talaby bildirmäge;
- kazyýete iş gozgamak barada arza bildirmäge.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Arbitraž iş ýöredişinde prokuroryň ygtyýarlyklary taraplaryňkydan köpmi?**
- hawa;
- haçan-da özi talap bildirende – hawa, galan ýagdaýlarda – ýok;
- ýok, sebäbi ol jedelli maddy-hukuk gatnaşygynyň subýekti däl;
- ýok, sebäbi ol talaba ygtyýar edip bilmeýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Prokuror kazyýete talap bildiren bolsa ol öz talabynyň esaslylygyny subut etmäge borçlumy?**
- hawa;
- hawa, ýöne eger-de işe maddy-hukuk manysyndaky talapçy gatnaşýan bolsa – ýok;
- ýok;
- ýok, ýöne, eger-de döwletiň bähbidini goramak bilen bagly bolsa – hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Işe gatnaşmagynyň görnüşine garamazdan prokuror birinji basgançakly kazyýetde işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bermelimi?**

- hawa;
- diňe birinji görnüşinde çykyş edende;
- diňe ikinji görnüşinde çykyş edende;
- diňe kanunda görkezilen halatlarda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Prokuror tarapyndan gozgalan işde talapçy bolup durýar:**

- bähbidi goralýan tarap;
- prokuror;
- prokuror – maddy-hukuk manysynda talapçy, bähbidi goralýan tarap – prosesual manysynda talapçy;
- prokuror – prosesual manysynda talapçy, bähbidi goralýan tarap – maddy-hukuk manysynda talapçy.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**8) Arbitraž iş ýöredişinde rugsat berilýär:**

- kazyýet mejlisiniň dowamynda prokurora sorag bermäge, eger-de ol iş gozgan bolsa;
- prokurora garşylyklaýyn talap bildirmäge;
- kazyýetiň çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini prokurordan talap etmäge;
- prokuror bilen barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaga.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Prokuroryň bildiren talabyndan ýüz döndermegi iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine getirýärmi?**

- hökmany tertipde;
- eger-de bähbidi goralýan tarap işiň seljerilmegini talap etmese;
- eger-de kazyýet şol ýüz döndermegi goldasa;
- eger-de kazyýet we taraplar şol ýüz döndermegi goldasalar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Eger-de bähbidi goralýan tarap prokuroryň talabyny goldamasa we işe gatnaşmakdan ýüz dönderse kazyýet nähili hereket etmeli?**

- islendik ýagdaýda talaby düýp mazmuny boýunça seljermeli we çözgüt çykarmaly;
- iş boýunça önümçiligi bes etmeli we talapça onuň kazyýete özbaşdak talaby bildirmäge hukugynyň bardygyny düşündirmeli;
- eger-de iş döwletiň bähbidini goramak bilen galy bolsa, iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- eger-de iş hususy bähbitleri goramak bilen baglanyşykly bolsa iş boýunça önümçiligi bes etmeli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Eger-de bähbidi goralýan tarap prokuroryň talabyny goldamasa we jemgyýetçilik bähbidini goramakdan ýüz dönderse kazyýet nähili hereket etmeli?**

- talaba düýp mazmuny boýunça garamaly;
- iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- işiň ýagdaýlaryna görä talaby düýp mazmuny boýunça garamaly ýa-da iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- iş boýunça önümçiligi bes etmeli we talapça onuň kazyýete özbaşdak talaby bildirmäge hukugynyň bardygyny düşündirmeli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Birinji basgançakly kazyýetde prokuror işiň düýp mazmuny boýunça netijenama berýär:**

- diňe işe birinji görnüşde gatnaşanda;
- diňe işe ikinji görnüşde gatnaşanda;
- işe iki görnüşde-de gatnaşanda;
- işe birinji ýa-da ikinji görnüşde gatnaşanda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Işiň düýp mazmuny boýunça prokuroryň netijenamasy kazyýet üçin hökmanmy?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, ýöne kanunda görkezilen halatlarda – ýok;
- ýok, ýöne kazyýet özüniň närazylygyny delillendirmeli.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**14) Prokuror birinji basgançakly kazyýete ýüz tutmaga hakly:**

- diňe talap arza bilen;
- diňe arza bilen;
- talap arza we arza bilen;
- talap arza ýa-da şikaýat bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde prokuror çykyş edýär:**

- işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bilen;
- çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama bilen;
- birinji basgançakly kazyýetde – çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama bilen, nägilelik kazyýetinde – işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bilen;
- birinji basgançakly kazyýetde – işiň düýp mazmuny boýunça netijenama bilen, nägilelik kazyýetinde – çözgüdiň kanunylygy we esaslylygy barada netijenama bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Kazyýetde işiň seljerilişine gatnaşmazdan prokuror çözgüde teklipnama getirip bilýärmi?**

- hawa;
- hawa, eger-de teklipnamany talapçy hem goldaýan bolsa;
- hawa, eger-de teklipnamany kazyýet hem goldaýan bolsa;
- ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Ýokarda duryan prokuror aşakda duryan prokuroryň teklipnamasyny yzyna çagyryp ýa-da kazyýetiň bikanun we esassyz çözgüdine özi teklipnama getirip bilýärmi?**

- hawa;
- ýok;
- diňe aşakda durýan prokuroryň teklipnamasyny yzyna çagyryp bilýär;
- diňe kazyýetiň bikanun we esassyz çözgüdine teklipnama getirip bilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Nägilelik kazyýetine prokuroryň gatnaşmagy hökmany:**

- hawa, özi-de işiň ýagdaýlaryna garamazdan;
- hawa, eger-de prokuroryň teklipnamasyna garalýan bolsa;
- hawa, eger-de bu kanunda görkezilen bolsa;
- ýok.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**19) Arbitraž iş ýöredişinde prokuroryň gatnaşmagy hökmany:**

- birinji basgançakly kazyýetde;
- nägilelik kazyýetinde;
- gözegçilik kazyýetde;
- ähli basgançakly kazyýetlerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Iş boýunça barlyşyk ylalaşygyny baglaşyp bilýär:**

- talapçy we kazyýet;
- talapçy we jogapçy;
- prokuror we jogapçy;
- talapçy ýa-da jogapçy kazyýet bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *4* | *2* | *2* | *1* | *1* | *1* | *4* | *1* | *2* | *4* | *1* | *3* | *4* | *3* | *4* | *1* | *1* | *2* | *3* | *2* |

## Tema 5. Arbitraž iş ýöredişine wekiliň gatnaşmagy

### §1. Kazyýet wekilçiligine düşünje

Kanunda bellenilişine görä, arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri ikä bölünýär: işe gatnaşýan taraplar we adyl kazyýetligiň amala aşyrylmagyna ýardam berýänler.

Kazyýet wekilini bu toparlaryň haýsyna degişli etmeli? Kanun wekili işe gatnaşýan taraplaryň hataryna-da ýa-da kazyýete iş boýunça aýanlygy ýüze çykarmaga ýardam berýänleriň hataryna-da degişli etmändir.

Işe gatnaşýan taraplar esasan şu aşakdaky ýagdaýlar bilen häsiýetlendirilýär:

- iş ýöredişi alyp barmak, ýagny öz adyňdan iş gozgamak;
- işiň çözgüdinde özbaşdak hukuk bähbitleriň bolmaklygy.

TAIÝK-nyň 45-nji maddasyna laýyklykda, wekilleriň ygtyýarlyklary, wekilçilik edilýän tarapyň ygtyýarlyklaryndan gelip çykýar. Şonuň üçin hem wekil iş ýöredişde wekilçilik edilýän tarapyň adyndan çykyş edýär we onuň bähbitlerini goraýar. Wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasyndaky gatnaşyklar, wekilçilik edilýäniň wekile ynanç hatyny bermegi bilen ýüze çykýar. Şol sebäpli wekilçilik edilýän wekiliň ygtyýarlyklaryny üýtgedip, çäklendirip ýa-da ýatyryp bilýär.

Kazyýet seljerişiniň netijesinde wekiliň peýdasyna hiç zat berilmeýär ýa-da ondan hiç zat alynmaýar. Onuň hereketleri bilen baglanyşykly ähli hukuklar we borçlar wekilçilik edilýän bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Edil şonuň ýaly, prokuroryň we ygtyýarly edilen beýleki taraplaryň hem işde hiç-hili maddy-hukuk bähbitleri ýok. Ýöne muňa garamazdan, öz üstlerine ýüklenilen borçlary ýerine ýetirýändiklerine görä, olar kazyýetde öz atlaryndan çykyş edýärler.

Şeýlelikde, kazyýetde taraplaryň, üçünji tarapyň, arza bilen ýüz tutanyň we bähbidi bar taraplaryň adyndan wekil çykyş edýär we olaryň bähbitlerini goraýar. Iş ýüzünde agzalan taraplaryň ornuny wekil tutýar. Ýöne muňa garamazdan, iş ýöredişe olaryň ikisiniň hem (wekiliňem, wekilçilik edilýäniňem) gatnaşyp bilýändiklerini bellemek gerek. Netijede, şulardan ugur alynsa onda, wekilleri adyl kazyýetlik amala aşyrylanda ýardam beriji taraplaryň hataryna goşup bolýar.

Ýöne, aýdylanlardan ugur alyp, wekili arbitraž iş ýöredişiň subýekti däl diýen netijä gelip bolmaz. Iş ýöredişiň gatnaşyjysy hökmünde ol wekilçilik edilýäniň erk-islegine garamazdan kanunda kesgitlenen prosesual hukuklara we borçlara eýe bolup, özbaşdak hereket edip bilýär (subutnamalaryň derňewine gatnaşmak, sorag bermek, haýyşnama bildirmek we beýlekiler).

Wekilçilige ykdysady işleriň hemmesi boýunça we arbitraž iş ýöredişiň ähli tapgyrlarynda rugsat berilýär.

Wekilçilikde gatnaşyklaryň iki topary ýüze çykýar (maddy-hukuk we prosesual). Maddy-hukuk gatnaşyklary wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasynda zähmet şertnamasy, tabşyryk şertnamasy esasynda ýüze çykýar. Prosesual gatnaşyklary bolsa, wekil bilen kazyýetiň arasynda ýüze çykýar. Kadadan çykma hökmünde wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasynda käbir prosesual gatnaşyklar döräp biler. Bu gatnaşyklar wekiliň ygtyýarlyklaryny kesgitlemek we ony resmileşdirmekligiň hökmanylygy bilen baglylykda ýüze çykýan gatnaşyklardyr.

Arbitraž iş ýöredişinde taraplar, üçünji taraplar, arza bilen ýüz tutýan we bähbidi bar taraplar işlerini wekiliň üsti alyp baryp bilýärler.

Kazyýetde ýuridik şahslaryň işlerini, kanunçylyk ýa-da esaslandyryjy resminamalar tarapyndan ygtyýarlandyrylan edara ýolbaşçysy we (ýa-da) olaryň wekilleri alyp barýarlar. Kazyýet ýuridik şahslaryň işlerini alyp barýan ygtyýarly edilen edara ýolbaşçysynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinden daşary çykmazlygyna gözegçilik etmelidir.

Haçan-da iş ýöredişde ýuridik şahsyň edara ýolbaşçysy çykyş edende, bu ýagdaýda wekilçilik ýok diýip hasaplanýar. Wekilçilik diňe, edara ýolbaşçysynyň öz işgärine ýa-da adwokata işi alyp barmaklygy tabşyran ýagdaýynda ýüze çykyp bilýär.

Ýuridik şahsyň edarasy bolup onuň ýolbaşçysy çykyş edýär. Şol sebäpli ýolbaşçynyň hereketleri, ýuridik şahsyň hereketleri hökmünde garalýar, sebäbi ýuridik şahsyň edarasy we ýuridik şahsyň özi bilelikde, hukugyň ýeke-täk subýektini emele getirýärler.

Ýuridik şahsyň edarasy ýekebara we kollegial bolup bilýär.

Düzgün bolşy ýaly, döwlet edara-kärhanalarynda we guramalarynda, edara ýekebara bolup çykyş edýär (direktor, başlyk, müdir).

Telekeçilik işini amala aşyrýan kärhanalar we jemgyýetçilik guramalary, ýekebara edara hökmünde, şeýle-de kollegial edara hökmünde hem çykyş edip bilýärler (dolandyrma, umumy ýygnak). Kollegial edaranyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça kazyýetde, şol edaranyň ýygnagynda kabul edilen karar esasynda wekil çykyş edýär.

Hususy telekeçiler kazyýetde öz işlerini özleri we (ýa-da) wekiliň üsti bilen alyp barýarlar.

Şu ýerde raýat-hukuk gatnaşyklarynda ýüze çykýan wekilçilik bilen kazyýet wekilçiliginiň arasyna çäk goýmaklyk zerurdyr:

- Wekilçilik edilýän üçin raýat-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan hukuklary we borçlary emele getirmek, olary üýtgetmek we bes etmek raýat wekilçiliginiň düýp many-mazmuny bolup durýar. Kazyýet wekilçiliginiň maksady bolsa, wekilçilik edilýäniň bähbitlerini goramak, şeýle hem işiň hakyky ýagdaýlaryny ýüze çykarmakda kazyýete ýardam bermek bolup durýar;
- Raýat hukugynda wekilçilik, wekiliň wekilçilik edilýäniň ornuny dolulygyna eýelemegini göz öňünde tutýar. Arbitraž iş ýöredişinde wekil bilen wekilçilik edilýäniň ikisiniň hem bir wagtda işe gatnaşmaklygyna mümkinçilik bar;
- Raýat hukugynda wekile berilýän ähli ygtyýarlyklar, ynanç hatynda beýan edilýär. Arbitraž iş ýöredişinde bolsa, wekiliň diňe aýratyn ygtyýarlyklary ynanç hatynda bellenilýär, onuň beýleki ygtyýarlyklary bolsa TAIÝK-da berkidilýär.

TAIÝK-da kim kazyýetde wekil bolup bilýär diýen soraga jogap ýok. Aýdalyň, arbitraž iş ýöredişine adwokat gatnaşyp bilýärmi? Adwokatyň iş ýöredişe gatnaşmagyny göz öňünde tutýan ýeke-täk delil hökmünde, TAIÝK-nyň 45-nji

maddasynyň 5-nji bendinde, adwokatyň ygtryýarlyklaryny resmileşdirmegiň tertibini düzgünleşdirýän kada salgylanmak bolýar.

Kämillik ukybyny ýitiren hususy telekeçiniň bähbitlerini goramak baradaky mesele hem kanunda çözülmedik. Mysal üçin, RF-nyň AIÝK-da kämillik ukyby bolmadyk raýatlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini arbitraž iş ýöredişinde, öz gezeginde işi beýleki wekile tabşyryp bilýän, kanuny wekilleri goraýar diýen hukuk kadasy berkidilýär (59-njy maddasy).

TAIÝK-nyň 44-nji maddasynda kazylar, sülçiler, prokurorlar we kazyýetleriň diwanynyň işgärleri kazyýetde taraplaryň wekili bolup bilmeýändikleri baradaky hukuk kadasy berkidilýär. Dogry, olar öz edaralarynyň adyndan wekilçilik edip bilýärler.

Biziň pikirimizçe, bu wekil hökmünde iş ýöredişe goýberilip bilinmejek adamlaryň doly sanawy däl. Mysal üçin, kämillik ukybyny ýitiren (ruhy kesel bilen baglanyşykly ýa-da akly kemligi sebäpli) wekil bolup bilermi? Ähtimal ýok, diýmek onda TAIÝK-da şunuň ýaly ýüze çykýan näsazlyklary aradan aýyrýan "böwet" goýmak gerek. Mysal üçin, RF-nyň AIÝK-nyň 60-njy maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda, doly kämillik ukyby bolmadyk ýa-da başga biriniň hossarlygynda ýa-da howandarlygynda duran adamlar, wekil hökmünde işe gatnaşyp bilmeýärler.

## §2. Kazyýet wekilçiliginiň görnüşleri

Kazyýetde hökmany we hökmany däl (fakultatiw[1]) wekilçilik bolup bilýär.

Haçan-da ýuridik şahsyň ýekebara edarasy ýa-da hususy telekeçi öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini özbaşdak goranlarynda, hakykat ýüzünde hökmany däl (fakultatiw) wekilçilik ýüze çykýar. Ýöne olar işi alyp barmaklygy wekile tabşyryp hem bilýär, şeýle hem olaryň iş ýöredişe bile gatnaşmaklaryda mümkin.

Ýuridik şahsyň kollegial edarasynyň, şeýle hem kämillik ukyby ýok hususy telekeçiniň bähbitlerini diňe olaryň wekilleri gorap bilýär. Bu ýagdaýlar kazyýetde hökmany wekilçiligiň esaslaryny häsiýetlendirýär.

Wekilçiligi döreýiş esaslaryna görä-de toparlara bölüp bolýar. Wekilçiligiň ýüze çykmagynyň esaslary – hukuk ýagdaýlary (zähmet şertnamasy, tabşyryk şertnamasy we ş.m.) bolup durýar.

Şertnamalaýyn erkin wekilçilik wekilçilik edilýäniň tabşyrygy boýunça, işi kazyýetde alyp barýan wekil bilen baglaşylan zähmet şertnamasynyň ýa-da tabşyryk şertnamasynyň esasynda ýüze çykýar. Bu şertnama esasynda wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasynda zähmet we raýat kanunçylyklary tarapyndan düzgünleşdirilýän içki gatnaşyklar kesgitlenýär. Şertnamalaýyn wekilçilik, arbitraž iş ýöredişinde kazyýet wekilçiliginiň giňden ýaýran görnüşleriniň biri bolup durýar.

---

[1]Fakultatiw – "facultās (facultātis) – ukyp, mümkinçilik" diýen latyn sözlerinden gelip çykyp, 1) hökman däl, mümkin; 2) saýlamaklyga hödürlenýän diýmekligi aňladýar.

Haçan-da ýuridik şahsyň adyndan onuň işgäri çykyş edende şertnamalaýyn wekilçilik döreýär. Adatça ýuridik şahsyň bähbitlerini ynanç haty esasynda edaranyň hukuk maslahatçysy (ýuristkonsult) goraýar.

Hukuk maslahatçysynyň esasy wezipesi jedelsiz talaplary kazyýete ýetirmezlik, şeýle hem edaranyň garşysyna esassyz talaplaryň bildirilmeginiň öňüni almak bolup durýar.

Hususy telekeçileriň we ýuridik şahslaryň bähbitlerini adwokatlar hem gorap bilýärler. Adwokat iş ýöredişde, diňe bir öz müşderisiniň bähbitlerini goraman, şol bir wagtyň özünde adyl kazyýetliligiň amala aşyrylmagyna hem ýardam berýär. Şonuň üçin hem haçanda müşderi, haýsy hem bolsa bir pikir bilen, görnetin bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk talaby gollamagyny ýa-da bildirilen jedelsiz kanuny talaba garşy çykmagy adwokatdan haýyşt etse, onda ol müşderisine wekilçilik etmekden ýüz döndermäge borçlydyr.

Ýokarda, şertnama esaslanýan wekilçilikleriň görnüşleriniň üstünde durlup geçildi. Indi bolsa, kanuna esaslanýan wekilçiligiň (kanundan gelip çykýan wekilçilik) üstünde durup geçeliň. Kanuny wekilçilikde ýörite şertnamanyň baglaşylmagy talap edilmeýär.

Kanuny wekilçilik şu esaslar boýunça döräp biler:

- kämillik ukyby ýok ýa-da çaklendirilen adamlaryň üstünden hossar ýa-da howandar bellense;
- kämillik ýaşyna ýetip, saglyk ýagdaýy zerarly öz hukuklaryny amala aşyryp we borçlaryny ýerine ýetirip bilmeýän adamlara howandar bellense.

Kanuny wekilçilik meselesi diňe hususy telekeçiler babatda ýüze çykyp biler.

Kanuny wekiller işi alyp barmagy şertnamalaýyn wekilçilik hökmünde resmileşdiren başga birine tabşyryp bilýärler. Şunuň ýaly ýagdaýlarda iş ýöredişe bir wagtyň özünde iki sany wekiliň, ýagny kanuny we şertnamalaýyn wekiliň gatnaşmaklary mümkindir.

## §3. Kazyýet wekiliniň ygtyýarlyklary we olary resmileşdirmegiň tertibi

Işi alyp barmaklyk üçin wekile berilýän ygtyýarlyk, oňa kesgitlenen prosesual hereketleri amala aşyrmaklyga hukuk berýär. Wekilçiligiň ýüze çykmagy bilen, kanun wekile, ynanç hatyny beren tarapyň erk-islegine garamazdan onuň özbaşdak amala aşyryp bilýän (mysal üçin; işiň materiallary bilen tanyşmak, subutnamalary bildirmek we olaryň derňewine gatnaşmak, düşündiriş bermek, haýyşnama bildirmek, işe gatnaşýan beýleki taraplaryň bildiren haýyşnamalaryna, delillerine hem pikirlerine öz garaýşyny beýan etmek we ş.m.) kesgitlenen prosesual ygtyýarlyklary berýär. Şonuň üçin bu ygtyýarlyklaryň ynanç hatynda berkidilmeginiň zerurlygy ýok.

Eger-de işi alyp barmak üçin wekiliň umumy ygtyýarlyklary kanundan gelip çykýan bolsa, onda wekiliň ýörite ygtyýarlyklary wekilçilik edilýäniň rugsady bilen berilýär. Bulardan başga wekilçilik edilýäniň maddy hukuklaryna erk etmek bilen bagly hereketler hem bar. Olary amala aşyrmak üçin wekilçilik edilýäniň ýörite ygtyýarlyklary gerek. Bu hereketlere şu aşakdakylar degişlidir:

- talap arza gol çekmek;

- talap arzadan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek, talaby ykrar etmek;
- talabyň möçberini, närsesini ýa-da esaslaryny üýtgetmek;
- barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak;
- wekiliň ygtyýarlyklaryny başga birine geçirmek;
- kazyýet namasyna şikaýat bildirmek;
- garşylyk bildirmek hakyndaky arza gol çekmek;
- kazyýet namasyny mejbury ýerine ýetirmek barada talaby bildirmek, degişli edilen emlägi ýa-da puly almak.

Agzalan hereketleriň her biri wekilçilik edilýän tarapyň maddy hukuklaryna täsir edýänligi sebäpli, olary amala aşyrmak üçin ygtyýarlyklar wekilçilik edilýäniň beren ynanç hatynda ýörite görkezilmelidir.

Haçanda wekile TAIÝK-nyň 45-nji maddasynda görkezilen ähli hereketleri amala aşyrmaklyga ygtyýar berlende, onda ynanç hatynda TAIÝK-nyň 45-ni maddasynda görkezilen hereketleri sanamazdan, diňe şol madda salgylanma ýeterlikdir. Eger-de wekil haýsy-da bolsa bir ýa-da bir näçe kesgitli hereketleri amala aşyrmaklyga ygtyýarly edilýän bolsa, onda ol hereketler gönümel ynanç hatynda berkidilýär.

Eger-de wekil TAIÝK-nyň 45-nji maddasynda berkidilen hereketleri ýörite ygtyýar almazdan amala aşyrsa, onda ol hereketler wekilçilik edilýän üçin hiç-hili hukuk netijeleriň emele gelmegine getirmeýär. TAIÝK-nyň 45-nji maddasynyň talaplarynyň bozulmagy, kazyýetiň iş boýunça çykaran çözgüdiniň ýatyrylmagy üçin esas hökmünde garalýar.

Wekiliň ygtyýarlyklary, kanuna laýyk berilen we resmileşdirilen ynanç hatynda görkezilen bolmalydyr.

Ýuridik şahsyň adyndan ynanç haty onuň ýolbaşçysynyň goly ýa-da onuň dörediş resminamalarynda muňa ygtyýarly edilen degişli ýolbaşçysynyň goly bilen berilýär we şol ýuridik şahsyň möhüri bilen tassyklanýar. Ýuridik şahs tarapyndan berilýän ynanç haty anyk bir işe gatnaşmak ýa-da onuň ähli işlerine gatnaşmak üçin berilýär. Adatça, ýuridik şahsyň ähli işlerine gatnaşmak üçin ynanç haty onuň hukuk maslahatçysyna berilýär.

Eger-de işe ýuridik şahsyň ýolbaşçysy gatnaşýan bolsa, onda ol özüniň wezipe ýagdaýyny (derejesini) ýa-da ygtyýarlyklaryny tassyklaýjy degişli resminamalary kazyýete görkezýär we arbitraž iş ýöredişine gatnaşýar.

Adwokat kazyýete hukuk maslahathanasynyň müdiri tarapyndan gol çekilen orderi[1] esasynda gatnaşýar. Emma ol TAIÝK-nyň 45-nji maddasynda görkezilen hereketleri amala aşyrmak üçin hökmany suratda wekilçilik edilýäniň goşmaça ynanç hatyny bildirmelidir.

Hususy telekeçiniň wekiliniň ynanç haty onuň goly bilen berilýär we möhüri bilen tassyklanýar. Umumy kada laýyklykda, hususy telekeçiler tarapyndan berilýän ynanç hatlary, kepillendiriş edarasy (notariat[2]) tarapyndan hem tassyklanyp bilner.

[1]Order – “ordo – hatar, tertip” diýen latyn sözünden gelip çykyp, özünde buýrugy, ygtyýarlygy, tabşyrygy saklaýan resminama (mysal üçin, adwokatyň iş ýöredişe gatnaşmaklygyna ygtyýar berýän ýuridiki geňeşdarlygynyň orderi);
[2]Notariat – “notarius – ýazyjy, kätip” diýen latyn sözünden gelip çykyp, ylalaşyklary tassyklamak, mirasy resmileşdirmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýän döwlet ýa-da hususy (aýratyn notariuslar) edarasy.

Kanuny wekiller hem kazyýete özleriniň ygtyýarlyklaryny tassyklaýan resminamalary bildirýärler.

Türkmenistanyň iş ýörediş kanunçylygyndan tapawutlylykda, RF-nyň iş ýörediş kanunçylygy wekilçilik edilýäniň ýörite ygtyýarlyklaryny talap edýän hereketleriniň sanawynda: talap arza seslenme bermek, talap arzany üpjün etmek we işi bitaraplar kazyýetine geçirmek ýaly goşmaça hereketleri hem görkezýär (RF-nyň AIÝK-nyň 62-nji maddasy).

## 5-nji tema degişli çyzgylar. Arbitraž iş ýöredişine wekiliň gatnaşmagy

Çyzgy 5.1.




Çyzgy 5.2.



Çyzgy 5.3.


WEKILÇILIK
Hökmany
Hökmany däl (fakultatiw)
Ýuridik şahsyň kollegial edarasy
Ýuridik şahsyň ýekebara edarasy
Kämillik ukyby ýok hususy telekeçi
Hususy telekeçi

Çyzgy 5.4.




Çyzgy 5.5.



Çyzgy 5.6.


Wekilçilik edilýäniň ýörite ygtyýarlygygyny talap edýän hereketler
Talap arza gol çekmek
Talaby ykrar etmekden doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermek, talaby ykrar etmek
Talabyň möçberini, närsesini ýa-da esaslaryny üýtgetmek
Barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak
Ygtyýarlyklary başga birine geçirmek
Kazyýetiň namasyna şikaýat bildirmek
Garşylyk bildirmek hakyndaky arza gol çekmek
Kazyýet namasyny mejbury ýerine ýetirmek, degişli edilen emlägi ýa-da puly almak hakynda talaby bildirmek

Çyzgy 5.7.


Wekiliň ygtyýarlyklaryny resmileşdirmek
Hukuk maslahatçysy (edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhri bilen ýa-da kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan ynanç haty)
Adwokat (hukuk maslahathanasynyň orderi)
Hossar (howandar) (hossarlyk ýa-da howandarlyk şahsyýetnamasy

**5-nji tema degişli testler. Arbitraž iş ýöredişine wekiliň gatnaşmagy**
*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Kim wekiliň üsti bilen iş ýöredişe gatnaşyp bilmeýär?**
- bilermen;
- talapçy;
- jogapçy;
- üçünji tarap.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Arbitraž iş ýöredişinde adwokat we prokuror:**
- öz adyndan çykyş edýär we işde hukuk bähbidi bar;
- adwokat öz adyndan çykyş edýär, ýöne işde onuň hiç-hili hukuk bähbidi ýok;
- prokuror öz adyndan çykyş edýär, ýöne işde onuň hiç-hili hukuk bähbidi ýok;
- prokuror öz adyndan çykyş edýär we işde onuň hukuk bähbidi bar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Wekilçilik edilýän işe garamaklygyň barşynda wekiliň kömeginden ýüz dönderip bilýärmi?**
- ýok;
- hawa;
- hawa, ýöne kazyýetiň razylygy bilen;
- hawa, ýöne wekiliň we kazyýetiň razylygy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Wekilçilik edilýän işe garamaklygyň dowamynda wekile goşmaça ygtyýarlyk berip ýa-da tersine ony çäklendirip bilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- kazyýetiň razylygy bilen;
- wekiliň we kazyýetiň razylygy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Kazyýetiň çözgüdi wekile degişli edilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- hawa, diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda;
- hawa, eger-de wekil bilen wekilçilik edilýäniň arasynda haýsy-da bolsa bir maddy-hukuk gatnaşygy bar bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Wekilçilige rugsat berilýär:**

- birinji basgançakly kazyýetde;
- birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde;
- birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde;
- arbitraž iş ýöredişiniň ähli tapgyrlarynda.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**7) Wekilçilige ähli ykdysady işler boýunça rugsat berilýärmi?**

- hawa;
- diňe kanunda görkezilen işler boýunça;
- diňe wekiliň gatnaşmaklygyna rugsat berýän kazyýetiň çözgüdi bar bolan işler boýunça;
- diňe kanunda görkezilen we wekiliň gatnaşmaklygyna rugsat berýän kazyýetiň çözgüdi bar bolan işler boýunça.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Hojalyk jemgyýetiň edarasy:**

- ýekebara edara bolup durýar;
- kollegial edara bolup durýar;
- ýekebara we kollegial edara bolup durýar;
- ýekebara ýa-da kollegial edara bolup durýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Ýuridik şahsyň ýolbaşçysy iş ýöredişe gatnaşyp bilýär:**

- diňe özi;
- diňe wekiliň üsti bilen;
- özi we (ýa-da) wekiliň üsti bilen;
- özi ýa-da orunbasarynyň üsti bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Paýdarlar (aksioner)[1]-täjirçilik bankynda edara hökmünde çykyş edýär:**

- bankyň ýolbaşçysy;
- bölüm ýolbaşçysy;
- dolandyrma;
- umumy ýygnak.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Raýat hukugynda we arbitraž iş ýöredişinde wekiliň ygtyýarlyklary berkidilýär:**

- ynanç hatynda;
- raýat hukugynda – ynanç hatynda, arbitraž iş ýöredişinde – TAIÝK-da;

[1]Aksioner – “actionnaire” diýen fransuz sözünden gelip çykyp, paýdarlar jemgyýetiniň paýnamasyna (gymmat kagyzyna) eýe bolan fiziki we ýuridik şahsy aňladýar.

- raýat hukugynda – ynanç hatynda we raýat kodeksinde, arbitraž iş ýöredişinde – ynanç hatynda;
- raýat hukugynda – ynaç hatynda, arbitraž iş ýöredişinde – ynanç hatynda we TAIÝK-da.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**12) Hususy telekeçiniň hukuklary we bähbitleri goralýar:**
- hususy telekeçiniň özi tarapyndan;
- onuň wekili tarapyndan;
- hususy telekeçiniň özi we onuň wekili tarapyndan;
- hususy telekeçiniň özi we (ýa-da) onuň wekili tarapyndan.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**13) Arbitraž iş ýöredişine gatnaşmaga esas bolup durýar:**
- direktor üçin – onuň şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasport, harby bilet);
- hukuk maslahatçysy üçin – onuň bilen baglaşylan zähmet şertnamasy;
- adwokat üçin – onuň bilen baglaşylan tabşyryk şertnamasy;
- kanuny wekil üçin – onuň hossarlyk şahadatnamasy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Döwlet edarasynyň şertnamalaýyn wekili hökmünde çykyş edip bilýär:**
- direktor;
- hukuk maslahatçysy;
- adwokat;
- edaranyň islendik işgäri.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Işe garamagyň dowamynda hukuk maslahatçysy hakly:**
- sorag bermäge;
- haýyşnama bilen ýüzlenmäge;
- kazyýetiň çözgüdine öz başlangyjy bilen şikaýat bildirmäge;
- beýleki taraplaryň haýyşnamalary we ýüzlenmeleri boýunça öz delillerini aýtmaga.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Öz başlangyjy bilen adwokat talapdan ýüz dönderip bilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- kazyýetiň razylygy bilen;
- talapçynyň we kazyýetiň razylygy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Eger-de wekil ýörite ygtyýarlyklary bolmazdan, wekilçilik edilýäniň maddy-hukuklaryna ygtyýar eden bolsa, onda iş boýunça çözgüt:**

- wekilçilik edilýäniň razylygy bilen ýerine ýetirilmäge degişli;
- prokuroryň goldamagynda, wekilçilik edilýäniň razylygy bilen ýerine ýetirilmäge degişli;
- nägilelik tertibinde ýatyrylmaga degişli;
- nägilelik we gözegçilik tertibinde ýatyrylmaga degişli.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**18) Hukuk maslahatçysy nämäniň esasynda arbitraž iş ýöredişine gatnaşyp bilýär?**

- ynanç hatyň;
- ýazmaça buýrugyň;
- ynanç hatyň we ýazmaça buýrugyň;
- ynanç hatyň we (ýa-da) ýazmaça buýrugyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Adwokat nämäniň esasynda arbitraž iş ýöredişine gatnaşyp bilýär?**

- hukuk maslahathanasy bilen baglaşylan tabşyryk şertnamasy;
- hukuk maslahathanasynyň orderi;
- hukuk maslahathanasy bilen baglaşylan tabşyryk şertnamasy we hukuk maslahathanasynyň orderi;
- hukuk maslahathanasy bilen baglaşylan tabşyryk şertnamasy we (ýa-da) hukuk maslahathanasynyň orderi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Hususy telekeçiniň wekili nämäniň esasynda arbitraž iş ýöredişine gatnaşyp bilýär?**

- ynanç hatyň;
- ýazmaça buýrugyň;
- ynaç hatyň we ýazmaça buýrugyň;
- ynaç hatyň we (ýa-da) ýazmaça buýrugyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *1* | *4* | *2* | *1* | *2* | *4* | *1* | *3* | *3* | *2* | *4* | *4* | *1* | *1* | *3* | *2* | *4* | *1* | *2* | *1* |

# Tema 6. Kazyýet subutnamalary

## §1. Kazyýet aň ýetirişine we subut etmeklige düşünje

Arbitraž iş ýöredişinde kazyýet aň ýetirişi – bu kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň aşakdaky ýagdaýlary anyklamaklyga gönükdirilen pikir ýörediş (akyl) we prosesual işi bolup, ol takyk prosesual hem many (logiki) yzygiderliligi boýunça geçirilýär:

- taraplaryň talaplarynda we nägileliklerinde jemlenen işiň hakyky ýagdaýlaryny, şeýle hem iş üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlary;
- taraplaryň arasynda jedelli hukuk gatnaşygynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny;
- taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny.

Soňky iki bentde görkezilen hereketleriň amala aşyrylmagy işiň anyklanan hakyky ýagdaýlar babatda degişli maddy-hukuk kadalaryny ulanmak, ýagny işiň hakyky ýagdaýlarynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşyny amala aşyrmaklygy aňladýar. Şeýlelikde ykdysady iş, onuň hakyky ýagdaýlary we ýuridik düzümi babatda, kazyýet aň ýetirişiniň obýekti bolup durýar.

Kazyýet aň ýetirişi aň ýetirmek işini şu aşakdaky görnüşlere bölýär:

- Işiň geçmişde bolup geçen hakyky ýagdaýlaryny kazyýet subutnamalarynyň kömegi bilen subut etmek;
- Kazyýet tarapyndan olary gönüden-göni görmek arkaly işiň hakyky durmuşda bar bolan (mysal üçin, bina, ammar jaýy we ş.m.) ýagdaýlaryna aň ýetirmek. Şeýle halatda işiň anyklanýan ýagdaýlarynyň bardygy jedelsiz bolup durýar. Bu ýerde subutnamalar diňe işi düýp mazmuny boýunça çözmek, ýagny taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin ulanylyp bilner;
- Kazyýet tarapyndan jedelli hukuk gatnaşygyna, taraplaryň hukuklaryna we borçlaryna aň ýetirmek;
- Işiň ýagdaýlaryna ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan nägilelik we gözegçilik tertibinde ýa-da täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça aň ýetirmek.

Ykdysady işler boýunça subut etmeklik kazyýet aň ýetirişiniň esasy bölegi bolup durýar. Kazyýet subut etmekligi – bu kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň işiň hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlaryny, ýagny kanun tarapyndan hukuk gatnaşyklarynyň döremegine, üýtgemegine we bes edilmegine getirýän ýagdaýlary anyklamaklyga gönükdirilen subutnamalary bildirmek, toplamak, derňemek we olara baha bermek bilen bagly amala aşyrylýan akyl we prosesual işidir. Şonuň ýaly-da bu ýerde iş boýunça dogry netije çykarmak üçin ähmiýeti bolan beýleki hakyky ýagdaýlar hem göz öňünde tutulýar.

Subutnamalary taraplar we işe gatnaşýan beýleki taraplar bildirýärler. Esasan hem bu iş işi gozgamak tapgyrynda amala aşyrylýar we soňra işi seljerişe taýýarlamak we kazyýet seljerişi tapgyrynda dowam etdirilýär. Mysal üçin,

taraplar ýazmaça we maddy subutnamalary bildirýärler ýa-da olary üçünji taraplardan talap edip almagy haýyş edýärler.

TAIÝK-nyň 47-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda her bir tarap özüniň talaplarynyň we nägileliksleriniň esaslaryny subut etmäge borçludyr. Şoňa meňzeş kada TRIÝK-da hem berkidilýär (30-njy madda);

Jenaýat iş ýöredişinde "günäsizlik çaklamasy (prezumsiýasy[1])" ýörelgesine laýyklykda aýyplanýanyň günäsini subut etmek borjy tutuşlygyna hukuk goraýjy edaralara (anyklaýyş we deslapky derňew edaralaryna, prokuratura, kazyýete) degişli edilýär.

Eger-de kanunda berkidilen kadadan takyk ugur alynsa arbitraž we raýat iş ýöredişinde subut etmek borjy diňe taraplara degişli edilen, tejribede bolsa bu borç işe gatnaşýan ähli taraplara ýüklenilýär. Şonuň üçinem şeýle borjy işe gatnaşýan ähli taraplara degişli edýän RF-nyň AIÝK-nyň tejribesinden ugur alynsa maksadalaýyk bolardy (Bu kada RF-nyň AIÝK-nyň 65-nji maddasynyň 1-nji böleginde berkidilýär).

Subutnamalary toplamak iş gozgalan pursadyndan başlanýar we kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Esasan işi seljerişe taýýarlamak tapgyrynda subutnamalary toplamak tamamlanýar, sebäbi subutnamalary toplamak bu tapgyryň esasy maksady bolup durýar. Subutnamalary toplamak kazyýet seljerişinde dowam etdirilýär. Şonuň ýaly-da subutnamalar nägilelik we gözegçilik kazyýetlerine hem bildirilip bilner.

Subutnamalary toplamagyň dowamynda kazy özüne bildirilen ýazmaça we maddy subutnamalary kabul edip alýar, şeýle hem öz başlangyjynyň esasynda başga subutnamalary toplaýar, ýagny ol bilermen seljermelerini belleýär, subutnamalary üpjün etmek üçin çäreleri görýär, subutnamalaryň ýerleşýän ýerinde olary gözden geçirýär we derňew edýär, zerur subutnamalary talap edip alýar.

Subutnamalary talap edip almak kazyýetiň subutnamalary toplamak işiniň esasy hereketleriniň biri bolup durýar. Subutnamalar işe gatnaşýan taraplardan, şeýle hem işe dahylsyz we oňa gatnaşmaýan taraplardan talap edilip alnyp bilinýär. Eger-de borçly edilen tarap soralýan subutnamany bildirip bilmejek bolsa ýa-da ony talap edilen möhletinde bildirip bilmeýän bolsa, onda ol bu barada kazyýeti habardar etmäge borçludyr. Eger-de tarap kazyýetiň talap edýän subutnamasyny bermekden esassyz sebäplere görä boýun gaçyrsa, ol şeýle hereketi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär. Ýöne onuň jogapkärçilige çekilmegi ony talap edilen subutnamany bildirmek borjundan boşatmaýar (TAIÝK-nyň 53-nji maddasy).

Subutnamalary toplamagyň giňden ýaýran hereketleriniň biri-de subutnamalary üpjün etmek bolup durýar. Zerur subutnamalary bildirmek mümkin bolmaz ýa-da bu meselede kynçylyk dörär diýip howatyr edýän taraplar kazyýetden şol subutnamalary üpjün etmegi haýyş edip bilýärler (TAIÝK-nyň 59-njy maddasy).

[1] Prezumpsiýa-"praesumptio-çaklama" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga.

Ýöne TAIÝK-da, TRIÝK-daky ýaly subutnamalary üpjün etmegiň usullary doly berkidilmeýär. Bu ýagdaý bolsa görkezilen prosesual çäräni tejribede ulanmagy kynlaşdyrýar.

Näbelli sebäplere görä TAIÝK-da subutnamalary toplamak işinde kazyýete başga kazyýetiň kömeginden peýdalanmaga mümkinçilik berýän, "kazyýetiň tabşyrygy" diýen örän netijeli prosesual hereket berkidilmeýär. Bu prosesual hereket edil TRIÝK-da bolşy ýaly RF-nyň AIÝK-da hem giňişleýin berkidilýär.

Subutnamalar kazyýet we işe gatnaşýan taraplar tarapyndan derňelýär. (Bu sorag "Kazyýet seljerişi" diýen temada doly we jikme-jik öwrenilýär).

Subutnamalara baha bermek – subut etmekligiň ahyrky tapgyrydyr. Subutnamalara baha bermek bilen kazyýet anyklanmaly hakyky ýagdaýyň bardygy ýa-da ýokdugy hakynda netije çykarýar. Subutnamalara baha bermegiň netijeleri çözgüdiň delillendiriş bölüminde beýan edilýär. Kazyýet öz gelen netijelerini subutnamalar bilen berkitmäge borçludyr.

Kazyýet subutnamalara, olary hemmetaraplaýyn, doly, obýektiw we gönüden-göni derňemeklige esaslanýan öz içki ynam-ygtykadyna laýyklykda baha berýär. Kazyýet üçin hiç bir subutnamanyň öňünden kesgitlenen hukuk güýji ýokdur. Eger-de subutnamalar hakyky däl bolsa ýa-da başgaça aýdylanda olardaky maglumatlar hakykata laýyk gelmeýän bolsa kazyýet islendik subutnamany inkär edip bilýär.

Işiň hakyky ýagdaýlary kazyýet tarapyndan doly we gutarnykly takyklyk bilen anyklanmalydyr. Kazyýetiň netijeleri hakykata doly laýyk gelmelidir. Çözgüt çaklamalara esaslanyp çykarylyp bilinmez.

## §2. Kazyýet subutnamalaryna düşünje

Ilkinji soragdan bize subut etmekligiň maksadynyň iş üçin hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary anyklamakdygy belli boldy. Diňe şol hakyky ýagdaýlary anyklamak arkaly subýektiw hukuklary we bähbitleri goramak mümkin. Başgaça aýdylanda, diňe işiň hakyky ýagdaýlary anyklanandan soň taraplaryň aragatnaşygyny, ýagny olaryň arasynda hukuk gatnaşygynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny, talapçynyň talabynyň we jogapçynyň nägilelikleriniň esaslylygyny, şeýle hem talapçynyň hukugynyň bozulandygyny ýa-da bozulmandygyny, eger-de bozulan bolsa ony jogapçynyň bozandygyny ýa-da bozmandygyny anyklamak bolýar.

Kähalatlarda işiň hakyky ýagdaýlaryny gönüden-göni görüp, kabul edip bolýan hem bolsa (mysal üçin, gozgalmaýan emläk), adatça olaryň geçmişde bolup geçendigi sebäpli, olary belli bir tertipde anyklamaly bolýar. Bu bolsa şol ýagdaýlary diňe olar barada takyk maglumatlary ulanmak bilen anyklap bolýandygyny aňladýar. Şeýle maglumatlary göterijiler hökmünde maddy zatlar (ýazmaça we maddy subutnamalar), şonuň ýaly-da şol ýagdaýlaryň amala aşmagyna gatnaşan adamlar çykyş edýärler (mysal üçin, şertnama baglaşylanda).

Şeýlelikde işiň hakyky ýagdaýlaryny olar barada toplanan maglumatlaryň kömegi bilen anyklap bolýar. Ol maglumatlar bolsa anyk maglumat göterijilerden alynýar. TAIÝK-nyň 46-njy maddasyna laýyklykda, iş boýunça subutnamalar, bu

taraplaryň öz talaplaryny we nägileliklerini esaslandyrýan ýagdaýlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny kazyýete kanunda bellenen tertipde kesgitlemek üçin esas bolup hyzmat edýän hakykat ýüzünde bar bolan islendik maglumatlar, şeýle hem jedeli dogry çözmek üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar bolup durýar.

Şol maglumatlar şu aşakdaky subut ediş serişdeleriniň kömegi bilen anyklanýar:

- ýazmaça subutnamalar;
- maddy subutnamalar;
- işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri;
- bilermenleriň netijenamalary.

TAIÝK-nyň 46-njy maddasynyň 2-nji böleginde, işiň ýagdaýlary, şol sanda ýazmaça "ýa-da" maddy subutnamalar, şeýle hem " iş ýöredişe gatnaşyjylaryň" düşündirişleri bilen anyklanýar diýlip, ýalňyş kada berkidilen. Hakykat ýüzünde işiň ýagdaýlary şol bir wagtda ýazmaça hem maddy subutnamalar bilen subut edilýär. Şonuň üçin "ýa-da" diýen baglaýjy kömekçini "we" diýen baglaýjy kömekçi bilen çalyşmaly. Arbitraž iş ýöredişinde düşündirişleri diňe işe gatnaşýan, ýagny işde bähbidi bar taraplar berýär. Şol sebäpli "iş ýöredişe gatnaşyjylar" diýen düşünje "işe gatnaşýan taraplar" diýlip düzedilmeli.

Kazyýet subutnamalary – bu hakyky maglumatlaryň we subut ediş serişdeleriniň bütewiligidir. Hakyky maglumatlar – bu kazyýetiň iş üçin ähmiýeti bolan işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklaýan maglumatlarydyr. Subut ediş serişdeleri bolsa hakyky maglumatlaryň çeşmeleridir.

TAIÝK-nyň 46-njy maddasyndan ugur almak bilen, kazyýet subutnamalarynyň şu aşakdaky alamatlarynyň bardygyny görkezmek bolar:

- Hakyky maglumatlar;

Hakyky maglumatlar – bu iş üçin ähmiýeti bolan, işiň ýagdaýlaryny dogry açyp görkezýän, hakykatda bar bolan maglumatlardyr. Nätakyk, ýalan maglumatlar (mysal üçin, galp resminama) işiň hakyky ýagdaýlaryny dogry açyp görkezmeýär. Olardan peýdalanmak iş boýunça esassyz çözgüdiň çykarylmagyna getirýär. Nätakyk we hakyky bolmadyk maglumatlaryň subutnama bolup bilmejekdigi hakynda netije TAIÝK-nyň 46-njy maddasynyň mazmunyndan gelip çykýar. Bu maddada "islendik maglumatlar" däl-de, "hakykat ýüzündäki islendik maglumatlar", ýagny hakyky durmuşdaky ýagdaýlara doly gabat gelýän maglumatlar (faktlar) subutnama hökmünde kesgitlenýär.

- Işe degişli hakyky maglumatlar;

Hakyky maglumatlar diňe işe degişli bolanda subutnama diýlip hasap edilýär. Başgaça aýdylanda, diňe seljerilýän jedeliň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny tassyklap bilýän hakyky maglumatlar subutnama bolup bilýärler. Şeýlelikde hakyky maglumatlar hökmany suratda işiň ýagdaýlary bilen baglanyşykly bolmaly. Eger-de şeýle baglanyşyk bolmasa maglumatlar işiň ýagdaýlaryny tassyklap bilmeýärler.

TAIÝK-nyň 48-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazyýet çözgüt kabul edende diňe iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalara esaslanýar. Şu kadadan hem subutnamalaryň işe degişlidigini ýa-da däldigini kazyýet tarapyndan kesgitlenýändigi gelip çykýar. Bu hukuk kadasynyň maksady arbitraž iş ýöredişine

diňe iş üçin ähmiýeti bolan subutnamalaryň çekrilmegini üpjün etmek we kazyýet önümçiligini işe hiç-hili dahyly bolmadyk maglumatlardan doldurylmagynyň öňüni almak bolup durýar. Subutnamalaryň işi degişliliHis kesgitlemekde goýberilýän ýalňyşlyklar iş boýunça subutnama binýadynyň ýetmezçiligine ýa-da işe dahylsyz, gerekmejek maglumatlary derňemek üçin wagtyň, zähmetiň biderek sarp edilmegine getirýär.

● Hakyky maglumatlar kanunda kesgitlenen iş ýörediş tertibinde alnan bolmaly;

Kazyýet mejlisini alyp barmagyň tertibini, ýagny subutnamalary nähili yzygiderlilikde derňemelidiginiň tertibini mejlise başlyklyk ediji kazy TAIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda kesgitleýär. Bu barada “Kazyýet seljerişi” temasynda giňişleýin durlup geçilýär.

● Hakyky maglumatlar kanunda berkidilen subut ediş serişdelerinden alnan bolmaly;

Hakyky maglumatlar taraplaryň we üçünji taraplaryň düşündirişlerinden, ýazmaça we maddy subutnamalardan hem-de bilermenleriň seljermelerinden alynmaga degişlidir. Tejribede köp ýagdaýlarda elektron göterijilerdäki, audio, wideo ýazgylary we ş.m. maglumatlary ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.

RF-nyň AIÝK-nyň 89-njy maddasy, prosesual kanunda bellenen tertipde talap edilip alnan ýa-da bildirilen, surat (foto), kino, audio, wideo ýazgylaryny we beýleki maglumat göterijilerini subut ediş serişdesi hökmünde kesgitleýän ýörite hukuk kadasyny berkidýär. Biziň pikirimizçe, bu meseläniň hukuk ulanyş ähmiýetini we wajyplygyny nazarda tutmak bilen görkezilen hukuk nowellasyndan[1] Türkmenistanyň kanun dörediijilik tejribesinde, tutuş prosesual hukugy çygrynda peýdalanmak maksadalaýyk bolardy.

Maddy kanunçylykda bellenen halatlarda, iş üçin ähmiýeti bolan işiň käbir ýagdaýlary anyk subut ediş serişdelerinden alnan hakyky maglumatlar bilen tassyklanyp bilner. Şeýle ýagdaýlarda kanunda görkezilen beýleki subut ediş serişdelerinden alnan (taraplaryň we üçünji taraplaryň düşündirişlerinden başga) maglumatlar subutnama hökmünde kabul edilmeýär. Mysal üçin, kanun geleşikleriň käbir görnüşleri üçin olaryň kepillendiriş edarasynda tassyklanmagyny talap edýär. Geleşik baglaşmagyň şol tertibiniň berjaý edilmezligi geleşigiň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine getirýär.

Bu talap TAIÝK-nyň 48-nji maddasynyň 2-nji böleginden gelip çykýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda belli bir subutnamalar bilen tassyklanylmaga degişli bolan işiň ýagdaýlary diňe şolar bilen tassyklanmalydyr. Eger-de subutnamalaryň işe degişliligi kazyýet tarapyndan kesgitlenýän bolsa, bu ýerde haýsy subutnamalaryň ulanylmaga degişlidigi kanun tarapyndan kesgitlenýär.

Şeýlelikde, kazyýet subutnamalary – bu kanunda berkidilen subut ediş serişdelerinden alnan, işe degişli islendik hakyky maglumat bolup, olaryň kömegi

---

[1] Nowella-“novus-täze, novella-täzelik” diýen latyn sözünden gelip çykyp, hukuk ylmynda gysga hem anyk hukuk kadasyny aňladýar.

bilen kazyýet prosesual kanunda bellenen tertipde işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklaýar.

### §3. Kazyýet subutnamalarynyň görnüşleri (klassifikasiýasy)

Subutnamalar kesgitli alamatlary (häsiýetleri) boýunça birnäçe toparlara bölünýärler. Bu ýagdaý olaryň kazyýet mejlisinde seljerilmegini we olara baha berilmegini ýeňilleşdirýär.

Alnyş çeşmeleri boýunça subutnamalar şahsy we maddy (emläk) subutnamalara bölünýärler. Şahsy subutnamalarda işiň hakyky ýagdaýlary barada maglumatlaryň alnyş çeşmesi fiziki şahs (taraplaryň, üçünji taraplaryň düşündirişleri, bilermenleriň netijenamalary) bolup durýar. Maddy subutnamalarda maglumat göterijiler hökmünde, özleriniň şertli belgileri (harplar, sanlar we ş.m.), daşky häsiýetleri we alamatlary bilen iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlar barada maglumatlary özlerinde jemleýän maddy obýektler çykyş edýärler.

Arbitraž prosesual hukugynyň ylmynda käbir awtorlar ýazmaça subutnamalara we bilermenleriň netijenamalaryna gatyşyk subutnamalar hökmünde garaýarlar. Sebäbi şeýle awtorlaryň nukdaýnazaryna görä, ol subutnamalar şahsy we maddy subutnamalaryň alamatlaryny özlerinde jemleýärler. Alymlaryň bu pikiri aýratyn üns berilmegine mynasypdyr.

Ýazmaça subutnamalaryň maddy subutnamalara degişli edilmeginiň sebäbi olar anyk maddy obýektlerde beýan edilýär. Ýöne olaryň adamlar tarapyndan düzülýändigi sebäpli şahsy subutnamalara hem degişli edilip bilner.

Ýazmaça subutnamalar üç sany düzüm böleginden ybaratdyr:

- maddy zatdan (kagyz, agaç, metal we ş.m.);
- şol maddy zada ýazylan belgilerden;
- adamlaryň şol maddy zatlarda ýazylan belgileriň kömegi bilen beýan edilen pikirlerinden.

Elbetde ýazmaça subutnamalaryň iň esasy düzüm böleginiň onda berkidilen ýazgyň mazmuny bolup durýandygy öz-özünden düşnüklidir.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ýazmaça subutnamalar bilen birlikde bilermenleriň netijenamalary barada-da olaryň gatyşyk subutnamadygy hakynda pikir beýan edilýär. Bilermeniň netijenamasy – bu ýerde adamyň döredijilikli işiniň netijesi (şahsy subutnama) bolup durýar we ol bilermen seljermesi geçirilen zatlaryň (maddy subutnamalaryň) barlagyna esaslanýar. Ýazmaça subutnamalar bilen baglylykda görkezilen delildäki ýaly, bilermeniň netijenamasynda-da onuň subutnama ähmiýetini kesgitleýji esas hökmünde adam çykyş edýär. Sebäbi netijenamada görkezilen ýagdaýlar bilermeniň intellektual bilimlerine esaslanýar.

Emele gelşiniň häsiýetleri boýunça subutnamalar ilkinji (işiň ýagdaýlary bilen gönüden-göni bagly) we ilkinji gaýtalaýan (işiň ýagdaýlary bilen gönüden-göni bagly bolmadyk) subutnamalar bolup bilýärler. Ilkinji subutnama – bu gönüden-göni çeşmeden (mysal üçin, resminamanyň asyl nusgasyndan) gelip çykýan subutnamadyr. Ilkinji subutnama gözlenýän hakyky ýagdaýlaryň (işiň ýagdaýlarynyň) subutnamanyň çeşmesine gönüden-göni edýan täsiri bilen emele gelýär.

Ilkinji gaýtalaýan subutnama – bu ilkinji subutnamanyň mazmunyny bolşy ýaly beýan edýän subutnamadyr (mysal üçin resminamanyň göçürmesi). Ilkinjini gaýtalaýan subutnama, ilkinji subutnamadan tapawutlylykda başga bir arabaglanyşdyryjy täsirleriň esasynda döreýär. Ilkinjini gaýtalaýan subutnama bilen işiň hakyky ýagdaýlarynyň arasynda hemişe başga bir subutnama durýar.

Mysal üçin, işiň hakyky ýagdaýy – resminamanyň asyl nusgasy – resminamanyň göçürmesi. Şu ýerde resminamanyň asyl nusgasy arabaglanyşdyryjy halka hökmünde çykyş edýär.

Elbetde ilkinjini gaýtalaýan subutnamalaryň ähmiýeti ilkinji subutnamalara garanyňda pes. Şonuň üçinem arbitraž iş ýöredişinde, asla iş ýöredişiň islendik görnüşinde-de ilkinji subutnamalary ulanmak has maksadalaýykdyr. Kazyýet hemişe ilkinji subutnamalar bilen işlemeklige ýykgyn etmeli. Ilkinjini gaýtalaýan subutnamalary bolsa ilkinji subutnama çykmak üçin serişde edinmeli. Ýöne hemişe ilkinji subutnamalary derňemek mümkinçiligi bolmaýar. Mysal üçin, resminamanyň asyl nusgasy ýok edilipdir.

Iş boýunça anyklanmaly hakyky ýagdaýlar bilen subutnamalaryň arasyndaky baglanyşygyň görnüşi boýunça subutnamalar işiň ýagdaýlaryny gös-göni subut edýän we işiň ýagdaýlaryny gös-göni subut etmeýän subutnamalara bölünýärler.

Işiň ýagdaýlaryny gös-göni subut edýän subutnamadan şol ýagdaýlaryň bardygy ýa-da ýoklugy barada anyk bir netije gelip çykýar. Bu ýerde IHÝ-nyň subut edilendigi ýa-da subut edilmändigi babatda şübhe döremäge esas bolmaýar.

Eger-de IHÝ babatda subutnamadan bir ýa-da birnäçe çaklama netije (netijeler) gelip çykýan bolsa, bu subutnama IHÝ-ny gös-göni subut etmeýän subutnama diýilýär. Iş boýunça IHÝ-ny gös-göni subut etmeýän ýeke-täk subutnama bar bolsa, oňa esaslanyp çözgüt çykaryp bolmaýar. Haçan-da olar birnäçe bolup, özleri-de biri-birine garşy gelmese hem-de IHÝ bilen bagly bolsalar, onda çözgüt çykarmaga esas bar diýip hasaplanýar.

## §4. Subut etmekligiň närsesi

Ýokarda subut etmeklik işine kimleriň gatnaşýandygy anyklandy. Indi bolsa şol taraplaryň nämäni subut etmelidikleri barada durup geçmek zerur. Subut etmekligiň närsesi we iş boýunça anyklanmaly hakyky ýagdaýlar birmeňzeş düşünjeler bolup durýar.

Subut etmekligiň närsesi ilkinji nobatda işiň ýagdaýlary, ýagny kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrýan ýuridik faktlary bolup durýar. Bu ýerde maddy-hukuk ähmiýeti bolan ýuridik faktlar göz öňünde tutulýar. Şu nukdaýnazardan hem subut etmekligiň närsesiniň maddy-hukuk kadalary bilen kesgitlenýändigi gelip çykýar.

Düzgün bolşuna görä, maddy-hukuk ähmiýetli ýuridik faktlar bir takyk hakyky ýagdaý hökmünde ýüze çykmaýar-da, örän çylşyrymly faktlaryň hukuk düzümini emele getirýärler. Mysla üçin, talap edip almak hakynda talap arza özünde şu aşakdakylary jemleýär:

- şertnamanyň baglaşylmagy;
- borçnamany ýerine ýetirmegiň möhletiniň ýetmegi;

- bergidar tarapyndan öz borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi;
- talabyň möçberini kesgitleýän faktlar we ş.m.

Iş ýöredişiň dowamynda talabyň närsesi, talabyň esaslary we talaba garşylyk bildirmegiň esaslary üýtgände, şonuň ýaly-da kazyýet tarapyndan taraplaryň salgylanmaýan ýagdaýlarynyň we faktlarynyň takyklanmagynyň zerurlygy ykrar edilende subut etmekligiň närsesi üýtgäp bilýär. TAIÝK-nyň 46-njy maddasynyň 1-nji böleginde berkidilişi ýaly, taraplaryň talaplaryny we nägileliklerini esaslandyrýan ýagdaýlar, şeýle hem jedeli dogry çözmek üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar subut edilmäge degişlidir.

Beýan edilenlerden görnüşi ýaly, maddy-hukuk ähmiýetli faktlar taraplaryň talaplarynyň we nägilelikleriniň esaslarynda jemlenýär. Onda işiň "beýleki ýagdaýlary" diýen düşünje nämäni aňladýar?

Subut etmekligiň närsesine maddy-hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlardan başga-da prosesual ähmiýetli hakyky ýagdaýlar hem girýär.Mysal üçin, kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi kesgitlenip, ol hem berjaý edilmedik bolsa. Şu ýagdaý subut etmekligiň närsesine girizilýär we kazyýet seljerişinde subut edilmäge degişli bolup durýar.

Prosesual möhletler dikeldilende, iş boýunça önümçilik bes edilende iş boýunça önümçilik togtadylanda we ş.m. başga prosesual pursatlar ýüze çykanda, işe gatnaşýan taraplar özleriniň prosesual talaplarynyň we nägilelikleriniň esasy hökmünde salgylanýan ýagdaýlaryny subut etmäge borçludyrlar.

Subut etmekligiň närsesiniň dogry kesgitlenmeginiň ägirt uly tejribe ähmiýeti bar. Eger-de subut edilmäge degişli hakyky ýagdaýlaryň hemmesi anyklanmasa ýa-da işe degişli faktlar bilen birlikde işe dahyly bolmadyk hakyky ýagdaýlar hem anyklanylsa, onda bu ýagdaýlar esassyz çözgüdiň çykarylmagyna getirer. Soňky ýagdaýda iş boýunça esasly çözgüt hem çykarylyp bilner, emma işe degişli däl, gerekmejek hakyky ýagdaýlaryň kazyýet tarapyndan seljerilmegi kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň wagtynyň we zähmetiniň bimany sarp edilmegine getirýär.

Iş üçin ähmiýeti bolan, ýöne subut etmek zerurlygy bolmadyk hakyky ýagdaýlar:

Käbir anyk ýagdaýlar işiň seljerilmegi üçin ähmiýetiniň bardygyna we olarsyz jedeli çözmegiň mümkin däldigine garamazdan, olary suibut etmek zerur bolup durmaýar, ýagny olar subut etmekligiň närsesinden kanun esasynda boşadylan.

Hemmelere mälim bolan hakyky ýagdaýlar:

Hakyky ýagdaýyň hemmelere mälimligi bütin ýurduň çägine ýa-da belli bir sebitiň çägine (sil gelmegi, gurakçylyk we ş.m.) degişli bolup biler. Faktyň hemmelere mälimligi kazyýet tarapyndan kesgitlenýär. Hakyky ýagdaýyň hukuk netijesi ol kazyýet tarapyndan hemmelere mälim fakt diýlip ykrar edilenden soňra kazyýet taraplardan we işe gatnaşýan beýleki taraplardan şol hakyky ýagdaýy tassyklaýan subutnamalary bildirmekligi talap edip bilmeýär. Hakyky ýagdaýyň hemmelere mälimligini ykrar eden kazyýet bu barada kesgitnama çykarmalydyr ýa-da çözgütde ol barada agzap geçmelidir. Bu işe nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde garan ýagdaýlarynda ýokarda durýan kazyýetler üçin zerurdyr, sebäbi olaryň sebitdäki hakyky ýagdaýlar hakynda bilmezlikleri hem mümkin.

Preýudisial hakyky ýagdaýlar:

Preýudisial[1] (öň çözülen) hakyky ýagdaýlar diýlende, başga iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdi ýa-da hökümi bilen kesgitlenen ýagdaýlara düşünilýär. Şol hakyky ýagdaýlar başga bir işde talabyň ýa-da nägilelikleriň esasy hökmünde ulanylyp bilner. Bu hakyky ýagdaýlar kazyýet tarapyndan täzeden derňelmäge we anyklanmaga degişli däldir, sebäbi olar öň subut edilendir. Ondan başga-da kazyýetiň olary gaýtadan barlamaga we olar boýunça täze kazyýet seljerişini geçirmäge ygtyýarlygy ýokdur.

TAIÝK-nyň 49-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, anyk bir jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bilen ykrar edilen ýagdaýlar beýleki ykdysady jedel çözülen mahaly täzeden subut edilmeýär. Kanunyň bu kadasyna "eger-de şol işlerde şol taraplar ýa-da olaryň hukuk oruntutarlary gatnaşýan bolsalar" diýen takyklamany girizmek zerur. Sebäbi TAIÝK-nyň 49-njy maddasynyň 2-nji böleginde berkidilen hukuk kadasyny ähli işlere täsir edýän kada hökmünde kesgitlemek ýalňyş bolardy. Teklip edilýäne meňzeş kada TRIÝK-da (35-nji maddasynyň 2-nji bölegi) we RF-nyň AIÝK-da (69-njy maddasynyň 2-nji bölegi) hem bar. Bu ýerde islendik regress[2] talap adaty mysal hökmünde çykyş edip biler.

TAIÝK-nyň 49-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, jenaýat işi boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi belli bir hereketleriň edilenligi we kim tarapyndan edilenligi hakyndaky meseleler babatda ykdysady işi seljerýän kazyýet üçin hökmanydyr. Bu ýerde diňe iki sany hakyky ýagdaýyň preýudisial ähmiýeti bardyr:

- şeýle hereket edilipdirmi?
- şol hereket şu tarap tarapyndan amala aşyrylypdyrmy?

TAIÝK-nyň 49-njy maddasynyň 4-nji böleginde berkidilişine görä, öň çözülen raýat işi boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdiniň ykdysady jedeli seljerýän kazyýet üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary hökmandyr.

Öň bellenilişi ýaly, bu ýerde hem anyklanylýan ýagdaýlar diňe öňki işe gatnaşan taraplar bilen baglanyşdyrylmalydyr.

Preýudisiýalar hakynda kadanyň tejribede örän uly ähmiýeti bar. Sebäbi, birinjiden, olar kazyýetiň we iş ýöredişine gatnaşyjylaryň wagtynyň hem serişdeleriniň tygşytlanmagyny üpjün edýär, ikinjiden, biri-birine gapma-garşy gelýän kazyýet çözgütleriniň çykarylmagynyň öňi alynýar.

[1] Preýudisial-"praejudicialis-öňki kazyýet çözgüdine degişli" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;
[2] Regress-"regressus-yzyna hereket" diýen latyn sözünden gelip çykan adalga;

## 6-njy tema degişli çyzgylar. Kazyýet subutnamalary

Çyzgy 6.1.




Çyzgy 6.2.



Çyzgy 6.3.




Çyzgy 6.4.



Çyzgy 6.5.




Çyzgy 6.6.



Çyzgy 6.7.




Çyzgy 6.8.




Çyzgy 6.9.



Çyzgy 6.10.




Çyzgy 6.11.



Çyzgy 6.12.

**Subutnamalar**
**(**subutnamalaryň we IHÝ-nyň arasyndaky baglanyşygyň görnüşi boýunça**)**

- IHÝ-ny gös-göni subut edýän
- IHÝ-ny gös-göni subut etmeýän

Çyzgy 6.13.

**IHÝ-ny gös-göni subut etmeýän subutnamalar**

- Diňe beýleki subutnamalar bilen bilelikde ulanylmaly
- Olaryň hakykylygy babatda hiç-hili şübhe bolmaly däl
- Ählisi bilelikde işiň hakyky ýagdaýy bilen baglanyşygy ýüze çykarmaly

*Tejribede subutnamalaryň hakykylygyny barlamak üçin hem ulanylýar.

Çyzgy 6.14.

Subut etmekligiň närsesi

- Maddy-hukuk faktlar
- Prosesual faktlar
- Kazyýetiň kesgitlemesiniň esasynda iş üçin ähmiýeti bolan beýleki faktlar

Çyzgy 6.15.

**Subut etmekligiň närsesinden aýrylan hakyky ýagdaýlar**

- Hemmelere mälim bolan faktlar
- Preýudisial faktlar

## 6-njy tema degişli testler: Kazyýet subutnamalary

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Kazyýet aň ýetirişiniň maksady, şulary anyklamakdan ybarat:**

- işiň ýagdaýlaryny, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny;
- jedelli hukuk gatnaşygyny;
- işiň ýagdaýlaryny we jedelli hukuk gatnaşygyny;
- işiň ýagdaýlaryny, jedelli hukuk gatnaşygyny, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**2) Ýokarda durýan kazyýetler nägilelik we gözegçilik tertibinde:**

- iş boýunça subutnamalary derňeýärler;
- iş boýunça täze ýagdaýlary anyklaýarlar;
- iş boýunça täze ýagdaýlary derňeýärler we anyklaýarlar;
- iş boýunça subutnamalary derňemäge we täze ýagdaýlary anyklamaga ygtyýarly däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Gozgalmaýan emläk bilen bagly işlerde işiň ýagdaýlary anyklanýar:**

- kazyýet subutnamalaryny ulanmak bilen;
- şahsy kabul etmek, görmek usuly bilen;
- kazyýet subutnamalaryny ulanmak we şahsy kabul etmek, görmek usuly bilen;
- kazyýet subutnamalaryny ulanmak ýa-da şahsy kabul etmek, görmek usuly bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Kazyýet subut edişi amala aşyrylýar:**

- birinji basgançakly kazyýetde;
- birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde;
- birinji, nägilelik we gözegçilik basgançakly kazyýetlerde;
- birinji, nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetlerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Kim subutnamalary bildirip bilmeýär?**

- üçünji tarap;
- prokuror;
- bilermen;
- jogapçy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Subutnamalary toplamak işi amala aşyrylýar:**

- birinji basgançakly kazyýetde;

- birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde;
- birinji, nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetlerde;
- ähli kazyýetlerde.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**7) Subutnamalara baha bermek amala aşyrylýar:**
- prokuror tarapyndan;
- kazyýet tarapyndan;
- prokuror we kazyýet tarapyndan;
- kazyýet we işe gatnaşýan taraplar tarapyndan.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Kazyýet üçin subutnamalaryň öňünden kesgitlenen hökmanylyk güýji barmy?**
- diňe ýazmaça subutnamalaryň;
- diňe bilermeniň netijenamasynyň;
- ýazmaça subutnamalaryň we bilermeniň netijenamasynyň;
- ýok.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**9) Kazyýet subutnamalary diýlende düşünilýär:**
- hakyky maglumatlara;
- subut etmekligiň serişdelerine;
- hakyky maglumatlara we subut ediş serişdelerine;
- hakyky maglumatlara ýa-da subut ediş serişdelerine.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**10) Kazyýet subutnamalary bolup bilýärler:**
- hakyky maglumat;
- hakyky we ýalan maglumat;
- işe degişli bolan hakyky we ýalan maglumat;
- iş üçin ähmiýeti bolan islendik maglumat.

  ***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**11) Subutnamalaryň işe degişliligi kesgitlenýär:**
- kazyýet we prokuror tarapyndan;
- kazyýet we işe gatnaşýan taraplar tarapyndan;
- kazyýet we taraplar tarapyndan;
- kazyýet tarapyndan.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**12) Kazyýet subutnamasy bolup biler:**
- audio ýazgy;

- disketada saklanýan maglumat;
- golsuz (anonim) hat;
- fotosurat.

  ***<u>Nädogry  jogaby tapyň.</u>***

**13) Gozgalmaýan emläk bilen bagly geleşik hökmany kepillendiriş edarasynda tassyklanmaga degişlimi?**

- ýok, ol degişli ministrlikde-de tassyklanyp bilner;
- ýok, ol degişli häkimlikde-de tassyklanyp bilner;
- ýok, eger-de taraplaryň gollary we möhürleri goýlan şertnama bar bolsa;
- hawa.

  ***<u>Dogry  jogaby tapyň.</u>***

**14) Haçan kazyýet resminamanyň göçürmesine esaslanmaga mejbur bolýar?**

- haçan-da resminamanyň asyl nusgasy ýok edilen bolsa;
- haçan-da resminamanyň asyl nusgasy üçünji taraplarda saklanýan bolsa;
- haçan-da taraplar resminamanyň asyl nusgasyny kazyýete bermekden boýun gaçyrýan bolsa;
- haçan-da kazyýet resminamanyň asyl nusgasyny hakyky däl diýip bilse.

  ***<u>Dogry  jogaby tapyň.</u>***

**15) Kazyýetiň çözgüdiniň esasyna goýulýar:**

- IHÝ bilen gös-göni bagly subutnamalar;
- IHÝ bilen gös-göni bagly we bagly däl subutnamalar;
- IHÝ bilen gös-göni bagly ýa-da bagly däl subutnamalar;
- gös-göni bagly subutnamalar, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bagly däl subutnamalar hem.

  ***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**16) Çözgüt diňe IHÝ bilen gös-göni bagly bolmadyk subutnamalara esaslanyp bilermi?**

- hawa, eger-de kazyýet olary hakyky diýip hasaplasa;
- hawa, eger-de olar biri-birine garşy gelmese we gözlenýän fakt bilen bir bütewi baglanyşygy emele getirýän bolsa;
- islendik ýagdaýda – hawa;
- ýok.

  ***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**17) Hususy telekeçi öz telekeçi dostuna enjamlary satyn almak üçin karz pul bermek hakynda haýyş bilen hat ýazýar. Şol hat geleşigiň baglaşylandygynyň subutnamasy bolup bilermi?**

- ýok;

- hawa – IHÝ bilen gös-göni bagly subutnama hökmünde;
- hawa – IHÝ bilen gös-göni bagly däl subutnama hökmünde;
- hawa – IHÝ bilen gös-göni bagly ýa-da bagly däl subutnama hökmünde.

*Dogry jogaby tapyň.*

**18) Subut etmekligiň närsesi üýtgäp bilýär:**
- eger-de jogapçy garşylyklaýyn talap bildirse;
- eger-de özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap talabyň esasyny üýtgetse;
- eger-de özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap talabyň närsesini üýtgetse;
- eger-de jogapçy talaby ykrar etse.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**19) Subut etmekligiň närsesine şu aşakdaky ýagdaýlar goşulan, olaryň haýsysy prosesual ýagdaý bolup durýar?**
- talapçynyň talabynyň närsesi;
- jogapçynyň nägilelik närazylyklarynyň esaslary;
- özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap tarapyndan nägilelik şikaýatyny bildirmegiň möhletiniň geçirilmeginiň esaslary;
- özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapyň talaplarynyň esaslary.

*Dogry jogaby tapyň.*

**20) Eger-de subut etmekligiň närsesine dahylly hakyky ýagdaýlaryň hemmesi goşulmasa ýa-da dahylly däl ýagdaýlar goşulsa bu hereketler esassyz çözgüdiň çykarylmagyna getirip bilermi?**
- hawa;
- hawa, eger-de dahylly däl hakyky ýagdaýlar goşulsa;
- hawa, eger-de dahylly hakyky ýagdaýlar goşulmasa;
- hawa, eger-de dahylly däl hakyky ýagdaýlar goşulsa ýa-da dahylly hakyky ýagdaýlar goşulmasa.

*Kanuna doly laýyk gelýn jogaby tapyň.*

**21) Hemmelere mälim diýlip ykrar edilen hakyky ýagdaýlar:**
- subut etmeklige degişli däl;
- eger-de garşylyklaýyn tarap olaryň hakykylygy barada jedel etmeýän bolsa, subut etmeklige degişli däl;
- eger-de prokuror olaryň hakykylygy barada jedel etmeýän bolsa, subut etmeklige degişli däl;
- eger-de kazynyň özüne mälim bolsa subut etmeklige degişli däl.

*Dogry jogaby tapyň.*

**22) Preýudisial hakyky ýagdaýlar birinji basgançakly kazyýet tarapyndan:**
- gaýtadan derňelip bilinmez;

- olar babatda jedel bolup bilmez;
- inkär edilip bilinmez;
- eger-de jedelsiz subutnamalar bildirilse, ýatyrylyp bilner.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 | 22 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***4*** | ***4*** | ***2*** | ***1*** | ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***1*** | ***2*** | ***2*** | ***3*** | ***2*** | ***3*** | ***1*** | ***1*** | ***4*** |

## Tema 7. Subutnamalaryň (subut ediş serişdeleriniň) aýry-aýry görnüşleri

Subutnamalaryň kanunda berkidiliş yzygiderliligi birinjiden, arbitraž iş ýöredişinde ol ýa-da beýleki subutnamalaryň ähmiýetini, ikinjiden bolsa olaryň näderejede giňden ulanylýandygyny görkezýär.

Deňeşdirmek üçin raýat iş ýöredişinde subutnamalaryň tapawutly ulgamynyň bardygyny bellemek gerek. Iş ýöredişiň bu görnüşinde esasy subutnamalar hökmünde ilkinji nobatda taraplaryň we üçünji taraplaryň düşündirişleriniň, şeýle hem şaýatlaryň görkezmeleriniň durýandygyny bellemek gerek. Ondan soň bu ulgamda ýazmaça subutnamalar, maddy subutnamalar we bilermenleriň netijenamalary gelýär.

### §1. Ýazmaça subutnamalar

Ýazmaça subutnamalaryň möhümligi, olaryň arbitraž iş ýöredişinde has giňden ýaýrandygy bilen düşündirilýär. Ýazmaça görnüşde resmileşdirilýän dürli görnüşli geleşikleriň baglaşylmagy bazar gatnaşyklaryna mahsusdyr. Olaryň subut edijilik güýji hem, mysal üçin, işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerine garanyňda has ýokarydyr.

Ýazmaça subutnamalar – bu bellikleriň kömegi bilen adam pikirleri ýerleşdirilen närseler bolup, olar özünde işe degişli hakyky ýagdaýlar barada maglumatlary jemleýär.

Ýazmaça subutnamalar many-mazmuny bilen işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamaga mümkinçilik berýärler. Şu aýratynlygy bilen hem olar işiň ýagdaýlaryny öz häsiýetleri we alamatlary bilen anyklamaga kömek berýän maddy subutnamalardan tapawutlanýarlar.

TAIÝK-nyň 51-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, ýazmaça subutnamalar işiň hakyky ýagdaýlary barada özünde maglumat jemleýän namalar (kazyýetiň çözgütleri, häkimiň kararlary, raýatlyk ýagdaýlary hakynda nama ýazgylary we ş.m.), resminamalar (pasport, diplom we ş.m.) şahsy we işewür häsiýetli hatlar, düşündirişler, netijenamalar, beýleki resminamalar we maglumatlar, şol sanda olaryň faksimil, elektron ýa-da başga bir aragatnaşyk arkaly ýa-da resminamanyň hakykylygyny anyklamaga mümkinçilik berýän başga bir usul bilen alnanlary bolup durýar.

Namalar, şahsy resminamalar we anyk hakyky ýagdaýlary tassyklaýan resminamalar ýuridik resminamalar diýlip atlandyrylýar. Olar ýuridik faktlary we tarapyň şahsyýetini tassyklamaklyga niýetlenýär we kanunda göz öňünde tutulan görnüşde düzülýär.

Ýazmaça subutnamalaryň görnüşlere bölünişi (klassifikasiýasy):

Mazmuny boýunça ýazmaça subutnamalar serenjam beriji we kepilnama-maglumat beriji görnüşlere bölünýärler.

Serenjam beriji ýazmaça subutnamalarda hukuk gatnaşyklarynyň döremegine, üýtgemegine we bes edilmegine (geleşik, şertnama, wesýetnama, çözgüt, dolandyryş edarasynyň namasy we ş.m.) gönükdirilen erk-islegiň beýany bolýar.

Kepilnama-maglumat beriji ýazmaça subutnamlarda erk-islegiň beýany dälde, maglumat häsiýetli habarlar bolýar. Mysal üçin, şahsy we işewür häsiýetli hatlar.

Ýazmaça subutnamany düzen subýekt boýunça olar resmi we şahsy görnüşlere bölünýärler. Döwlet edaralary, telekeçilik düzümleri we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan berlen namalar resmi diýlip atlandyrylýar. Raýatlar tarapyndan ýazylan namalar (hatlar, telegrammalar we ş.m.) şahsy diýlip hasaplanýar.

Düzülişi boýunça ýazmaça subutnamalar ýönekeý we kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanýan (kwalifisirlenýän) görnüşlere bölünýär.

Ýönekeý ýazmaça görnüş bellige alynmagyna we tassyklanmaga degişli däldir.

Kwalifisirlenen ýazmaça görnüş kanunda bellenen tertipde kepillendiriş edarasynda tassyklanmagyny ýa-da kanunda bellenen tertipde bellige alynmagyny talap edýär. Mysal üçin, jemagat reýestrinde.

Taýýarlanyşynyň usuly boýunça ýazmaça subutnamalar resminamalaryň asyl nusgalaryna we olaryň göçürmelerine bölünýärler.

TAIÝK-nyň 51-nji maddasynyň 2-3-nji böleklerine laýyklykda, ýazmaça subutnamalar kazyýete asyl nusgada ýa-da talap edilýän görnüşde güwä geçilen nusgada berilýär. Eger jedeli çözmek üçin resminamanyň diňe bir bölegi ähmiýetli bolsa, onda diňe şondan güwä geçilen göçürme berilýär. Resminamalaryň asyl nusgalary, eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işiň ýagdaýlaryny şeýle namalaryň diňe asyl nusgasy bilen tassyklamak göz öňünde tutulan bolsa, şeýle hem beýleki zerur halatlarda kazyýetiň talap etmegi boýunça bildirilýär.

TAIÝK-nyň 55-nji maddasyna laýyklykda, işde bolan resminamalaryň asyl nusgalary, şeýle hem kazyýetde saklanýan maddy subutnamalar jedel çözülenden soň fiziki we ýuridik şahslaryň haýyşnamalary boýunça olara gaýtarylyp berilýär. Kanunyň subutnamalaryň gaýtarylyp berilmegini jedeliň çözülmeginiň tamamlanmagy bilen baglanyşdyrmagy maksadalaýyk däldir.

Bu ýagdaýda TRIÝK-da ulanylýan kada has dogry we netijelidir. TRIÝK-nyň 48-nji maddasyna laýyklykda, resminamalaryň asyl nusgalary bähbidi bar taraplara diňe çözgüt kanuny güýjüne girenden soňra gaýtarylyp berilýär. Bu hereket, egerde nägilelik kazyýeti tarapyndan çözgüt ýatyrylan halatynda, işe gaýtadan garalanda kazyýetiň ygtyýarlygynda resminamalaryň asyl nusgalarynyň bolmagyny üpjün etmek üçin edilýär.

Resminamalar yzyna gaýtarylanda işde olaryň tassyklanan göçürmeleri galdyrylýar.

Şu meseläniň düzgünleşdirilmegine RF-nyň AIÝK-synda-da TRIÝK-daky ýaly çemeleşilýär. Ýöne, eger-de arbitraž kazyýet resminamalaryň asyl nusgasynyň gaýtarylyp berilmegi işiň talabalaýyk seljerilmegine zelel ýetirmez diýip hasaplasa, olar iş boýunça seljerişiň dowamynda, kazyýetiň namasy kanuny güýjüne girmezinden öň hem yzyna gaýtarylyp berlip bilinýär (RF-nyň AIÝK-nyň 75-nji maddasynyň 11-nji bendi).

Görkezilenlerden başga-da RF-nyň AIÝK-nynda kazyýete daşary ýurt dilinde bildirilen resminamalary terjime etmek baradaky, şeýle hem daşary ýurtlaryň

resminamalaryny kanunlaşdyrmak (legalizasiýa) hakynda soraglar hem örän ýerlikli çözülipdir (75-nji maddanyň 5-7-nji bentleri).

Maddy subutnamalar babatda-da TRIÝK-da we RF-nyň AIÝK-da takmynan birmeňzeş kadalar ulanylýar.

Kazyýet ýazmaça subutnamalara baha berende olaryň görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplaryň berjaý edilendigini barlamaga borçludyr.

Eger-de resminama ygtyýarly edara ýa-da wezipeli adam tarapyndan berlen bolsa we kanunda berkidilen talaplara (goluň, möhüriň, we senäniň bolmagy) laýyk gelýän bolsa, ýazmaça subutnamanyň görnüşi, ýagny taýýarlanyş tertibi berjaý edilen diýlip hasaplanýar.

Ýazmaça subutnamanyň mazmuny bolsa şu aşakdaky talaplara laýyk gelmelidir:

- onuň ýazary (awtory) hökmünde görkezilýän şahs tarapyndan ýazylan bolmaly;
- onuň teksti şol şahsyň (awtoryň) erk-islegine laýyk gelmeli;
- onuň teksti hakyky durmuşda bolup geçen hakyky ýagdaýlary beýan etmeli.

Haçan-da resminamanyň görnüşi, ýagny taýýarlanyş tertibi berjaý edilmedik bolsa ýa-da onuň mazmunyna bildirilýän talaplar ýerine ýetirilmedik bolsa, ol babatda jedelleşmek üçin esas döreýär. Resminama barada onuň galplygy hakynda arza berlip ýa-da onuň mazmuny boýunça jedelleşip bolýar.

## §2. Maddy subutnamalar

Özleriniň alamatlary, häsiýetleri, hili, barlygy we ýerleşýän ýerleri hem wagtlary we ş.m. bilen iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklamaga hyzmat edýän zatlar maddy subutnamalar bolup durýarlar. Tejribeden belli bolşy ýaly, maddy subutnamalar hökmünde dürli zatlar hyzmat edip bilýärler. Kähalatlarda maddy subutnamalar hökmünde jedeliň närsesi hem çykyş edýär. Mysal üçin, emlägi (eýeçiligi) paýlaşmak hakynda jedel. Haçan-da ýazmaça subutnamalaryň daşky alamatlary (goluň galplaşdyrylmagy, ýazgylara galp düzediş girizilmegi we ş.m.) kazyýeti gyzyklandyrýan bolsa, onda resminamalar hem maddy subutnama hökmünde kabul edilýär.

TRIÝK-nyň 49-njy maddasyna laýyklykda, özleriniň sypatlary, häsiýetleri bilen ýa-da özleriniň barlygy bilen iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklamak serişdesi bolup hyzmat edip biljek zatlar maddy subutnamalar hasaplanýar.

TAIÝK-da bolsa, “Jedeli dürs çözmek üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary anyklamagyň serişdesi bolup hyzmat edip biljek zatlar maddy subutnamalar bolup durýar” diýlip kesgitlenýär (52-nji madda). Ýöne kanunyň bu maddasynda subutnamalaryň häsiýetli alamatlary barada hiç zat aýdylmaýar.

Biziň pikirimizçe, TAIÝK-da ulanylan usul tejribä has laýyk gelýär. Sebäbi kanunda maddy subutnamalara mahsus bolan ähli häsiýetleri we şertleri berkitmek mümkin däl. Ýöne kanunda maddy subutnamalara mahsus bolan käbir häsiýetli aýratynlyklar barada agzalyp geçilse hem artykmaç bolmazdy. Emma kanunda

maddy subutnamalaryň başga-da alamatlarynyň bolup biljekdigini görkezmek welin zerurdyr.

TAIÝK-da maddy we ýazmaça subutnamalary kazyýete bildirmek mümkin däl ýa-da kyn bolan halatynda olary ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek we derňemek mümkinçiligi hem berkidilýär (54-nji madda).

Ýerinde gözden geçirmegi we derňemegi işe garaýan kazyýetiň düzümi amala aşyrýar. Gözden geçirmegiň we derňemegiň wagty we ýeri hakynda işe gatnaşýan taraplara habar edilýär, ýöne olaryň gelmezligi gözden geçirmegi we derňemegi amala aşyrmaga päsgelçilik döretmeýär. Zerur bolan ýagdaýynda bu işe bilermenler hem çagyrylýar. Subutnamalary gözden geçirmek we derňemek barada teswirnama düzülýär. Teswirnamanyň ýanyna zerur maglumatlar we resminamalar (çyzgylar, wideoýazgylar, meýilnamalaýyn çyzgylar we ş.m.) goşulyp bilinýär.

Ýokarda salgylanylan maddanyň adyndan we mazmunyndan haýsy görnüşdäki subutnamalara gözden geçirmegiň we derňemegiň göz öňünde tutulýandygy görünmeýär. Hakykat ýüzünde şol hereketler diňe ýazmaça we maddy subutnamalar babatda geçirilip bilinýär. Şonuň üçinem TAIÝK-nyň 54-nji maddasynyň adynda we mazmunynda bu ýagdaýyň görünmegi maksadalaýykdyr.

Mundan başga-da TAIÝK-da maddy subutnamalary saklamak, şeýle hem çalt zaýalanýan maddy subutnamalary gözden geçirmek we derňemek barada wajyp prosesual hereketler hakynda kadalar berkidilmeýär. Şeýle hereketleri amala aşyrmak zerurlygynyň tejribede ýüze çykyp bilmejekdigine güwä geçip bolmaz. Şonuň üçin bu hereketler kanunçylykda düzgünleşdirilmäge degişli. Şeýle hereketleriň amala aşyrylmagy barada düzgünler TRIÝK-da, şonuň ýaly-da RF-nyň AIÝK-da-da bardyr.

### §3. Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri

Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleriniň wajyplygy, olaryň işiň ýagdaýlary barada has doly bilýändiklerinden we gözlenýän hakyky ýagdaýlar barada has dogry maglumatlary berip biljekdiklerinden ybaratdyr. Ýöne başga bir tarapdan olaryň işde maddy bähbitleriniň bolandygy zerarly olar işiň ýagdaýlary barada öz haýyrlaryna üýtgedilen maglumatlary hem habar bermekleri mümkindir. Şonuň üçinem her bir aýratyn ýagdaýda olaryň düşündirişlerini beýleki maglumatlar bilen deňeşdirmek we şonuň netijesinde hakykaty ýüze çykarmak zerurdyr.

Arbitraž iş ýöredişinde hiç bir subutnamanyň beýleki subutnamalar babatda artykmaçlygy ýokdur. Olaryň her biri iş boýunça toplanan beýleki subutnamalar bilen birlikde barlanmaga we baha berilmäge degişlidir (TAIÝK-nyň 58-nji maddasynyň 1-nji bölegi). Şoňa görä-de, eger-de olar başga subutnamalar bilen tassyklanmaýan bolsa, diňe işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerine esaslanyp çözgüt çykarmak bolmaýar.

Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri dilden we ýazmaça görnüşde bildirilip bilinýär. Ýöne kazyýet işe gatnaşýan taraplary öz düşündirişlerini ýazmaça görnüşde bermäge borçly edip bilýär.

Işe gatnaşýan taraplar öz düşündirişlerinde şu maglumatlary berip biler:

- işiň hakyky ýagdaýlary barada maglumatlar;

- işiň hukuk taýdan maddalaşdyrylmagy barada öz garaýyşlaryny;
- işiň hakyky ýagdaýlaryny öz bähbitlerine gabat getirip anyklatmak üçin işde bar bolan subutnamalara baha bermek bilen bagly şahsy delilleri we pikirleri.

Diňe işiň hakyky ýagdaýlary baradaky maglumatlar subutnama bolup durýar. Hukuk taýdan maddalaşdyrmak boýunça garaýşyň, delilleriň, şahsy pikirleriň subutnama hökmünde ähmiýeti ýokdur.

Ykrar etmek hem işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleriniň bir görnüşi bolup durýar. Esasan hem talaby ykrar etmek we ýuridik fakt ykrar etmek tapawutlandyrylýarlar.

Talaby (hukugy) ykrar etmek subutnama bolup durmaýar, sebäbi oňa erk etmek hereketi hökmünde garalýar. Kazyýet tarapyndan talaby ykrar etmek diňe ol işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelýän we beýleki subutnamalar bilen tassyklanýan bolsa kabul edilýär. Talaby ykrar etmek şol bir wagtda işiň hakyky ýagdaylaryny hem ykrar etmegi aňladýar.

Talaby ykrar etmekden tapawutlylykda, ýuridik fakty ykrar etmek subutnama bolup durýar. Tarap hakyky ýagdaýy ykrar etmek bilen talaby ykrar etmän hem bilýär. Mysal üçin, tarap geleşik baglaşylandygy hakynda fakty inkär etmeýär, emma özüni günäkär hasaplamaýandygy sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmakdan ýüz dönderýär.

TAIÝK-nyň 58-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, eger-de kazyýetde fakty ykrar etmegiň işiň ýagdaýlaryna laýyk gelýänligine we aldaw, zorluk, haýbat atmak, ýalnyşmak täsiri astynda ýa-da hakykaty ýaşyrmak maksady bilen amala aşyrylanlygyna şübhelenmeler bolmasa, ykrar edilen fakt anyklanylan diýlip hasap edilip bilner.

Kazyýet tarapyndan fakty ykrar etmegiň kabul edilmegi, ykrar edilen hakyky ýagdaylary subut etmeklige borçly bolan tarapy subutnamalary bildirmek borjundan boşadýar.

## §4. Bilermenleriň netijenamalary

Ykdysady işler seljerilende, kähalatda ylym we tehnika çygryndan ýörite bilimleri talap edýän meseleler ýüze çykýar.

Şeýle halatlarda kazyýetiň düzüminde degişli ýörite bilimleri bolan taraplaryň bolmagy kazyýetiň bilermen seljermesini bellemek borjuny aradan aýyrmaýar. Sebäbi kanun şol bir tarapyň bir wagtyň özünde kazy we bilermen hökmünde çykyş etmegine ýol bermeýär.

Bilermen öz sowadyndan we tejribesinden peýdalanyp, kazyýet tarapyndan öz öňünde goýlan soraglara jogap berýär, ýöne işiň ýagdaýaryna hukuk taýdan baha bermeýär, ýagny olary maddalaşdyrmaýar. Bilermeniň öz öňünde goýlan soraglara jogap hökmünde işiň maglumatlaryny seljermek arkaly gelen netijeleri subutnama bolup durýar. Bilermen seljermesi işiň ýagdaýlaryny we subutnamalaryny derňemek we netije çykarmak boýunça işdir.

Degişli bilermen seljermesini bellemek barada mesele işe gatnaşýan taraplar tarapyndan goýlup bilner. Zerurlyk ýüze çykanda bilermen seljermesi kazyýetiň

başlangyjy bilen hem bellenip bilner. Şu çemeleşme kada hökmünde RF-nyň AIÝK-nyň 82-nji maddasynyň 1-nji bölegindäki ýaly, milli prosesual kanunçylygynda-da berkidilse dogry bolardy.

Raýat iş ýöredişinde bilermenler bellenilende kazyýet işe gatnaşýan taraplaryň pikirini göz öňünde tutýar, ýöne olar boýunça gutarnykly netijä onuň özi gelýär (TRIÝK-nyň 55-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Şeýle tejribe RF-nyň AIÝK-da hem ulanylýar (RF-nyň AIÝK-nyň 82-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 56-njy maddasyna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar seljerme geçirilende bilermen tarapyndan düşündirilmeli bolan soraglary kazyýete bildirmäge haklydyrlar. Bilermeniň netijenamasy üçin zerur bolan soraglaryň gutarnykly sanawy kazyýet tarapyndan kesgitlenýär.

Arbitraž iş ýöredişinden tapawutlylykda, Türkmenistanyň raýat prosesual kanunçylygy işe gatnaşýan taraplar tarapyndan hödürlenilen soraglaryň kabul edilmezligini kazyýetiň delillendirmäge borçludygyny belleýär (TRIÝK-nyň 55-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Düzgün bolşuna görä, bilermen seljermesi işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda bellenilýär. Şol tapgyrda-da, eger-de bilermen öz öňünde goýlan sowallara doly jogap bermedik bolsa ýa-da onuň jogaplary düşnüksiz bolsa, kazyýet tarapyndan goşmaça bilermen seljermesi bellenilip bilinýär (TAIÝK-nyň 57-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 57-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, “zerur halatda” kazyýet bilermen seljermesini gaýtadan belläp bilýär. Salgylanylan kadanyň manysyndan ugur alnanda, her bir anyk ýagdaýda bilermen seljermesini bellemäge esasyň bardygy ýa-da ýokdugy kazyýet tarapyndan kesgitlenýär diýen netije gelip çykýar. Biziň pikirimizçe, bu kada gaýtadan bilermen seljermesini bellemek zerurlygy ýüze çykan halatynda kazy üçin käbir kynçylyklary döredip biler, şeýle hem ol kazyýet ýalňyşlyklarynyň ýüze çykmagyndan goramaýar.

TRIÝK-nyň 183-nji maddasynda gaýtadan seljerme bellemek üçin iki sany esas görkezilýär:

- kazyýet bilermeniň netijenamasy esassyz diýen netijä gelse;
- seljermäniň netijenamasy babatda bilermenleriň arasynda gapma-garşylyk ýüze çyksa.

Gaýtadan seljerme geçirmek öňki seljermäni geçiren bilermene däl-de başga bilermene ýa-da bilermenlere tabşyrylýar. Bu mesele RF-nyň AIÝK-synda-da şoňa meňzeş düzgünleşdirilýär (87-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Bilermen seljermesi kazyýet seljerişi tapgyrynda-da bellenip bilinýär. Hususan-da gaýtadan seljerme geçirmekligi diňe şol tapgyrda belläp bolýar, sebäbi ilkinji netijenamany diňe kazyýet esassyz diýip bilýär. Şonuň ýaly-da ýörite bilimleri talap edýän soraglar nägilelik we gözegçilik önümçiliginde-de ýüze çykyp biler. Ýöne bu kazyýetlerde bilermen seljermesi bellenmeýär. Seljerme bellemek diňe birinji basgançakly kazyýetiň ygtyýarlygyna degişlidir.

Çylşyrymly soraglar boýunça ýa-da gaýtadan seljerme geçirmek üçin bir hünär ugurly birnäçe bilermen (iki ýa-da ondan-da köp) bellenilýär. Şeýle seljerme toparlaýyn seljerme diýlip atlandyrylýar. Bilermenler tarapyndan ýeke-täk

netijenama düzülýär. Eger-de bilermenler özara ylalaşmadyk ýagdaýlarynda olaryň her haýsy özbaşdak netijenama düzýär.

Kähalatlarda ýüze çykan soragy çözmek üçin dürli ugurlardaky bilimler gerek bolýar. Şeýle ýagdaýlarda toplumlaýyn seljerme bellenilýär (iki we ondan-da köp bilermen bellenilýär). Her bilermen netijenamanyň diňe özüniň geçiren seljermeleriniň beýanyny özünde jemleýän bölegine gol çekýär we şol gol çeken bölegi üçinem jogap berýär. Toplumlaýyn seljermäniň esasynda bir netijenama düzülýär. Eger-de bilermenler özara ylalaşmadyk ýagdaýlarynda, edil toparlaýyn seljermedäki ýaly, olaryň her haýsy özbaşdak netijenama düzýär.

TAIÝK-nyň 56-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, seljermäni geçirmegi edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň zerur bilimleri bolan hünärmenlerine tabşyrylýar.

Biziň pikirimizçe, bu maddanyň beýan edilşinde düzedilmäge degişli käbir ýalňyşlyklar goýberilipdir. Düzgün bolşuna görä, kazyýet bilermen seljermeleri döwlet edaralarynyň bilermenleri tarapyndan geçirilýär. Ýöriteleşdirilen seljerme geçirýän edaralar bolmadyk ýagdaýynda bilermen seljermelerini geçirmek başga edara-kärhana-guramalarda işleýän hünärmenlere tabşyrylýar. Bu ýagdaýlar edil TRIÝK-nyň 56-njy maddasynyň 1-nji bölegindäki we RF-nyň AIÝK-nyň 83-nji maddasynyň 1-nji bölegindäki ýaly, TAIÝK-da hem berk düzgünleşdirilmäge degişli.

Zerurlyk ýüze çykan halatynda, eger-de şeýle edilmegi seljermäniň talabalaýyk geçirilmegine päsgel bermeýän bolsa, olaryň geçirilişine işe gatnaşýan taraplar hem gatnaşyp bilýär.

TAIÝK-nyň 42-nji maddasynda we TRIÝK-nyň 57-nji maddasynda bilermeniň bilkastlaýyn ýalňyş netijenama berendigi üçin jenaýat jogapkärçiliginiň göz öňünde tutulýandygy kesgitlenýär (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 201-nji maddasy). Şeýle kada RF-nyň 82-nji maddasynyň 4-nji böleginde-de berkidilýär. Ýöne nädogry netijenama bilermeniň ýalňyşlygy ýa-da ýeterlik hünär derejesiniň bolmazlygy zerarly berlen bolsa ony jogapkärçilige çekmek bolmaýar.

TAIÝK-nyň 57-nji maddasynda bilermeniň netijenamasynyň mazmunynda bolmaly düzüm bölekleri berkidilýär. Bilermeniň netijenamasy geçirilen barlaglaryň jikme-jik teswirini, şeýle barlaglaryň esasynda çykarylan netijeleri we kazyýet tarapyndan orta atylan sowallara esaslandyrylan jogaplary öz içine almalydyr. Netijenama kazyýete ýazmaça görnüşde berilýär. Eger-de seljerme geçirilen mahaly jedeli dogry çözmek üçin ähmiýeti bolan, ýöne kazyýet tarapyndan soralmadyk ýagdaýlar anyklansa, bilermen netijenamada şol ýagdaýlar boýunça çykarylan netijeleri hem beýan edýär.

Şu ýerde, TRIÝK-nyň 59-njy maddasyna we RF-nyň AIÝK-nyň 86-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, barlagyň dowamynda kazyýetiň goýan soraglaryndan başga ýüze çykan soraglara jogap bermegiň bilermeniň borjy däl-de hukugydygyny bellemek gerek. TAIÝK-nyň 57-nji maddasynyň 1-nji böleginden hem şular ýaly netije gelip çykýar. Bilermeniň netijenamasyna beýleki ähli subutnamalar bilen bilelikde baha berilmelidir. Eger-de ol beýleki anyklanan subutnamalara garşy gelýän bolsa, bilermeniň netijenamasy kabul edilmeýär.

**7-nji tema degişli çyzgylar. Subutnamalaryň (subut ediş serişdeleriniň) aýry-aýry görnüşleri**

Çyzgy 7.1.




Çyzgy 7.2.




Çyzgy 7.3.



Çyzgy 7.4.




Çyzgy 7.5.



Çyzgy 7.6.




Çyzgy 7.7.






Çyzgy 7.8.




Çyzgy 7.9.




Çyzgy 7.10.

**7-nji tema degişli testler: Subutnamalaryň (subut ediş serişdeleriniň) aýry-aýry görnüşleri**

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Arbitraž iş ýöredişinde iň esasy subutnama bolup durýar:**

- maddy subutnamalar;
- ýazmaça subutnamalar;
- taraplaryň düşündirişleri;
- bilermenleriň netijenamasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Arbitraž iş ýöredişinde subutnama hökmünde ulanylmaýar:**

- taraplaryň düşündirişleri;
- üçünji taraplaryň düşündirişleri;
- prokuroryň düşündirişleri;
- şaýatlaryň görkezmeleri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Şularyň haýsysy oňyn çözgüt çykarmak üçin ýazmaça subutnama däl?**

- resmi resminama;
- şahsy resminama;
- galp resminama;
- resminamanyň göçürmesi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Eger-de resminama pozmak ýoly bilen düzediş girizilen bolsa, ol:**

- maddy subutnama bolýar;
- ýazmaça subutnama bolýar;
- maddy we ýazmaça subutnama bolýar;
- maddy ýa-da ýazmaça subutnama bolýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Ähli ýazmaça subutnamalar ýuridik resminama hökmünde garalýarmy?**

- hawa;
- ýok;
- hawa, eger-de şeýle çözgüdi kazyýet kabul eden bolsa;
- hawa, eger-de bu barada taraplar ylalaşan bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Şu ýazmaça subutnamalaryň haýsysy serenjam beriş resminamasydyr?**

- şertnamanyň göçürmesi;
- bankyň kepilnamasy;
- salgyt gullugyndan gelen hat;

- birža söwdalary hakynda maglumatlar.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**7) Şularyň haýsysyna resmi resminama hökmünde garap bolmaýar?**

- kärdeşler arkalaşygynyň petegine;
- awçylyk petegine;
- hususy kärhanadan berlen kepilnama;
- hususy telekeçiniň dostuna ýazan hatyna.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Kazyýet çözgüdiň esasy hökmünde resminamanyň göçürmesini ulanyp bilýärmi?**

- ýok;
- hawa, eger-de bu barada taraplar ylalaşan bolsalar;
- hawa, eger-de ol degişli tertipde tassyklanan bolsa;
- hawa, eger-de ol barada kazyýetde şübhe ýok bolsa.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**9) Kazyýet diňe resminamalaryň asyl nusgalary bilen işlemeli:**

- kanunda göz öňünde tutulan halatlarda;
- eger-de kazyýet şeýle netijä gelen bolsa;
- kanunda göz öňünde tutulan halatlarda we eger-de kazyýet şeýle netijä gelen bolsa;
- eger-de kanunda şeýle bellenen hem bolsa, kazyýet resminamanyň tassyklanan göçürmesine gollanmaga ygtyýarlydyr.

  ***<u>Nädogry jogaby tapyň.</u>***

**10) TAIÝK-da maddy subutnamalaryň ähli häsiýetli alamatlarynyň göz öňünde tutulmagy mümkinmi?**

- hawa, onda maddy subutnamalaryň häsiýetli alamatlarynyň doly sanawy berkidilýär;
- ýok, onda maddy subutnamalaryň diňe esasy häsiýetli alamatlarynyň sanawy berkidilýär;
- ýok, kanunda maddy subutnamalaryň häsiýetli alamatlarynyň doly sanawyny bermek mümkin däl;
- maddy subutnamalaryň häsiýetli alamatlary maddy kanunda berkidilýär.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**11) Haýsy subutnamalar ýerleşýän ýerinde gözden geçirilip we derňelip bilner?**

- maddy subutnamalar;
- ýazmaça subutnamalar;
- maddy we ýazmaça subutnamalar;
- maddy ýa-da ýazmaça subutnamalar.

  ***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**12) Kazyýetiň çözgüdi diňe taraplaryň düşündirişlerine esaslanyp bilermi?**

- islendik ýagdaýda – hawa;
- hawa, eger-de kazyýetiň ygtyýarlygynda başga subutnamalar bolmasa;
- ýok, eger-de olar başga subutnamalar bilen berkidilmese;
- ýok, eger-de bu maddy kanunda göz öňünde tutulmadyk bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Talapçy kazyýetde öz talabyny goldap çykyş edende jedeliň dürli taraplaryna degip, olary delillendirmäge çalyşýar. Talapçynyň düşündirişinde nämeler subutnama bolup bilýär?**

- jedeli çözmek üçin haýsy maddy kanuny ulanmalydygy hakynda onuň pikiri;
- işiň hakyky ýagdaýlary hakynda onuň beren maglumaty;
- jogapçynyň garaýşyna onuň öz garaýşy;
- onuň bilermen seljermesini bellemek barada teklibi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Talaby ykrar etmek subutnama bolup durýarmy ýa-da hakyky ýagdaýy ykrar etmek?**

- talaby ykrar etmek;
- hakyky ýagdaýy ykrar etmek;
- ikisi hem;
- işiň ýagdaýlaryna baglylykda talaby ykrar etmek ýa-da hakyky ýagdaýy ykrar etmek.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Kazyýet üçin tarapyň hakyky ýagdaýy ykrar etmegi:**

- hökmany däl;
- hökmany;
- hökmany, eger-de ol babatda beýleki tarap jedelleşmeýän bolsa;
- hökmany, eger-de ol maddy kanunda gönüden-göni berkidilen bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Şu aşakdakylaryň haýsysy subutnama bolup durýar?**

- bilermen seljermesi;
- bilermen;
- bilermeniň netijenamasy;
- bilermen seljermesi we bilermen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**17) Kimiň başlangyjy bilen bilermen seljermesi bellenilip bilinýär?**

- diňe taraplaryň;
- diňe işe gatnaşýan taraplaryň;
- diňe kazyýetiň;

- işe gatnaşýan taraplaryň we kazyýetiň.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Bilermen seljermesi bellenip bilinýär:**
- diňe işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda;
- diňe kazyýet seljerişi tapgyrynda;
- birinji basgançakly kazyýetde;
- ähli basgançakly kazyýetlerde.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Haýsy bilermen seljermesi bilermenleriň topary tarapyndan geçirilýär?**
- goşmaça;
- gaýtadan;
- toparlaýyn;
- toplumlaýyn.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Haýsy bilermen seljermesinde diňe ýeke-täk netijenama düzülmeli?**
- goşmaça;
- gaýtadan;
- toparlaýyn;
- toplumlaýyn.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**21) Bilermen seljermesi geçirilýär:**
- diňe bilermenler tarapyndan;
- diňe hünärmenler tarapyndan;
- bilermenler ýa-da hünärmenler tarapyndan;
- bilermenler we hünärmenler, şeýle hem bähbidi bar (gyzyklanýan) taraplar tarapyndan.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**22) Bilermeniň netijenamasy kazyýet üçin hökmanmy?**
- ýok;
- hawa, eger-de bu kanunda göz öňünde tutulan bolsa;
- hawa, eger-de bu kanunda we şertnamada göz öňünde tutulan bolsa;
- hawa, eger-de bu kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan bolsa.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 | 22 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *2* | *4* | *3* | *1* | *2* | *1* | *4* | *3* | *4* | *3* | *3* | *3* | *2* | *2* | *1* | *3* | *4* | *3* | *1* | *1* | *3* | *1* |

## Tema 8. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi

### §1. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje

#### a) Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje we onuň görnüşleri

TAIÝK-nyň 22-nji maddasyna laýyklykda kazyýetiň garamagyna ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelli işler degişlidir. Mundan başga-da kazyýet özüniň ygtyýarlygyna kanun tarapyndan degişli edilen beýleki işlere hem garap bilýär.

Türkmenistanyň „Kazyýet hakyndaky“ kanunynda Arbitraž kazyýetinde işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi, takmynan ýokardaka golaý görnüşde kesgitlenýär. Şu kanunyň 32-nji maddasynda Arbitraž kazyýetiniň kanuna laýyklykda özüniň ygtyýarlygyna degişli edilen ykdysady hukuk gatnaşyklaryndan ýa-da dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan, şeýle hem özüniň ygtyýarlygyna kanun esasyndan degişli edilen beýleki işlerden gelip çykýan jedelli işler boýunça kazyýet edarasy hökmünde çykyş edýändigi bellenýär.

Ýokarda getirilen kesgitlemeler boýunça işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky düşünje bilen bagly käbir garaýyşlarymyz bar. Biziň pikirimizçe, Arbitraž kazyýetini „jedeller boýunça kazyýet edarasy“ hökmünde kabul etmek dogry däl. Ol diňe jedellere garaýan we çözýän edara hökmünde kabul edilip bilner we kabul edilmelidir.

Maddalaryň mazmunyna grammatiki taýdan düşündiriş berilmeginiň netijesinde tekstde „ýa bolmasa“ we „ýa-da“ diýen baglaýjy sözleriň ulanylmaklygynyň netijesinde kazyýetde garalmaga degişli edilen jedelleriň biriniň ret edilmegine we şonuň bilen birlikde, kanunçykaryjynyň garaýşynyň ýoýulmagyna getirendigine göz ýetirmek bolýar. Hakykatda bolsa Arbitraž kazyýetiniň garamaly işleriniň hataryna ol hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedelleriň hemmesini degişli etmek zerurdyr. Şoňa görä-de tekstde seljerilýän maddalarda „we“ diýen baglaýjy sözüni ulanmaklyk dogry bolardy.

Ýokardaky maddalarda getirilen tekstde „ygtyýarlyk“ diýen aňlatma ulanylýar. Onuň manysy has giň bolup, ol işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini hem, işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini hem öz içine alýar. Işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi diýlip kazyýet edarasynda kanun esasynda garalmaga we çözülmäge degişli edilen işleriň toparyna düşünilýär. Şonuň üçin maddalaryň tekstindäki „onuň ygtyýarlygyna“ diýen sözleri, „onuň garamagyna“ diýen sözler bilen çalyşmaly. Ýene-de bellemeli zatlaryň biri - „Kazyýet hakyndaky“ kanunyň 32-nji maddasynyň tekstiniň rusça terjimesi onuň asyl nusgasyna gabat gelmeýär.

Işiň kazyýetiň garamagyna degişlilik aňlatmasyna, mazmuny boýunça golaý gelýän düşünjeler hem bar. Hususan-da „ýurisdiksiýa“ diýen düşünjäni „işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi“ diýen meňzeş düşünje hökmünde garamak bolýar. Dogrusy, beýleki bir jähtden „ýurisdiksiýa“ diýen düşünjäni, „işiň belli bir

kazyýetiň garamagyna degişliligi“ diýen deň manyly düşünje hökmünde hem ulanmak bolýar.

TAIÝK-da we Türkmenistanyň „Kazyýet hakyndaky“ kanunynda „arbitraž işleri“ diýen düşünje ulanylýar.

Arbitraž kazyýet iş ýöredişindäki işleriň esasy bölegine ykdysady (raýat-hukuk) jedelleri hökmünde talap önümçiliginiň kadalary boýunça garalýar. Şonuň üçin, arbitraž kazyýet önümçiliginde garalýan işler biziň pikirimizçe, ykdysady (raýat) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ykdysady jedellerden döreýän raýat işleri, gysgaça aňladylanda – ykdysady işler diýip atlandyrylsa dogry bolar. Telekeçilik işini alyp barmak bilen bagly işler hem ykdysady işleriň hataryna goşulýar. Sözüň düýp manysynda, ykdysady jedeller bilen bagly dolandyryş hukuk ähmiýetli faktlary anyklamak we batyp galmak gatnaşyklaryndan gelip çykýan işlerde ykdysady işler diýen düşünjä girýärler. Şunuň ýaly çemeleşme, TRIÝK-da raýat işleri babatda hem ulanylýanlygyny belläp geçmek gerek.

„Arbitraž işleri“ diýen düşünje kazyýetlerde garalýan maddy-hukuk häsiýeti bar bolan ykdysady jedelleriň düýp manysyny bermeýär. „Arbitraž işleri“ diýen düşünje „kazyýet işleri“, „prokuror işleri“, „kepillendiriş işleri“ ýaly we ş.m. düşünjeler bilen bir hatarda ulanylýar.

Raýat we jenaýat işleri diýen düşünjeleriň manysy başgadyr. Raýat ýa-da jenaýat işleri diýlip, şol jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän maddy (raýat we jenaýat) hukuklaryň pudaklaryna düşünilýär. Edil şunuň ýaly baglanyşygy, hukugyň zähmet, maşgala we beýleki maddy hukuk pudaklary boýunça hem getirmek bolýar.

Arbitraž iş ýöredişi we maddy hukuk diňe görnüş (forma) bilen mazmunyň gatnaşygy hökmünde ýüze çykýar. Arbitraž iş ýöredişi ykdysady jedeller bilen bagly bozulan we jedelli raýat hukuklarynyň we bähbitleriniň mejbury goragyny üpjün etmegiň görnüşi bolup durýar.

Arbitraž iş ýöredişinde, raýat iş ýöredişinde hem durmuşa geçirilýän maddy hukuk kanun – raýat hukugydyr. Ykdysady hukuk gatnaşyklarynyň hem TRK-nyň kadalary tarapyndan düzgünleşdirilýändigini bellemek zerurdyr. Şeýlelikde, raýat-hukuk (ykdysady-hukuk) kadalarynyň goraglylygy TAIÝK-nyň we TRIÝK-nyň kadalary bilen üpjün edilýär.

RF-nyň AIÝK-da „arbitraž işleri“ diýen düşünje ýokdyr, onuň deregine ykdysady jedeller bilen bagly raýat, dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan, şeýle hem hukuk ýagdaýlaryny anyklamak boýunça işleri öz içine alýan „Arbitraž kazyýetde garalýan işler“ diýen düşünje ulanylýar.

Ykdysady işler kazyýetleriň we bitarap kazyýetleriň garamagyna degişlidir. Kazyýet çözgüdi çykarylýança, taraplaryň ylalaşygy boýunça, islendik ykdysady iş bitarap kazyýetiň garamagyna geçirilip bilner (TAIÝK-nyň 23-nji maddasy).

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 21-nji iýulynda çykaran 1409 belgili kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň ýanynda Arbitraž döredildi, şol karar bilen hem onuň Düzgünnamasy tassyklanyldy.

Şol Düzgünnamanyň 1-nji bendine laýyklykda bitarap kazyýetde raýat hukuk geleşiklerinden gelip çykýan jedelleriň bir tarapynda daşary ýurt ýuridik şahsy

gatnaşýan işler garalýar. Şeýlelikde, söwda senagat palatasynyň arbitražynda ýerli telekeçilik kärhanalarynyň we hususy telekeçileriň gatnaşmagyndaky özara jedelleri garalmaga degişli däl.

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražynyň çözgüdi, döwlet tarapyndan ykrar edilmeýänligi sebäpli, meýletin ýerine ýetirilmäge degişlidir. Ol çözgütleri Arbitraž kazyýetine şikaýat (teklipnama, garşylyknama) getirmek tertibi göz öňünde tutulmadyk. Dogrusy, bitarap kazyýetiň çözgüdi bilen närazy ýuridik şahslar jedeli çözmek üçin Arbitraž kazyýetine umumy esaslarda ýüz tutup bilerler.

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražyny täjirçilik arbitraž kazyýetleri bilen garyşdyrmaly däl. Bitarap kazyýetler, jedelli ýagdaýlary düzgünleşdirýän hukuk tertibi hökmünde, meýilleşdirme esasynda guralan sosialistik ykdysadyýeti döwründe döredilipdi. Bu institutlaryň gabat gelýän kadalary hem bar, ýöne olary hiç bir ýagdaýda meňzeş hasaplamak bolmaýandygy gürrüňsizdir. Türkmenistanda entek „Täjirçilik arbitraž kazyýetleri hakynda“ kanun kabul edilmedi.

Mundan başga-da bitarap kazyýetleriň çözgütleriniň mejbury ýerine ýetirilmeginiň mümkinçiligi halkara tejribesinde örän wajyp wezipe hökmünde garalýar. Muňa mysal edip, RF-nyň AIÝK-da bitarap kazyýetleriň çözgütlerini jedelli hasaplamak we olary mejbury ýerine ýetirmek üçin ýerine ýetiriş resminamalaryny bermek hakyndaky işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemek bilen ol hereketleriň jikme-jik beýan edilýändigini görkezmek bolar (30-njy bap).

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň Arbitražyna ýüz tutulýan ýagdaýlary tejribede seýrekdir. Şonuň üçin hem ykdysady işlere garaýan esasy edara hökmünde Arbitraž kazyýet çykyş edýär.

Işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň birnäçe toparlandyrylyşy bar.

Diňe kazyýetiň garamagyna degişli işler – bu ýagdaýda iş diňe degişli kazyýetler tarapyndan garalyp we çözülip bilner. Şu ýerde we mundan beýläk ykdysady işlere Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde nägilelik we gözegçilik tertibinde garamaklyk hem göz öňünde tutulýar.

TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda kazyýetde garalmaga degişli bolmadyk jedeller hem bardyr. Olar aşakdakylardan ybarat:

- Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda çözülmegi başga edaralaryň garamagyna degişli edilen jedeller;
- harydyň nyrhyny, kärende töleginiň möçberini, şeýle hem ýerine ýetirilen hyzmatlar (ýerine ýetirilen işler) üçin nyrhlary bellemek hakyndaky jedeller;
- taraplar üçin hökmany bolan resminama esaslanmaýan şertnamany baglaşmaga mejbur etmek hakynda arzalar.

Işiň kazyýetiň garamagyna şertli degişliligi – kanun ýa-da şertnama esasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, jedelleriň kazyýete çenli düzgünleşdirilmegi hökmanydyr. Ýogsa bu jedel kazyýetiň garamagyna kabul edilip bilinmeýär (TAIÝK-nyň 4-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

Işiň kazyýetiň garamagyna şertnamalaýyn (alternatiw) esasda degişliligi – taraplaryň ylalaşygy boýunça gozgalan iş bitarap kazyýetiň garamagyna geçirilip bilner (TAIÝK-nyň 23-nji maddasy).

### b) Işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünleri

Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünleri, TAIÝK-nyň 22-nji maddasynda berkidilendir. Onda, kazyýet önümçiliginiň üç görnüşi boýunça garalýan ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi göz öňünde tutulandyr:

- talap önümçiligi boýunça garalýan işler (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 1-7-nji, 9-njy bentleri);
- dolandyryş we beýleki jemagat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 8-nji, 10-njy, 11-nji bentleri);
- aýratyn önümçiligiň işleri (TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 2-nji böleginiň 12-nji bendi).

Dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan we aýratyn önümçilikden gelip çykýan işlere kazyýet önümçiliginiň umumy kadalary, ýagny talap önümçiligiň kadalary boýunça, ýöne önümçiligiň şu görnüşleri üçin kanunda göz öňünde tutulan aýratynlyklardan ugur alyp garalýar.

Dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler barada aýdylanda, TAIÝK-nyň ýokarda getirilen maddasyndan başga hiç-hili kada ýok. Seljerilýän meseläniň käbir taraplaryny düzgünleşdirýän aýratyn kadalar bar, ýöne olar bu görnüşde garalýan işler üçin zerur bolan hukuk meýdançasyny emele getirmeýärler.

Şonuň üçin hereket edýän iş ýörediş kanunçylygynyň çäklerinde bu işleri gozgamagyň aýratynlyklary, işi kazyýet seljerşine taýýarlamak we seljermek, olar boýunça çözgütleri ýerine ýetirmek hakynda anyk bir zat aýtmak mümkin däl. Başgaça aýdylanda, TAIÝK-da bu işlere garamagyň we çözmegiň iş ýörediş tertibi soňuna çenli düzgünleşdirilmedik. Şoňa görä-de bu işleri kazyýetde garamaklygy hem çözmekligi göz öňüne getirmek kyn.

TRIÝK-da we RF-nyň AIÝK-da bu işleriň garalmagynyň aýratynlyklaryny düzgünleşdirýän ýörite baplary bar, olarda bolsa, ilkinji nobatda, kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna degişli edip bolýan işleriň sanawy berkidilendir.

Talap önümçiliginden tapawutlylykda, bu ýerde raýat hukugy barada jedeliň ýoklugy şu kazyýet önümçiliginiň esasy aýratynlygy bolup durýar. Arbitraž iş ýörediși tertibinde kazyýet dolandyryş-hukuk, maliýe-hukuk we döwlet-hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan jedellere garaýar.

TAIÝK-nyň 18-nji baby „Işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça önümçiligiň aýratynlyklary“ diýlip atlandyrylýar. Onda hususanda işleriň aýratyn görnüşleri ýaly, hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklaýan işler görkezilýär. TAIÝK-nyň 120-nji maddasynda bu işleriň kazyýet önümçiliginiň „umumy düzgünleriniň esasynda“ garalýandygy we olar boýunça arzalar, görkezilen kodeksiň 70-nji maddasyna

laýyklykda resmileşdirilýändigi aýdylýar. Bu maddada talap arzanyň görnüşi (formasy) we mazmuny berkidilendir.

Bu meselede kanunçykaryjynyň logikasyna eýermek kyn. Aýratyn önümçiligiň işleri talap önümçiliginiň işlerinden düýpli tapawutlanýar. Eýsem aýratyn önümçiligiň işlerine garamagyň iş ýörediş aýratynlyklary nämeden ybarat? Haýsy hukuk ýagdaýlarynyň kazyýet tarapyndan anyklanyp bilinýändigi, olaryň kim tarapyndan we nähili gozgalýandygyny, olaryň taýýarlanyşynyň we kazyýetde seljerilişiniň aýratynlyklarynyň nämeden ybaratdygyny we ahyrsoňunda bu çözgütleriň ýerine ýetirilişi baradaky soraglaryň jogaplary TAIÝK-da ýok.

Bu soraglaryň ählisine gutarnykly jogaplar, TRIÝK-da we RF-nyň AIÝK-da berilýär.

Edil dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler ýaly, TAIÝK-ny aýratyn önümçiligiň işlerine garamaklygyň we olary çözmekligiň tertibini hem düzgünleşdirmeýär.

Aýratyn önümçiligiň işleriniň hukuk ýagdaýy olarda düýbünden jedeliň ýokdugy bilen bagly bolup durýar. Bu ýerde hukuk „bähbitleri“ dürli hukuk ýagdaýlaryny anyklanmak ýoly bilen goralýar. Mysal üçin, RF-nyň AIÝK-sy aşakdaky ýagdaýlary anyklamak mümkinçiligini göz öňünde tutýar: gozgalmaýan emläge öz hususy emlägiň hökmünde eýelik etmek we ondan peýdalanmak; belli bir wagtda ýa-da belli bir ýerde ýuridik şahslary we hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almak we beýlekiler (218-nji madda). Faktlary kazyýet tertibinde tassyklamak geljekde degişli hukuklary goramak üçin ulanylýar.

Aýratyn görnüşli iş hökmünde TAIÝK-nyň 119-njy maddasynda batyp galmak hakyndaky işlere garamak hem berkidilendir. TAIÝK-da bu işlere garamagyň aýratynlyklary hakynda hem hiç zat aýdylmaýar, ýöne batyp galmagy ykrar etmek tertibi, Türkmenistanyň „Batyp galmak hakyndaky“ kanunynda ýeterlikli derejede giňden görkezilendir.

Şunuň bilen birlikde, şu günki gün hünärmenleriň arasynda batyp galmaklyk hakyndaky işleriň hukuk ýagdaýy baradaky mesele derwaýys bolup galýar. Olary hukuk önümçiliginiň haýsy görnüşine degişli etmeli? Eger, ýetirilen zyýanyň bergidar tarapyndan öwezini dolmagyň zerurlygyndan we bergini töläp bilmezliginden ugur alsaň, onda bu işler talap ediş işlerine golaý bolýar. Eger-de olara bergini töläp bilmezlik faktyny kazyýet tarapyndan tassyklamak nukdaýnazaryndan seretseň, onda olar aýratyn önümçilige ýakyn bolýar.

Biziň pikirimizçe, olary ne-hä bu işlere, ne-de beýleki işlere goşup bolýar. Bu işlerde kazyýet önümçiliginiň ähli üç görnüşiniň düzüm böleklerini (elementlerini) hem tapmak bolýar. Emma bu ýerde gürrüň TAIÝK-da has anyk berkidilmegini talap edýän, garamak we çözmek babatda aýdyň aýratynlyklary bar bolan işiň adaty bolmadyk görnüşi barada gidýär.

Ykdysady işleriň talap önümçiligine degişli edilmegini, biziň pikirimizçe, aşakdaky alamatlar boýunça amala aşyrmak mümkindir.

Arbitraž iş ýöredişiniň çäklerinde raýat (ykdysady) hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan ykdysady jedeller kazyýetiň garamagyna degişlidir. Raýat kazyýet iş ýöredişinde talap ediş tertibinde, raýat işinden başga-da, maşgala, ýaşaýyş, zähmet

gatnaşyklaryndan gelip çykýan, şeýle hem tebigy gorlary ulanmak, daşky gurşawy goramak boýunça jedellere garalýar.

Eger jedel raýat hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan bolsa we jedeliň bir tarapy raýat bolsa, onda bu işe raýat kazyýet önümçiliginiň kadalary boýunça umumy kazyýetler tarapyndan garalýar.

Kazyýet ykdysady işlere taraplar ýuridik şahs we (ýa-da) hususy telekeçiler bolan ýagdaýynda garaýar.

Ýuridik şahsy döretmezden, telekeçilik işini ýöredýän fiziki şahslar hakynda gürrüň gozgalanynda TAIÝK-nyň 2-nji maddasynda bu düşünjäniň „fiziki şahs“ diýen gysga aňlatmasy ulanylýar. TRK-da fiziki şahs hökmünde Türkmenistanyň raýatlaryna, daşary ýurtly raýatlara we raýatlygy ýok adamlara düşünilýär (19-njy madda). Bu aňlatmanyň iki manyda ulanylmaklygy hukuk ulanyş tejribesinde bulam-bujarlyk we kynçylyk döredýär. Şunuň bilen baglylykda, TAIÝK-da fiziki şahs aňlatmasynyň deregine „hususy telekeçi“ aňlatmasy ulanylsa ýerlikli we hemmelere düşnükli bolardy. Edil şunuň ýaly çemeleşme RF-nyň AIÝK-da hem resmi berkidilendir (27-nji madda).

Ýokardaky ýagdaýlaryň bar halatynda kanun işiň kazyýete degişlilik kadasyndan çykma hökmünde, ykdysady işlere garamaklygy we çözgüt çykarmaklygy beýleki edaralaryň üstüne ýüklemek mümkinçiligin-de göz öňünde tutýar.

TAIÝK-nyň 22-nji maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda kazyýet öz garamagyna berlen beýleki ykdysady işlere garamaga hem haklydyr. Kazyýet ýurysdiksiýasy barha giňeýär. Kazyýetiň garamagyna degişli edilen işleriň sanawyny saldamly möçberde dolduran Türkmenistanyň salgyt kodeksi ýokarda aýdylanlara mysaldyr.

Arbitraž kazyýeti daşary ýurtlylaryň gatnaşmagyndaky işlere hem garaýar.

Gynansak-da, işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi hakynda TRIÝK-da (25-nji maddasynyň 2-nji bölegi) we RF-nyň AIÝK-da (27-nji maddasynyň 5-nji bölegi) göz öňünde tutulşy ýaly, TAIÝK-nyň 22-nji maddasynda, daşary ýurt kärhanalarynyň hem guramalarynyň, telekeçilik işini amala aşyrýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň arbitraž kazyýet önümçiligine gatnaşmak mümkinçilikleri barada hiç zat aýdylmaýar.

Şol bir wagtda, kanun diňe Arbitraž kazyýetiň garamagyna degişli işleriň sanawyny kesgitlände, olaryň hataryna daşary ýurt ýuridik şahslarynyň we fiziki şahslaryň gatnaşmaklaryndaky jedelleri hem degişli edýär (TRIÝK-nyň 24-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Şeýlelikde, kanun tarapyndan kazyýetiň garamagyna degişli edilmedik jedelleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmegine şaýat bolýarys. Umumy kada boýunça jedel ilkinji nobatda kazyýetiň garamagyna degişli edilmelidir.

TAIÝK-nyň 4-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, daşary ýurtlaryň ýuridik şahslary ýa-da fiziki şahslary şu kodeksde, beýleki kanunlarda, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda ýa-da taraplaryň ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda Arbitraž kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.

Ýerli, şol sanda daşary ýurt hojalyk subýektleriniň gatnaşmagynda baglaşylýan şertnamalarda, adatça, gelejekde ýüze çykyp biljek jedelleri çözmegiň

tertibi we şertleri bellenilýär. Eger-de şertnamanyň mazmunynda taraplaryň jedelleriniň Arbitraž kazyýetine berilmegi göz öňünde tutulan bolsa, onda jedel daşary ýurt ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň arzasy boýunça hökmany suratda görkezilen kazyýetde garalmaga degişlidir. Şeýle ylalaşygyň Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda hem göz öňünde tutulmagy mümkindir.

Emma, TAIÝK-ny iş gozgamak maksady bilen daşary ýurt şahslarynyň Arbitraž kazyýetine ýüz tutmak mümkinçiligini göz öňünde tutmaýar.

Ýokarda getirilen seljermeden görnüşi ýaly, telekeçilik işini amala aşyrýan daşary ýurt kärhanalarynyň we guramalarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlylygy ýok adamlaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň kazyýet tarapyndan goraglylygy TAIÝK-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär we iş ýörediş kanunçylygyň şu jähtden üstünde işlenilmegini talap edýär.

Dogrusy, Türkmenistanyň maýa goýumlar hakyndaky kanunçylygy daşary ýurt ýuridik we fiziki şahslaryň öz hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen Arbitraž kazyýete ýüz tutmak mümkinçiligini göz öňünde tutýar we ony kepillendirýär. Ýöne bu düzgün TAIÝK-da daşary ýurt şahslarynyň gatnaşmagyndaky ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligini kanun taýdan berkitmegiň derwaýyslygyny we zerurlygyny aradan aýyrmaýar, sebäbi hut şu ýerde bozulan hukuklaryň we kanun taýdan goralýan bähbitleriň goraglylygyny amala aşyrmagyň tertibi berkidilmelidir.

## §2. Ykdysady işleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi

### a) Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje

„Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi“ düşünjäniň kömegi bilen kazyýetiň garamagyna degişli edilen işiň haýsy kazyýetde garalmalydygy kesgitlenilýär.

Şu ýerde Türkmenistanyň kanunlarynda bolup geçen käbir özgertmeler bilen bagly hukuk seljerişini geçirmeklik zerurlygy ýüze çykýar.

2000-nji ýylyň 14-nji fewralynda Türkmenistanyň Ýokary hojalyk sudy ýatyryldy hem-de Türkmenistanyň Araçy sudy döredildi. Türkmenistanyň Araçy sudunyň döredilmeginiň yzysüre şol bir wagtda TRIÝK-na, şeýle hem “Türkmenistanyň sud gurluşy we sudýalaryň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň kanunyna welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerine ykdysady işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde garamak ygtyýarlygyny bermek barada goşmaça girizildi.

2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi bilen “Türkmenistanyň sud gurluşy we sudýalaryň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň kanuny ýatyryldy. Şol kanuna welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri babatda goşmaça girizilen ýokarda agzalan ygtyýarlyk “Kazyýet hakynda” täze kanunda göz öňünde tutulmady. Şoňa görä-de TRIÝK-dan hem welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere garamak ygtyýarlygy aýrylmalymy diýen sorag ýüze çykdy.

Şeýle soragyň döremegi üçin hiç-hili hukuk esasy ýokdur. Kanunçykaryjy 2000-nji ýylda, ýokarda agzalan iki kanunda jedelli meseläni düzgünleşdiripdir. Indi bolsa olaryň birinden bu kadany aýrypdyr. Ýöne onuň ikinjisinde kada üýtgewsiz dur. Şol bir mesele hökman iki kanunda düzgünleşdirilmeli diýlen kada Türkmenistanyň kanunçylygynda ýok. Aslynda "Türkmenistanyň sud gurluşy we sudýalaryň hukuk ýagdaýy hakynda" Türkmenistanyň kanunynda şu kadany berkitmekde başda hiç-hili zerurlyk ýokdy.

Tejribede şol bir meseläniň iki kanunda düzgünleşdirilýän ýagdaýlary başga-da bar. Muny biziň meselämiz bilen gös-göni bagly prosesual kadalaryň mysalynda seljerip göreliň.

Türkmenistanyň "Kazyýet hakynda" kanunynda adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň ýörelgeleri birnäçe özbaşdak maddalarda doly derejede bolmasa-da berkidilýär. Türkmenistanyň ähli iş ýörediş kodekslerinde hem bu prosesual ýörelgeler düzgünleşdirilýär. Russiýa Federasiýasynyň "Russiýa Federasiýasynda arbitraž kazyýetler hakynda" kanunynda hem prosesual kadalar ýerleşdirilen. Mysal üçin, agzalan kanunyň 10-njy maddasynda RF-nyň Ýokary arbitraž kazyýetinde garalýan işleriň sanawy berilýär, ýagny ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi kesgitlenýär.

Görşüňiz ýaly, "Kazyýet hakynda" kanunda ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna, şeýle hem belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň kanun esasynda berkidilmeginiň özi diňe bir Türkmenistanyň kanunçylygyna mahsus däl eken.

Eger-de "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň degişli maddasynda welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde garamaga bolan ygtyýarlygy galdyrylan bolsa, onda bu işlere welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri garamalymy diýen sorag ýüze çykmazdy.

Jedelli mesele hakykat ýüzünde bar diýip göz öňüne getireliň. Onuň kanuny çözgüdi nähili bolup biler?

Hukugyň nazaryýetinde "kanunyň gapma-garşylygy (kolliziýasy)" diýen düşünje bar. Olary çözmegiň tertibi kanunda berkidilýär. Mysal üçin, mesele çözülende hukuk güýjüniň derejesi boýunça (kanunlaryň iýerarhiýasy[1]) pes derejedäki kadalaşdyryjy hukuk nama ondan ýokarda durýan kadalaşdyryjy hukuk nama ters gelen ýagdaýynda hukuk güýji boýunça ýokary derejedäki nama ýa-da deň güýçdäki iki hukuk namanyň soňky kabul edileni ulanylmaga degişlidir. Şu kadalaryň ikisi-de "Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň kanunynda göz öňünde tutulandyr (3-nji we 14-nji maddalar).

Ýokarda agzalan hukuk jedelini çözmek üçin bu kadalaryň ikisiniň-de ähmiýeti ýokdur. Käbir döwletleriň kanunçykaryjylyk tejribesinden tapawutlylykda, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamynda kodeks kanunyň adaty bir görnüşi hökmünde berkidilendir.[2] Munuň özi TRIÝK bilen "Kazyýet hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň güýjüniň derejesiniň deňligini aňladýar.

[1]Iýerarhiýa-"hieros-mukaddes, arche-häkimiýet" diýen grek sözlerinden gelip çykyp, bir bütewi ulgamyň düzüm bölekleriniň ýokardan aşaklygyna beýikden-pese çenli ýerleşiş tertibini aňladýar.
[2] "Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 3-nji maddasy.

Bu iki kanunyň arasynda gapma-garşylygam ýüze çykyp bilmeýär, sebäbi jedelli mesele şu günki günde diňe TRIÝK-da düzgünleşdirilýär. “Kazyýet hakynda” täze kanundan bolsa bu kada aýryldy. Şeýlelikde, gapma-garşy goýmaga kada ýok. Diýmek, soňky kabul edilen kanuny ulanmak kadasy-da biziň mysalymyzda ulanylmaga degişli däl bolýar.

Hukugyň nazaryýetinde kanunyň gapma-garşylygyny çözmäge gönükdirilen, özi-de biziň meselämize ýakyn ýene-de bir kada bar. Ol hem jedelli ýagdaý çözülende ýörite hukuk namanyň umumy nama garanyňda artykmaçlygyň berilmegi. Ýöne bu kada maddy we prosesual kanunlaryň arasyndaky gapma-garşylygy düzgünleşdirmek babatda biziň kanunçylygymyzda göz öňünde tutulmaýar. Netijede, TRIÝK ýörite kanun, şonuň üçin hem jedelli meselede diňe şu kodekse gollanmaly diýip aýdyp bolmaýar.

Aýdyňlyk bolmagy üçin şu tejribä ýüzlenmekligi maksadalaýyk hasaplaýarys. TRK-nyň 2-nji maddasynda maşgala, ýaşaýyş jaý, zähmet, tebigy baýlyklardan peýdalanmak we töwerekdäki gurşawy goramak bilen bagly gatnaşyklar babatda olary düzgünleşdirýän ýörite kanunlaryň raýat kanunçylygyndan artykmaçlygy barada bellenýär. Başgaça düşündirilende, şol bir jedelli gatnaşyk haçan-da TRK hem-de ýörite kanun bilen düzgünleşdirilende, onda onuň soňkusy ulanylmaga degişlidir.

Biziň pikirimizçe, TRIÝK-da welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň ykdysady işlere garamak ygtyýarlygy hökman galdyrylmaly. Şu meselä onuň tejribede döredip biljek hukuk netijelerini, şeýle hem Arbitraž kazyýetiň geljegini nazara alyp çemeleşmek gerek.

Eger-de welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri ykdysady işlere garamaly däl edilse, onda munuň özi, birinjiden, Arbitraž kazyýetiň iş möçberini düýpli artdyrar, ikinjiden, kazyýet goragyna mätäç şahslar üçin düşündirilmegini talap etmeýän birnäçe oňaýsyzlyklary döreder, ahyrynda hem ýuridik şahslar we hususy telekeçiler üçin döwlet tarapyndan kazyýet goraglylygyny üpjün etmek wezipesini göwnejaý gurap bolmaz. Onsoňam, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnuklylygy, giň göwrümlerde, köpugurly ösdürilmegi hem-de onuň dünýä ykdysadyýetine üznüksiz integrirlenmegi, ykdysady işler boýunça geljekde ýörite kazyýet ulgamynyň emele gelmegine getirer diýen pikirimiz bar.

Aýdylanlardan ugur alynsa, onda häzirki wagtda ykdysady işleriň welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerinde garalmagy dogry. Bu kazyýetler ykdysady işlere garanlarynda TAIÝK-na gollanmalydyrlar. Başgaça aýdylanda, ykdysady işler babatda arbitraž iş ýöredişini düzgünleşdirýän hukuk pudagynyň kadalary ulanylmalydyr.

Düşnüksiz sebäplere görä, ykdysady işler TRIÝK-nyň $15^1$-nji maddasyna laýyklykda kazy tarapyndan ýekelikde garalmaly işleriň sanawyna goşulypdyr. Biziň pikirimizçe, bu meselede hem TAIÝK-nyň degişli maddasy ulanylmaly. Şu kanunyň 14-nji maddasyna laýyklykda ykdysady işler ýekelikde, şonuň ýaly-da bellenen tertipde professional kazylaryň gatnaşmagynda bilelikde garalyp bilner. Şeýlelikde, TRIÝK-nyň $15^1$-nji maddasynyň sanawyndan ykdysady işleri aýyrmak zerur. TRIÝK-da esasy çözülmeli mesele, ol hem ykdysady işleriň umumy

kazyýetleriň garamagyna degişli edilmegi. Bu mesele agzalan kodeksiň 25-nji maddasynda düzgünleşdirilýär.

Ykdysady işler Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Arbitraž kazyýeti, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri tarapyndan garalýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti ykdysady işlere diňe nägilelik we gözegçilik tertibinde garaýar (Türkmenistanyň „Kazyýet hakynda“ kanunynyň 38-nji maddasynyň 2-nji bölegine, 46-njy maddasynyň 2-nji bölegine serediň).

Kanun Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýet hökmünde ykdysady işlere garamak ygtyýarlygyny kesgitlemeýär. Onuň esasy wezipesi nägilelik we kazyýet gözegçiligi tertibinde birinji basgançakly kazyýetleriň ýalňyşlaryny ýüze çykarmakdan, şeýle-de onuň işine gözegçilik etmekden, maddy hukuk we iş ýörediş hukuk kadalaryna dogry we bir meňzeş düşünilmegini we ulanylmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, birinji basgançakly kazyýet hökmünde, has çylşyrymly we wajyp ykdysady işlere garamaga we çözgüt çykarmaga ygtyýarly edilmeli. Bu kada, TRIÝK-da (116-njy madda), şeýle hem RF-nyň AIÝK-da (34-nji madda) göz öňünde tutulyşy ýaly, kanunda berkidilse dogry bolardy.

TAIÝK-nyň 24-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda diňe Arbitraž kazyýetde garalmaga degişli edilen jedeller aşakdakylardan ybaratdyr:

- taraplaryň biri daşary ýurt ýuridiki ýa-da fiziki şahsy bolan jedeller;
- merkezi edaralaryň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna gabat gelmeýän, ýuridiki we fiziki şahslaryň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini bozýan, kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk namalaryny hakyky däl (tutuşlygyna ýa-da bölekleýin) diýip hasap etmek hakynda, şeýle-de bu namalaryň ulanylmagy bilen baglanyşykly ýitgileriň öwezini dolmak hakyndaky jedeller;
- ýuridiki we fiziki şahslaryň batyp galandygy hakyndaky jedeller;
- jogapçylaryň aýry-aýry welaýatlarda ýa-da haýsy hem bolsa bir welaýatda we Aşgabat şäherinde ýerleşen ýagdaýyndaky jedeller.

Kazyýet tarapyndan „merkezi edaralaryň“ kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk hukuk namalarynyň hakyky däl diýip hasap edilmegi hakynda aýdylanda, bu ýerde haýsy merkezi edaralar barada gürrüň barýandygyny aýdyňlaşdyrmaly.

Hususan-da RF-nyň AIÝK-da bu düşünje häkimiýetiň ähli derejelerini öz içine alýar. Şunda diňe bir kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmadyk hukuk namalary däl, eýsem häkimiýetiň ähli derejesindäki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hem hakyky däl diýip hasaplamak mümkinçiligi göz öňünde tutulýar (23-nji we 24-nji baplar).

Eger-de Arbitraž kazyýeti ykdysady işlere garamak boýunça ýeke-täk kazyýet edarasy hökmünde hereket etmeli bolsa, onda TAIÝK-nyň 24-nji maddasynyň 2-nji bölegini aýyrmaly, bu maddanyň 1-nji bölegini bolsa, Türkmenistanyň „Kazyýet hakyndaky“ kanunynyň 32-nji maddasyna laýyk getirmeli.

### b) Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň görnüşleri

Ykdysady işleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişli edilmeginiň umumy kadalary TAIÝK-nyň 25-nji maddasynda kesgitlenilýär. Umumy kadalara laýyklykda talap arza kazyýete jogapçynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär. Ýuridiki şahsyň özbaşdak bölüminiň (şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň) işi bilen baglanyşykly talap arzasy onuň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär.

Şu maddada we TAIÝK-nyň käbir beýleki maddalarynda talap arzasynyň jogapçynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýändigi hakynda aýdylýar. Eger-de işe jogapçy hökmünde ýuridiki şahsy döretmezden hususy telekeçi bolup çykyş edýän fiziki şahs gatnaşsa, onda talap arzasy onuň ýaşaýan ýeri boýunça bildirilmeli. Kanunda bu mesele düzgünleşdirilmäge degişli.

Talabyň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň umumy kada hökmünde jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri ýa-da onuň bölüminiň ýerleşýän ýeri boýunça kesgitlenmegi talap arzasynyň bildirilmeginiň onuň hökmany kanagatlandyrylјakdygyny aňlatmaýandygy bilen düşündirilýär. Elbetde, jogapça onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça talap arzasyndan goranmaklyk aňsat bolýar, sebäbi oňa gerekli subutnamalary ýygnamak ýeňil düşýär. Talapçy hem bu ýagdaýda hiç zat ýitirmeýär. Eger-de ol işi utsa, jogapçy onuň ähli kazyýet çykdajylarynyň öwezini dolmaly bolýar.

Talap arza şahamçanyň ýa-da wekilhananyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär, haçanda talap onuň işi bilen gönüden-göni bagly bolsa.

TRIÝK-na (118-nji maddasynyň 3-nji bendi) we RF-nyň AIÝK-na (36-njy maddasynyň 5-nji bendi) laýyklykda ýokarda agzalan ýagdaýlar ýüze çykanda talap arzasyny bildirmeklik işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň alternatiw esaslary baradaky kadalary bilen düzügünleşdirilýär. Munuň özi talap arzasynyň ýuridiki şahsyň ýerleşýän ýeri şonuň ýaly-da onuň özbaşdak bölüminiň ýerleşýän ýeri boýunça-da bildirilip bilinýändigini aňladýar.

Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitlemegiň umumy düzgünlerinden kadadan çykmalar bar. Olaryň her biriniň üstünde aýratyn durup geçeliň.

Talap arza bildirilmeli kazyýeti talapçynyň saýlamagy boýunça kesgitlemek (TAIÝK-nyň 26-njy maddasy). Muňa jedeli çözjek kazyýeti alternatiw esasda saýlap almak diýilýär.

Ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri näbelli bolan jogapça bildirilýän talap onuň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky belli ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner (TAIÝK-nyň 26-njy maddasynyň 1-nji bendi).

Kanun boýunça jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri talapçy tarapyndan aýdyňlaşdyrylmaga degişlidir. Eger-de talapçy hakykatdan hem jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerini bilmeýändigini subut etse, onda onuň jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky belli bolan ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça kazyýete talap arzasyny bildirmäge hukugy bardyr. Ýogsa talap arza kabul edilmäge degişli däldir.

Türkmenistanyň ýuridiki şahsy ýa-da hususy telekeçisi bolup özi-de daşary ýurduň çäginde ýerleşýän jogapça bildirilýän talap talapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan)

ýeri ýa-da jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner (TAIÝK-nyň 26-njy maddasynyň 2-nji bendi).

Ýerine ýetirilmeli ýeri şertnamada görkezilen ylalaşykdan gelip çykýan talap şertnamanyň ýerine ýeririlmeli ýerindäki kazyýete bildirilip bilner (TAIÝK-nyň 26-njy maddasynyň 3-nji bendi). Şeýle zerurlyk, haçan-da jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri bilen şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýeri gabat gelmeýän halatynda ýüze çykýar.

Kanunçykaryjy işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça taraplaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerlerine garamazdan jedelleri çözmek üçin ýüz tutup bolýan anyk kazyýetleri kesgitleýär. Şu ýagdaýda şertnama bilen hem işiň diňe belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini üýtgedip bolmaýar. Bu kada, haçan-da talap jedelli obýektleriň ýerleşýän ýeri, subutnamalaryň jemlenen ýeri boýunça kazyýete bildirilende, işiň dogry we çalt garalmagy üçin has amatly şertleri döredýär.

TAIÝK-nyň 28-nji maddasyna laýyklykda bina, desga, ýer bölegine we beýleki gozgalmaýan emläge eýelik etmek hukugyny ykrar etmek hakyndaky, olary başga biriniň bikanun eýeçilik etmeginden talap edip almak hakyndaky, zat eýesiniň ýa-da başga kanuny esasda zada eýeçilik edýäniň, eýeçilikden mahrum etmek bilen bagly bolmadyk, hukuklarynyň bozulmalaryny aradan aýyrmak hakyndaky talap arzalar binanyň, desganyň, ýer böleginiň we beýleki gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýerleri boýunça bildirilýär (1-nji bent).

Ýük daşamak hakynda şertnamadan gelip çykýan, şol sanda haçan-da ýük daşaýjy jogapçylaryň biri bolan ýagdaýynda-da, talap ýük daşaýja onuň edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär. (2-nji bent).

TAIÝK-nyň 27-nji maddasy hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamak boýunça işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini kesgitleýär.

Bu işler arza bilen ýüz tutýanyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerindäki kazyýetde garalýar. Bina, desga, ýer bölegine we beýleki gozgalmaýan emläge eýeçilik etmek ýagdaýyny anyklamak bilen bagly işler ol binanyň, desganyň, ýer böleginiň we beýleki gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýerindäki kazyýetde garalýar.

Ýuridiki we fiziki şahslar üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen kanunda taraplaryň ylalaşygy esasynda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna çägi (territoriýasy) boýunça degişliliginiň üýtgedilmegi, ýagny işiň bir welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetinden beýleki bir kazyýete ýa-da Arbitraž kazyýetinden welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetine geçirilmegi we tersine amala aşyrylmagy göz öňünde tutulandyr (TAIÝK-nyň 29-njy maddasy).

Ýöne, bu kadanyň çäklerinde işiň Arbitraž kazyýetinden ýa-da welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetinden Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine geçirilmegine ýol berilmeýär. Şeýle-de işiň diňe belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi kadasy boýunça garalýan işler taraplaryň ylalaşygy esasynda beýleki bir kazyýete geçirilip bilinmez.

Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna şertnamalaýyn esasda degişliligi kadasy boýunça işiň belli bir kazyýetiň garamagyna umumy we alternatiw esasda degişliligi taraplaryň hat üsti bilen berkidilen ylalaşygy boýunça üýtgedilmäge degişlidir. Işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilmegine diňe işiň kazyýetde gozgalmazyndan oň ýol berilýär.

Garşylyklaýyn talap, onuň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligine garamazdan, ilkinji talabyň garalan ýeri boýunça kazyýete bildirilip bilner (TAIÝK-nyň 30-njy maddasy). Eger-de garşylyklaýyn talaba işiň diňe belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi barada kada ulanylmaly bolsa, onda ýokarda görkezilen kada bu ýagdaýda ulanylmaýar.

### ç) Işiň bir kazyýetden başga bir kazyýete geçirilmegi

TAIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky kadany berjaý etmek bilen kazyýetiň önümçiligine alnan iş, soňra taraplaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeriniň üýtgemegi bilen indi başga kazyýete garalmaga degişli bolsa-da , ol ilki iş açylan kazyýetde düýp mazmuny boýunça garalmaga degişli.

Bu kadadan iş gozgalýan pursady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň berjaý edilmelidigi gelip çykýar. Taraplaryň iş gozgalandan soňra ýerleşýän (ýaşaýan) ýerlerini üýtgetmeleri işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligini üýtgetmek üçin esas bolmaýar.

Işe gatnaşýan taraplar iş boýunça önümçilik dowam edýän döwürde salgysyny üýtgedendigi hakynda kazyýete habar bermäge borçludyrlar. Bu kada berjaý edilmedik ýagdaýynda iş ýörediş resminamalary kazyýete belli bolan soňky salgy boýunça iberilýär we adresat bu salgy boýunça ýerleşmeýän (ýaşamaýan) hem bolsa, olara resminamalar gowşurylan hasaplanylýar (TAIÝK-nyň 80-nji maddasy).

Kähalatlarda arza kabul edileninden soň bu işiň başga kazyýetde düýp mazmuny boýunça garalmagy maksada laýyk ýa-da zerur diýen netije çykarylýar. Işi beýleki bir kazyýete geçirmegiň esaslary TAIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 2-nji bölüminde kesgitlenendir. Olar aşakdakylardan ybarat:

- işe garalanda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi hakyndaky kadanyň bozulmagy bilen onuň bu kazyýetiň önümçiligine nädogry kabul edilendigi ýüze çykarylsa;
- eger-de bir ýa-da birnäçe kaza ynam bildirilmese we olary çalyşmaklyk bu kazyýetde mümkin bolmasa, şeýle-de „beýleki ýagdaýlarda“, haçan-da işiň bu kazyýetde garalmagy mümkin bolmasa.

Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, işiň bir kazyýetden beýleki kazyýete geçirilmegi Ýokary kazyýetiň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan amala aşyrylýar. Işi degişliligi boýunça beýleki bir kazyýete geçirmek barada kesgitnama çykarylýar we ol nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirilmäge degişlidir (TAIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

TRIÝK-nyň (122-nji madda) we RF-nyň AIÝK-nyň (39-njy madda) işi beýleki bir kazyýete geçirmegiň esaslaryny gutarnykly görnüşde kesgitleýär. Kazyýet ýalňyşlygyndan gaça durmak maksady bilen şular ýaly tejribe TAIÝK-na hem girizilse ýerlikli bolardy.

Ýokary kazyýetiň başlygy we onuň orunbasary işi bir kazyýetden beýleki bir kazyýete geçirmäge haklydyr (TAIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 5-nji bölegi). Bu kada haçan-da kazyýet önümçiliginde içgin taýýarlygy we seljermäni talap edýän

çylşyrymly işleriň köp bolan halatynda ulanylýar. Şeýle ýagdaý birnäçe kazynyň bir wagtda kesellemeginiň we ş.m ýagdaýlaryň netijesinde bolup biler.

Türkmenistanyň kazyýetleriniň arasynda işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi hakyndaky mesele boýunça jedellere ýol berilmeýär (TAIÝK-nyň 31-nji maddasynyň 4-nji bölegi). Bu kada işiň bir kazyýetden beýleki bir kazyýete esassyz geçirilmeginiň öňüni almaklyga, şeýle-de olaryň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmeklige gönükdirilendir.

**8-nji tema degişli çyzgylar. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi**

Çyzgy 8.1.




Çyzgy 8.2.



Çyzgy 8.3.




Çyzgy 8.4.



Çyzgy 8.5.




Çyzgy 8.6.



**Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliliginiň umumy kadalary**
(TAIÝK-nyň 25-nji maddasy)

Çyzgy 8.7.

Talap jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça bildirilýär

Talap jogapçynyň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär

Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligini talapçynyň saýlamagy boýunça kesgitlemek
(TAIÝK-nyň 26-njy maddasy)

Çyzgy 8.8.

Talapçy ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri näbelli bolan jogapçynyň garşysyna onuň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň soňky ýerleşen (ýaşan) ýeri boýunça kazyýete talap bildirip bilýär

Türkmenistanyň fiziki ýa-da ýuridik şahsy bolan jogapçy başga döwletiň çäginde ýerleşýän (ýaşaýan) bolsa, talap talapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýa-da jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýerindäki kazyýete bildirilýär

Şertnamadan gelip çykýan talap boýunça onuň ýerine ýetirilmeli ýeri belli edilen bolsa, onda talap şertnamanyň ýerine ýetirilýän ýerindäki kazyýete bildirilýär

Çyzgy 8.9.

**Diňe belli bir kazyýetde garalmaga degişli işler**
(TAIÝK-nyň 28-nji maddasy)

Binalara, desgalara, ýer böleklerine we beýleki gozgalmaýan emläklere eýeçilik hukugyny ykrar etmek hakynda, şeýle hem özgäniň bikanun eýeçiligindäki emlägi almak hakynda, eýelik etmek hukugyndan mahrum etmezden emläk eýesiniň we gaýry kanuny eýeleriň hukuklarynyň bozulmagyny aradan aýyrmak hakynda talaplar binaýň, desganyň, ýer böleginiň we gaýry gozgalmaýan emlägiň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär

Ýük daşamak hakynda şertnamadan gelip çykýan ýük daşaýja bildirilýän talap, şol sanda eger-de ýük daşaýjy jogapçylaryň biri bolan ýagdaýynda-da ýük daşaýjynyň edarasynyň ýerleşýän ýeri boýunça bildirilýär

Çyzgy 8.10.

**Hukuk ähmiýetli hakyky ýagdaýlary anyklamak baradaky ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi**
(TAIÝK-nyň 27-nji maddasy)

Arza arza bilen ýüz tutýanyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça bildirilýär

Bina, desga, ýer bölegine we gaýry gozgalmaýan emläklere eýelik etmek faktyny anyklamak baradaky arzalar görkezilen obýektleriň ýerleşýän ýerleri boýunça seljerilýär

Çyzgy 8.11.




Çyzgy 8.12.



**8-nji tema degişli testler: Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi**

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Ykdysady işler bitaraplar kazyýetine geçirilip bilner:**

- diňe kazyýetde iş gozgalmazyndan öň;
- diňe kazyýetde iş gozgalandan soň, ýöne kazyýetiň çözgüdi çykmazyndan öň;
- iş kazyýetde gozgalmazyndan öň, eger-de gozgalan bolsa onda kazyýetiň çözgüdi çykmazyndan öň;
- kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilmezinden öň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Ykdysady işler bitaraplar kazyýetine geçirilip bilner:**

- taraplaryň ylalaşygy esasynda;
- talapçynyň başlangyjy bilen;
- talapçynyň we kazyýetiň başlangyjy bilen;
- taraplaryň ylalaşygy esasynda ýa-da talapçynyň başlangyjy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Kazyýet önümçiliginiň umumy kadalary berkidilýär:**

- aýratyn önümçilikde;
- talap önümçiliginde;
- dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilikde;
- kazyýet önümçiliginiň ähli görnüşlerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Raýat hukugy hakynda jedel seljerilýär:**

- talap önümçiliginde;
- aýratyn önümçilikde;
- dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilikde;
- kazyýet önümçiliginiň ähli görnüşlerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Kazyýet önümçiliginiň haýsy görnüşinde hiç-hili jedel bolmaýar?**

- talap önümçiliginde;
- aýratyn önümçilikde;
- talap önümçiliginde we aýratyn önümçilikde;
- dolandyryş hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan işler boýunça önümçilikde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Eger-de raýat hukugy hakynda jedeliň taraplarynyň biri raýat bolsa, iş seljerilýär:**

- raýat kazyýet önümçiliginde;
- arbitraž kazyýet önümçiliginde;
- raýat we arbitraž kazyýet önümçiliklerinde;
- raýat ýa-da arbitraž kazyýet önümçiliklerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Eger-de raýat hukugy hakynda jedeliň iki tarapy hem hususy telekeçiler we (ýa-da) ýuridik şahslar bolsa iş seljerilýär:**

- raýat kazyýet önümçiliginde;
- arbitraž kazyýet önümçiliginde;
- raýat we arbitraž kazyýet önümçiliklerinde;
- raýat ýa-da arbitraž kazyýet önümçiliklerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Arbitraž kazyýete ykdysady jedellerini çözmek üçin ýüz tutup bilýärler:**

- diňe daşary ýurt ýuridik şahslary;
- diňe daşary ýurt raýatlary we raýatlygy ýok adamlar;
- daşary ýurt ýuridik şahslary, daşary ýurt raýatlary ýa-da raýatlygy ýok adamlar;
- daşary ýurt ýuridik şahslary we hususy telekeçileri.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Ykdysady işler garalýar:**

- Arbitraž kazyýetde;
- Arbitraž kazyýetde, welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetlerinde, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde;
- Arbitraž kazyýetde, şeýle hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde;
- Türkmenistanyň kazyýet ulgamynyň ähli düzümlerinde.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**10) Şu jedelleriň haýsysy TAIÝK-na laýyklykda diňe Arbitraž kazyýetde garalmaga degişli?**

- zyýanyň öwezini dolmak hakynda;
- batyp galmak (bankrotlyk) hakynda;
- karzy yzyna gaýtarmak barada;
- ammary boşatmak hakynda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Birinji basgançakly kazyýet hökmünde ykdysady işlere garamaga ygtyýarly:**

- etrap kazyýetleri;

- welaýat (Aşgabat şäher) kazyýetleri;
- Arbitraž kazyýeti, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleri;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**12) Nägilelik kazyýeti hökmünde ykdysady işlere garamaga ygtyýarly:**

- Arbitraž kazyýeti;
- welaýat (Aşgabat şäher) kazyýeti;
- Arbitraž kazyýet we welaýat (Aşgabat şäher) kazyýeti;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Daşary ýurtlularyň gatnaşmagyndaky işler kazyýetde seljerilýär, eger-de:**

- taraplaryň ikisi hem daşary ýurt ýuridik ýa-da fiziki şahslary bolsa;
- taraplaryň iň bolmanda biri ýuridik ýa-da fiziki şahsy bolsa;
- talapçy tarap daşary ýurt ýuridik ýa-da fiziki şahsy bolsa;
- jogapçy tarap daşary ýurt ýuridik ýa-da fiziki şahsy bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Umumy kada boýunça talap kazyýete kimiň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça bildirilýär?**

- talapçynyň;
- talapçynyň ýa-da jogapçynyň;
- jogapçynyň;
- ýuridik şahsyň edara jaýynyň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Ýuridik şahsyň şahamçasyna ýa-da wekilhanasyna olaryň işinden gelip çykýan talap haýsy kazyýete bildirilýär?**

- ýuridik şahsyň wekilhanasynyň ýa-da şahamçasynyň ýerleşýän ýeri boýunça ;
- ýuridik şahsyň ýerleşýän ýeri boýunça;
- ýuridik şahsyň ýa-da onuň şahamçasynyň (wekilhanasynyň) ýerleşýän ýeri boýunça;
- ýuridik şahsyň wekilhanasynyň ýa-da şahamçasynyň ýerleşýän ýeri boýunça, eger-de ol mümkin bolmadyk halatynda ýuridik şahsyň ýerleşýän ýeri boýunça.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri belli bolmadyk jogapça talapçy Türkmenistanyň çäginde haýsy kazyýete talap bildirip biler?**

- jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça;
- jogapçynyň iň soňky belli ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça;

- jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri ýa-da onuň iň soňky belli ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça;
- jogapçynyň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça, eger-de bu mümkin bolmadyk halatynda onuň iň soňky belli ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**17) Eger-de şertnamada onuň ýerine ýetirilmeli yeri görkezilen bolsa, onda talaby şertnamanyň ýerine ýetirilmeli ýerinde ýerleşýän kazyýete bildirip bolarmy?**

- hawa;
- hawa ýa-da jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri boýunça;
- ýok;
- ýok, diňe jogapçynyň ýa-da talapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) boýunça bildirilýär.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**18) Şu talaplaryň haýsysy diňe kazyýetde garalmaly jedelleriň sanawyna girmeýär?**

- ýer bölegine eýeçilik hukugyny inkär edýän talap;
- desgany kesekiniň bikanun eýeçiliginden talap edip almak barada talap;
- binadan zerur derejede peýdalanylmagyna döredilýän päsgelçilikleri aradan aýyrmak barada talap;
- jaý üçin kärende tölegini töletmek barada talap.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Gozgalmaýan emläge hakykat ýüzünde eýelik etmek ýuridik faktyny anyklamak boýunça arza kimiň (nämäniň) ýerleşýän (ýaşaýan) ýerindäki kazyýete bildirilýär?**

- arza bilen ýüz tutanyň;
- gozgalmaýan emlägiň;
- arza bilen ýüz tutanyň ýa-da gozgalmaýan emlägiň;
- arza bilen ýüz tutanyň, eger-de onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri näbelli bolsa, onda gozgalmaýan emlägiň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Ýazmaça ylalaşyk baglaşyp taraplar işi Arbitraž kazyýetden Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine geçirmeli edýärler. Şu ylalaşygyň hukuk güýji barmy?**

- hawa;
- hawa, ýöne diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda;
- ýok;
- ýok, ýöne eger-de Arbitraž kazyýetde sejerilýän çylşyrymly işleriň sany köp bolup, ol işleri möhletinde çözmäge ýetişmeýän bolsa – hawa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**21) Iş kazyýetde gozgalandan soňra jogapçynyň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri üýtgeýär. Bu ýagdaý işi başga kazyýete geçirmäge esas bolup bilermi?**

- hawa;
- hawa, eger-de bu barada jogapçy haýyş edýän bolsa;
- hawa, eger-de bu barada talapçy haýyş edýän bolsa;
- ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**22) Ykdysady işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi barada jedele ýol bermezlik, iş ýüzünde nämäni aňladýar?**

- iş önümçiliginde bolan kazyýet şol işi başga kazyýete geçirmäge ygtyýarly däldir. Bu ýagdaý işiň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi hakynda jedeliň ýüze çykmagyna getirip biler;
- iş ugradylan kazyýet şol işi yzyna ugratmaga haky ýokdur. Bu babatda jedele ýol berilmeýär;
- iş ugradylan kazyýet şol işi yzyna ugradyp biler. Işi yzyna alan kazyýet işi yzyna ugradan kazyýetiň hereketi barada jedel gozgap, ýagny nägilelik bildirip bilmeýär;
- iş ugradylan kazyýet şol işi üçünji bir kazyýete ugradyp bilýär. Işi soňky kabul eden kazyýet bu hereket barada jedel gozgap we işi başga kazyýete ugradyp bilmeýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 | 22 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *3* | *1* | *2* | *1* | *2* | *1* | *2* | *4* | *2* | *2* | *3* | *4* | *2* | *3* | *1* | *3* | *2* | *4* | *2* | *3* | *4* | *2* |

## Tema 9. Prosesual möhletler we kazyýet çykdajylary

### §1. Prosesual möhletler

#### *Prosesual möhletler barada düşünje*

Kazyýete ýüz tutan tarap özüniň bozulan hukuklarynyň ýa-da goralýan bähbitleriniň öz wagtynda dikeldilmegine we goralmagyna çalyşýar.

Prosesual möhlet – bu kazyýetiň, taraplaryň hem iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylarynyň, käbir ýagdaýlarda bolsa işe dahyly bolmadyk taraplaryň anyk prosesual hereketleri amala aşyrmaga hukukly ýa-da borçly bolan, kanun ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen wagt aralygydyr.

Prosesual möhletler iki görnüşe bölünýär:

1. Kanun tarapyndan kazyýet üçin kesgitlenen möhletler. Mysal üçin, işi kazyýet seljerişine taýýarlamak, ony birinji basgançakly kazyýetde seljermek ýa-da nägilelik, gözegçilik kazyýetlerinde seljermek üçin kanun tarapyndan kesgitlenen möhletler.

2. Işe gatnaşýan taraplar, iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylary, käbir ýagdaýlarda bolsa işe dahyly bolmadyk taraplar tarapyndan prosesual hereketleriň amala aşyrylmagy üçin kanun ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen möhletler. Mysal üçin, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnamany işe gatnaşýan taraplara ugratmagyň möhleti, işi önümçilige kabul etmek we ony kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda karary çykarmagyň möhleti we ş.m.

#### *Prosesual möhletleri hasaplamak*

Prosesual hereketleri amala aşyrmagyň möhletleri takyk senenama (kalendar) senesi, hökmany döremeli waka salgylanmak ýa-da belli bir wagt çägi bilen kesgitlenýär.

Haçan-da prosesual hereketi amala aşyrmagyň möhleti takyk senenama senesi bilen kesgitlenende, ol görkezilen senesinde hökmany amala aşyrlmaga degişli. Mysal üçin, işi seljermegiň, subutnamalary olaryň ýerleşýän ýerinde gözden geçirmegiň hem derňemegiň we ş.m. güni we sagady.

Eger-de görkezilen möhlet haýsydyr bir anyk wakanyň döremegi bilen baglanyşdyrylan bolsa, onda iş ýörediş şol wakanyň ýüze çykmagy bilen amala aşyrylyp bilinýär. Mysal üçin, işde tarap bolup durýan hususy telekeçiniň aradan çykmagy ýa-da onuň kämillik ukybyny ýitirmegi.

Möhlet anyk wagt aralygy bilen kesgitlenen halatynda, prosesual hereket kanunda bellenilen ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen möhletiň islendik gününde, ýöne şol möhletiň iň soňky gününden öň amala aşyrylyp bilner. Mysal üçin, kanuny güýjüne girmedik kazyýetiň çözgüdi babatda nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň on günlük möhleti.

Kanunda bellenen ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen möhletler günler, aýlar, ýyllar bilen hasaplanýar.

Günler, aýlar, ýyllar bilen hasaplanýan möhletler olaryň başlanýan güni hökmünde kesgitlenen günüň ýa-da wakanyň dörän gününiň ertesindäki senenama senesinden başlap sanalyp ugraýar.

Mysal üçin, çözgüt 15-nji ýanwarda çykarylan. Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti 16-njy ýanwardan sanalyp başlanýar we 25-nji ýanwarda tamamlanýar. Ýöne käbir ýagdaýlarda prosesual möhletleri hasaplamakda ýalňyşlyk hem goýberýärler. Eger-de möhlet bellenilen senenama senesiniň ertesindäki günden başlanýan bolsa, biziň mysalymyzda möhlet 26-njy ýanwarda tamamlanýan ýaly bolup görünýär. Ýöne şeýle ýagdaýda nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmeklige kanunda bellenilen on gün däl-de on bir gün möhlet berler.

Ýene-de bir mysal, talapçy 15-nji ýanwarda aradan çykypdyr. Iş ýöredişe onuň hukuk oruntutarynyň girmek möhleti 16-njy ýanwardan başlanýar we onuň iş seljerişine hukuk oruntutary hökmünde giren gününden tamamlanýar.

Ýyllar bilen hasaplanýan möhlet, onuň iň soňky ýylynyň degişli aýynyň degişli senesinde tamamlanýar. Mysal üçin, 15-nji ýanwardan başlanan bir ýyllyk möhlet şondan soňky ýylyň 15-nji ýanwarynda tamamlanýar.

Aýlar bilen hasaplanýan möhlet möhletiň soňky aýynyň degişli senesinde tamamlanýar, ýagny aýlar barada hasaplanýan möhletde edil ýyllar bilen hasaplanýan möhletdäki ýaly tertip ulanylýar.

Eger-de aýlar bilen hasaplanýan möhletiň soňky güni şeýle senesi bolmadyk aýa gabat gelse, onda möhletiň soňky aýynyň soňky senesi möhletiň tamamlanýan güni diýlip hasaplanýar. Mysal üçin, 31-nji ýanwarda başlanan bir aýlyk möhlet 28-nji ýa-da 29-njy fewralda tamamlanýar.

Ähli prosesual möhletleriň arasy kesilmän dowam edýär, ýagny olara baýramçylyk we dynç günleri girýär. Ýöne eger-de möhletiň iň soňky güni iş gününe gabat gelmese, onda möhlet şol günüň yz ýanyndaky iş gününde tamamlanýar. Mysal üçin, möhletiň ahyrky güni ýekşenbe gününe gabat gelýär, şol gün bolsa kazyýet işlemeýär.

Umumy düzgünlere laýyklykda, möhletiň soňky güni sagat 24:00-da tamamlanýar. Eger-de talap arza, talap arza seslenme, kazyýetiň namasyna gaýtadan garamak hakynda arza we beýleki resminamalar aragatnaşyk edarasyna möhletiň iň soňky gününde, sagat 24:00-a çenli tabşyrylan bolsa, onda möhlet geçirilen diýlip hasap edilmeýär.

Degişli resminamalaryň poçta öz wagtynda tabşyrylandygynyň subutnamasy hökmünde bukjadaky möhür, poçta ýa-da telegraf töleg haty (kwitansiýasy) çykyş edýärler. Bu subutnamalar işiň materiallaryna goşulýar. Poçtanyň üsti bilen ugradylan resminamanyň kazyýete gelip gowşan hakyky wagtynyň bolsa bu ýerde hiç-hili ähmiýeti ýokdur. Mysal üçin, möhletiň iň soňky güni poçtanyň üsti bilen ugradylan nägilelik şikaýatynyň kazyýete nägilelik möhleti geçenden soň geljekdigi düşnüklidir, emma muňa garamazdan şikaýat öz wagtynda tabşyrylan diýlip hasap edilýär.

TRIÝK-nyň 82-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, eger-de prosesual hereket kazyýetde amala aşyrylmaly bolsa, möhletiň iň soňky güni kazyýetiň iş gününiň gutarýan wagtynda tamamlanýar. Şoňa meňzeş tejribe RF-nyň arbitraž

kazyýetlerinde hem ulanylýar (RF-nyň AIÝK-nyň 114-nji maddasynyň 7-nji bölegi).

Ondan başga-da TRIÝK-da, kanunda bellenen ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen möhlet geçenden soňra prosesual hereketleri amala aşyrmak hukugynyň ýitirilýändigi hakynda kada berkidilýär (Şeýle kada RF-nyň AIÝK-nyň 115-nji maddasynda-da bar). Prosesual möhletler geçenden soň berlen şikaýatlar we beýleki resminamalar garalman galdyrylýar (TRIÝK-nyň 83-nji maddasy). Mysal üçin, şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçenden soňra çözgüt kanuny güýjüne girýär we ol mejbury ýerine ýetirilip bilner. Başga bir mysal, ýerine ýetiriş resminamalaryny ýerine ýetirmek üçin bermegiň möhleti geçenden soňra ol mejbury ýerine ýetirdilip bilinmeýär.

Ýokarda görkezilen kadalaryň TAIÝK-da hem berkidilmegi maksadalaýykdyr. Sebäbi şeýle kadalaryň bolmazlygy tejribede çylşyrymly ýagdaýlaryň döremegine getirýär.

### *Prosesual möhletleri togtatmak*

Iş boýunça önümçiligiň togtadylan pursatyndan başlap prosesual möhletler hem togtadylýar. Iş boýunça öňumçilik täzeden başlanan gününden başlap prosesual möhletler hem dowam edip ugraýar.

Prosesual möhletleri togtatmagyň esaslary iş boýunça önümçiligi togtatmagyň esaslary bilen birmeňzeşdir we olar TAIÝK-nyň 96-97-nji maddalarynda berkidilýär.

Prosesual möhlet kazyýetiň bu barada kesgitnamasynyň çykarylmagy bilen däl-de, iş boýunça önümçiligi togtatmak üçin esas bolan ýagdaýlar (hususy telekeçiniň aradan çykmagy ýa-da kämillik ukybyny ýitirmegi, ýuridik şahsyň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilip guralmagy we ş.m.) ýüze çykan pursatyndan başlap togtadylýar.

Prosesual möhlet iş boýunça önümçiligiň togtadylmagynyň bütin dowamynda togtadylýar. Mysal üçin, hukuk oruntutary kesgitlenýänçä ýa-da iş ýöredişe wekil girýänçä.

Iş boýunça önümçiligi togtatmak üçin esaslar aradan aýrylandan soňra işe gatnaşýan taraplaryň arzasynyň esasynda ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen iş önümçilige dowam etdirilýär.

Iş boýunça önümçiligiň dowam etdirilen gününden başlap prosesual möhletleriň hereketi dowam edip başlaýar. Beýle diýildigi, önümçilik togtadylmazyndan öň geçen wagtyň hem hasaplanýandygyny aňladýar. Iş boýunça önümçilik dowam etdirilenden soňra zerur prosesual hereketler galan möhletiň içinde amala aşyrylmaga degişlidir.

Mysal üçin, kazyýet 20-nji ýanwarda çözgüt çykarýar. Kazyýetiň çözgüdinden närazy bolan jogapçy nägilelik tertibinde şikaýat bildirmäge ýetişmän 25-nji ýanwarda aradan çykýar. Şeýle halatda onuň hukuk oruntutary galan möhletde, ýagny iş boýunça önümçilik dowam etdirilenden soňra bäş günüň içinde nägilelik şikaýaty bildirip bilýär.

## *Prosesual möhletleri uzaltmak*

Kazyýet tarapyndan bellenen möhletler (kazynyň ýeke özi ýa-da kazylar tarapyndan) uzaldylyp bilinýär. Möhleti uzaltmak – bu kesgitlenen möhletde amala aşyrylmadyk prosesual hereketi amala aşyrmak üçin täze möhleti bellemegi aňladýar.

Prosesual möhletleri uzaltmak zerurlygy kazyýet tarapyndan bellenilen möhletlerde haýsydyr bir prosesual hereketiň amala aşyrylmagyna päsgel berýän dürli ýagdaýlar (keselçilik, iş sapary we ş.m.) zerarly ýüze çykyp biler. Şeýle halatlarda prosesual möhlet diňe bir bellenen möhlet geçenden soň däl-de onuň dowamynda hem uzaldylyp bilner. Mysal üçin, obýektiw ýagdaýlar kazyýete onuň talap edýän ýazmaça ýa-da maddy subutnamalaryny bildirmäge päsgelçilik döredýär.

Prosesual möhletleri uzaltmak hakyndaky mesele işe gatnaşýan taraplaryň we kazyýetiň başlangyjy bilen gozgalyp bilner.

## *Prosesual möhletleri dikeltmek*

Kazyýet tarapyndan esasly diýlip bilnen sebäplere görä geçirilen kanunda berkidilen prosesual möhletler işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça dowam etdirilip bilner. Bu mesele kazyýetiň başlangyjy bilen hem gozgalyp bilner. Şu ýerde kanunda bellenilen möhletleriň uzaldylyp bilinmeýändigini, olaryň diňe doly möçberde dikeldilýändigini bellemek gerek.

TAIÝK-ny geçirilen möhletleri dikeltmegiň tertibini TRIÝK-daky (86-njy maddasy) we RF-nyň AIÝK-daky (117-nji maddasy) ýaly doly möçberde düzgünleşdirmeýär.

TRIÝK-nyň 86-njy maddasyna laýyklykda, geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky arza prosesual hereketler amala aşyrylmaly kazyýete berilýär. Ol arzada möhletiň geçirilmeginiň sebäpleri we onuň ýanyna şol ýagdaýlary tassyklaýan resminamalar (mysal üçin, syrkawlandygy ýa-da iş saparynda bolandygy hakynda kepilnama we ş.m.) goşulýar.

Arza kazyýet mejlisinde garalýar. Mejlisiň geçiriljek wagty we ýeri hakynda işe gatnaşýan taraplara habar berilýär, ýöne welin olaryň mejlise gelmezlikleri kazyýetiň meseläni çözmegine päsgelçilik döretmeýär. Kazyýet mejlisine gelen işe gatnaşýan taraplar işiň mazmuny boýunça düşündiriş berip bilýär.

Möhleti dikeltmek hakyndaky arzanyň berilmegi bilen bir wagtda möhleti geçirilen prosesual hereket amala aşyrylmalydyr (şikaýat bildirilmelidir we ş. m.).

Görkezilen arza garamagyň netijeleri boýunça kazyýet TAIÝK-nyň 69-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, möhletiň dikeldilenligi barada kazyýet namasynda beýan edýär. Geçirilen möhleti dikeltmekden ýüz döndermek barada kazyýet kesgitnama çykarýar. Oňa bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner.

## §2. Kazyýet çykdajylary

Kazyýet çykdajylary döwlet pajyndan we işiň seljerilmegi bilen baglanyşykly harajatlardan ybaratdyr.

### *Döwlet paçlary*

Döwlet pajy – bu öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen kazyýete ýüz tutýan fiziki we ýuridik şahslardan alynýan, döwlet tarapyndan kesgitlenen tölegdir. Ol döwletiň kazyýet edaralaryny saklamak üçin çykarýan çykdajylaryny belli bir derejede ödemek maksady bilen alynýar.

TAIÝK-nyň 61-nji maddasyna laýyklykda, döwlet pajy şu aşakdakylar üçin tölenilýär:

- talap arzalary;
- batan (bankrot) diýlip ykrar etmek hakyndaky arzalar;
- jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde işe gatnaşmak hakyndaky arzalar;
- hukuk ähmiýetli ýagdaýlary anyklamak hakyndaky arzalar;
- kadalaşdyryjy häsiýetli bolmadyk namalary hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky arzalar;
- döwlet belligine almakdan ýüz dönderilmegi sebäpli şikaýat etmek hakyndaky arzalar;
- kazyýetiň namalaryna nägilelik tertibinde garamak hakyndaky arzalar;
- kazyýetiň namalarynyň nusgalarynyň gaýtadan berilmegi;
- işiň beýleki maglumatlarynyň nusgalarynyň berilmegi.

Ýokarda görkezilen hukuk kadasyna laýyklykda, bildirilýän talabyň möçberi köpeldilende döwlet pajynyň ýetmeýän bölegi talabyň bahasynyň artmagyna görä goşmaça tölenilýär, talabyň bahasy azaldylan halatynda bolsa artykmaç tölenilen döwlet pajy yzyna gaýtarylmaýar.

Döwlet pajynyň möçberleri, ony tölemekden boşatmagyň esaslary we tertibi ýörite kadalaşdyryjy hukuk namada kesgitlenýär.

Döwlet pajynyň möçberi talabyň bahasyna bagly bolýar.

TAIÝK-nyň 71-nji maddasyna laýyklykda, talabyň bahasy şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

- pul möçberlerini töletdirmek hakyndaky talaplar boýunça – töletdirilýän möçberden ýa-da töletdirme jedelsiz (akseptsiz) tertipde geçirilýän ýerine ýetiriş ýa-da başga bir resminama boýunça jedelli bolan möçberden ugur alnyp;
- eýeçilik hukugy hakyndaky we emlägiň berilmegini talap etmek baradaky talaplar boýunça – şol emlägiň bahasyndan ugur alnyp.

Talabyň bahasyna talap arzada görkezilen tölegleriň (jerimeler, puşmana puly), şeýle hem ýitgileriň möçberleri goşulýar.

Özbaşdak talaplaryň birnäçesinden ybarat bolan talabyň bahasy ähli talaplaryň jemi bilen kesgitlenilýär. Mysal üçin, şertnamany ýatyrmak we pul

möçberini töletdirmek barada talaplar bildirilýär. Birinji talap boýunça döwlet pajy emläkleýin häsiýetli bolmadyk talaplar üçin bellenilen döwlet ölçegleri boýunça tölenilýär, ikinji talap boýunça bolsa emläkleýin häsiýetli talaplar üçin bellenilen ölçegler boýunça tölenilýär.

Talabyň bahasy nädogry görkezilen halatlarda ony kazyýet kesgitleýär.

TAIÝK-nyň 63-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet aýratyn halatlarda (esasan taraplaryň maddy ýagdaýyny göz öňünde tutup), döwlet pajyny tölemegi taraplaryň biri ýa-da ikisi üçin-de anyk möhlete yza çekip, ýa-da ony böleklere bölüp meýilnama esasynda, ýa-da olaryň möçberini azaldyp biler.

TAIÝK-da berkidilişi ýaly, aşakdaky halatlarda tölenilen döwlet pajy bölekleýin ýa-da dolulygyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir:

1) eger-de ol kanunda kesgitlenendäkisinden artyk tölenilende, artyk tölenilen möçber gaýtarylmaga degişlidir;
2) eger-de kazy talap arzany kabul etmekden ýüz dönderende;
3) eger-de kazy talap arzany we onuň ýanyna goşulan resminamalary talapça garaman gaýtaryp berende;
4) eger-de kazyýet şu aşakdaky esaslara gorä iş boýunça önümçiligi bes edende:
   - iş kazyýetde garalmaga degişli däl bolsa;
   - kazyýete çenli jedeli düzgünleşdirmek tertibi berjaý edilmedik bolsa we seýle mümkinçilik ýitirilen bolsa;
   - ýuridik şahs hukuk oruntutary kesgitlenilmän ýatyrylan bolsa;
   - hususy telekeçi aradan çykandan soň jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlygyna ýol bermeýän bolsa.
5) eger-de kazyýet şu aşakdaky esaslar boýunça talaby garaman galdyranda:
   - şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça başga bir iş kazyýetiň önümçiliginde bar bolsa;
   - Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergi bankyň üsti bilen alynmaly halatda talapçy jogapçydan algysyny almak üçin banka ýüz tutmadyk bolsa;
   - jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibi berjaý edilmedik bolsa we şeýle mumkinçilik ýitirilmedik bolsa (TAIÝK-nyň 64-nji maddasy).

Eger-de döwlet pajyny yzyna almak hakynda arza döwlet pajy tölenenden soňra bir ýylyň dowamynda kazyýete berlen bolsa ony yzyna gaýtaryp bermek amala aşyrylýar.

Döwlet pajyny yzyna gaýtarmak kazyýet tarapyndan berlen kepilnamanyň esasynda amala aşyrylýar.

### *Işe garamak bilen bagly çykdajylar*

TAIÝK-nyň 60-njy maddasyna laýyklykda, kazyýet çykdajylaryna şu aşakdakylar degişlidir:

- bilermenlere we terjimeçilere tölenilmeli pul möçberleri;
- kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly beýleki çykdajylar.

Biziň pikirimizçe, bu madda giň manyda düşünilmäge degişli. Bu ýerde işe gatnaşýan taraplaryň işiň kazyýetde seljerilmegi bilen baglanyşykly beýleki çykdajylary hem göz öňünde tutulmalydyr. Mysal üçin, adwokatyň hyzmatlarynyň tölegi.

TAIÝK-nyň 65-nji maddasyna laýyklykda, bilermenlere we terjimeçilere kazyýete gelmek bilen baglanyşykly ýol we ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça eden çykdajylarynyň öwezi dolunýar hem-de Türkmenistanyň gulluk iş saparlary hakyndaky kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen möçberlerde gündelik harç tölenilýär. Ondan başga-da bilermenler we terjimeçiler kazyýetiň tabşyrmagy boýunça özleriniň ýerine ýetiren işi üçin, eger şol işler olaryň gulluk borçlaryna girmeýän bolsa, hak-heşdek alýarlar.[1]

TAIÝK-nyň 66-njy maddasy kazyýet çykdajylaryny taraplaryň arasynda paýlamagyň tertibini kesgitleýär. Iş ýöredişde utulan tarap kazyýet çykdajylaryny töleýär.[2] Eger-de talap bölekleýin kanagatlandyrylan bolsa, kazyýet çykdajylary kanagatlandyrylan talaplaryň möçberine deňlikde taraplaryň arasynda paýlanýar.

Eger-de taraplaryň özleri kazyýet çykdajylaryny paýlaşmak barada ikitaraplaýyn ylalaşyga gelen bolsalar kazyýet çykdajylary şol ylalaşyga görä paýlanylýar.

Haçan-da iş tarapyň jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibini bozmagy (nägileligi jogapsyz goýmak, talap edilen resminamalary bermezlik) zerarly dörän bolsa, kazyýet işiň nähili çözülendigine garamazdan kazyýet çykdajylaryny tölemäge şol tarapy borçly etmäge ygtyýarlydyr.

Kazyýet namasyna gaýtadan garamak barada arza bermek bilen bagly taraplaryň kazyýet çykdajylary hem TAIÝK-nýň 66-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda taraplaryň arasynda paýlanýar.

Eger-de bellenilen tertipde talapçy döwlet pajyny tölemekden boşadylan bolsa, jogapçy-da ondan boşadylmadyk bolsa, döwlet pajy talabyň kanagatlandyrylan böleginiň möçberine degişlilikde jogapçydan tutulyp alynýar.

Kazyýet çykdajylary TRIÝK-da has doly we hemmetaraplaýyn düzgünleşdirilýär. Şonuň üçin hem onuň käbir maddalaryny, olardaky arbitraž iş ýöredişi üçin ähmiýeti bomadyk kadalaryny gysgaldyp hem käbir düzedişleri girizip, maglumat hökmünde oýlanmak üçin hödürleýäris.

**77-nji madda. Döwletiň kazyýet çykdajylaryny tölemek**

Işe garalmagy bilen baglanyşykly çekilen harajatlar we talapçynyň tölemekden boşadylan döwlet pajy talaplaryň kanagatlandyrylan bölegine laýyklykda döwletiň haýryna jogapçydan alynýar.

---

[1]TRIÝK-nyň 70-nji maddasyna laýyklykda, şaýatlara we bilermenlere tölenilmeli pul möçberlerini ýa-da işe degişli zatlary ýerinde gözden geçirmek üçin bolan çykdajylary tölemäge zerur bolan pul möçberlerini degişli haýyşy eden tarap öňünden töleýär. Eger-de bu görkezilen haýyş taraplaryň ikisi tarapyndan bildirilen bolsa ýa-da şaýatlary, bilermenleri çagyrmaklyk, işe degişli zatlary ýerinde gözden geçirmeklik kazyýetiň başlangyjy bilen geçirilen bolsa, onda talap edilýän pul möçberlerini taraplar deň töleýärler. Kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylan tarap bu pul möçberlerini tölemeýär.TRIÝK-nyň 71-nji maddasyna laýyklykda, şaýatlara, bilermenlere we terjimeçilere berilmeli pul möçberleri olar özleriniň borçlaryny ýerine ýetirenden soň kazyýet tarapyndan tölenilýär. Şaýatlara we bilermenlere bu pul möçberleri taraplardan alnandygyna-alynmandygyna garamazdan berilýär;

[2]TRIÝK-nyň 72-nji maddasynyň 1-nji böleginde, “eger-de ol tarap döwletiň haýryna kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylan hem bolsa” diýlip bellenilýär.

Talap kanagatlandyrylmadyk halatynda, işe garalmagy bilen baglanyşykly kazyýetiň çeken harajatlary döwletiň haýryna talapçydan alynýar.

Talap bölekleýin kanagatlandyrylan halatynda, jogapçy hem kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylan bolsa, onda işe garalmagy bilen baglanyşykly kazyýetiň çeken harajatlary talaplaryň kanagatlandyrylmadyk bölegine laýyklykda kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylmadyk talapçydan döwletiň haýryna alynýar.

Eger taraplaryň ikisi-de kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylan bolsa, onda işe garalmagy bilen baglanyşykly kazyýetiň çeken harajatlary döwletiň hasabyna geçirilýär.

**76-njy madda. Taraplaryň kazyýet harajatlaryny tölemek**

Başganyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin kazyýete ýüz tutan prokuratura edaralarynyň we beýleki ygtyýarly taraplaryň talaby doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrylmadyk halatynda, jogapçynyň çeken kazyýet harajatlary doly ýa-da talapçynyň talaplarynyň kanagatlandyrylmadyk bölegine laýyklykda býujet serişdelerinden oňa tölenilýär.

**75-nji madda. Talapdan ýüz dönderilende we barlyşyk ylalaşygy baglaşylanda kazyýet çykdajylaryny paýlamak**

Talapçy talabyndan ýüz dönderende onuň çeken kazyýet çykdajylary jogapçy tarapyndan tölenilmeýär. Haçan-da, talapçy talap bildirenden soň onuň talaplaryny jogapçynyň meýletin kanagatlandyrmagynyň netijesinde ol öz talaplaryny goldamaýan bolsa, onda kazyýet talapçynyň haýyşy boýunça onuň ähli kazyýet çykdajylaryny jogapçydan almaly edýär.

Eger-de taraplar barlyşyk ylalaşygy baglaşylanda kazyýet çykdajylaryny paýlamagyň tertibini göz öňünde tutmadyk bolsalar, kazyýet bu meseläni umumy kadalara laýyklykda çözýär.

**9-njy tema degişli çyzgylar. Prosesual möhletler we kazyýet çykdajylary**

***I. Prosesual möhletler***

Çyzgy 9.1.




Çyzgy 9.2.



Çyzgy 9.3.




**Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti:**

- Çözgüt 15-nji ýanwarda çykaryldy
- Möhlet 16-njy ýanwardan sanalyp başlanýar
- Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti 25-nji ýanwarda tamamlanýar

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *16* | *17* | *18* | *19* | *20* | *21* | *22* | *23* | *24* | *25* |

Eger döwlet pajyny gaýtaryp bermek hakyndaky arza kazyýete onuň tölenen gününden başlap bir ýyldan gijä galman berlen bolsa, ol gaýtarylyp berilmäge degişlidir (TAIÝK-nyň 64-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

**Bir ýyllyk möhleti hasaplamagyň tertibi:**

- Döwlet pajy 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda tölendi
- Bir ýyllyk möhlet 2010-njy ýylyň 16-njy ýanwaryndan sanalyp başlanýar
- Bir ýyllyk möhlet 2010-njy ýylyň 15-nji ýanwarynda tamamlanýar

## Prosesual möhletleriň togtadylmagynyň we dowam etdirilmeginiň tertibi

Nägilelik şikaýaty:

- 10-njy ýanwarda kazyýet tarapyndan talapçynyň haýryna çözgüt çykarylýar.
- 14-nji ýanwarda jogapçy aradan çykýar. Şol günden başlap nägilelik şikaýatyny bildirmegiň on günlük möhleti togtadylýar.
- 22-nji ýanwarda kazyýet işe jogapçynyň hukuk oruntutary girýänçä önümçiligi togtatmak barada kesgitnama çykarýar.
- 3-nji fewralda işe jogapçynyň hukuk oruntutary girýär we iş boýunça önümçilik dowam etdirilýär.
- Hukuk oruntutary çözgüt barada nägilelik şikaýatyny bildirmekçi bolýar. Onuň bu hereketi amala aşyrmaga 3-nji fewraldan başlap 6 güni bar.

| |
|---|
| Kazyýet işe gatnaşmaýan tarapdan 3 günün dowamynda ýazmaça subutnamany bildirmegi talap edýär (TAIÝK-nyň 53-nji maddasy). Kazyýetiň talaby berjaý edilmeýär. |

↓

**Prosesual möhleti uzaltmagyň tertibi:**

- Işiň ýagdaýlaryna baglylykda prosesual möhlet ýene-de birnäçe güne uzaldylyp bilner.
- Möhletiň uzaldylmagynyň esaslary: hassalyk, iş sapary, önümçilikde ýüze çykan garaşylmadyk ýagdaýlar we ş.m.
- Prosesual möhlet kazyýet tarapyndan bellenilen möhlet geçmezinden öň ýa-da soň uzaldylyp bilner.
- Biziň mysalymyzda tarap kazyýeti onuň talabyny düýbünden ýa-da özüne berlen wagtda berjaý etmek mümkinçiliginiň ýokdugyny, onuň sebäplerini görkezmek bilen habardar etmelidi.
- Subutnamalary bildirmäge borçly bolan tarap kazyýetiň talabyny esassyz berjaý etmändigi üçin jogapkärçilige çekilmeli.

Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçirilýär. Kanunda kesgitlenen möhletiň esasly sebäplere görä geçirilmegi şol möhletiň kazyýet tarapyndan dikeldilmegi üçin esas bolup durýar (TAIÝK-nyň 69-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

**Prosesual möhleti dikeltmegiň tertibi:**

- Arza şol prosesual hereket amala aşyrylmaly kazyýete berilýär.
- Arzada möhletiň geçirilmegiň sebäpleri görkezilýär we onuň ýanyna olary tassyklaýan resminamalar goşulýar.
- Arza kazyýet mejlisinde garalýar (işe gatnaşýan taraplar düşündiriş berip bilýärler).
- Arza berilmegi bilen bir wagtda möhleti geçirilen prosesual hereket amala aşyrylýar.
- Möhletiň dikeldilendigi barada kazyýet namasynda görkezilýär.
- Möhleti dikletmekden ýüz döndermek hakynda kazyýet tarapyndan kesgitnama çykarylýar we oňa bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilinýär.

***II. Kazyýet çykdajylary***

**Çyzgy 9.4.**



Çyzgy 9.5.




Çyzgy 9.6.




Çyzgy 9.7.






Çyzgy 9.8.




Çyzgy 9.9.




Çyzgy 9.10.

## 9-njy tema degişli testler: Prosesual möhletler we kazyýet çykdajylary

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Kanunda prosesual hereketleri amala aşyrmak üçin möhletler bellenilýär:**

- kazyýet üçin;
- kazyýet we işe gatnaşýan taraplar üçin;
- kazyýet, işe gatnaşýan taraplar we gatnaşmaýan taraplar üçin;
- kazyýet, iş ýöredişe gatnaşyjylar we işe gatnaşmaýan taraplar üçin.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**2) Kazyýet tarapyndan prosesual hereketleri amala aşyrmak üçin möhletler bellenilýär:**

- taraplar we üçünji taraplar üçin;
- işe gatnaşýan taraplar üçin;
- iş ýöredişe gatnaşyjylar we işe gatnaşmaýan taraplar üçin;
- işe gatnaşýan taraplar we gatnaşmaýan taraplar üçin.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**3) Kazyýet talapçyny bäş günüň içinde maddy subutnamany bildirmeklige borçlandyrdy. Şu ýagdaýda prosesual hereketi amala aşyrmagyň möhleti kesgitlenýär:**

- senenama (kalendar) senesi bilen;
- wagt aralygy bilen;
- senenama senesi we wagt aralygy bilen;
- senenama senesi ýa-da wagt aralygy bilen.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Eger-de kazyýetiň çözgüdi 12-nji ýanwarda çykarylan bolsa nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti haçan tamamlanýar?**

- 22-nji ýanwarda;
- 23-nji ýanwarda;
- 25-nji ýanwarda (sebäbi 17-nji we 20-nji ýanwar aralygy iş güni däl);
- kazyýetiň çözgüdini eline alan gününden soňra 10 gün möhlet geçenden soň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) TAIÝK-nyň 160-njy maddasyna laýyklykda, kazyýetiň buýrugy üç aý möhletden gijä galman ýerine ýetirmek üçin bildirilmeli. Eger-de buýruk 30-njy oktýabrda (2-nji wariant – 30-njy noýabrda) berlen bolsa üç aýlyk möhlet haçan tamamlanýar?**

- 30-njy ýanwarda (2-nji wariant – 28-nji fewralda);
- 30-njy ýanwarda, (2-nji wariant – 28-nji fewralda + 2 gün, diýmek 2-nji martda);
- 31-nji ýanwarda, (2-nji wariant – 28-nji fewralda);

- 31-nji ýanwarda, (2-nji wariant – 28-nji fewral + 2 gün, diýmek 2-nji martda).

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Möhletiň iň soňky güni sagat 19:00-da nägilelik tertibindäki şikaýat tabşyrykly hat görnüşinde poçta berildi. Hat kazyýete üç günden soň gelip gowuşdy. Şikaýat garalmaga degişlimi?**

- ýok;
- ýok, eger-de hat kazyýete ertesi gün gelip gowşan bolsa onda – hawa;
- ýok, eger-de hat kazyýete 24 sagadyň dowamynda gelip gowşan bolsa onda – hawa;
- hawa.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Möhletiň iň soňky güni sagat 24:00-da tamamlanýar. Bu düzgün haýsy möhlete degişli?**

- diňe kanun bilen bellenilen möhlete;
- diňe kazyýet tarapyndan bellenilen möhlete;
- kanun bilen we kazyýet tarapyndan bellenilen möhletlere;
- kanun bilen we (ýa-da) kazyýet tarapyndan bellenilen möhletlere.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Prosesual möhlet iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylan wagtyndanmy ýa-da iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna getiren ýagdaý dörän pursatyndan togtadylýar?**

- iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylan wagtyndan;
- iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna getiren ýagdaý dörän pursatyndan;
- iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylan wagtyndan we iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna getiren ýagdaý dörän pursatyndan;
- kazyýetiň garamagyna görä, iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylan wagtyndan ýa-da iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna getiren ýagdaý dörän pursatyndan.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Prosesual möhlet togtadylýar:**

- 10 güne çenli;
- 20 güne çenli;
- 1 aýa çenli;
- iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna getiren ýagdaýlar aradan aýrylýança.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Kazyýetiň çözgüdi 10-njy ýanwarda çykaryldy. 13-nji ýanwarda talapçy aradan çykdy. 10-njy fewralda işe hukuk oruntutary girdi we iş ýörediş dowam etdirildi. Talapçynyň hukuk oruntutary çözgüt babatda nägilelik şikaýatyny bildirmek isleýär. Ol haýsy möhletde bu hereketi amala aşyryp biler?**

- 10 güne çenli;
- 7 güne çenli;
- 4 güne çenli;
- 3 güne çenli.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Ykdysady işler kazy tarapyndan ýekelikde ýa-da bilelikde garalýar. Prosesual möhlet uzaldylyp bilner:**

- kazy tarapyndan;
- kazyýet tarapyndan;
- kazy ýa-da kazyýet tarapyndan;
- kazy tarapyndan, işe gatnaşýan taraplaryň razylygynyň esasynda.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**12) Kimler babatda kanunda bellenilen möhletler dikeldilýär:**

- kazyýetler üçin;
- kazyýetler we işe gatnaşýan taraplar üçin;
- kazyýetler we iş ýöredişine gatnaşyjylar üçin;
- kazyýetler, iş ýöredişe gatnaşýan we gatnaşmaýan taraplar üçin.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**13) Talabyň bahasy kesgitlenýär, eger-de:**

- pul talap edilýän bolsa;
- jedeliň närsesi emläk bolsa;
- jedeliň närsesi emläk we (ýa-da) pul talap edilýän bolsa;
- jedeliň närsesi emläk ýa-da pul talap edilýän bolsa.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**14) Talabyň bahasy kesgitlenýär:**

- talapçy we kazyýet tarapyndan;
- talapçy tarapyndan, eger-de ol nädogry kesgitlenen bolsa kazyýet tarapyndan;
- diňe talapçy tarapyndan;
- taraplar tarapyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Aýratyn halatlarda kazyýet taraplaryň emläk ýagdaýyny nazarda tutmak bilen ygtyýarly:**

- döwlet pajyny tölemekligi anyk möhlete gaýra goýmaga, bölekleýin töletdirmäge we onuň möçberini azaltmaga;
- döwlet pajyny tölemekligi anyk möhlete gaýra goýmaga, bölekleýin töletdirmäge ýa-da onuň möçberini azaltmaga;
- döwlet pajyny tölemekligi anyk möhlete gaýra goýmaga ýa-da bölekleýin töletdirmäge we onuň möçberini azaltmaga;
- döwlet pajyny tölemekligi anyk möhlete gaýra goýmaga ýa-da bölekleýin töletdirmäge, ýa-da onuň möçberini azaltmaga.

  ***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**16) Döwlet pajy yzyna gaýtarylyp bilner, eger-de:**

- talap arza garalman yzyna gaýtarylan bolsa;
- talapçynyň kämillik ukybyny ýitirendigi zerarly iş boýunça önümçilik togtadylan bolsa;
- iş boýunça önümçilik işiň kazyýetiň garamagyna degişli däldigi sebäpli bes edilen bolsa;
- jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilmändigi we şeýle mümkinçiligiň entek ýitirilmändigi sebäpli talap garalman galdyrylan bolsa.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Bilermenlere şu çykdajylar tölenýär:**

- kazyýete çenli ýol haky;
- ýaşaýyş jaýy üçin kireý haky;
- bilermen seljermesini geçirmek üçin reaktiwleri satyn almaga çykaran çykdajylary;
- iýmit üçin çykaran çykdajylary.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Terjimeçi talap etmäge hakly:**

- diňe öz zähmeti üçin hak-heşdegi;
- kazyýete gelmegi üçin çykaran çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny;
- öz zähmeti üçin hak-heşdegi we kazyýete gelmegi üçin çykaran çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny;
- kazyýete gelmegi üçin çykaran çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyny we öz zähmeti üçin hak-heşdegi, eger-de onuň ýerine ýetiren işi onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Kazyýet çykdajylary:**

- taraplaryň arasynda deň paýlanýar;
- iş ýöredişde utulan tarap töleýär;

- talapçy döwlet pajyny tölemek bilen bagly çykdajylary töleýär;
- jogapçy işiň seljerilmegi bilen bagly kazyýet harajatlaryny töleýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Taraplar özara paýlaşmak barada ylalaşyp bilýärler:**
- kazyýet çykdajylaryny;
- diňe işe garalmagy bilen bagly harajatlary;
- diňe döwlet pajyny;
- döwlet pajyny ýa-da işe garalmagy bilen bagly harajatlary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *4* | *3* | *2* | *1* | *1* | *4* | *3* | *2* | *4* | *2* | *3* | *3* | *3* | *2* | *4* | *2* | *3* | *4* | *2* | *1* |

## Tema 10. Ykdysady işleri gozgamak

### §1. Talap arzany bildirmegiň tertibi we ony ýerine ýetirmezligiň netijeleri

Talap arza bilen kazyýete ýüz tutmak diňe talapçynyň „talaby bildirmäge hukugy“ bolan ýagdaýynda mümkindir. Talaby bildirmäge bolan hukuk anyk şertleriň bolmagynda ýüze çykýar. Prosesual-hukuk ylmynda şol şertler talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri diýlip atlandyrylýar.

Talap arza bildirilende kazyýet ilkinji nobatda talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertlerini barlaýar we olar üpjün edilmedik halatynda işi gozgamakdan ýüz dönderýär.

***Oňyn şertler (olaryň bar bolmagy talap edilýär)***

**1.** Talapçynyň we jogapçynyň prosesual hukuk ukyplylygy.

Ýuridik şahsyň hukuk ukyplylygy onuň döwlet belligine alnan pursadyndan döreýär we onuň ýatyrylandygy hakynda belligiň girizilmegi bilen tamamlanýar (TRK-nyň 49-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

Kazyýete talap bilen diňe ýuridik şahsyň hukuk ýagdaýyna eýe bolan edara düzümleri ýüz tutup bilýärler.

Hususy telekeçiler babatda, bu meselede TRK-niň ýuridik şahslaryň işini düzgünleşdirýän kadalary ulanylmaga degişli (TRK-nyň 28-nji maddasy). Şeýlelikde olaryň hukuk ukyplylygy ýerli salgyt gullugynda döwlet belligine alnan pursatyndan döreýändigini we olaryň telekeçilik işi bilen meşgullanýan döwürlerinde dowam edýändigini aýtmak bolar.

**2.** Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi.

Işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi hakynda meseläniň üstünde durlup geçilende, ykdysady işleriň kazyýet önümçiliginiň üç görnüşi boýunça kazyýetiň garamagyna degişlidigi barada bellenilipdi (TAIÝK-nyň 22-nji maddasy).

Ykdysady işler, eger-de olaryň taraplary ýuridik şahslar we (ýa-da) hususy telekeçiler bolup durýan bolsa arbitraž iş ýöredişinde seljerilýär.

Eger-de iş gozgalandan soňra onuň asla kazyýetiň garamagyna degişli däldigi anyklanan halatynda iş boýunça önümçilik bes edilýär (TAIÝK-nyň 100-nji maddasy).

**3.** Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibini berjaý etmek.

Haçan-da kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibi bellenilen bolsa diňe görkezilen tertip berjaý edilenden soňra kazyýet şol jedeli garamak üçin öz önümçiligine kabul etmäge ygtyýarlydyr (TAIÝK-nyň 4-nji maddasynyň 4-nji bendi). Şol tertip berjaý edilmezden talap arza bilen kazyýete ýüz tutulan bolsa, onda talap arza garalman yzyna gaýtarylýar (TAIÝK-nyň 77-nji maddasynyň 6-njy bendi).

Eger-de şeýle ýagdaý iş gozgalandan soňra ýüze çykarylsa görkezilen talaby ýerine ýetirmegiň mümkinçiligi ýitirilendigine ýa-da ýitirilmändigine baglylykda iş boýunça önümçilik bes edilýär (TAIÝK-nyň 100-nji maddasynyň 3-nji bendi) ýa-da talap garalman galdyrylýar (TAIÝK-nyň 104-nji maddasynyň 4-nji bendi).

***Oňyn däl şertler (olaryň bolmazlygy zerur)***

**4.** Eger-de şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we esaslar bilen bagly jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bar bolsa.

Talabyň esasy ýa-da närsesi üýtgän ýagdaýynda talap arza bellenilen tertipde kabul edilmäge we seljerilmäge degişli.

Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine getirýär (TAIÝK-nyň 100-nji maddasynyň 2-nji bendi).

**5.** Eger-de kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we esaslar bilen bagly, entek çözgüt çykarylmadyk, jedel bar bolsa (TAIÝK-nyň 76-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi).

Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy talaby garaman galdyrmak üçin esas bolup durýar (TAIÝK-nyň 104-nji maddasynyň 1-nji bendi).

**6.** Eger-de kazyýetiň talapçynyň talapdan ýüz döndermegini ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak barada kesgitnamasy bar bolsa (TAIÝK-nyň 76-njy maddasynyň 1-nji böleginiň 2-nji bendi).

**7.** Eger-de talapçy bilen jogapçynyň arasynda jedeli bitarap kazyýete geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolsa.

Bu ýagdaýyň iş gozgalandan soňra ýüze çykarylmagy TAIÝK-da göz öňünde tutulmadyk hem bolsa, iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine getirýär.

Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi ýörite şert bolup durýar, ýagny ol diňe kanunda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan bolsa barlanylýar. Galan şertler umumy bolup durýar we olaryň ýerine ýetirilmegi ähli işler boýunça talap edilýär.

Görkezilen şertler bolanlygynda (bolmanlygynda) tarapyň talaby bildirmäge hukugy döreýär. TAIÝK-nyň 4-nji maddasyna laýyklykda, bähbidi bar tarapyň özi (ýa-da wekiliniň üsti bilen) kazyýete talap arza bilen ýüz tutmaga haklydyr. Ýogsa-da onuň deregine bu hereketi prokuror ýa-da başga ygtyýarly taraplar amala aşyryp bilýärler.

Ýöne talaby bildirmäge bolan hukugy durmuşa geçirmek üçin talaby bildirmäge bolan hukugyň şertlerini berjaý etmek zerurdyr.[1]

Talaby bildirmäge bolan hukugy amala aşyrmak üçin şu şertleriň berjaý edilmegi zerur:

1. Jedel şol kazyýetiň garamagyna degişli bolmaly:

Eger-de iş talap arza bilen ýüz tutulan kazyýetiň garamagyna degişli däl bolsa, kazyýet talap arzany kabul etmekden ýüz dönderýär we talapça onuň talap arza bilen haýsy kazyýete ýüzlenmelidigini düşündirýär.

Ýöne kazyýete degişliligiň düzgünlerini berjaý etmek bilen önümçilige kabul edilen işe, eger-de seljerişiň dowamynda onuň başga kazyýete degişlidigi anyklanan ýagdaýynda-da şol kazyýet tarapyndan düýp mazmuny boýunça garalmalydyr.

---

[1]Şu ýerde talap önümçiligini gozgamagyň tertibiniň käbir kadadan çykmalary bolaýmasa, başga halatlarda aýratyn önümçilige hem-de dolandyryş we jemagat hukuk gatnaşyklaryndan döreýän işler boýunça önümçiliklere-de degişlidigini bellemek gerek.

Eger-de iş gozgalandan soňra onuň şol iş gozgan kazyýetiň garamagyna degişli däldigi anyklansa, onda iş boýunça önümçilik bes edilmezden ol degişli kazyýetine ugradylýar (TAIÝK-nyň 31-nji maddasy).

2. Wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilen bolmaly.

Kazyýete talap bilen talapçynyň wekili hem ýüz tutup bilýar. Munuň üçin onda kazyýetde işi alyp barmak üçin ygtyýarlyklar, ýagny ynanç haty bolmaly. Şeýle ygtyýarlyklaryň wekilde bolmazlygy onuň talap arzasyny kabul etmekden ýüz döndermeklige getirýär.

Eger-de ýalňyşlyk bilen wekilden talap arza kabul edilen bolsa, bu mesele TAIÝK-da düzgünleşdirilmänligine garamazdan, ony seljermän galdyrylmaly. Elbetde bu kadanyň kanunda berkidilmegi zerur.

## §2. Talap arza we ondaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi

Prosesual kanun talap arzada görkezilmeli maglumatlary we onuň düzüm böleklerini anyk kesgitleýär. Olar TAIÝK-nyň 70-72-nji maddalarynda berkidilýär.

TAIÝK-nyň 70-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda talap arza kazyýete ýazmaça görnüşde bildirilýär.

TAIÝK-nyň 70-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda talap arzada şular görkezilmelidir:

1. Talap arza bildirilýän kazyýetiň ady.

2. Taraplaryň atlary, olaryň poçta we bank salgylary.

Talapçynyň we jogapçynyň atlary, olaryň ýerleşýän (ýaşaýan) ýerleri we bank salgylary (rekwizitleri) aýratynlykda görkezilýär.

Eger-de talap arza wekil tarapyndan bildirilýän bolsa onuň ady we salgysy goşmaça görkezilýär.

Haçan-da talap prokuror ýa-da başga ygtyýarly taraplar tarapyndan bildirilse, olaryň öz atlaryndan başga kimiň bähbidini goramak üçin talap bildirilýän bolsa onuň ady we salgysy görkezilýär. Bähbidi goralýan tarap soňra maddy-hukuk manysynda talapçy hökmünde işe çekilýär.

Ýokarda görkezilen bentlerdäki maglumatlar kazyýete jedelleşýän taraplary we olaryň degişli tarapdyklaryny ýa-da däldiklerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Taraplaryň salgylary bolsa kazyýet hat-ýazuw aragatnaşygyny (kazyýetiň çözgüdini, buýrugyny poçta üsti bilen ugratmak we ş.m.) üpjün etmek üçin gerek. Mundan başga-da salgylar boýunça işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky kadanyň dogry ulanylanlygyny ýa-da ulanylmanlygyny barlap bolýar. Düzgün bolşuna görä, jogapçy ýa-da talapçy kazyýetiň ýurisdiksiýasyna degişli çäkde ýerleşmeli (ýaşamaly).

3. Talabyň bahasy hem görkezilmeli, eger-de talabyň bahasy kesgitlenmäge degişli bolsa.

Öňki temalardan belli bolşy ýaly, pul möçberlerini almak barada talabyň bahasy talap edip alynýan pul möçberi bilen, emlägi yzyna almak baradaky talaplarda bolsa talap edip alynýan emlägiň bahasy bilen kesgitlenýär.

4. Talabyň esaslanýan ýagdaýlary we olary tassyklaýan subutnamalar, talap edilýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalary hem-de haýsy kada (kadalar) esasynda talap bildirilýän bolsa şonuň hukuk çeşmesi görkezilýär.

Bu ýerde kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy (hukuk gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we bes edilmegi) bilen baglanyşdyrylýan, hukuk ähmiýetli ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Bu ýagdaýlar talabyň esasyny düzýär we olardan talapçynyň jogapça bildirýän talaby, ýagny talabyň närsesi gelip çykýar.

Talap arzada diňe işiň hakyky ýagdaýlarynyň görkezilmegi ýeterlik däldir. Ondan başga-da şol hakyky ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalara (ýazmaça subutnamalara, bilermeniň netijenamasyna we ş.m.) salgylanmak zerurdyr.

Talapçy talap arzada talap edýän ýa-da jedelleşýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalaryny bermäge borçludyr. Onuň bu hereketi kazyýet çözgüt çykaranda onuň işini ýeňilleşdirýär.

Görkezilenlerden başga-da talapçynyň talap arzada özüniň talabynyň haýsy maddy-hukuk kanundan gelip çykýanlygyny görkezmegi (jedelli hukuk gatnaşygynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylmagy) hem zerurdyr. Bu işi amala aşyrmak üçin ýörite hukuk bilimiň bolmagy gerek (hukuk maslahatçylary, adwokatlar we ş.m.).

Şu bende talapçynyň jogapça maddy-hukuk jedelinden gelip çykýan talabynyň görkezilmegi hem goşulsa maglumatlar has doly we dogry bolardy. Şoňa meňzeş tejribe TRIÝK-da we RF-nyň AIÝK-da hem ulanylýar.

5. Jogapçylaryň her biri bilen özara gatnaşyklaryny kazyýete çenli düzgünleşdirmek üçin görlen çäreler hakynda maglumatlar.

TAIÝK-nyň 4-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, eger-de kanunda ýa-da şertnamada jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibi göz öňünde tutulan bolsa, şeýle jedel diňe göz öňünde tutulan tertip berjay edilenden soňra kazyýetde seljerilip bilner. Mysal üçin, şertnamada, ondan gelip çykýan jedelleriň birek-birege nägilelikleri bildirmegiň ýoly bilen çözülýändigi barada aýdylýar. Şertnamada şol bir wagtda jedeli çözmegiň möhletleri hem görkezilip bilner.

Eger-de talapçy kazyýete şertnamanyň şol şertiniň berjaý edilendigi hakynda maglumatlary bildirilmese, talap arza garalman yzyna gaýtarylýar (TAIÝK-nyň 77-nji maddasynyň 6-njy bendi). Şonuň ýaly-da jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek baradaky kadalar kanunda hem berkidilip bilner. Mysal üçin, aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanyjylar telekommunikasiýa we poçta aragatnaşygynyň hyzmatlaryny bitiren aragatnaşyk kärhanalaryna, şeýle hem ýuridik we fiziki şahslara nägileliklerini, şol sanda ýitginiň öwezini dolmak talaby bilen nägileliklerini bildirmäge haklydyrlar. Döwletiň içindäki poçta ýollamalarynyň getirilmezligi, wagtynda getirilmezligi, zaýalanmagy ýa-da ýitirilmegi baradaky şikaýatlara alty aýyň dowamynda garalýar, halkara poçta ýollamalary babatda şonuň ýaly şikaýatlar bolsa bir ýylyň dowamynda seljerilýär. [1] Şikaýat (doly ýa-da bölekleýin) kanagatlandyrylmadyk halatynda ýa-da

---

lýär[1] 20.12.1996 ýylda kabul edilen “Aragatnaşyk hakynda” Türkmenistanyň kanunynyň 33-nji maddasy (2009-njy ýyldaky üýtgetmeleri-goşmaçalary bilen).

kesgitlenen möhletlerde oňa jogap berilmedik ýagdaýynda kazyýete ýüz tutup bolýar.

6. Talapçynyň jogapça bildirýän talaby, eger-de talap birnäçe jogapça bildirilen bolsa olaryň her haýsyna bildirilýän talap aýratynlykda görkezilmelidir.

Her bir jogapça bildirilýän talap jogapçylaryň jedelli hukuk gatnaşygyna gatnaşmagynyň derejesine we anyk maddy-hukuk jedeliň ýagdaýlaryna baglydyr.

7. Talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň we beýleki subutnamalaryň sanawy görkezilýär.

Talap arzanyň ýanyna şu arzanyň 4-nji bendinde görkezilen subutnamalar goşulýar. Talabyň esasynda goýlan her bir ýagdaý degişli subutnamalar (şertnamalaryň göçürmeleri, alyş-tabşyryş namalary we ş.m.) bilen tassyklanmalydyr. Ondan başga-da TAIÝK-nyň 72-nji maddasyna laýyklykda talap arzanyň ýanyna şu aşakdakylary tassyklaýan resminamalar hem goşulýar:

- jogapça (kanunda – „işe gatnaşýan taraplar“ diýilse dogry bolar) talap arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryň göçürmeleriniň ugradylandygy hakynda;
- kesgitlenen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda;
- jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibiniň berjaý edilendigi hakynda.

Bu maddada berlen sanawy şu aşakdaky bentler bilen doldurmak maksadalaýyk bolardy:

- talap arza gol çekmeklige wekiliň ygtyýarlyklarynyň bardygy hakynda;
- ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy hakynda şahadatnamanyň göçürmesi.

Talap arzada jedeliň dogry çözülmegi üçin zerur bolan beýleki maglumatlar we talapçynyň haýyşnamalary (talaby üpjün etmek, bilermen seljermesini bellemek we ş.m. hakynda) görkezilip bilner (TAIÝK-nyň 70-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Talap arza ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, hususy telekeçiniň özi ýa-da olaryň wekilleri tarapyndan gol çekilýär. Biziň pikirimizçe, ýuridik şahsyň ýolbaşçysynyň orunbasary, eger-de onuň ýörite hukuk ýagdaýy ýuridik şahsy döretmek hakynda resminamalarda kesgitlenmedik bolsa, iş ýöredişe ynanç haty bilen wekil hökmünde gatnaşyp bilýär.

Eger-de wekiliň ynanç haty bir gezeklik bolsa (mysal üçin, hukuk maslahathanasynyň orderi) ol seljerilýän işiň materiallaryna goşulýar. Umumy (ýa-da köp gezeklik) ynanç haty kaza talap arza bildirilende görkezilýär we soňra wekile gaýtaryp berilýär.

Prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar haçan-da kazyýete başganyň bähbidini gorap ýüz tutanlarynda talap arza (arza) özleri gol çekýärler.

Talap arzanyň kanunda bellenen görnüşiniň we mazmunynyň bozulmagy onuň garalman yzyna gaýtarylmagyna getirýär (TAIÝK-nyň 77-nji maddasy).

Salgylanylan madda laýyklykda kazy talap arzany we onuň ýanyna goşulan resminamalary seljermezden yzyna gaýtarýar, eger-de:

- talap arza gol çekilmedik ýa-da oňa gol çekmäge ygtyýarlygy bolmadyk ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa;

- talap arzada taraplaryň atlary, poçta we bank salgylary (rekwizitleri) görkezilmedik bolsa;
- bellenilen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda subutnamalar görkezilmedik bolsa. Başganyň bähbidini goramak üçin iş gozgaýan prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşadylýar. Şu kadany TRIÝK-nyň 62-nji maddasynyň 8-nji bendindäki ýaly, Arbitraž prosesual kodeksinde hem berkitmek dogry bolardy;
- talaplary birleşdirmegiň kadalary bozulan bolsa ýa-da bir talap arzada özara baglanyşygy bolmadyk talaplar bir ýa-da birnäçe jogapça bildirilýän bolsa. Diňe esaslary we närsesi deň gelýän birmeňzeş talaplar ýa-da şol bir taraplar gatnaşýan işler birleşdirmäge degişli (TAIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 1-nji bölegi);
- TAIÝK-nyň 73-nji maddasynyň talap edişi ýaly, jogapça (kanunda – „işe gatnaşýan taraplara“ diýlip bellenilse dogry bolardy) talap arzanyň we onuň ýanyna goşulan resminamalaryň nusgasynyň ugradylandygy hakynda subutnamalar bolmasa;
- haçan-da bu tertip kanundan ýa-da şertnamadan gelip çykýan bolsa, jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibiniň berjaý edilendigi barada subutnamalar bolmasa;kadalaşdyryjy hukuk nama laýyklykda, jogapçydan algyny almak üçin banka ýüz tutmaklyk bellenilen bolsa we bu talabyň berjaý edilmändigini tassyklaýyn subutnamalar bildirilmedik bolsa;
- iş gozgamak hakynda karar kabul edilmezinden öň talapçydan talap arzasyny yzyna gaýtaryp bermek hakynda arza gelip gowşan bolsa. Iş gozgalandan soňra talapçynyň bu hereketine talapdan ýüz döndermeklik hökmünde garalýar.

Talap arzanyň yzyna gaýtarylmagy görkezilen ýalňyşlyklary düzedip onuň ikinji gezek umumy tertipde kazyýete bildirilmegi üçin hiç-hili päsgelçilik döretmeýär.

Talap arzanyň köp kemçilikleri (talap arza gol çekmek, taraplaryň atlaryny, poçta we bank salgylaryny (rekwizitlerini) anyklamak, talap arzanyň bahasyny kesgitlemek, ýetmeýän subutnamalary bildirmek we ş.m.) ony yzyna gaýtarmazdan hem düzedilip bilnerdi. Ýöne, talapçynyň şeýle çalt hereket etmäge taýýar bolmazlygy hem mümkin. Eger-de talap arza poçtanyň üsti bilen gelip gowşan bolsa, onda islendik ýagdaýda-da ony garaman yzyna gaýtarmaly bolýar.

### §3. Talap arzany kabul etmek. Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslary

Talap arzany kabul etmek kazynyň ýeke özi tarapyndan çözülýär. Bu barada kazy kesgitnama çykarýar (TAIÝK-nyň 75-nji maddasy). Jedeliň öz wagtynda seljerilmegini we çözülmegini üpjün etmek üçin TAIÝK-nyň 75-nji maddasynda talap arzanyň gelip gowşan gününden ony kabul etmek baradaky kesgitnamany çykarmagyň möhleti kesgitlense maksadalaýyk bolardy.

TAIÝK-nyň 76-njy maddasy işi gozgamakdan ýüz döndermegiň esaslaryny gutarnykly kesgitleýär.

- arza kazyýetde garalmaga degişli bolmasa;
- kazyýetiň önümçiliginde şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça iş bar bolsa;
- talapçynyň talabyndan ýüz döndermegi ýa-da barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanylmagy bilen baglanyşykly iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda kesgitnama bar bolsa.

Bildirilen talap boýunça subutnamalaryň ýeterlik däldigine, talap ediş möhletiniň geçirilendigine we kanunda göz öňünde tutulmadyk beýleki esaslara salgylanyp talap arzany kabul etmekden ýüz döndermeklige ýol berilmeýär.

Mysal üçin, talabyň kanunda düzgünleşdirilmändigine salgylanyp, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermeklige rugsat berilmeýär. Şeýle ýagdaýlarda kanunyň we hukugyň meňzeşligi (analogiýasy) kadalary ulanylmaly.

TAIÝK-nyň 76-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, kazy talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnama çykarýar we ol talap arza gelip gowşan gününden başlap bäş günden gijä galman işe gatnaşýan taraplara iberilýär.

Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kesgitnamanyň ýanyna talabyň maglumatlary we döwlet pajynyň gaýtarylyp berilmegi üçin delilhaty goşulyp talapça iberilýär (TAIÝK-nyň 76-njy maddasynyň 3-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 76-njy maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakyndaky kesgitnama bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner. Şol kesgitnama ýatyrylan halatynda talap arza kazyýete ilkibaşda ýüz tutulan gününden berlen diýlip hasap edilýär. Bu kada talap arzanyň bildirilen senesinden başlap kazyýet üçin işi kazyýet seljerişine taýýarlamak möhletiniň geçip başlandygyny aňladýar.

Eger-de ýalňyşlyk bilen talap arza boýunça iş gozgalan bolsa, onda kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilýändigine ýa-da berilmeýändigine baglylykda, iş boýunça önümçilik bes edilýär ýa-da talap garalman galdyrylýar.

Talap arzanyň kabul edilmegi bilen baglylykda kazyýetiň we işe gatnaşýan taraplaryň anyk prosesual hukuklary we borçlary döreýär.

Kazyýetiň işi kesgitlenen tertipde we möhletlerde seljermeklige hem çözmeklige bolan hukugy, şol bir wagtda-da borjy döreýär.

Işe gatnaşýan taraplaryň işiň materiallary bilen tanyşmaga, kazyýete talaby, subutnamalary üpjün etmek, subutnamalary üçünji taraplardan talap edip almak hakynda haýyşnama bilen ýüz tutmaga we ş.m. hukuklary ýüze çykýar.

Aýry-aýry prosesual hukuklardyr-borçlar bolsa kazyýet tarapyndan talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilende hem döreýär. Şeýle ýagdaýda talapçynyň kazyýetiň kesgitnamasyna nägilelik tertibinde şikaýat bildirmäge hukugy ýüze çykýar.

Talap arzanyň bildirilmeginiň netijesinde talap ediş möhletiniň ýagny, talapçynyň bozulan jedelli hukugyny ýa-da kanun bilen goralýan bähbidini kazyýetiň kömegi bilen mejbury ýerine ýetirmek möhletiniň arasy üzülýär.

Biziň pikirimizçe, talap arzanyň kabul edilmegi bilen bagly ýüze çykýan prosessual hukuklaryň we borçlaryň biri hökmünde, eger-de jogapçy talap arza bildirilenden soňra, ýöne kazyýet tarapyndan iş seljerilmezinden öň talapçynyň talabyny meýletin ýerine ýetiren bolsa, onda talapçynyň talaby bildirmek bilen bagly çykaran çykdajylaryny jogapçy gaýtarmaly edilse dogry bolardy.

## 10-njy tema degişli çyzgylar. Ykdysady işleri gozgamak

Çyzgy 10.1.

**Talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri**

**Oňyn şertler:**

- Talapçynyň we jogapçynyň prosesual hukuk ukyplylygy
- Ykdysady işiň kazyýetiň garamagyna degişliligi
- Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilmegi

**Oňyn däl şertler:**

- Şol bir taraplaryň arasynda, jedel boýunça şol bir närse we esaslar bilen bagly kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bolmaly däl.
- Kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynd, jedel boýunça şol bir närse we esaslar bilen bagly entek çözülmedik iş bolmaly däl.
- Kazyýetiň talapçynyň talapdan ýüz döndermegini ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak barada kesgitnamasy bolmaly däl.
- Talapçy bilen jogapçynyň arasynda jedeli bitarap kazyýete geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bomaly däl.

Çyzgy 10.2.

Jedeliň şol kazyýetiň garamagyna degişliligi

Wekiliň ygtyýarlyklarynyň bellenen tertipde resmilesdirilmegi

**Talaby bildirmäge bolan hukugy durmuşa geçirmegiň şertleri**

## Talaby bildirmäge bolan hukugyň öňünden anyklanmaly şertleri we ony durmuşa geçirmek üçin zerur şertler

**Tablisa 10.1.**

| № | Öňünden anyklanmaly şertler (1-7-nji bentler) we durmuşa geçirmek üçin zerur şertler (8-9-njy bentler) | Bardygy (ýokdugy) iş gozgalmazyndan öň ýüze çykarylanda | Bardygy (ýokdugy) iş gozgalandan soň ýüze çykarylanda |
|---|---|---|---|
| 1 | Talapçynyň we jogapçynyň prosesual hukuk ukyplylygy | Ýok bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Ýok bolsa iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 2 | Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi | Ýok bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär. | Ýok bolsa iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 3 | Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibini berjaý etmek | Berjaý edilmedik bolsa, talap arza garalman yzyna gaýtarylýar | Berjaý etmek mümkinçiliginiň ýitirilendigine ýa-da ýitirilmändigine baglylykda iş boýunça önümçilik bes edilýär ýa-da talap arza garalman galdyrylýar |
| 4 | Şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we esaslar bilen bagly jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 5 | Kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we esaslar bilen bagly entek çözgüt çykarylmadyk jedelli iş bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Bolsa, talap arza garalman galdyrylýar |
| 6 | Kazyýetiň talapçynyň talapdan ýüz döndermegini ýa-da barlyşyk ylalaşygyny tassyklaýan kesgitnamasy bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 7 | Talapçy bilen jogapçynyň arasynda jedeli bitarap kazyýete geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolmaly däl | Bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 8 | Jedel şol kazyýetiň garamagyna degişli bolmaly | Ýok bolsa, talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilýär | Ýok bolsa, iş boýunça önümçilik bes edilýär |
| 9 | Wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilen bolmaly | Berjaý edilmedik bolsa, talap arza garalman yzyna gaýtarylýar | Ýok bolsa, talap arza garalman galdyrylýar |

## Talap arzanyň mazmuny

**1.** Talap arza berilýän kazyýetiň ady. Mysal üçin: Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti

**Talapçy:** $2^1$. Talapçynyň ady, onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri, bank salgylary (rekwizitleri).

- Eger-de talap wekil tarapyndan bildirilýän bolsa – onuň ady we salgysy
- Eger-de talap prokuror (başga ygtyýarly taraplar) tarapyndan bildirilýän bolsa – olaryň atlary we salgylary, şeýle hem kimiň bähbidini goramak üçin iş gozgalýan bolsa, şonuň ady we salgysy

**Jogapçy:** $2^2$. Jogapçynyň ady we onuň ýerleşýän (ýaşaýan) ýeri, bank salgylary (rekwizitleri).

**3.** Talabyň bahasy. Mysal üçin: 50.000 (elli müň) manat

Talap arza
(bergini gaýtaryp almak we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada)

**4.** Işiň ýagdaýlary:

- talabyň esaslary – ýuridik faktlar.
- şol hakyky ýagdaýlary (ýuridik faktlary) tassyklaýan subutnamalar.
- jedelleşilýän ýa-da talap edilýän pul möçberiniň esaslandyrylan hasaplamalary.
- işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşy – degişli maddy-hukuk kanunyna salgylanma.

**5.** Jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek tertibini berjaý etmek boýunça geçirilen çäreler barada maglumatlar.

**6.** Talapçynyň jogapça bildirýän talaby. Eger-de jogapçylar birnäçe bolsa, olaryň her haýsyna aýratyn bildirilýän talap.

**7.** Talap arzanyň ýanyna goşulýan resminamalaryň we subutnamalaryň sanawy.
Şu aşakdaky ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar:

- jogapça talap arzanyň we onuň ýanyna goşulan resminamalaryň nusgalarynyň ugradylandygy hakynda.
- kesgitlenen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda;
- jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilendigi hakynda.
- talap arza gol çekmeklige wekiliň ygtyýarlyklarynyň bardygy hakynda;
- ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi hökmünde döwlet belligine alnandygy hakynda şahadatnamanyň göçürmesi.
- 4-nji bentde görkezilen ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar.

**Gol:**

- Ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary
- Hususy telekeçi
- Ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň wekili
- Prokuror ýa-da başga ygtyýarly tarap

## Talap arzany garaman yzyna gaýtarmak

**Tablisa 10.2.**

| |
|---|
| • Talap arza gol çekilmändir ýa-da oňa gol çekmäge ygtyýarlygy bolmadyk ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa. |
| • Talap arzada taraplaryň atlary, poçta we bank salgylary (rekwizitleri) görkezilmedik bolsa. |
| • Bellenilen tertipde we möçberde döwlet pajynyň tölenilendigi hakynda subutnamalar bildirilmedik bolsa. |
| • Talaplary birleşdirmegiň düzgünleri bozulan bolsa ýa-da bir talap arzada özara baglanyşygy bolmadyk talaplar bir ýa-da birnäçe jogapça bildirilýän bolsa. |
| • Jogapça talap arzanyň we onuň ýanyna goşulan resminamalaryň nusgalarynyň ugradylandygy hakynda subutnamalar bolmasa. |
| • Kanunda ýa-da şertnamada görkezilen halatynda jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibiniň berjaý edilendigi barada subutnamalar bolmasa. |
| • Kadalaşdyryjy hukuk nama laýyklykda jogapçydan algyny almak üçin banka ýüz tutmaklygy bellenilen bolsa we bu hereketiň berjaý edilendigini tassyklaýan subutnamalar bolmasa. |
| • Iş gozgamak hakynda karar kabul edilmezinden öň talapçydan talap arzasyny yzyna gaýtaryp bermek hakynda arza gelip gowşan bolsa. |

## Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek

**Tablisa 10.3.**

| |
|---|
| • Arza kazyýetde garalmaga degişli bolmasa. |
| • Şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bar bolsa. |
| • Talapçynyň talabyndan ýüz döndermegi ýa-da barlyşyk ylalaşygynyň tassyklanylmagy bilen baglanyşykly iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda kesgitnama bar bolsa. |
| • Kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça çözülmedik jedelli iş bar bolsa. |
| • Talapçy bilen jogapçynyň arasynda işi bitaraplar kazyýetine geçirmek barada ylalaşyk bar bolsa. |
| • Jedel şol kazyýetiň garamagyna degişli bolmasa. |

## 10-njy tema degişli testler: Ykdysady işleri gozgamak

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Kärhanalaryň arasynda bozulan hukuklary goramak hakynda jedel ýüze çykýar. Jedeli kazyýetde seljermek üçin zerur:**

- taraplaryň ikisiniň hem hukuk ukyply bolmagy;
- taraplaryň diňe biriniň hukuk ukyply bolmagy;
- diňe talapçynyň hukuk ukyply bolmagy;
- diňe jogapçynyň hukuk ukyply bolmagy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Kärhananyň we hususy telekeçiniň hukuk ukyplylygy döreýär:**

- kärhana babatda – döwlet belligine alnan pursatyndan, hususy telekeçi babatda – dünýä inen pursatyndan;
- kärhana babatda – döwlet belligine alnan pursatyndan, hususy telekeçi babatda – 16 ýaşynyň dolmagy bilen;
- kärhana babatda – döwlet belligine alnan pursatyndan, hususy telekeçi babatda – kämillik ýaşyna ýetmegi bilen;
- olar döwlet belligine alnan pursatyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Şu jedelleriň haýsysy ykdysady iş hökmünde kazyýetiň garamagyna degişli däl?**

- ýuridik şahslaryň arasyndaky jedel;
- hususy telekeçileriň arasyndaky jedel;
- ýuridik şahsyň we hususy telekeçiniň arasyndaky jedel;
- raýat bilen hususy telekeçiniň arasyndaky jedel.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Iş boýunça önümçilik bes edilýär, eger-de:**

- kazyýet işi onuň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky düzgünleri bozup önümçiligine kabul eden bolsa;
- jedel kazyýetde garalmaga degişli däl bolsa;
- kazyýetiň önümçiliginde, şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça entek çözülmedik jedelli iş bar bolsa;
- jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi berjaý edilmedik bolsa we şol mümkinçilik entek bar bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Talap arza garalman galdyrmaklyga degişli, eger-de:**

- talapçy bilen jogapçynyň arasynda işi bitaraplar kazyýetine geçirmek hakynda ylalaşyk bar bolsa;
- kazyýetiň barlyşyk ylalaşygyny tassyklamak hakynda kesgitnamasy bar bolsa;

- adwokat talap arza degişli ygtyýarlyklary bolmazdan gol çeken bolsa;
- talapçynyň talapdan ýüz döndermegini kabul etmek hakynda kazyýetiň kesgitnamasy bar bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Kazy talap arzany garaman yzyna gaýtaryp bilýär, eger-de:**
- talapçynyň hukuk ukyby bolmasa;
- talap arza degişli kazyýete bildirilmedik bolsa;
- hukuk maslahatçysynyň işe gatnaşmak üçin ynanç haty bolmasa;
- jogapçy bilen jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi berjaý edilmedik bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Eger-de iş kazyýetiň önümçiligine onuň kazyýetiň garamagyna degişliligi baradaky düzgünleri bozulyp kabul edilen bolsa, onda ol iş:**
- degişli kazyýete garamaklyk üçin geçirilýär;
- boýunça önümçilik bes edilýär;
- garalman galdyrylýar;
- goýberilen kemçilik aradan aýrylýança garamaklyk yza süýşürilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Şulardan kim talap arza gol çekip bilmeýär?**
- hukuk maslahatçysy;
- ýuridik şahsyň ýolbaşçysynyň orunbasary;
- işgärler bölüminiň başlygy;
- adwokat.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Talapçy talabyň hukuk esasyny görkezmäge borçlumy?**
- ýok;
- hawa;
- hawa – eger-de talaba adwokat ýa-da hukuk maslahatçysy gol çekýän bolsa;
- hawa, eger-de talaba ýokary hukuk bilimi bolan şahs gol çekýän bolsa.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**10) Jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek mümkinçiligi ýitirilip bilner, ol bolsa bagly:**
- talapçynyň islegine;
- jogapçynyň islegine;
- kaza (kazyýete);
- jedeli düzgünleşdirmegiň kesgitlenen möhletiniň geçmegine.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Eger-de talap arza bildirilende talapçy döwlet pajyny töländigi hakynda subutnamany görkezmese, kazyýet:**

- talap arzany kabul etmekden ýüz dönderýär;
- talap arzany garaman yzyna gaýtarýar;
- talap arzany hereketsiz galdyrýar;
- döwlet pajyny tölemek üçin möhlet kesgitleýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Talap arza bildirilende döwlet pajyny tölemekden boşadylýar:**

- prokuror;
- adwokat;
- ýuridik şahsyň ýolbaşçysy;
- hususy telekeçi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Kazy birleşdirmäge ygtyýarly:**

- diňe şol bir taraplar gatnaşýan işleri;
- diňe esaslary we närseleri birmeňzeş bolan talaplary;
- şol bir taraplar gatnaşýan işleri we esaslary hem närseleri birmeňzeş bolan talaplary;
- islendik işleri we talaplary.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Kazyýete birmeňzeş talap bilen gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilýär:**

- talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilende;
- talap arza garalman yzyna gaýtarylanda;
- görkezilen iki ýagdaýda-da;
- talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilende, eger-de öň talap arza garalman yzyna gaýtarylmadyk bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Talapçy bilen jogapçynyň arasyndaky jedel maddy-hukuk kanun bilen düzgünleşdirilmeýär. Şeýle ýagdaýda talap arzany kazyýetiň önümçiligine almak we ony düýp mazmuny boýunça seljermek bolýarmy?**

- ýok, sebäbi şeýle halatda talaby hukuk nukdaýnazaryndan esaslandyryp bolmaýar;
- hawa, kazyýet presedentini ulanmak bilen;
- hawa, eger-de kazyýetiň gelen netijeleri taraplaryň ylalaşygyna (konsensusyna) esaslanýan bolsa;
- hawa, kanunyň ýa-da hukugyň meňzeşligini (analogiýasyny) ulanmaly.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Döwlet pajy yzyna gaýtarylmaga degişli, eger-de:**
- talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilse;
- talap arza garalman yzyna gaýtarylsa;
- görkezilen ýagdaýlaryň ikisinde-de;
- talap arzany kabul etmekden ýüz dönderilende – hökmany tertipde, talap arza garalman yzyna gaýtarylanda bolsa bu meseläni çözmek kazynyň garamagyna berilýär.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**17) Nägilelik tertibinde şikaýat bildirip bolýar:**
- talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna;
- talap arzany garaman yzyna gaýtarmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna;
- görkezilen kesgitnamalaryň ikisine-de;
- talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna – hökmany tertipde, talap arzany garaman yzyna gaýtarmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasyna – diňe kanunda göz öňünde tutulan halatlarda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**18) Eger-de kazyýet ýalňyşlyk bilen iş gozgan bolsa, soňra ol işi näme etmeli?**
- talaby garaman galdyrmaly;
- iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- talaby garaman galdyrmaly ýa-da iş boýunça önümçiligi bes etmeli;
- kazyýete gaýtadan talap bilen ýüz tutmaklyga mümkinçilik berilýändigine ýa-da berilmeýändigine baglylykda talap garaman galdyrylýar ýa-da iş boýunça önümçilik bes edilýär.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**19) Şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we esas barada jedel boýunça kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgüdi bar. Eger-de soňra talabyň esasy ýa-da närsesi üýtgese, talap kazyýetiň önümçiligine kabul edilip bilnermi?**
- ýok, eger-de çözgüt gözegçilik tertibinde ýatyrylmasa;
- hawa;
- hawa, eger-de talabyň närsesi üýtgese;
- hawa, eger-de talabyň esasy üýtgese.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**20) Talap arza bildirmäge bolan hukugyň şertleri:**
- umumy bolup bilýär;
- ýörite bolup bilýär;

- umumy we ýörite bolup bilýär;
- umumy ýa-da ýörite bolup bilýär.

***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***1*** | ***4*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***4*** | ***1*** | ***3*** | ***2*** | ***4*** | ***2*** | ***1*** | ***3*** | ***2*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** |

## Tema 11. Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak

### §1. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga düşünje we onuň ähmiýeti

Iş gozgalandan soňra, ol seljerilmezinden we çözülmezinden öň ýörite tapgyry – kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyryny geçýär. Bu tapgyryň geçirilmegi hökmany bolup durýar, ýagny ol çylşyrymlylyk derejesine garamazdan ähli işler boýunça geçirilýär.

Taýýarlaýyş tapgyryň göwnejaý guralmagy işiň birinji kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we obýektiw seljerilmegi hem çözülmegi üçin ähli zerur şertleri döredýär.

Göwnejaý geçirilmedik taýýarlaýyş tapgyry bolsa şu islenilmeýän ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna getirýär:

- işi seljermegiň başga bir güne geçirilmegi sebäpli oňa garamagyň prosesual möhletleriniň bozulmagyna;
- kazyýetiň iş boýunça hakykaty ýüze çykarmak mümkinçilikleriniň çäklendirilmegine;
- iş boýunça önümçiligiň bes edilmegine ýa-da talabyň garalman galdyrylmagyna;
- nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde iş boýunça çözgüdiň esassyzlygy sebäpli ýatyrylmagyna we ş.m.

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyry talap arza (arza) önümçilige alnan pursatyndan başlanýar. Şol pursatdan başlap hem kazy işiň öz wagtynda we dogry çözülmegine gönükdirilen prosesual hereketleriň uly toplumyny amala aşyrýar.

Ol hereketleri şu aşakdaky umumylaşdyrylan çäreleriň toparlaryna bölmek bolar:

**1.** Subut etmekligiň närsesini, ýagny kazyýet tarapyndan anyklanmaga degişli hakyky ýagdaýlary kesgitlemek.

Ilkinji nobatda kanunyň hukuk netijeleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrylýan ýuridik faktlary (taraplaryň talaplary we nägilelikleri, beýleki ýagdaýlary) dogry kesgitlemek zerur.

Şol bir wagtda-da kazy işiň ýagdaýlaryny düzgünleşdirýän kadalary hem kesgitleýär. Işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan nädogry maddalaşdyrylmagy esassyz we bikanun çözgüdiň çykarylmagyna getirýär. Subut etmekligiň närsesiniň nädogry kesgitlenmegi bolsa işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan ýalňyş maddalaşdyrylmagyna eltýär.

**2.** Işiň hakyky ýagdaýlaryny doly we dogry tassyklap biljek subutnamalary kesgitlemek.

Olary kazyýete toplamak babatda çäreleri görmek. Kazy diňe bir işe gatnaşýan taraplardan däl-de eýsem iş ýöredişiň gatnaşyjysy bolmadyk taraplardan hem zerur subutnamalary talap edip almaga haklydyr.

**3.** Şol iş boýunça işe gatnaşýan taraplary kesgitlemek.

Olaryň iş ýöredişe gatnaşmaklaryny üpjün etmek üçin çäreleri görmek ýa-da olary kazyýetiň önümçiliginde bar bolan iş we ol iş boýunça geçiriljek seljerişiň wagty barada habarly etmek.

**4.** Işe gatnaşýan taraplary we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryny kazyýet mejlisiniň geçirilýän güni barada habarly etmek we olary kazyýete çagyrmak.

Şu ýerde işi kazyýet seljerişine taýýarlamak bilen bagly işiň göwrüminiň we amala aşyrylýän prosesual hereketleriň häsiýetiniň her bir anyk işiň ýagdaýlaryna we çylşyrymlylygyna baglydygyny bellemek zerurdyr.

Resmi taýdan işi kazyýet seljerişine taýýarlamak kazy tarapyndan, mazmunynda talap arzanyň kabul edilýändigi hem-de işi kazyýet seljerişine taýýarlamak üçin amala aşyrylmaly zerur hereketler barada beýan edilýän, işi önümçilige almak we kazyýet seljerişine taýýarlamak barada karar çykarylan pursatyndan başlanýar. Karar talap arza kabul edilen gününden başlap bäş günüň dowamynda çykarylýar we işe gatnaşýan taraplara ugradylýar (TAIÝK-nyň 81-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Kazy işi gozgamak baradaky karary işe gatnaşýan taraplara ugratmak bilen, olaryň oňünde kararyň göçürmesini alan günlerinden başlap bäş günüň dowamynda kazyýete ýetmeýän maglumatlary we resminamalary bermek hakynda borç goýup bilýär. Kazyýetiň görkezmelerini ýerine ýetirmezlik degişli jogapkärçiligiň ýüze çykmagyna getirýär, ýöne düzgün bozuja temmi çäresiniň ulanylmagy ony kazyýetiň görkezmesini ýerine ýetirmek borjundan boşatmaýar (TAIÝK-nyň 81-nji maddasynyň 3-4-nji bölekleri).

Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak kazy tarapyndan, işiň resmi taýdan gozgalan gününden başlap iki hepde möhletde amala aşyrylýar. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak bilen bagly hereketleriň amala aşyrylmagyny esassyz uzaga çekdirmezlik üçin kanunyň şu maddasynda: „iki hepdä çenli möhletde“ diýip kesgitlense dogry bolardy. Işiň ýagdaýlaryna baglylykda işi kazyýet seljerişine taýýarlamak, aýdalyň 5, 10 gün möhletde amala aşyrylyp bilner, ýöne onuň umumy möhleti iki hepdeden geçip bilmez.

Aýratyn halatlarda (has çylşyrymly işlerde) işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň möhleti bir aýa çenli uzaldylyp bilinýär (TAIÝK-nyň 81-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

## §2. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda amala aşyrylýan prosesual hereketler

TAIÝK-nyň 82-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, iş kazyýet seljerişine taýýarlanylýan döwürde kazy şu hereketleri amala aşyrýar:

1. Iş ýöredişe ähli bähbidi bar taraplary çekmek hakyndaky meseläni çözýär.

Iş kazyýet seljerişine taýýarlananda işde başga taraplaryň hem bähbidiniň bardygy ýüze çykarylyp bilner.

Bähbit bilelikde gatnaşmaklyk (tarapdarlyk) zerarly ýüze çykyp biler. Kazy işde bähbidi bolan ähli talapçylary gozgalan iş barada habarly etmäge borçludyr, işe gatnaşmaklygy ýa-da gatnaşmazlygy bolsa talapçylaryň özleri çözýär. Eger-de iş boýunça birnäçe borçly tarap bolup we talapçyda olaryň hemmesine talaby bildirmedik bolsa kazy öz başlangyjy bilen ähli jogapçylary işe çekýär.

Ýuridik we fiziki şahslaryň bähbidi degişli däl tarapy çalyşmak bilen hem bagly bolup biler.

Iş ýöredişe degişli däl jogapçynyň gatnaşýandygyny ýüze çykaran halatynda kazy iş ýöredişe degişli jogapçyny gatnaşdyrýar. Ýöne ol degişli däl jogapçyny degişli jogapçy bilen çalyşmagy amala aşyryp bilmeýär, sebäbi birinjiden bu hereket kazyýet seljerişi tapgyrynda amala aşyrylýar, ikinjiden munuň üçin talapçynyň razylygy zerur. Kazy jogapçyny işi kazyýet seljerişine taýýarlaýyş tapgyrynda iş ýöredişe çekmäge diňe bir ygtyýarly bolman, borçly hem. Eger-de talapçy razy bolsa onda kazy iş seljerilende jogapçyny çalyşýar. Eger-de talapçynyň razylygy bolmasa, onda ol iş ýöredişe ikinji jogapçy hökmünde çekilýär.

Degişi talapçyny kazy iş ýöredişe çekip bilmeýär. Onuň borjy, degişli talapçyny kazyýetiň önümçiligindäki iş barada habarly etmek. Işiň kazyýet seljerişi tapgyrynda ilkibaşky talapçynyň özüni degişli talapçy bilen çalşylmagyna razylygynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna baglylykda, kazy talapçylary çalyşýar ýa-da degişli talapçyny özbaşdak talap bildirýän üçünji tarap hökmünde işe gatnaşdyrýar.

Işde taraplardan başga üçünji taraplaryň hem bähbidiniň bolmagy mümkin. Olar kazyýetiň çözgüdi çykmazyndan öň iş ýöredişe girip bilýär. Olardan jedeliň närsesi babatda özbaşdak talap bildirýäni hakykat ýüzünde talapçy bolmak bilen talapçynyň ähli ygtyýarlyklaryna eýedir.

Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar jedeliň närsesi babatda hiç-hili dawa etmeýärler. Bularyň işdäki bähbidi kazyýetiň çözgüdiniň olaryň hukuklaryna we borçlaryna täsir edip biljekdigi bilen düşündirilýär. Adatça olar geljekde döräp biljek regress talapdan goranýarlar. Özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplara jogapçynyň ygtyýarlyklary berilýär.

2. Belli bir hereketleri amala aşyrmaga, şol sanda jedeli çözmek üçin ähmiýeti bolan resminamalary bildirmäge taraplary, beýleki ýuridik we fiziki şahslary borçly edýär.

Subutnamalary talap etmegiň tertibi TAIÝK-nyň 53-nji maddasynda düzgünleşdirilýär.

Kazyýet işe gatnaşýan we gatnaşmaýan taraplardan ýazmaça we maddy subutnamalary talap edip almaga ygtyýarlydyr.

Işe gatnaşýan ýa-da gatnaşmaýan taraplardan subutnamalary özbaşdak almaga mümkinçiligi bolmadyk tarap şol subutnamalaryň talap edilip alynmagy hakyndaky haýyşnama bilen kazyýete ýüz tutmaga haklydyr. Haýyşnamada iş üçin ähmiýeti bolan nähili ýagdaýlaryň şol subutnama arkaly anyklanylyp bilinjekdigi, subutnamanyň ady we onuň nirededigi görkezilmelidir. Kazyýet, zerurlyk ýuze çykan halatynda, işe gatnaşýan tarapa zerur subutnamany getirmek üçin resmi ýüztutma hatyny berýär. Kazyýet tarapyndan berilmegi talap edilýän subutnamany özünde saklaýan şahs ony gönüden-göni kazyýete iberýär ýa-da degişli resmi ýüztutma haty elinde bolan tarapa onuň subutnamany kazyýete eltip bermegi üçin gowşurýar.

Talap edilýän subutnamany bermek borjy kazyýet tarapyndan esassyz hasap edilen sebäplere görä ýerine ýetirilmedik halatynda şol subutnamany özünde saklaýan şahs Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

Ol babatda temmi çäresiniň ulanylmagy düzgüni bozany kazyýetiň talabyny berjaý etmek borjundan boşatmaýar.

3. Bilermen seljermelerini bellemek hakyndaky meseläni çözýär.

Bilermeniň netijenamasy kazyýet mejlisinde seljerilýär we oňa baha berilýär. Bilermen seljermesini işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda bellemek bilen kazy işiň seljerilmeginiň esassyz uzaga çekdirilmeginiň öňüni alýar.

Eger-de bilermen aýry-aýry soraglara jogap bermedik bolsa ýa-da onuň jogaplary kazyýet üçin düşnüksiz bolsa işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda kazy goşmaça bilermen seljermesini hem belläp bilýär.

Ýöne bu tapgyrda kazy gaýtadan bilermen seljermesini belläp bilmeýär, sebäbi bilermeniň ilkibaşky netijenamasyny esassyz diýip bilmek işi düýp mazmuny boýunça seljerýän kazynyň ygtyýarlygyna degişli bolup durýar.

4. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda taraplaryň wekilleriniň kazyýete gelmeginiň zerurlygy hakyndaky meseläni çözýär.

Biziň pikirimizçe, bu ýerde aýdyňlaşdyrylmaly bir mesele bar. Söhbetdeşlige taraplar çagyrylýar. Kazyýete olaryň özleri gelip bilýär, taýýarlyk söhbetdeşligine gatnaşmagy öz wekillerine tabşyryp bilýärler ýa-da bu çärä wekilleri bilen bilelikde gatnaşyp bilýärler. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda taraplar olaryň talaplarynyň we nägilelikleriniň esaslaryny anyklamak üçin çagyrylýar.

Kazy talapçydan talabyň esaslaryny we närsesini anyklaýar, subutnamalaryň ýeterlikdigini barlaýar. Jogapçy bilen söhbetdeşligiň dowamynda kazy onuň talap babatda nähili nägilelikleriniň bardygyny we şol nägilelikleriniň haýsy subutnamalar bilen tassyklanyp biljekdigini anyklaýar. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda kazy taraplary goşmaça subutnamalary bildirmäge borçly etmäge ygtyýarlydyr. Ondan başga-da taýýarlyk tapgyrynda taraplaryň dürli haýyşnamalary diňlenilýär.

Eger-de işi taýýarlamagyň dowamynda taraplaryň garaýyşlary öňünden anyklanmasa, onda kazyýet mejlisinde işe garamagy subutnamalaryň ýeterlik däldigi sebäpli başga güne geçirmek zerurlygy ýüze çykyp biler.

Taraplar bilen söhbetdeşlik kaza jedeli hukuk taýdan dogry maddalaşdyrmaklyga, subut etmekligiň närsesini we iş boýunça ýetmeýän subutnamalary kesgitlemeklige, şeýle hem işiň netijesinde bähbidi bar bolan ähli taraplary anyklamaklyga mümkinçilik berýär.

Kazy jogapçynyň talaba seslenmesini, kähalatda bolsa onuň garşylyklaýyn talap arzasyny öwrenmeklik bilen jogapçynyň iş boýunça garaýyşlaryna doly we hemmetaraplaýyn seljerme geçirip bilýär.

TAIÝK-nyň 78-nji maddasyna laýyklykda, jogapçy iş boýunça önümçiligiň gozgalandygy hakyndaky karary alandan soň bäş günden gijä galman kazyýete talap arza seslenmesini hem-de talaba nägileliklerini tassyklaýan ähli resminamalary, talapça we beýleki işe gatnaşýan taraplara bolsa talaba seslenmesiniň nusgasyny iberýär.

Seslenmä ýuridik şahsyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýär.

Seslenmede şu aşakdakylar görkezilýär:

- kazyýetiň ady;

- talapçynyň ady we işiň tertip sany;
- ykrar edilen puluň möçberi we onuň hasaplamalary, eger pul geçirilen bolsa - seslenmä töleg tabşyrygy we bank edarasynyň ony ýerine ýetirmek üçin kabul edenliginiň subutnamalary goşulýar;
- kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, şeýle hem talapdan boýun gaçyrylmagyny esaslandyrýan subutnamalara salgylanmak bilen, talapdan doly ýa-da bölekleýin boýun gaçyrylmagynyň delilleri;
- seslenmä goşulýan resminamalaryň we beýleki subutnamalaryň (şol sanda seslenmäniň we oňa goşulan resminamalaryň nusgalarynyň talapça we beýleki işe gatnaşýan taraplara iberilendigi hakynda) sanawy.

Seslenmede beýleki maglumatlar, şeýle hem jogapçynyň haýyşnamalary hem görkezilip bilner.

TAIÝK-nyň 79-njy maddasyna laýyklykda, jogapçy jedel boýunça çözgüt kabul edilýänçä ilkibaşky talap bilen bilelikde çözülmegi üçin talapça garşylyklaýyn talap bildirmäge haklydyr.

Garşylyklaýyn talap şu aşakdaky halatlarda kabul edilýär:

- eger bol ilkibaşky talap boýunça hasaplaşyk geçirmeklige gönükdirilen bolsa;
- eger garşylyklaýyn talabyň kanagatlandyrylmagy ilkibaşky talabyň kanagatlandyrylmagyny doly ýa-da bölekleýin aradan aýyrýan bolsa;
- eger garşylyklaýyn we ilkibaşky talaplaryň arasynda özara baglanyşyk bar bolsa we olara bilelikde garamak jedeliň has çalt we dogry çözülmegine getirýän bolsa.

5. Işiň düýp mazmuny boýunça düşündiriş bermek üçin wezipeli adamlary we beýleki şahslary çagyrmak hakyndaky meseläni çözýär.

Kazy kazyýet mejlisiniň dowamynda jedeliň düýp mazmuny boýunça düşündiriş berip biljek işe gatnaşýan taraplary kesgitleýär.

6. Beýleki kazyýetlere kazyýet tabşyryklaryny iberýär.

Işi seljerýän kazyýet zerur subutnamalar gözegçilik edýän çäginde ýerleşýän kazyýete şol subutnamalary toplamak boýunça tabşyryk berip bilýär. Mysal üçin, maddy we ýazmaça subutnamalary gözden geçirmek, bilermen seljermesini bellemek barada.

Tabşyrygy berjaý etmek kazyýet üçin hökmandyr. Tabşyryk işe gatnaşýan taraplary çagyrmak bilen kazyýet mejlisinde ýerine ýetirilmäge degişlidir. Kazyýet mejlisi barada teswirnama düzülýär we ol işi düýp mazmuny boýunça seljerýän kazyýete ugradylýar. Teswirnamanyň ýanyna ýazmaça subutnamalar, bilermenleriň netijenamalary, subutnamanyň ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek teswirnamasy we ş.m. goşulyp bilinýär.

TAIÝK-da kazyýetiň tabşyrygyny ýerine ýetirmegiň tertibini ýörite kadada berkitmek zerur.

7. Talaby üpjün etmek üçin çäreleri görýär.

Haçan-da kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň kyn boljakdygyny ýa-da düýbünden mümkin bolmajakdygyny görkezýän görnetin howply ýagdaýlar dörän halatynda talaby üpjün etmek üçin çäreler görülýär.

TAIÝK-nyň 83-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet iş ýöredişiň islendik tapgyrynda talaby üpjün etmek üçin çäreleri görmäge haklydyr. Bu barada mesele taraplar ýa-da kazyýetiň özi tarapyndan gozgalyp bilner. Talaby üpjün etmek hakynda arza kazyýet tarapyndan ol gelip gowşandan soň bäş günüň dowamynda taraplary çagyrmazdan garalýar. Talaby üpjün ediş çäreleri kazyýetiň namasy ýerine ýetirilýänçä ýa-da kazyýet tarapyndan ýatyrylýança hereket edýär.

TAIÝK-nyň 84-nji maddasynda talaby üpjün etmek boýunça şu çäreler berkidilýär:

- jogapça degişli emlägi ýa-da pul serişdelerini gozgamasyz etmek;
- jogapça belli bir hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, emlägi satmagy);
- beýkleki taraplara jedeliň närsesi bilen bagly hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, emlägi jogapça bermek);
- talapçy tarapyndan jedelli hasaplanýan ýerine ýetirijilik resminamasy ýa-da jedelsiz (akseptsiz) tertipde töleg geçirmäge esas berýän başga bir resminama boýunça töleg geçirmegi togtatmak;
- emlägi gozgamasyz ýagdaýyndan boşatmak hakynda talap bildirilen halatda şol emlägi ýerlemegi togtatmak.

TAIÝK-da talaby üpjün etmegiň çäreleriniň bildirilen talaba möçberi boýunça deň bolmalydygyny berkitmek zerurdyr.

Kanun jedel edilýän pul möçberiniň çäklerinde birnäçe üpjün ediş çäreleriniň ulanylmagyna rugsat berýär. Mysal üçin, jogapçynyň emlägini gozgamasyz etmek we oňa anyk hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek. Ondan başga-da talaby üpjün etmegiň bir çäresini başga bir çäre bilen çalyşmaklyga hem kanun ygtyýar berýär (TAIÝK-nyň 85-nji maddasy).

Eger-de kazyýetiň talaby üpjün etmek hakynda kesgitnamasy ýerine ýetirilmeýän bolsa, talapçy kazyýetiň talaplarynyň ýerine ýetirilmänligi üçin günäkär şahslardan özüne ýetirilen zyýanyň öwezini töletdirip almaga haklydyr.

Öz nobatynda talapçy hem eger-de kazyýet onuň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz dönderen halatynda, jogapça talaby üpjün etmek çäreleriniň amala aşyrylmagynyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

TAIÝK-nyň 86-njy maddasyna laýyklykda, talaby üpjün etmek hakyndaky kesgitnama kazyýet namalaryny ýerine ýetirmek üçin bellenilen tertipde haýal etmän ýerine ýetirilýär. TAIÝK-nyň 87-nji maddasynda talaby üpjün etmek babatdaky çäreleri ýatyrmagyň tertibi kesgitlenýär. Bu hereket talaby üpjün etmek hakynda çäreleri amala aşyrmak hakynda kesgitnamany çykaran kazyýet tarapyndan ýerine ýetirilýär. Talap kanagatlandyrylmadyk ýagdaýynda talaby üpjün etmek baradaky çäreler ýatyrylýar. Talabyň üpjün edilmegini ýatyrmak hakynda kazyýet çözgüdiň içinde görkezýär ýa-da ol kabul edilenden soňra kesgitnama çykaryp bilýär. Talaby üpjün etmek baradaky kesgitnamanyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da onuň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik döredilendigi üçin günäkär şahslar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär (TAIÝK-nyň 88-nji maddasy).

Görkezilenlerden başga-da kazy jedeliň öz wagtynda we dogry çözülmegini üpjün etmeklige gönükdirilen birnäçe hereketleri amala aşyrýar. TAIÝK-nyň 82-nji maddasynda berkidilen işi kazyýet seljerişine taýýarlamak çäreleri gutarnykly däldir. Olardan başga-da kazy: ýazmaça we maddy subutnamalary ýerinde gözden geçirmek, subutnamalary üpjün etmek, kazyýet çykdajylaryny tölemekden boşatmak, döwlet pajyny yzyna gaýtarmak, talaplary birleşdirmek ýa-da olary biri-birinden bölüp aýyrmak ýaly dürli prosesual hereketleri amala aşyrýar.

Talaplary birleşdirmegiň ýörelgeleri barada öňki temalarda durlup geçildi. Olary biri-birinden bölüp aýyrmak barada aýdylanda bolsa, eger-de talaplary aýry-aýrylykda seljerilmegi (mysal üçin, seljerilýän talaplaryň çylşyrymlylygyny, jedelde bähbidi bar taraplaryň sanynyň köplügini we ş.m. nazarda tutup) maksadalaýyk diýlen netijä gelinse, kazyýet bir ýa-da birnäçe birleşdirilen talaplary aýratyn önümçilige bölüp aýyrmaga ygtyýarlydyr (TAIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Bu mesele kazy tarapyndan işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda öwrenilýär hem-de iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanmanka, kesgitnama çykarmak bilen çözülýär (TAIÝK-nyň 74-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 89-njy maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazy iş ýeterlik derejede taýýarlanan diýip netijä gelenden soňra ony kazyýet mejlisinde seljermek barada kesgitnama çykarýar.

Kesgitnamada geçirilen taýýarlaýyş hereketleri barada görkezilýär we kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty kesgitlenýär. TAIÝK-ny işe gatnaşýan we gatnaşmaýan taraplary kazyýet mejlisiniň ýa-da aýry-aýry prosesual hereketleriň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmegiň tertibini düzgünleşdirmeýär.

Umumy düzgünlere laýyklykda, eger-de tarap kazyýet mejlisi barada bellenilen tertipde habarly edilmedik bolsa, onda kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüniň oňa täsiri ýokdur.

Şonuň bilen baglylykda, TAIÝK-da iş ýöredişe gatnaşyjylary kazyýet mejlisi we geçirilýän prosesual hereketler barada habarly etmegiň TRIÝK-daky we RF-nyň AIÝK-daky ýaly tertibini berkitmek zerurdyr.

## 11-nji tema degişli çyzgylar. Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak

**Çyzgy 11.1.**

**Taýýarlyk tapgyrynyň degişli derejede geçirilmezliginiň netijeleri**

- Işi seljermegiň möhleti bozulanlygy sebäpli oňa garamagyň başga bir güne geçirilmegi
- Iş boýunça önümçiligiň bes edilmegi
- Talabyň garalman galdyrylmagy
- Esassyzlygy sebäpli çözgüdiň kassasion ýa-da gözegçilik tertibinde ýatyrylmagy
- we beýlekiler…

**Çyzgy 11.2.**

**Taýýarlyk işleri (esasy ugurlary)**

- Subut edilmäge degişli ýagdaýlary kesgitlemek
- Işiň ýagdaýlaryny tassyklap biljek subutnamalary kesgitlemek
- Işe gatnaşýan taraplary kesgitlemek
- Işe gatnaşýan taraplary we beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisi barada habarly etmek hem-de olary kazyýete çagyrmak

Çyzgy 11.3.

**Işiň netijesinde bähbidi bar taraplary kesgitlemek**

- Işe bilelikde gatnaşyjylar (tarapdarlar)
- Degişli taraplar
- Üçünji taraplar

Çyzgy 11.4.

**Taraplaryň talaplarynyň we nägileliikleriniň esaslary boýunça olaryň garaýyşlaryny anyklamak**

**Talapçy bilen söhbetdeşlik:**

- talabyň esaslary barada;
- talabyň närsesi barada;
- talabyň esasynda görkezilen ýagdaýlary tassyklaýan subutnamalar barada;
- subutnamalaryň ýeterlikligi barada;
- goşmaça subutnamalary talap edip almak barada;
- mümkin bolan haýyşnamalaryny anyklamak barada.

**Jogapçy bilen söhbetdeşlik:**

- talabyň haýsy bölegini ykrar edýär;
- talap babatda nägileligi barmy;
- nägileliginiň esaslaryny tassyklaýan subutnamalar barmy?
- goşmaça subutnamalary talap edip almak gerekmi?
- mümkin bolan haýyşnamalaryny anyklamak.

Çyzgy 11.5.




Çyzgy 11.6.



Çyzgy 11.7.


Talaby üpjün etmek boýunca çäreler
Jogapça degişli emlägi ýa-da pul serişdelerini gozgamasyz etmek
Jogapça käbir hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, gozgalmaýan emläge ygtyýar etmek)
Beýleki taraplara jedeliň närsesine täsir edýän hereketleri amala aşyrmagy gadagan etmek (mysal üçin, emlägi jogapça bermek)
Talapçy tarapyndan jedelli hasaplanýan ýerine ýetirijilik resminamasy ýa-da jedelsiz (akseptsiz) tertipde töleg geçirmäge esas berýän başga bir resminama boýunça töleg geçirmegi togtatmak
Emlägi gozgamasyz ýagdaýyndan boşatmak hakynda talap bildirilen halatda şol emlägi ýerlemegi togtatmak

## 11-nji tema degişli testler: Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Kazyýet seljerişine taýýarlamak geçirilýär:**

- diňe çylşyrymly işler boýunça;
- ähli işler boýunça;
- kazyýet olaryň geçirilmegini zerur diýip bilen halatynda;
- kanunda bellenilen halatlarda.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Eger-de işi kazyýet seljerişine taýýarlamak degişli derejede geçirilmedik bolsa, munuň özi:**

- iş boýunça kazyýet önümçiliginiň başga güne geçirilmegine getirýär;
- çözgüdiň ýokarda durýan kazyýet tarapyndan ýatyrylmagyna getirýär;
- subutnamalaryň ýeterlik däldigi sebäpli kazyýet goragyndan ýüz dönderilmegine getirýär;
- talabyň garalman galdyrylmagyna getirýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Işi taýýarlamagyň möhleti resmi taýdan başlanýar:**

- işi gozgamak we ony kazyýet seljerişine taýýarlamak hakynda karar çykarylan pursatyndan;
- talap arza kazyýete gelip gowşan pursatyndan;
- onuň başlanmagy kazy tarapyndan kesgitlen pursadyndan;
- talapçy bilen ylalaşyp kazy tarapyndan onuň başlanmagy kesgitlenen pursadyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) TAIÝK-da taýýarlaýyş hereketleriniň gutarnykly sanawy berilýärmi?**

- hawa;
- ýok, kazy goşmaça hereketleri hem amala aşyrymaga ygtyýarly;
- ýok, talapçy goşmaça hereketleriň amala aşyrylmagyny talap etmäge hakly;
- ýok, jogapçy goşmaça hereketleriň amala aşyrylmagyny talap etmäge hakly.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**5) Kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda:**

- subut edilmäge degişli ýagdaýlary kesgitleýär;
- işiň ýagdaýlaryny anyklamaga ýardam berjek subutnamalary kesgitleýär;
- deslapdan işiň ýagdaýlarynyň hukuk taýdan maddalaşdyrylyşyny amala aşyrýar;

- iş boýunça çözgüdiň taslamasyny düzýär.

  ***<u>Nädogry jogaby tapyň.</u>***

**6) Kanunda işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň möhleti kesgitlenýär:**

- 2 hepdä çenli;
- 1 aýa çenli;
- 2 hepde, ýöne ol kazy tarapyndan 1 aýa çenli uzaldylyp bilinýär;
- 2 hepdä çenli, ýöne ol kazy tarapyndan ýene-de 1 aý uzaldylyp bilinýär.

  ***<u>Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.</u>***

**7) Kazyýet seljerişine taýýarlyk tapgyrynda kazy öz başlangyjy bilen iş ýöredişe çekip bilýär:**

- beýleki talapçyny (talapçylary);
- beýleki jogapçyny (jogapçylary);
- işi gozgan talapçynyň razylygyny alman beýleki talapçyny;
- talapçynyň razylygyny alman özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**8) Kazyýet seljerişine taýýarlyk tapgyrynda kazy öz başlangyjy bilen iş ýöredişe çekip bilýär:**

- degişli talapçyny;
- özbaşdak talap bildirýän üçunji tarapy;
- ilkibaşky talapçynyň razylygy esasynda degişli talapçyny;
- talapçynyň razylygy esasynda degişli jogapçyny.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**9) Kazyýet seljerişine taýýarlyk tapgyrynda kazy öz başlangyjy bilen iş ýöredişe çekip bilýär:**

- özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarapy;
- özbaşdak talap bildirýän üçünji tarapy;
- özbaşdak talap bildirýän we bildirmeýän üçünji tarapy;
- özbaşdak talap bildirýän ýa-da bildirmeýän üçünji tarapy.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**10) Kazy işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda ýazmaça we maddy subutnamalary talap edip bilýär:**

- diňe taraplardan;
- diňe taraplardan we üçünji taraplardan;
- diňe işe gatnaşýan taraplardan;
- işe gatnaşýan we iş ýöredişe gatnaşmaýan taraplardan.

  ***<u>Dogry jogaby tapyň.</u>***

**11) Arbitraž iş ýöredişinde bilermen seljermesi bellenilýär:**

- diňe işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda;
- diňe kazyýet seljerişi tapgyrynda;
- işi kazyýet seljerişine taýýarlamak we kazyýet seljerişi tapgyrlarynda;
- ähli kazyýetlerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda kazy bellemäge ygtyýarly:**

- ilkinji bilermen seljermesini;
- goşmaça bilermen seljermesini;
- ilkinji we goşmaça bilermen seljermelerini;
- goşmaça we gaýtadan bilermen seljermelerini.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda kazy taraplar bilen söhbetdeşligiň dowamynda anyklaýar:**

- bildirilen subutnamalaryň ýeterlikdigini;
- işde bähbidi bar beýleki taraplaryň barlygyny ýa-da ýoklugyny;
- taraplaryň arasynda duşmançylyk gatnaşyklarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny;
- kazyýet seljerişinde anyklanmagy zerur bolan ýagdaýlary.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda talap arza seslenme bildirip bilýär:**

- jogapçy;
- özbaşdak talap bildirmeýän üçünji tarap;
- taraplar;
- işe gatnaşýan taraplar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Garşylyklaýyn talap bildirilip bilinýär:**

- diňe işi kazyýet seljerişine taýýarlamak tapgyrynda;
- diňe kazyýet seljerişi tapgyrynda;
- işi kazyýet seljerişine taýyarlamak we kazyýet seljerişi tapgyrynda;
- islendik basgançakly kazyýetde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Talaby üpjün etmek baradaky meseläni:**

- taraplar we kazyýet gozgap bilýär;
- taraplary gatnaşdyrmazdan kazyýet mejlisinde garalýar we çözülýär;
- iş ýöredişiň islendik tapgyrynda gozgalyp bilinýär;

- diňe nägilelik ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetlerde ýatyrylyp bilinýär.
  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda talaby üpjün etmek üçin rugsat berilýär:**
- jogapçynyň bank hasabyndaky pul serişdelerini tussag etmeklige;
- jogapça onuň edara jaýyny satmaklygy gadagan etmeklige;
- üçünji bir tarapyň jogapça sehiň enjamlaryny bermegini gadagan etmeklige;
- jogapçynyň elinden kärhananyň enjamlaryny almaklyga.
  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Kazyýet ygtyýarly:**
- talaby üpjün ediş çäreleriniň birnäçesini bellemäge;
- bir üpjün ediş çäresini başga bir çäre bilen çalyşmaga;
- talapçynyň haýyşy boýunça islendik möçberde üpjün ediş çärelerini bellemäge;
- talaby üpjün ediş çärelerini ýatyrmaga.
  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda kazy ygtyýarly:**
- döwlet pajynyň möçberini azaltmaga;
- talaplary aýratynlykda garamak üçin bölüp aýyrmaga;
- taraplary gürrüňdeşlige çagyrmaga;
- aýratyn halatlarda talap boýunça aralyk çözgüt kabul etmäge.
  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Kazyýet seljerişine taýýarlyk geçirilýär:**
- raýat we jenaýat iş ýöredişinde;
- arbitraž we jenaýat iş ýöredişinde;
- raýat we arbitraž iş ýöredişinde;
- raýat, arbitraž we jenaýat iş ýöredişinde.
  ***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**21) Taýyarlyk tapgyrynda subutnamalary toplaýar:**
- kazy;
- prokuror;
- talapçy;
- kazynyň kätibi.
  ***Dogry jogaby tapyň.***

**22) Kazynyň resmi talaby boýunça kazyýete subutnamalary bildirmäge borçly:**

- işe gatnaşýan taraplar;
- kazyýetde iş gozgan taraplar;
- kazyýetde iş gozgan taraplar we jogapçy;
- islendik şahs.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 | 22 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***2*** | ***3*** | ***1*** | ***2*** | ***4*** | ***3*** | ***2*** | ***2*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***3*** | ***4*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** |

## Tema 12. Ykdysady işleriň kazyýetde seljerilişi

Iş ýöredişiň kazyýet seljeririşinden öňki we soňky tapgyrlary bu tapgyra hyzmat edýärler. Kazyýet seljerişinden öňki tapgyrlarda – iş gozgalýar we kazyýet seljerişine taýýarlanýar, soňky tapgyrlarda bolsa kazyýetiň çözgüdi ýerine ýetirilýär ýa-da kazyýetiň ýalňyşlyklary ýüze çykarylýar. Ýöne öňki we soňky tapgyrlaryň hiç haýsynda jedel düýp mazmuny boýunça çözülmeýär.

TAIÝK-nyň 89-njy maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda işler talap arza gelip gowşandan soňra iki aýdan köp bolmadyk möhletiň dowamynda seljerilmäge degişli. Işi seljermegiň möhletini hasaplamagy işi seljerişe taýýarlamagyň tamamlanan we işi resmi taýdan kazyýet mejlisinde seljermek bellenilen gününden başlansa has dogry bolardy. Şeýle tejribe TRIÝK-da we RF-nyň AIÝK-da hem ulanylýar.

Taraplaryň biri Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bolanda işlere üç aýdan köp bolmadyk möhletde garalýar. Iňňän aýratyn halatlarda bolsa Arbitraž kazyýetiň başlygy işe garamagyň möhletini alty aýdan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga haklydyr (TAIÝK-nyň 89-njy maddasynyň 3-4-nji bentleri).

### §1. Ykdysady işleriň kazyýet seljerişiniň umumy düzgünleri we tertibi

TAIÝK-nyň 90-njy maddasynda kazyýet seljerişini alyp barmagyň umumy düzgünleri we tertibi berkidilýär.

Işiň seljerişi kazyýet mejlisinde taraplaryň wekilleriniň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň gatnaşmagynda geçirilýär.

Öňki temalarda ýokarda görkezilen hereketlere taraplaryň wekilleriniň däl-de olaryň özleriniň we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň gatnaşmaklary barada bellenip geçilipdi. Munuň başgaça bolmagy kada laýyk gelmeýär. Iş ýöredişe işe gatnaşýan tarapyň özi gatnaşýarmy ýa-da onuň wekili – bu başga mesele.

Umumy düzgünlere laýyklykda, raýat iş ýöredişinde kazyýet mejlisiniň geçirilýän wagty we ýeri barada habarly edilmedik işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmazlygynda kazyýet tarapyndan seljerilen işler boýunça kabul edilen çözgütler nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde ýatyrylmaga degişlidir (TRIÝK-nyň 310-njy maddasy).

Kazyýet mejlisini geçirmegiň tertibi kazyýet mejlisine başlyklyk edýän kazy tarapyndan TAIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda kesgitlenýär. Biziň pikirimizçe, şu kada kazyýet iş ýöredişini has hem anyklaşdyrmak we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin käbir goşmaçalary we düzedişleri girizmek zerur.

Kazy kazyýet mejlisini açýar we haýsy işiň seljerilýändigini (kimiň kime we näme babatda talap bildirýändigini) yglan edýär.

Kazy işe gatnaşýan taraplaryň, olaryň wekilleriniň we beýleki gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisine gelendiklerini barlaýar, olaryň şahsyýetlerini anyklaýar hem-de ygtyýarlyklaryny barlaýar. Kazyýet mejlisine gelmedik taraplaryň bellenilen tertipde kazyýet mejlisiniň geçirilýän ýeri we wagty barada habarly edilendiklerini, şeýle hem olaryň näme sebäpden kazyýet mejlisine gelmändiklerini anyklaýar.

Kazy kazyýetiň düzümini (işe ýekelikde garalanda – işi alyp barjak kazyny) yglan edýär, prokuror, bilermen, terjimeçi hökmünde kimleriň gatnaşýandygyny habar berýär we işe gatnaşýan taraplara olaryň kimlere ynam bildirmezlige hukuklarynyň bardygyny düşündirýär.

Şu ýerde ynam bildirmezlik we bu meselä garamak barada käbir kadalaryň üstünde durup geçmek zerur.

TAIÝK-nyň 16-njy maddasyna laýyklykda, şu esaslar boýunça kaza ynam bildirmän bolýar:

- eger-de ol işe gatnaşýan taraplaryň ýa-da olaryň wekilleriniň biriniň garyndaşy bolsa;
- eger-de onuň işiň çözgüdinde göz-görtele ýa-da anyk göze görünmeýän bähbidi bar bolsa ýa-da onuň işi dogry alyp gitjegine şübhe döredýän başga ýagdaýlar bar bolsa;
- eger-de ol öň şol işiň seljerilmegine bilermen, terjimeçi, prokuror, wekil ýa-da şaýat hökmünde gatnaşan bolsa.

Ondan başga-da özara garyndaşlyk gatnaşygynda bolan taraplar işi seljerýän kazyýetiň düzümine girip bilmeýärler.

TAIÝK-nyň 17-nji maddasynda, ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň prokurora, bilermene we terjimeçä hem degişlidigi bellenilýär. Şol ýerde-de bilermene ynam bildirmezlige goşmaça esaslar berkidilýär:

- eger-de ol iş seljerilýän döwürde ýa-da kazyýet seljerişine çenli döwürde işe gatnaşýan taraplara ýa-da olaryň wekillerine gulluk ýa-da başga sebäpli bagly bolsa;
- eger-de onuň geçiren barlaglarynyň netijesinde taýýarlanan materiallar kazyýetde iş gozgalmagyna esas bolan bolsa ýa-da olar kazyýet seljerilişinde ulanylan bolsa.

Şu madda laýyklykda, prokuroryň, bilermeniň, terjimeçiniň şu iş boýunça öň geçirilen kazyýet seljerişine olaryň prokuror, bilermen, terjimeçi hökmünde gatnaşmaklarynyň olara ynam bildirmezlige esas bolup durmaýandygyny bellemek gerek.

TAIÝK-nyň 19-njy maddasyna laýyklykda, şu Kodeksiň 16-17-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda, kanunda kesgitlenen taraplar öz-özlerine ynam bildirmezlik barada mesele goýmaga borçludyrlar. Şol esaslar boýunça ynam bildirmezlik işe gatnaşýan taraplar tarapyndan hem bildirilip bilner.

Şeýle ýagdaýlarda öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik delillendirilen bolmaly (adyl kazyýetligi amala aşyrmakdan esaslandyrylman ýüz döndermeklige ýol berilmeýär) we iş boýunça kazyýet namasy kabul edilýänçä bildirilmeli.

Raýat kazyýet önümçiliginiň we RF-nyň arbitraž iş ýöredişiniň düzgünlerine laýyklykda, öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanmazyndan öň bildirilip bilinýär. Işiň seljerilişiniň dowamynda öz-özüne ýa-da başgalara ynam bildirmezlik, eger-de şol hereketi amala aşyrýan tarap oňa esas bolan ýagdaýlar barada iş düýp mazmuny boýunça seljerilip başlanandan soňra bilen bolsa ýol berilýär. Özi-de bu meseläni gozgaýan

tarap munuň şeýledigini subut etmäge borçludyr. Bu çäre iş ýöredişi guramaçylykly geçirmek we kazyýetiň hem beýleki gatnaşyjylaryň wagtynyň netijesiz ulanylmagynyň öňüni almak üçin göz öňünde tutulandyr.

TAIÝK-nyň 20-nji maddasy, ynam bildirilmedik ýagdaýynda kazyýetiň işe gatnaşýan taraplaryň pikirini, eger-de ynam bildirilmedik düşündiriş bermek islese ony hem diňlemäge borçludygyny kesgitleýär.

Işe ýekelikde garaýan kazy babatda ynam bildirilmese, bu mesele degişli kazyýetiň başlygy tarapyndan çözülýär.

Işe bilelikde garalanda bir kaza ynam bildirilmese, bu meselä kazyýetiň tutuş düzümi tarapyndan ynam bildirilmedik kazynyň gatnaşmazlygynda garalýar. Berlen sesler deň bolan halatynda kazy işe garamakdan çetleşdirilýär.

Birnäçe kazy ýa-da kazyýetiň tutuş düzümi babatda ynam bildirilmese, bu meselä işi seljerýän kazyýetiň doly düzümi garaýar.

Prokuror, terjimeçi, bilermen babatda ynam bildirilmese, bu meselä işi seljerýän kazyýetiň doly düzümi garaýar.

Kazy işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylaryna olaryň prosesual hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.

Işe gatnaşýan taraplaryň umumy hukuklary we borçlary TAIÝK-nyň 33-nji maddasynda berkidilendir.

Işe gatnaşýan taraplaryň işiň materiallary bilen tanyşmaga, olardan göçürmeleri, nusgalary almaga, ynam bildirmezlige, subutnamalary bildirmäge, subutnamalary derňemäge gatnaşmaga, işe gatnaşyjylara sowallary bermäge, haýyşnamalary etmäge, kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge, işiň barşynda ýüze çykýan ähli meseleler boýunça öz delillerini getirmäge, işe gatnaşýan beýleki taraplaryň haýyşnamalaryna, delillerine garşy çykmaga, çözgütde gaýtadan garamak hakyndaky arza bilen ýüz tutmaga we TAIÝK-da berkidilen beýleki prosesual hukuklardan peýdalanmaga haklydyr.

Işe gatnaşýan taraplar kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge, kazyýetiň talaby boýunça zerur maglumatlary bildirmäge, çözülýän jedeliň düýp mazmuny boýunça kazyýete dilden we ýazmaça düşündirişleri bermäge hem-de Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksinde göz öňünde tutulan beýleki prosesual kadalary berjaý etmäge borçludyr.

Işe gatnaşýan taraplar özlerine degişli ähli prosesual hukuklaryndan ynsaply peýdalanmalydyrlar.

Talabyň esasyny ýa-da närsesini, möçberini üýtgetmek, talapdan ýüz döndermek, talaby ykrar etmek we barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak bilen bagly taraplaryň ýörite hukuklary TAIÝK-nyň 37-nji maddasynda berkdilýär.

Üçünji taraplaryň hukuk ýagdaýy TAIÝK-nyň 38-nji maddasynda, bilermeniňki 42-nji maddasynda, terjimeçiniňki 43-nji maddasynda, wekiliň ygtyýarlyklary bolsa 45-nji maddasynda kesgitlenýär.

Prosesual hukuklary we borçlary düşündirenden soňra kazy işe gatnaşýan taraplaryň arzalaryna we haýyşnamalaryna (subutnamalary talap edip almak, bilermen seljermesini bellemek, degişli däl tarapy çalyşmak we ş.m. barada) garaýar.

TAIÝK-nyň 92-nji maddasyna laýyklykda, bu hereketler işe gatnaşýan taraplar tarapyndan ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär we işe gatnaşýan beýleki taraplaryň pikiri diňlenenden soňra kazyýet tarapyndan çözülýär. Salgylanylan maddanyň tekstinde ýalňyşlyk bilen „iş ýöredişine gatnaşyjy“ diýen düşünje ulanylýar.

Işe gatnaşýan taraplar arzalar we haýyşnamalar bilen iş boýunça kazyýet seljerişiniň dowamynda-da ýüz tutup bilýärler.

Kazy işe gatnaşýan taraplar, olaryň wekilleri we iş ýöredişiň beýleki gatnaşyjylary kazyýet mejlisine gelmedik ýagdaýynda iş boýunça seljerişi geçirip boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny kesgitleýär.

TAIÝK-nyň 33-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar kazyýetiň çagyrmagy boýunça kazyýet mejlisine gelmäge hem-de zerur maglumatlary bermäge borçludyr.

TAIÝK-nyň 104-nji maddasynyň 3-nji bendinde bolsa, eger-de talapçy esasly sebäpler bolmazdan, kazyýet mejlisine gelmese, jedeli çözmek üçin zerur bolan talap edilen maglumatlary bermese talabyň garalman galdyrylýandygy bellenilýär.

TAIÝK-nyň 33-nji maddasynyň 2-nji böleginde we 104-nji maddasynyň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan hereketler, ol maddalaryň redaksiýasyndan gelip çykyşyna görä, hökmany (imperatiw) häsiýete eýedir, ýagny olary berjaý etmek işe gatnaşýan taraplaryň we kazyýetiň borjy bolup durýar.

Näme üçindir 104-nji maddanyň 3-nji bendindäki çäre beýleki işe gatnaşýan taraplar bilen baglanyşdyrylmaýar. Onsoňam şu çäräniň arbitraž iş ýöredişinde ulanylmagy tejribe nukdaýnazaryndan maksadalaýyk däl, sebäbi raýat kazyýet önümçiliginden tapawutlylykda bu ýerde esasy subutnama hökmünde ýazmaça subutnama ykrar edilýär. Aýdalyň, RF-nyň AIÝK-da kazyýet mejlisine esasly sebäpler bolmazdan gelmezlik üçin çäreler diňe bilermen, şaýatlar we terjimeçi bilen bagly ulanylýar (157-nji madda).

Hereket edýän TAIÝK-da wekil, bilermen we terjimeçi kazyýet mejlisine gelmedik halatynda işe garamak meselesi düzgünleşdirilmedik. Diýmek, bularyň kazyýet mejlisine gelmedik halatynda kazyýetiň islendik hereketiniň hem hukuk esasy bolmaýar. Munuň özi adyl kazyýetligi degişli derejede guramaklygy çylşyrymlaşdyrýar.

Kazy terjimeçini görnetin ýalan terjime edilmegi, bilermeni bolsa görnetin ýalan netijenama berilmegi bilen bagly jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurýar.

Kazy, işe gatnaşýan taraplaryň pikirini göz öňünde tutmak bilen kazyýet subutnamalarynyň seljerilişiniň we meýilleşdirilýän prosesual hereketleriň geçirilişiniň tertibini kesgitleýär.

TAIÝK-nyň 91-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, kazyýet işi seljerende, iş boýunça subutnamalary derňeýär: işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişlerini, bilermenleriň netijenamalaryny diňleýär, ýazmaça subutnamalar bilen tanyşýar, maddy subutnamalary gözgen geçirýär we başga zerur bolan hereketleri amala aşyrýar, şeýle hem teswirnamalary (subutnamalary gözden geçirmek, kazyýet tabşyrygynyň berjaý edilişi), ýazmaça görnüşdäki düşündirişleri we netijenamalary yglan edýär.

Kazy, işiň ýagdaýlarynyň doly we hemmetaraplaýyn anyklanmagy, subutnamalaryň derňelmegi üçin şertleri, taraplaryň her birine jedele garamak üçin zerur bolan subutnamalary bildirmäge deň mümkinçilikleri döredýär we taraplaryň arasynda ylalaşygyň gazanylmagyna ýardam edýär (TAIÝK-nyň 90-njy maddasynyň 4-5-nji bölekleri).

TAIÝK-nyň 93-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, talap arza seslenme ýa-da goşmaça subutnamalar bildirilmedik mahaly, iş bar bolan maglumatlar esasynda seljerilip bilner.

TAIÝK-nyň 90-njy maddasynyň 6-njy bölegine laýyklykda, kazyýet mejlisiniň dowamynda tertip bozulan halatda kazyýet (kazy) TRIÝK-nyň 151-nji maddasynda göz öňünde tutulan çäreleri ulanýar.

Kazyýet mejlisinde tertibi bozýan ýa-da başlyklyk edijiniň kanuny görkezmelerine tabyn bolmaýan tarap kazyýet mejlisiniň otagyndan çykarylyp bilner.

Ondan başga-da kazyýete hormat goýmazlygyň başlyklyk edijiniň görkezmlerine tabyn bolmazlyk görnüşinde aňladylmagy, kazyýet mejlisiniň dowamynda düzgün-tertibiň bozulmagy, şeýle hem kimdir biri tarapyndan kazyýetiň ýa-da kazyýet tarapyndan kesgitlenen düzgünleriň aç-açan äsgerilmezligini aňladýan haýsydyr bir hereketleriň edilmegi üçin kazyýet düzgün bozujylary Türkmenistanyň Dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda kodeksiniň $177^2$-nji maddasyna laýyklykda jogapkärçilige çekmäge ygtyýarlydyr.

Arbitraž kazyýet önümçiliginde kazyýet çykyp geplemeleri göz öňünde tutulan däldir. Aslynda bu hereketi zerur diýip hasaplaýarys, sebäbi onuň üsti bilen işe gatnaşýan taraplaryň işiň çözgüdi boýunça gutarnykly pikirleri ýüze çykarylýar.

Ähli subutnamalar derňelenden soňra we işe gatnaşýan taraplarda iş boýunça goşmaça arzalar, haýyşnamalar we maglumatlar bolmadyk halatynda kazyýet çözgüt çykarýar (TAIÝK-nyň 95-nji maddasy).

## §2. Kazyýet mejlisiniň kadaly hereketine päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak

Kazyýet mejlisiniň barşynda işiň kadaly dowam etmegine päsgel berýän dürli ýagdaýlar ýüze çykyp bilýär. Şeýle halatlarda, şol ýüze çykan ýagdaýlaryň çylşyrymlylygyna baglylykda kazyýet mejlisde arakesme yglan edýär, işiň seljerilişini başga bir güne belleýär ýa-da iş boýunça önümçiligi togtadýar.

### Kazyýet mejlisinde arakesme

Kazyýet mejlisinde arakesme aňsatlyk bilen düzelýän prosesual päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin, şeýle hem kazynyň we iş ýöredişine gatnaşyjylaryň dynç almaklary üçin yglan edilýär. TAIÝK-nyň 94-nji maddsynyň 3-nji böleginde, aýratyn çylşyrymly işler çözülen mahaly kazynyň mejlisde üç günden köp bolmadyk möhlete arakesme yglan edip, bu barada soňra çözgütde görkezmäge hakynyň bardygy bellenilýär.

Arakesme yglan etmek baradaky meseläni işe gatnaşýan taraplar we kazy gozgap bilýär.

Arakesme tamamlanandan soňra kazyýet mejlisi dowam edýär, ýagny arakesmeden öň seljerilen subutnamalar gaýtadan derňelmeýär.

**Işiň seljerilişini başga bir güne bellemek**

TAIÝK-nyň 94-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, iş şol mejlisde çözülip bilinmejek bolsa (işe gatnaşýan taraplaryň kazyýet mejlisine gelmezlikleri, garşylyklaýyn talabyň bildirilmegi, täze subutnamalaryň talap edilip alynmagy, kaza ynam bildirilmezligi we ş.m.), kazyýet işe garamagy başga bir güne belläp bilýär.

Kazyýet işiň seljerilişini başga bir güne bellände işe gatnaşýan taraplary çagyrmak, subutnamalary talap etmek ýa-da başga prosesual hereketleri geçirmek üçin zerur bolan möhleti nazara almak bilen kazyýet mejlisiniň geçiriljek gününi kesgitleýär.

Işi garamaklygy başga bir güne bellemek barada kazyýet kesgitnama çykarýar we onda indiki mejlisiň geçiriljek wagtyny hem ýerini belleýär. Bellenen günde kazyýet seljerişi täzeden başlanýar. Bu kada kazyýet mejlisiniň gönüden-göni we üznüksiz dowam etdirilmegi ýörelgesine esaslanýar.

**Iş boýunça önümçiligi togtatmak**

Kazyýet mejlisinde işiň seljerilmegine we çözülmegine päsgel berýän obýektiw ýagdaýlar diňe bir işiň seljerişini başga bir güne geçirilmegine getirmän, kähalatda olar iş boýunça önümçiligi togtatmak üçinem esas bolup durýarlar.

Iş boýunça önümçiligi togtatmak – bu haçan aradan aýryljakdygy belli däl, kazyýete we taraplara bagly bolmadyk, obýektiw ýagdaýlar zerarly ýüze çykan iş ýöredişiň hereketiniň wagtlaýyn arasynyň kesilmesidir.

TAIÝK-nyň 96-njy maddasyna laýyklykda kazyýet iş boýunça önümçiligi şu ýagdaýlarda togtatmaga borçludyr:

● Onuň bilen bagly beýleki işler çözülmezden ol işi şeljermeklik mümkin däl bolsa.

Iş bilen bagly raýat, jenaýat ýa-da dolandyryş tertibinde seljerilýän iş bar bolsa, ol boýunça anyk netije çykarylýança ykdysady iş boýunça önümçilik togtadylýar. Sebäbi kazyýet ýa-da dolandyryş tertibinde togtadylan iş üçin preýudisial ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlaryň kesgitlenmegi zerur.

● Seljerilýän iş bilen bagly derňew edaralary tarapyndan maglumatlar barlanýan bolsa.

Iş, geçirilýän derňew gutarýança togtadylýar. Sebäbi derňewiň netijesi iş boýunça kabul ediljek çözgüde täsir etmegi mümkin.

● Bilermen seljermesi bellenilse.

Iş bilermen seljermesi tamamlanyp, netijenamasy taýýar bolýança togtadylýar. Bu ýerde iş boýunça önümçiligi togtatmagyň esasy maksady bilermen seljermesini geçirmek üçin zerur bolan wagty işi seljermegiň möhletinden aýyrmak bolup durýar. Şeýlelikde, eger-de bilermen seljermesiniň geçirilmegi işe garamagyň möhletleriniň bozulmagyna getirjek bolsa, onda kazyýetiň iş boýunça önümçiligi togtatmagy zerur.

● Fiziki şahsyň aradan çykmagy, eger-de jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa.

Iş ýöredişe hukuk oruntutar girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar. Eger-de hususy telekeçi aradan çykandan soňra hukuk oruntutarlyga ýol berilmeýän bolsa, onda iş boýunça önümçilik ýatyrylýar.

● Fiziki şahs kämillik ukybyny ýitirse.

Iş ýöredişe kanuny wekil girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar.

Iş boýunça önümçiligi togtatmagyň goşmaça (fakultatiw) esaslary TAIÝK-nyň 97-nji maddasynda berkidilýär. Olar şu aşakdakylardyr.

● Ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy.

Iş ýöredişe hukuk oruntutar girýänçä iş boýunça önümçilik togtadylýar.

● Fiziki şahsyň uzak wagtyň içinde kesel bolmagy we onuň başga esasly sebäplere görä iş ýöredişine gatnaşyp bilmezligi. TAIÝK-nyň 97-nji maddasynyň şu ýerinde megerem redaksion ýalňyşlyk goýberilip "ýa-da" diýen baglaýjy kömekçiniň deregine „we" diýen baglaýjy kömekçi ulanylypdyr.

Hususy telekeçiniň saglyk ýagdaýy gowulaşýança ýa-da işiň togtadylmagyna getiren beýleki ýagdaýlar aradan aýrylýança iş boýunça önümçilik togtadylýar.

● Kazyýet tarapyndan esasly diýlip bilnen başga ýagdaýlar ýüze çykanda.

Şeýle halatlarda kazyýet nähili ýagdaýlary esasly diýip bilmek meselesini özbaşdak çözýär.

TAIÝK-nyň 97-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykanda iş boýunça önümçiligi togtatmak meselesini diňe kazyýet çözýär. Eger-de iş boýunça ähli zerur subutnamalar toplanan bolsa, aýdalyň, ýarawsyz işe gatnaşýan tarapyň düşündirişini aljak bolmak gerekmi? Onsoňam onuň wekiliniň gatnaşmagy mümkin.

Iş boýunça önümçiligi togtatmak we ony dowam etdirmek barada kazyýet kesgitnama çykarýar we ol kesgitnama bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner (TAIÝK-nyň 99-njy maddasy).

## §3. Kazyýet çözgüdini çykarmazdan işi tamamlamak

Käbir işler kazyýet çözgüdi çykarylman tamamlanýar. Kazyýet mejlisiniň dowamynda ýüze çykarylan ýa-da emele gelen ýagdaýlar iş ýöredişiň dowam etmegine ýol bermeýär ýa-da jedel öz-özünden durmuşylygyny ýitirýär. Mysal üçin, talapçy talapdan ýüz dönderýär, taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşýar, tarap aradan çykýar hem-de bu ýagdaýda hukuk oruntutarlygyna ýol berilmeýär we ş.m.

Elbetde aýry-aýry ýagdaýlary taraplar aradan aýryp biler. Şeýle halatda, talap garalman galdyrylýar. Talabyň garalman galdyrylmagyna esas bolan ýagdaýlar aradan aýrylanda talapçy umumy esaslarda şol talap bilen ýene-de kazyýete ýüz tutup bilýär (TAIÝK-nyň 105-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Galan ýagdaýlarda iş boýunça önümçilik bes edilýär hem-de şol bir taraplaryň arasyndaky jedel bilen bagly, şol bir närse, şol bir esaslar boýunça talap bilen kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilmeýär (TAIÝK-nyň 103-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

### Iş boýunça önümçiligi bes etmek

TAIÝK-nyň 100-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet şu aşakdaky halatlarda iş boýunça önümçiligi bes edýär:

- eger iş kazyýetde çözülmäge degişli däl bolsa; Bu ýerde „çözülmäge“ däl-de „garalmaga“ diýen söz bolmaly.
- eger şol bir talaplaryň arasynda jedel boýunça şol bir närse we şol bir esaslar boýunça kazyýetiň (kanuny güýjüne giren diýip düzetmeli) çözgüdi bar bolsa;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jogapçy bilen özara gatnaşyklary kazyýete çenli düzgünleşdirmek üçin çärelerini görmedik bolsa we seýle mümkinçilik ýitirilen bolsa;
- eger talapçy talabyndan ýüz dönderen bolsa we kazyýet bu ýüz döndermegi kabul eden bolsa;
- eger taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsa we kazyýet ony tassyklan bolsa;
- eger iş boýunça tarap bolan ýuridik şahsyň hukuk oruntutary kesgitlenilmän ýatyrylan bolsa;
- eger fiziki şahs aradan çykandan soňra jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol bermeýän bolsa.

Şu madda ýene-de bir esasy: “- eger taraplaryň arasynda jedeli bitaraplar kazyýetine geçirmek barada ylalaşyk baglaşylan bolsa” diýen görnüşde, goşmaça hökmünde girizmek bolardy.

TAIÝK-nyň 23-nji maddasynda taraplaryň kazyýet çözgüdi kabul edilmezinden öň jedeli bitaraplar kazyýetine geçirmäge bolan hukuklary berkidilýär. Biziň pikirimizçe, şeýle ylalaşyk baglaşylan halatynda kazyýetiň önümçiliginde bolan iş ýatyrylmaga degişli. Şuňa meňzeş tejribe TRIÝK-nyň 221-nji maddasynyň 7-nji bendinde hem berkidilen.

Şu ýerde taraplaryň barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak we talapdan ýüz döndermek ýaly ygtyýarly hereketleriniň üstünde gysgaça durup geçmek ýerlikli bolardy.

**Taraplaryň barlyşyk ylalaşygy**

Arbitraž kazyýet önümçiliginiň esasy tapawutly aýratynlygy kazynyň taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylmagyna ýardam bermek wezipesinden ybaratdyr (TAIÝK-nyň 90-njy maddasynyň 5-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 37-nji maddasynyň 1-nji böleginde taraplaryň işi barlyşyk ylalaşygyny baglaşmak bilen tamamlamaga bolan hukuklary berkidilýär.

TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda iş ýöredişiň islendik tapgyrynda we islendik kazyýet basgançagynda barlyşyk ylalaşygyny baglaşmaklyga rugsat berilýär.

Salgylanylýan maddanyň görkezilen böleginden, şeýle hem TAIÝK-nyň 102-nji maddasynyň 1-nji böleginden „islendik kazyýet basgançagyndan“ diýen sözler aýrylmaga degişli, sebäbi „iş ýöredişiň tapgyrlary“ diýen düşünje „kazyýet basgançaklary“ diýen düşünjäni hem öz içine alýar.

Barlyşyk ylalaşygy ýazmaça resmileşdirilýär we ol kazyýet tarapyndan tassyklanylýar. Bu barada kesgitnama çykarylýar, onda iş boýunça önümçiligiň ýatyrylýandygy görkezilýär (TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Eger-de taraplar nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýetlerde barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsalar, öň çykarylan kazyýet namalary we iş boýunça önümçilik ýatyrylýar (TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 3-nji bölegi).

Barlyşyk ylalaşygy çözgüdiň ýerine ýetirilýän döwründe gazanylan bolsa kazyýet çözgüdi ýerine ýetirmek boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda kesgitnama çykarýar (TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

Eger barlyşyk ylalaşygy kanuna ters gelýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozýan bolsa, ol kazyýet tarapyndan tassyklanmaýar (TAIÝK-nyň 101-nji maddasynyň 5-nji bölegi).

Barlyşyk ylalaşygynyň baglaşylmagynyň netijesinde talapçy talabyny üýtgedýär, ýagny ol käbir eglişiklere gidýär, olar bilen bolsa jogapçy ylalaşýar.

TAIÝK-da prosesual hereket hökmünde barlyşyk ylalaşygynyň mazmunynyň nähili bolmalydygy berkidilse we onuň kazyýet tarapyndan tassyklanmagynyň tertibi hem usuly kesgitlense maksadalaýyk bolardy.

### Talapdan ýüz döndermek

TAIÝK-nyň 37-nji maddasynyň 1-nji böleginde talapçynyň talapdan ýüz döndermäge bolan hukugy berkidilýär. Oňyn tejribe hökmünde bellemek gerek. TRIÝK-nyň 102-nji maddasynda talapdan ýüz döndermegiň tertibi we netijeleri düzgünleşdirilýär.

Talapdan ýüz döndermeklige iş ýöredişiň islendik tapgyrynda rugsat berilýär.

Talapdan ýüz döňdermeklik talapçy tarapyndan ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär. Talapdan ýüz döndermeklik kabul edilen ýagdaýynda kazyýet iş boýunça önümçiligi bes etmek barada kesgitnama çykarýar.

Nägilelik ýa-da gözegçilik kazyýetlerinde talapdan ýüz döndermeklik kabul edilen halatynda kazyýet öň çykarylan kazyýet namalaryny ýatyrýar we iş boýunça önümçiligi bes edýär.

Edil barlyşyk ylalaşygy baglaşylanda bolşy ýaly, kazyýet talapdan ýüz döndermek kanuna ters gelýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanun tarapyndan goralýan bähbitlerini bozýan bolsa, ony kabul etmeýär.

### Talaby garaman galdyrmak

TAIÝK-nyň 104-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdaky ýagdaýlarda kazyýet talaby garaman galdyrýar:

- eger şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar bilen bagly kazyýetiň önümçiliginde jedelli iş bar bolsa;
- eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergi bankyň üsti bilen alynmaly halatda talapçy jogapçydan algysyny almak üçin banka ýüz tutmadyk bolsa;
- eger talapçy esasly sebäpler bolmazdan, kazyýet mejlisine gelmedik bolsa, jedeli çözmek üçin zerur bolan talap edilen maglumatlary bildirmedik bolsa;

- eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek çärelerini görmedik bolsa we şeýle mümkinçilik ýitirilmedik bolsa;
- eger talap arza gol çekilmedik bolsa ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok tarap, ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa.

Talaby garaman galdyrmak üçin goşmaça esas hökmünde görkezmek teklip edilýär. Eger wekiliň ygtyýarlyklary bellenen tertipde resmileşdirilmedik bolsa.

Haçan-da kazyýet ýalňyşlyk bilen iş ýöredişine degişli ygtyýarlyklary bolmadyk wekili goýberse talap garalman galdyrmaklyga degişli bolup durýar. Kazyýet önümçiliginiň şol wekiliň gatnaşmagynda dowam etdirilmegi diňe ol bellenen tertipde resmileşdirilen ynanç hatyny kazyýete getiren ýagdaýynda mümkindir.

TAIÝK-nyň 103-nji we 105-nji maddalaryna laýyklykda iş boýunça önümçiligi bes etmek hem-de talaby garaman galdyrmak hakynda kesgitnamalarda taraplaryň arasynda kazyýet çykdajylaryny paýlamak, şeýle-de döwlet pajyny yzyna gaýtarmak ýaly meseleler hem çözülip bilner.

Görkezilen kesgitnamalar barada bellenilen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilinýär.

## §4. Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary

Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary – bu çözgüt we kesgitnamadyr. Aýratyn halatlarda kazyýet karar hem çykarýar. Mysal üçin, ykdysady işi gozgamak we kazyýet seljerişine taýýarlamak (TAIÝK-nyň 81-nji maddasynyň 1-nji bölegi).

Çözgüt – jedel düýp mazmuny boýunça çözülende kabul edilýär. Ol döwletiň adyndan kabul edilýär we onuň bilen işiň birinji basgançakly kazyýetde seljerilişi tamamlanýar.

Kesgitnama – käbir hususy meseleler, köp halatda iş ýörediş meseleleri boýunça çykarylýar. Käbir ýagdaýlarda kesgitnama çykarmak bilen iş boýunça önümçilik tamamlanýar, ýöne adatça taraplaryň arasyndaky jedel çözülmeýär.

Kesgitnama işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen kazynyň bir özi ýa-da kazyýetiň işe garaýan düzümi tarapyndan kazyýetiň adyndan çykarylýar.

TAIÝK-nyň 107-nji maddasyna laýyklykda kazyýet çözgüt kabul edende:

- subutnamalara baha berýär („derňelen subutnamalara“ diýilse has anyk bolýar);
- iş üçin ähmiýeti bolan haýsy ýagdaýlaryň anyklanandygyny, haýsylarynyň anyklanmandygyny kesgitleýär;
- şol iş boýunça ulanylmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary kesgitleýär;
- talabyň kanagatlandyrylmaga degişlidigini ýa-da däldigini çözýär.

Biziň pikirimizçe, çözgüt kabul edilende käbir, hususan-da, işe gatnaşýan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek, kazyýet çykdajylaryny paýlamak ýaly meseleler hem ara alyp maslahatlaşylmaga degişli. Görkezilenlerden başga öň bellenilen üpjün ediş çäreleri babatda nähili hereket etmelidigi, maddy subutnamalary näme etmelidigi, kazyýetiň çözgüdiniň berjaý edilmegini üpjün etmek zerurlygy, çözgüdiň ýerine ýetirilmeginiň ýörite tertibini we möhletlerini kesgitlemegiň gerekligi hakynda meseleler goşmaça ara alnyp maslahatlaşylyp bilner.

TAIÝK-nyň 106-njy maddasyna laýyklykda çözgüt ýazmaça görnüşde resmileşdirilýär we oňa kazy tarapyndan gol çekilýär. Jedel kollegial çözülen halatynda çözgüt sesleriň köplügi bilen kabul edilýär we oňa kazyýet mejlisine gatnaşan ähli kazylar tarapyndan gol çekilýär („Başlyklyk ediji hemişe iň soňundan ses berýär“ diýip kanunda berkidilse dogry bolardy**)**. Çözgüt bilen ylalaşmaýan kazy oňa gol çekmäge borçludyr, ýöne ol özüniň aýratyn pikirini ýazmaça görnüşde beýan edip bilýär. Çözgüt yglan edilende kazynyň aýratyn pikiri okalmaýar. Ýöne taraplar onuň bilen çözgüt çykandan soň tanşyp bilýärler.

Çözgüt kazyýet mejlisi tamamlanandan soňra kabul edilýär. Kadadan çykma hökmünde, aýratyn çylşyrymly işler boýunça çözgüdiň kabul edilmegi bäş gün möhlete çenli gaýra goýlup bilinýär.

TAIÝK-nyň 109-njy maddasyna laýyklykda, kazyýetiň çözgüdi elmydama, şol sanda iş ýapyk kazyýet mejlisinde seljerilende-de açyk ýagdaýda yglan edilýär.

Kazy çözgüdiň diňe netije bölümini yglan etmäge haklydyr (şu ýerde „hemme kazylar tarapyndan gol çekilen“ diýen takyklamany girizmek gerek). Şeýle halatda kanunda haýsy möhletde çözgüdiň gutarnykly görnüşiniň taýýar bolýandygyny kesgitlemek zerur, sebäbi diňe şondan soňra çözgüt kabul edilen diýlip hasaplanýar we şol pursatdan oňa işe gatnaşýan taraplar şikaýat bildirip bilýärler.

Işe gatnaşýan taraplara çözgüt barada şikaýat bildirmegiň (teklipnama getirmegiň) tertibi we möhleti düşündirilýär.

TAIÝK-nyň 112-nji maddasyna laýyklykda, kazyýetiň çözgüdi işe gatnaşýan taraplara kabul edilen gününden başlap bäş gün möhletde iberilýär ýa-da olara gol çekdirilip gowşurylýar.

Kazyýet seljerilen subutnamalary we iş üçin ähmiýeti bolan anyklanan hakyky ýagdaýlary nazarda tutmak bilen goşmaça çözgüt çykarýar.

TAIÝK-nyň 113-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, goşmaça çözgüt işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen şu aşakdaky ýagdaýlarda çykarylyp bilner:

- eger-de talap arzada beýan edilen talaplaryň haýsy-da bolsa biri boýunça çözgüt çykarylmadyk bolsa;
- eger-de kazyýet çykdajylary paýlamak barada meseläni çözmedik bolsa;
- eger-de kazyýet hukuk hakynda meseläni çözüp, alynmaga degişli edilen pul möçberini, berilmäge degişli emlägi ýa-da jogapçynyň amala aşyrmaga borçly edilen hereketini görkezmedik bolsa.

Bu maddanyň birinji bendine takyklama girizmek zerur. Sebäbi öz bildiren talaplaryna laýyklykda işe gatnaşýan taraplar zerur subutnamalary bildiren bolsalar

we olar kazyýet tarapyndan seljerilen bolsa, diňe şeýle işler boýunça goşmaça çözgüt çykarmaga rugsat berilýär.

TAIÝK-nyň 113-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda, goşmaça çözgüt çykarmak hakyndaky mesele işe nägilelik tertibinde garalmazyndan öň gozgalyp bilner.

Şu ýerde ähli işler boýunça çözgütlere nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirilmeýändigini bellemek zerurdyr. Şeýlelikde goşmaça çözgüdiň çykarylmagyny işiň nägilelik tertibinde seljerilmegi bilen baglanyşdyrmak ýalňyş bolar. RF-nyň AIÝK-nyň tejribesini nazarda tutmak bilen görkezilen prosesual hereketiň durmuşa geçirilmegini kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýjüne girmegi bilen baglanyşdyrmak dogry bolardy. Başgaça aýdylanda, nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçýänçä ýa-da kazyýet tarapyndan nägilelik tertibinde bildirilen şikaýat (teklipnama) boýunça kazyýet namasy çykarylýança kazyýet tarapyndan goşmaça çözgüt çykarylyp bilner.

TAIÝK-nyň 114-nji maddasynda kazyýet tarapyndan goýberilen hat-ýazuw ýalňyşlyklaryny (mysal üçin, taraplaryň atlarynyň nädogry ýazylmagy) we san ýalňyşlyklaryny (mysal üçin, talap edilýän pul möçberiniň hasaby nädogry çykarylypdyr) düzetmegiň hem-de kazyýet namalaryny düşündirmegiň (eger-de olar işe gatnaşýan taraplar üçin düşnüksiz bolsa) tertibi berkidilýär.

Görkezilen prosesual hereketler işe gatnaşýan taraplaryň başlangyjy bilen gozgalyp bilner. Şonuň ýaly-da bu mesele kazyýet tarapyndan hem goýlup bilner. Bu meseleleriň ikisi-de işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda, kazyýet mejlisinde çözgüdiň mazmunyny üýtgetmezden garalýar. Meselelere garamagyň netijesi kesgitnama görnüşinde resmileşdirilýär we olar babatda bellenilen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner.

Çözgüde düşündiriş bermek meselesinde kanunda ýörite çäklendirmeleri berkitmek gerek. TRIÝK-ny we RF-nyň AIÝK-ny boýunça çözgüde düşündiriş bermeklige, eger-de ol heniz ýerine ýetirilmedik we onuň mejbury ýerine ýetirilmegi üçin bellenilen möhlet geçmedik bolsa rugsat berilýär.

Kazyýetiň çözgüdi kanuny we esaslandyrylan bolmaly (TAIÝK-nyň 106-njy maddasynyň 4-nji bölegi). Çözgüdiň kanunylygy çözgütde iş ýörediş we maddy-hukuk kadalarynyň dogry ulanylmagyny, zerurlyk ýüze çykan halatynda bolsa maddy kanunyň we hukugyň meňzeşligini (analogiýasyny) ulanmaga mümkinçiligi aňladýar. Çözgüdiň esaslylygy iş boýunça iş üçin ähmiýeti bolan hakyky ýagdaýlaryň dogry anyklanmagyny we olaryň subutnamalaryň işe degişliligini hem şol iş boýunça ulanyp bolýanlygyny kesgitleýän kadalary nazarda tutmak bilen subut edilenligini aňladýar.

Kazyýet çözgüdiniň kanuny güýji diýlende nämä düşünilýär?

Çözgüde kanuny güýç berilýär, emma onuň güýji kanunyň güýjüne barabar däldir. Sebäbi çözgüt diňe anyk gatnaşyklar üçin kanuna öwrülýär we ol diňe şol gatnaşyklaryň subýektleriniň hukuklaryny we borçlaryny düzgünleşdirýär.

Çözgüdiň obýektiw çäkleri diňe iş seljerilende anyklanan hukuk gatnaşyklaryna we ýuridik faktlara degişlidir. Çözgüdiň subýektiw çäkleri diňe işe gatnaşýan taraplara we olaryň hukuk oruntutarlaryna degişlidir.

Çözgüdiň kanuny güýjüne onuň Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän ähli edara düzümler, wezipeli adamlar we raýatlar üçin hökmanydygy we ýerine ýetirmäge degişlidigi hökmünde düşünmek gerek.

Döwlet edaralary we wezipelei adamlar kazyýetiň kanuny güýjüne giren çözgütlerinde kesgitlenen hukuklary resmileşdirmek hem-de bellige almak üçin zerur hereketleriň ählisini amala aşyrmaga borçludyr.

## 12-nji tema degişli çyzgylar. Ykdysady işler boýunça kazyýet seljerişi

Çyzgy 12.1.




Çyzgy 12.2.



Çyzgy 12.3.




**Ynam bildirmezlik meselesini kim çözýär?**

**Tablisa 12.1.**

| Ynam bildirilmändir: | Kim çözýär? |
|---|---|
| Kaza | Degişli kazyýetiň başlygy |
| Kazylaryň birine | Beýleki kazylar. Ynam bildirilmedik kazy bu çärä gatnaşdyrylmaýar. Sesleriň deňligi ýagdaýynda kazy kazyýetiň düzüminden çykarylýar. |
| Birnäça kaza ýa-da kazyýetiň tutuş düzümine | Kazyýetiň doly düzümi |
| Prokurora, bilermene, terjimeçä | Kazyýetiň doly düzümi |

**Iş ýöredişiň dowam etdirilmegine päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak**

**Çyzgy 12.4.**

**Kazyýet mejlisinde arakesme**

- Ýeňillik bilen düzelýän prosesual päsgelçilikler ýüze çykanda;
- Dynç almak üçin;
- Aýratyn çylşyrymly işler garalanda 3 güne çenli;
- Arakesmeden soň iş ýörediş dowam etdirilýär.

**Işi seljermegi başga bir güne bellemek**

- Päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin wagt gerek, onuň çägini öňünden kesgitläp bolýar;
- Şonuň üçinem kesgitnamada täze kazyýet mejlisiniň geçiriljek güni görkezilýär;
- Işe seljerme täzeden başlanýar.

**Iş boýunça önümçiligi togtatmak**

- Päsgelçilikleri näçe möhletde aradan aýryp boljakdygyny öňünden kesgitlemek mümkin däl;
- Şonuň üçinem päsgelçilikler aradan aýrylýança iş ýörediş togtadylýar.

**Önümçiligi togtatmagyň esaslary**

**Hökmany esaslar:**

- Onuň bilen bagly beýleki işler çözülmezden ol işi şeljermek mümkin däl bolsa;
- Şol iş bilen bagly derňew edaralary tarapyndan maglumatlar barlanýan bolsa;
- Bilermen seljermesi bellense;
- Fiziki şahs aradan çykan ýagdaýynda jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlygya ýol berýän bolsa;
- Fiziki şahs kämillik ukybyny ýitirse.

**Goşmaça esaslar:**

- ýuridik şahsyň üýtgedilip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy;
- fiziki şahsyň uzak wagtlaýyn kesellemegi ýa-da başga esasly sebäplere görä kazyýet mejlisine gelip bilmezligi;
- kazyýet tarapyndan esasly diýlip bilnen başga sebäplere görä.

**Kazyýet çözgüdini çykarmazdan iş boýunça seljerişi tamamlamak**

**Tablisa 12.2.**

| Iş boýunça önümçiligi bes etmek | Talap arzany garaman galdyrmak |
|---|---|
| TAIÝK-nyň 100-nji maddasyna laýyklykda, kazyýet şu aşakdaky halatlarda iş boýunça önümçiligi bes edýär:<br>• eger iş kazyýetde çözülmäge degişli däl bolsa; Bu ýerde „çözülmäge“ däl-de „garalmaga“ diýen söz bolmaly.<br>• eger şol bir talaplaryň arasynda jedel boýunça şol bir närse we şol bir esaslar boýunça kazyýetiň (kanuny güýjüne giren diýip düzetmeli) çözgüdi bar bolsa;<br>• Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jogapçy bilen özara gatnaşyklary kazyýete çenli düzgünleşdirmek üçin çärelerini görmedik bolsa we seýle mümkinçilik ýitirilen bolsa;<br>• eger talapçy talabyndan ýüz dönderen bolsa we kazyýet bu ýüz döndermegi kabul eden bolsa;<br>• eger taraplar barlyşyk ylalaşygyny baglaşan bolsa we kazyýet ony tassyklan bolsa;<br>• eger iş boýunça tarap bolan ýuridik şahsyň hukuk oruntutary kesgitlenilmän ýatyrylan bolsa;<br>• eger fiziki şahs aradan çykandan soňra jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol bermeýän bolsa. | TAIÝK-nyň 104-nji maddasyna laýyklykda şu aşakdaky ýagdaýlarda kazyýet talaby garaman galdyrýar:<br>• eger şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar bilen bagly kazyýetiň önümçiliginde jedelli iş bar bolsa;<br>• eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergi bankyň üsti bilen alynmaly halatda talapçy jogapçydan algysyny almak üçin banka ýüz tutmadyk bolsa;<br>• eger talapçy esasly sebäpler bolmazdan, kazyýet mejlisine gelmedik bolsa, jedeli çözmek üçin zerur bolan talap edilen maglumatlary bildirmedik bolsa;<br>• eger Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan halatlarda talapçy jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmek çärelerini görmedik bolsa we şeýle mümkinçilik ýitirilmedik bolsa;<br>• eger talap arza gol çekilmedik bolsa ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok tarap, ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa. |
| Şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar boýunça talap bilen kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilmeýär. | Päsgelçilikler aradan aýrylandan soňra önkä meňzeş talap bilen kazyýete gaýtadan ýüz tutmaklyga ýol berilýär. |

**Çyzgy 12.5.**

**Çözgüt çykarylanda kazyýet tarapyndan çözülmeli soraglar**

- Seljerilen subutnamalara baha berýär
- Iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň haýsylary anyklandy, haýsylary bolsa anyklanmady
- Şol iş boýunça ulanylmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary kesgitleýär
- Talabyň kanagatlandy-rylmaga degişlidigini ýa-da däldigini çözýär
- Işe gatnaşýan taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär
- Kazyýet çykdajylaryny paýlaýar

**Çyzgy 12.6.**

**Goşmaça çözgüt haçan çykarylýar**

Bildirilen talaplara laýyklykda işe gatnaşýan taraplar zerur subutnamalary bildiren bolsalar, kazyýet tarapyndan bolsa şol talap boýunça çözgüt çykarylmadyk bolsa.

→

Goşmaça çözgüt işe gatnaşýan taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy bilen şu aşakdaky ýagdaýlarda çykarylyp bilner:

- eger-de talap arzada beýan edilen talaplaryň haýsy-da bolsa biri boýunça çözgüt çykarylmadyk bolsa;
- eger-de kazyýet çykdajylary paýlamak baradaky meseläni çözmedik bolsa;
- eger-de kazyýet hukuk hakynda meseläni çözüp, alynmaga degişli edilen pul möçberini, berilmäge degişli emlägi ýa-da jogapçynyň amala aşyrmaga borçly edilen hereketini görkezmedik bolsa.

**12-nji tema degişli testler: Ykdysady işler boýunça kazyýet seljerişi**
*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Şularyň haýsyna kanun ynam bildirmezlige ýol bermeýär?**
- bilermene;
- terjimeçä;
- wekile;
- prokurora.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Kazy işiň seljerilişine gatnaşyp bilmez:**
- eger-de şoňa meňzeş işler boýunça öň (azyndan 3 gezek) onuň çözgütleri ýatyrylan bolsa;
- eger-de ol öň şol iş boýunça başga bir prosesual hukuk ýagdaýynda işe gatnaşan bolsa;
- eger-de onuň şol iş boýunça kazyýet mejlisi başlamazyndan öň gutarnykly garaýşy emele gelen bolsa;
- eger-de ol iş kazyýetde seljerilmäge degişli däl diýip hasaplaýan bolsa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Işde maddy-hukuk bähbidi bolan işe gatnaşýan taraplar ynam bildirmän bilýärler:**
- başgalara (otwod);
- öz-özlerine (samootwod);
- başgalara we öz-özlerine;
- başgalara ýa-da öz-özlerine.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Şulardan haýsysy öz-özüne ynam bildirmän bilýär?**
- talapçy;
- jogapçy;
- üçünji tarap;
- prokuror.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Kazyýet işiň öňki seljerilişine bilermen hökmünde gatnaşany işiň gaýtadan seljerilişine bilermen hökmünde gatnaşdyryp bilýärmi?**
- hawa;
- ýok;
- kazynyň çözgüdine bagly;
- işe gatnaşýan taraplaryň çözgüdine bagly.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Işe gatnaşýan bilermen we jogapçynyň wekili – hukuk maslahatçysy mekdep dostlary bolup durýarlar. Olar öň bir hususy kärhanada**

**işläpdirler we ol ýerde bilermen direktoryň wezipesini eýeläpdir. Şu ýagdaý bilermene ynam bildirmezlige esas bolup bilermi?**

- hawa;
- hawa, eger-de oňa taraplar ynam bildirmeýän bolsa;
- ýok;
- ýok, sebäbi bularyň ikisiniň hem işiň netijesinde maddy-hukuk bähbidi ýok.

<u>***Dogry jogaby tapyň.***</u>

**7) Ynam bildirilmedik bu babatda düşündiriş bermäge haklymy ýa-da borçly?**

- borçly;
- hakly;
- hakly, eger-de bu kazyýetiň talaby bolsa, onda borçly;
- hakly, eger-de bu taraplaryň talaby bolsa, onda borçly.

<u>***Dogry jogaby tapyň.***</u>

**8) Kazyýet subutnamalaryny seljermegiň tertibi we yzygiderliligi prosesual kanunçylygy tarapyndan berk kesgitlenýär:**

- hawa;
- ýok, onuň tertibi kazyýetiň başlygy tarapyndan kesgitlenýär;
- ýok, onuň tertibi kazy we prokuror tarapyndan kesgitlenýär;
- ýok, onuň tertibi kazyýetiň mejlisine başlyklyk edýän kazy tarapyndan kesgitlenýär.

<u>***Dogry jogaby tapyň.***</u>

**9) Kazyýet mejlisinde kazy şu maksatlara gönükdirilen çäreleri görmeli:**

- subutnamalary obýektiw seljermeklige we işiň ýagdaýlaryny dogry anyklamaklyga;
- kazyýet mejlisinde düzgün-tertibi üpjün etmeklige;
- işiň bitaraplar kazyýetine geçirilmeginiň has netijeli boljakdygyny taraplara düşündirmeklige;
- taraplary ylalaşdyrmaklyga.

<u>***Nädogry jogaby tapyň.***</u>

**10) Kazy kazyýet mejlisinde düzgün-tertibi bozujylaryň garşysyna çäre görmek bilen ygtyýarly:**

- talapçynyň talabyny kanagatlandyrmakdan ýüz döndermäge;
- düzgün bozujyny dolandyryş jogapkärçiligine çekmäge;
- düzgün bozujyny kazyýet mejlisiniň geçirilýän otagyndan çykarmaga;
- düzgün bozujyny edepsiz hereketleri gaýtalamazlygy barada duýdurmaga.

<u>***Nädogry jogaby tapyň.***</u>

**11) Kazyýet mejlisi haýsy hereketiň döremegine getiren ýagdaýlar aradan aýrylandan soňra dowam etdirilýär:**

- talabyň garalman galdyrylmagyna;
- iş boýunça seljerişiň gaýra goýulmagyna;
- kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilmegine;
- iş boýunça önümçiligiň togtadylmagyna.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Iş boýunça seljeriş başga bir güne bellenende kazyýet önümçiligi:**

- täzeden başlanýar;
- dowam etdirilýär;
- kazyýetiň garamagyna baglylykda täzeden başlanýar ýa-da dowam etdirilýär;
- gaýra goýulmagyň möhletine baglylykda täzeden başlanýar ýa-da dowam etdirilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Iş boýunça önümçilik hökmany ýagdaýda togtadylýar:**

- eger-de talapçy – hususy telekeçi kämillik ukybyny ýitirse;
- eger-de jogapçy – hususy telekeçi aradan çyksa we jedelli hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlygyna ýol berýän bolsa;
- eger-de talapçy – hususy telekeçi agyr syrkawlan bolsa;
- eger-de iş boýunça bilermen seljermesi bellenen bolsa.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Eger-de jedeli kazyýete çenli düzgünleşdirmegiň tertibi berjaý edilmedik bolsa we şeýle hereketi amala aşyrmagyň mümkinçiligi ýitirilmedik bolsa:**

- iş boýunça önümçilik bes edilýär;
- talap garalman galdyrylýar;
- iş boýunça önümçilik togtadylýar;
- işiň seljerilişi başga bir güne bellenýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Eger-de kazyýetiň önümçiliginde şol bir taraplaryň arasynda, şol bir närse we şol bir esaslar bilen bagly jedelli iş bar bolsa:**

- iş boýunça önümçilik togtadylýar;
- iş boýunça önümçilik bes edilýär;
- talap garalman galdyrylýar;
- işiň seljerilişi başga bir güne bellenýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Taraplaryň barlyşyk ylalaşygyna we talapdan ýüz döndermeklige:**

- talaba erk etmek hereketleri hökmünde garalýar;

- iş ýöredişiň islendik tapgyrynda ýol berilýär;
- eger-de kanuna garşy gelýän bolsa ýa-da başganyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine zelel ýetirýän bolsa tassyklanmaýar;
- barlyşyk ylalaşygy kesgitnama, talapdan ýüz döndermek karar bilen resmileşdirilýär.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Işiň seljerilişini başga bir güne bellemek iş boýunça önümçiligi togtatmakdan näme bilen tapawutlanýar?**

- iş ýörediş anyk möhlete gaýra goýulýar, iş boýunça önümçiligi togtatmagyň möhletini bolsa kesgitlemek mümkin däl;
- iş ýörediş anyk hereketleri amala aşyrmak üçin başga bir güne bellenýär, iş boýunça önümçilik togtadylanda bolsa adatça hiç-hili hereket amala aşyrylmaýar;
- işiň seljerilişini başga bir güne bellemeklige iş ýöredişiň dowam etmegine päsgel berýän islendik ýagdaý ýüze çykanda rugsat berilýär, iş boýunça önümçiligi togtatmaklyga bolsa, diňe kanuny esaslar bolan halatynda rugsat berilýär;
- işiň seljerilişini başga bir güne bellemek hem, iş boýunça önümçiligi togtatmak hem iş ýöredişiň islendik tapgyrynda mümkindir.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**18) Çözgüt kabul edilende şu aşakdaky soraglaryň haýsysy ara alnyp maslahatlaşylmaga degişli däl?**

- eger-de jedel kazyýetiň garamagyna degişli bolmasa näme etmeli;
- jedelli hukuk gatnaşygy babatda maddy-hukuk kanunyň haýsy kadasyny ulanmaly;
- jedel bilen bagly talapçynyň we jogapçynyň nähili hukuklary hem borçlary bar;
- kazyýet çykdajylaryny nähili paýlamaly.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Jedel kazylar tarapyndan kollegial garalanda:**

- başlyklyk ediji iň soňundan ses berýär;
- meseleler sesleriň köplügi bilen çözülýär;
- çözgüde hemme kazylar gol çekýär;
- eger-de kazynyň aýratyn pikiri bar bolsa, ol ony ýazmaça görnüşde resmileşdirýär, özi-de çözgüde gol çekmeýär.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Kazyýetiň çözgüdi:**

- hemişe açyk ýagdaýda yglan edilýär (işe ýapyk mejlisde garalan hem bolsa);
- bölekleýin (diňe netije bölegi) yglan edilip bilner;

- ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan düzedilýär (şol sanda göz-görtele we düýpli ähmiýeti bolmadyk ýalňyşlyklar);
- babatda nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) getirilip bilner.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**21) Goşmaça çözgüt kabul etmek, çözgüde düşündiriş bermek, çözgüdiň hat-ýazuw we san ýalňyşlyklaryny düzetmek hakynda meseleler:**

- işe gatnaşýan taraplaryň başlangyjy esasynda amala aşyrylyp bilner;
- kazyýet mejlisinde garalýar;
- işe gatnaşýan taraplaryň gatnaşmagynda çözülýär;
- kesgitnama görnüşinde resmileşdirilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 21 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *3* | *2* | *1* | *4* | *1* | *1* | *2* | *4* | *3* | *1* | *3* | *1* | *3* | *2* | *3* | *4* | *4* | *1* | *4* | *3* | *4* |

## Tema 13. Kanuny güýjüne girmedik kazyýet çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýat bildirmek (teklipnama getirmek) we olary barlamak

### §1. Nägilelik önümçiligi barada düşünje we onuň mazmuny

Arbitraž kazyýetiň çözgütleri (kesgitnamalary) ýuridik şahslaryň we hususy telekeçileriň şahsy hukuklaryna we kanuny bähbitlerine täsir edýär. Arbitraž iş ýöredişiň bu tapgyry her bir şahsyň kazyýet goragyna bolan konstitusion hukugynyň amala aşyrylmagynyň we kazyýet tarapyndan kanuny hem esaslandyrylan çözgütleriň çykarylmagynyň kepili bolup durýar.

Birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary şu tertipde düzedilýär:

- kanuny güýjüne girmedik kazyýet çozgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyny we esaslylygyny barlamak;
- çözgütlere (kesgitnamalara) gözegçilik tertibinde täzeden garamak;
- täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça çözgütlere (kesgitnamalara) gaýtadan garamak.

Kazyýet çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyna gözegçilik etmegiň ýokarda görkezilen üç görnüşinden iň giňden ýaýrany nägilelik tertibindäki barlag bolup durýar.

Nägilelik kazyýeti diňe bir çözgütdäki (kesgitnamadaky) ýalňyşlyklary ýüze çykarmak bilen çäklenmän, eýsem olary düzetmegiň we aradan aýyrmagyň usullaryny-da görkezýär. Şeýle etmek bilen nägilelik kazyýeti prosesual we maddy kanunçylyga dogry düşünilmegine we ulanylmagyna, işiň hakyky ýagdaýlarynyň hem-de subutnamalaryň doly, hemmetaraplaýyn anyklanmagyna we seljerilmegine ýardam berýär.

Şeýlelikde nägilelik önümçiliginiň maksady diňe bir kazyýet çözgütleriniň (kesgitnamalarynyň) kanunylygyny we esaslylygyny barlamak bolup durman, eýsem birinji basgançakly kazyýetleriň işine ýolbaşçylyk we gözegçilik etmekden hem ybaratdyr.

Ykdysady işler boýunça kazyýetiň kazyýet namalaryna nägilelik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda garalýar.

Mälim bolşuna görä, daşary ýurt tejribesinde şikaýat etmegiň esasan iki görnüşi hereket edýär:

- apellýasiýa[1] – ikinji basgançakly kazyýet;
- kassasiýa – üçünji basgançakly kazyýet.

Apellýasiýanyň many-mazmuny işiň apellýasion kazyýet tarapyndan düýp mazmuny boýunça ikinji gezek garalyp, çözgüt çykarylýandygyndan ybarat. Apelýasion kazyýetde birinji basgançakly kazyýetiň çözgüdi doly möçberde gaýtadan seljerilýär, ýagny subutnamalaryň tutuş toplumy täzeden derňelýär we olara baha berlip, iş üçin ähmiýetli hakyky ýagdaýlar barada netije çykarylýar. Bir

[1] Apelýasiýa-“appellation-ýüz tutmak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, döwlet edarasynyň haýsydyr bir çözgüdi barada ýokarda durýan edara şikaýat etmegi aňladýar.

bellemeli zat, apellýasion kazyýet çözgüdiň diňe şikaýat bildirilen we şikaýat eden taraplar bilen bagly bölegine gaýtadan garaýar.

Kassasion kazyýete apellýasion kazyýetiň çözgüdine şikaýat bildirilýär. Kassasion kazyýet işe düýp mazmuny boýunça garamaýar. Ol diňe birinji basgançakly we apellýasion kazyýetler tarapyndan maddy we prosesual kanunçylygyň dogry ulanylyşyny barlaýar.

Kassasion kazyýet apellýasion kazyýetiň çözgüdini güýjünde galdyrmaga haklydyr. Eger-de çözgüt ýatyrylan halatynda ol işi gaýtadan garamaklyk üçin birinji ýa-da ikinji basgançakly kazyýetlere ugradýar. Edil apellýasion kazyýet ýaly kassasion kazyýet hem dispozitiwlik ýörelgesine laýyklykda kassasion şikaýatyň çäkleri bilen baglydyr, ýagny ol hem çözgüdiň diňe şikaýat bildirilen we şikaýat eden taraplar bilen bagly bölegine gaýtadan garap bilýär.

Barlag (rewiziýa[1]) hem kassasiýanyň bir görnüşi bolup durýar. Barlag (rewizion) kazyýet kassasion kazyýetden tapawutlylykda çözgüdi ýatyranda diňe bir işi täzeden seljermek üçin aşakda durýan kazyýete ibermäge däl-de, eýsem özüniň hem iş boýunça çözgüt çykarmaga ygtyýary bardyr. Ýöne barlag (rewizion) kazyýet hem şikaýatyň obýektiw we subýektiw çägi bilen baglydyr.

Biziň kanunçylygymyza laýyklykda, birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýjüne girmedik çözgütleri (kesgitnamalary) nägilelik tertibinde şikaýat bildirmegiň, teklipnama getirmegiň[2] obýekti bolup durýar.

Çözgüde dolulygyna ýa-da bölekleýin şikaýat (teklipnama) getirilip bilner. Eger-de çözgüde bölekleýin şikaýat (teklipnama) getirilen bolsa, onuň şikaýat bildirilmedik bölegi-de kanuny güýjüne girmeýär. Nägilelik kazyýeti çözgüdiň şikaýat bildirilen we bildirilmedik böleginde hem-de şikaýat bildirmedik taraplar bilen bagly-da barlaýar.

Işe gatnaşýan taraplar diňe bir çözgüdiň ahyrky netijesine däl-de, eýsem kazyýetiň kazyýet çykdajylaryny paýlamak, çözgüdi ýerine ýetirmegiň tertibi we möhletleri bilen bagly netijelerine-de şikaýat bildirmäge haklydyr. Şonuň ýaly-da çözgüdiň diňe bir netije bölegine bolman, eýsem delillendiriş bölegine-de, ýagny kazyýetiň işiň hakyky ýagdaýlary, taraplaryň hukuklary we borçlary bilen bagly netijelerine-de şikaýat bildirilip bilner.

Şikaýat bildirmäge hukugyň subýektleri hökmünde işe gatnaşýan taraplar, olaryň hukuk oruntutarlary, şeýle hem degişli ygtyýarlyklar berlen wekilleri çykyş edýärler.

Işe gatnaşýan beýleki taraplardan tapawutlylykda prokuror kazyýetiň bikanun we esassyz çözgütlerine teklipnama getirmäge diňe bir ygtyýarly bolman, borçly hem bolup durýar.

### §2. Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmäge bolan hukugy amala aşyrmagyň şertleri we tertibi

Şikaýat bildirmäge bolan hukugyň ýüze çykmagyna getirýän esaslar (onuň subýektleriniň işe gatnaşýan taraplara degişli bolmagy we kanuny güýjüne

[1]Rewiziýa-“revisio-gaýtadan garamak” diýen latyn sözünden gelip çykyp, haýsydyr bir işiň barlanmagyny aňladýar;
[2] Mundan beýläk - şikaýat (teklipnama) getirmek.

girmedik çözgüdiň bolmagy) bolan ýagdaýynda, şonuň bilen birlikde kazyýete şikaýat (teklipnama) bilen ýüz tutmagyň bellenilen tertibiniň berjaý edilmegi hem zerurdyr. Olar bolsa şu aşakdakylardyr:

- çözgüde şikaýat bildirýän tarapyň hukuk ukyplylygy. Bu şert birinji basgançakly kazyýete talap arza bilen ýüz tutulanda-da talap edilýär;
- şikaýat (teklipnama) getirmegiň kanunda bellenilen möhletde berjaý edilmegi. Esasly sebäplere görä geçirilen möhlet bellenilen tertipde dikeldilip bilner;
- nägilelik şikaýatynyň (teklipnamanyň) mazmuny we görnüşi bilen bagly talaplaryň berjaý edilmegi;
- döwlet pajynyň tölenilmegi.

Nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) mazmuny TAIÝK-nyň 122-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Nägilelik şikaýatynda (teklipnamasynda) görkezilmeli maglumatlar:

- nägilelik kazyýetiniň ady;
- şikaýaty (teklipnamany) getirýän tarapyň we işe gatnaşýan taraplaryň atlary (familiýasy, ady, atasynyň ady);
- işiň tertip sany we kazyýet namasynyň kabul edilen senesi, jedeliň närsesi;
- şikaýat (teklipnama) getiren tarapyň talaplary hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we işiň maglumatlaryna salgylanmak bilen, arza berijiniň kazyýetiň namasyny nädogry diýip hasaplamagynyň esaslary;

Şu ýerde kazyýetiň kanuny ulanmakda, subutnamalary seljermekde we işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamakda goýberen ýalňyşlyklaryny jikme-jik beýan etmek we TAIÝK-nyň 128-nji maddasyna laýyklykda görkezilen ýalňyşlyklaryň çäklerinde bildirilýän talaplary görkezmek zerurdyr.

- şikaýata (teklipnama) gosulýan resminamalaryň sanawy.

Şikaýata ony bildiren tarap ýa-da onuň wekili, teklipnama bolsa degişli prokuror gol çekýär.

Wekil tarapyndan gol çekilen şikaýata onuň kazyýet namalaryna şikaýat bildirmek üçin ygtyýarlyklaryny tassyklaýan ynanç haty hem goşulýar, eger-de ol öň bildirilmedik bolsa.

Şikaýata döwlet pajynyň tölenilendigini we onuň nusgasynyň beýleki işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalary-da goşulýar. Şikaýaty (teklipnamany) getirýän tarap beýleki işe gatnaşýan taraplara şikaýatyň (teklipnamanyň) we oňa goşulan, şol taraplarda bolmadyk resminamalaryň nusgalaryny iberýär.

TAIÝK-nyň 123-nji maddasyna laýyklykda, işe gatnaşýan tarap şikaýatyň (teklipnamanyň) nusgasyny alandan soň, oňa seslenmäni we seslenmäniň nusgalaryny beýleki işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalaryny, birinji ýa-da nägilelik kazyýetine şikaýata (teklipnama) garaljak güne çenli seslenmäniň gowuşmagyny üpjün edýän möhletde ibermäge haklydyr.

Seslenmä ýuridik şahsyň ýolbaşçysy, hususy telekeçi ýa-da olaryň wekilleri gol çekýär. Wekil tarapyndan gol çekilen seslenmä onuň işi alyp barmak üçin ygtyýarlygyny tassyklaýan ynanç haty goşulýar.

Seslenmä öň kazyýete bildirilmedik resminamalar goşulyp bilner. Şeýle ýagdaýda beýleki işe gatnaşýan taraplarda bolmadyk resminamalaryň nusgalarynyň olara iberilendiginiň subutnamalary hem seslenmä goşulýar.

Işe gatnaşýan taraplaryň seslenmeleri kazyýetiň çözgüdini has doly barlamaklyga ýardam berýär. Olarda işe gatnaşýan taraplaryň garaýyşlary anyk beýan edilýär, olaryň delilleri görkezilýär. Aýratyn hem işiň nägilelik, soňra bolsa gözegçilik kazyýetinde garalmagyna özleri gatnaşyp bilmejek işe gatnaşýan taraplaryň seslenmeleriniň iş üçin wajyp ähmiýeti bardyr.

TAIÝK-nyň 127-nji maddasynda ikinji basgançakly kazyýet tarapyndan çözgüt (kanunda: "kazyýet namasy" diýlen bolsa has dogry bolardy) çykarylmazyndan öň nägilelik şikaýatyndan ýüz döndermäge we prokuroryň teklipnamasyny yzyna çagyrmaga bolan mümkinçiligi göz öňünde tutulýar. Bu şikaýat bilen ýüz tutan tarapyň dispozitiw hukugydyr.

Edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly, eger-de şikaýatdan ýüz döndermek kanuna garşy gelýän ýa-da beýleki taraplaryň hukuklaryna hem kanuny bähbitlerine zyýan ýetirýän bolsa, ol kabul edilmeýär.

Şikaýatdan (teklipnamadan) ýüz döndermek kabul edilen halatynda, eger-de çözgüt barada işe gatnaşýan beýleki taraplar tarapyndan şikaýat bildirilmedik bolsa, nägilelik kazyýet önümçiligi bes edilýär.

TAIÝK-nyň 125-nji maddasy: "Şikaýaty (teklipnamany) kabul etmegiň tertibi" diýlip atlandyrylýar. Ýöne maddanyň mazmunynda bu tertip doly açylyp görkezilmeýär.

Umumy düzgünlere laýyklykda, eger-de nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) onuň görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplara laýyklykda getirilen bolsa, kazy ýekelikde şikaýaty (teklipnamany) öz önümçiligine kabul edýär. Şonuň bilen birlikde şikaýatyň (teklipnamanyň) gelip gowşan gününi we ony bellenen tertipde resmileşdirmek üçin zerur wagty göz öňünde tutup, kanunda bu hereketiň amala aşyrylmagyny anyk möhlet bilen çäklendirmek maksadalaýykdyr.

Nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) TAIÝK-nyň 124-nji maddasyna laýyklykda, şu ýagdaýlarda yzyna gaýtarylyp berilýär:

- eger şikaýata (teklipnama) gol çekilmedik ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa;
- eger şikaýata (teklipnama) onuň nusgalarynyň işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalary goşulmadyk bolsa;
- eger şikaýata döwlet pajynyň bellenilen tertipde we möçberde tölenilendigini tassyklaýan resminamalar goşulmadyk bolsa, kanun arkaly döwlet pajyny tölemegi gaýra goýmak, tölegi möhletlere bölüp tölemek ýa-da onuň möçberini azaltmak göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, bu baradaky haýyşnama bildirilmedik bolsa ýa-da haýyşnama kanagatlandyrylmadyk bolsa;
- eger şikaýat (teklipnama) bellenilen möhlet geçenden soň getirilen bolsa we geçirilen möhleti dikeltmek hakynda haýyşnama bildirilmedik bolsa;

- eger şikaýaty (teklipnamany) önümçilige kabul etmek hakyndaky kesgitnama işe gatnaşýan taraplara iberilýänçä şikaýaty (teklipnamany) getiren tarapdan onuň yzyna gaýtarylyp berilmegi ýa-da teklipnamanyň yzyna alynmagy hakynda arza gelip gowşan bolsa.

Şikaýaty (teklipnamany) yzyna gaýtarmagyň esaslarynyň sanawyny şu aşakdaky ýaly görnüşde beýan edilýän täze bölek bilen doldurmak maksadalaýyk bolardy: - eger-de nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) TAIÝK-na laýyklykda nägilelik şikaýatyny bildirilmäge degişli bolmadyk kazyýet namasy babatda getirilen bolsa. Tejribede şeýle ýagdaýlaryň hem ýüze çykmagynyň mümkinçiligini inkär edip bolmaz.

Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) yzyna gaýtarmak barada kesgitnama çykarylýar. Şikaýaty (teklipnamany) yzyna gaýtarmak barada kesgitnama TAIÝK-da bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirilip bilinýär.

TAIÝK-nyň 124-nji maddasynyň 1-3-nji böleklerinde görkezilen ýagdaýlar aradan aýrylandan soňra işe gatnaşýan we şikaýaty (teklipnamany) getiren tarap, umumy tertipde kazyýete gaýtadan şikaýat (teklipnama) getirmäge haklydyr.

TAIÝK-nyň 125-nji maddasyna laýyklykda, birinji basgançakly kazyýet şikaýaty (teklipnamany) alyp, bäş gün möhletde (kanunda – şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti geçenden soňra diýip bellenilmeli) şikaýaty (teklipnamany) iş bilen bilelikde degişli kazyýete (Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine) iberýär. Şonda taraplara (kanunda: “işe gatnaşýan taraplara” diýlip berkidilen bolsa has dogry bolardy) şikaýata (teklipnama) garamagyň wagty we ýeri hakynda habar berilýär.

Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) çözgüdi (kesgitnamany) kabul eden kazyýete getirmek maksadalaýyk bolardy, sebäbi ol ýerde zerur guramaçylyk hereketleri amala aşyrylýar. Şol guramaçylyk hereketleri kanunda berkitmeklik zerurdyr.

Kazy şikaýaty kabul edende ýokarda durýan kazyýetiň işlere garamagynyň tertibinden ugur almak bilen işiň nägilelik kazyýetinde garaljak güni barada habar berýär. Işiň garaljak güni bellenilende işe gatnaşýan taraplara kazyýet mejlisine gatnaşmaga we ýokarda durýan kazyýete işiň seljerilmegi üçin zerur bolan maglumatlary hem resminamalary taýýarlamaga we bildirmäge mümkinçilik bermek üçin gerek bolan wagtdan ugur alynýar.

Çözgüde şikaýat (teklipnama) getirmegiň möhleti tamamlanandan soňra iş nägilelik kazyýetine ugradylýar. Eger-de prokuroryň teklipnamasy we işe gatnaşýan taraplaryň ählisiniň şikaýatlary çalt gelip gowşan bolsa, şikaýat (teklipnama) möhletinden öň hem ýokarda durýan kazyýete ugradylyp bilner.

On gün möhletiň çäklerinde işe gatnaşýan taraplar islendik wagtda işiň materiallary bilen tanyşmaga, nägilelik şikaýatynda beýan etmek üçin ondan göçürmeler almaga we ş.m. haklydyr. Şol döwürde ýokarda durýan kazyýet hem, prokuror hem işi kazyýetden talap etmäge ygtyýarly däldir.

Iki ýagdaýda ikinji basgançakly kazyýet tarapyndan ilkinji kazyýet namasyny ýatyrmazdan gözegçilik tertibinde işe gaýtadan garamaga mümkinçilik berilýär:

- haçan-da bellenilen möhletde getirilen nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) olary tabşyran taraplara bagly bolmadyk ýagdaýlara görä kazyýete işe

nägilelik tertibinde garalandan soňra gelip gowuşsa (mysal üçin, eger-de şikaýat poçta bilen ugradylsa we haýsydyr bir sebäplere görä poçta aragatnaşygy üpjün edilmedik bolsa);

- haçan-da nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) geçirilen möhletiň dikeldilmeginden soň getirilen bolsa.

Işiň nägilelik kazyýeti tarapyndan gaýtadan garalmagy öň kabul edilen kazyýet namasyna garşy gelýän namanyň kabul edilmegine getirip biler.

Ýokarda agzalan ýagdaýlarda ikinji basgançakly kazyýet nägilelik tertibinde öň kabul edilen namany özbaşdak üýtgedip ýa-da ýatyryp bilmeýär. Eger-de nägilelik kazyýeti täze kabul edilen namanyň öň nägilelik tertibinde kabul edilen nama üýtgetme girizilmegine ýa-da onuň ýatyrylmagyna getirjekdigi barada netijä gelse, ol işi Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygyna kazyýet namalarynyň biri ýa-da ikisi babatda-da gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek üçin ugradýar.

## §3. Işi nägilelik basgançagynda seljermek

Nägilelik önümçiligi hem edil birinji basgançakly kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleriniň esasynda guralýar. Ýöne bu ýörelgeler birinji we ikinji basgançakly kazyýetlerde dürli-dürli ýüze çykýarlar, sebäbi olaryň maksatlary we wezipeleri biri-biriniňkiden üýtgeşikdir.

Birinji basgançakly kazyýetde işiň hakyky ýagdaýlary anyklanýar, toplanan subutnamalar seljerilýär we olara baha berilýär, hereket edýän kanunçylygyň degişli kadalaryny ulanmagyň esasynda taraplaryň hukuklary we borçlary kesgitlenýär.

Nägilelik kazyýeti işe düýp mazmuny boýunça garamaýar, ýagny işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamaýar-da, işde bar bolan subutnamalaryň we goşmaça bildirilen materiallaryň hem resminamalaryň esasynda kazyýetiň çözgüdiniň kanunylygyny we esaslandyrylanlygyny barlaýar.

Ikinji basgançakly kazyýetde-de edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleri hereket edýär. Kadadan çykma hökmünde nägilelik kazyýetinde diňe goşmaça bildirilen maglumatlar (ýazmaça we maddy subutnamalar, işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri) babatda bäsdeşlik we subutnamalary kazyýetiň gönüden-göni özüniň derňemegi ýörelgeleri ýüze çykyp biler.

Birinji basgançakda işe garan kazyýetiň kazyýet namasyna getirilen şikaýat (teklipnama) onuň nägilelik kazyýetine gelip gowşan gününden başlap bir aý möhletde garalýar (TAIÝK-nyň 126-njy maddasynyň 2-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 126-njy maddasyna laýyklykda, nägilelik kazyýetinde işe üç kazydan ybarat düzümde garalýar. Nägilelik kazyýetinde işe birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly tertipde garalýar. Ýöne şonda diňe birinji basgançakly kazyýet üçin bellenilen kadalar ulanylmaýar. Mysal üçin, talaplary birleşdirmek we bölmek, talabyň esasyny ýa-da närsesini üýtgetmek, garşylyklaýyn talap bildirmek, üçünji taraplary işe çekmek, degişli däl tarapy çalyşmak we ş.m. baradaky kadalar ulanylmaýar.

Nägilelik kazyýetinde geçirilýän kazyýet mejlisinde amala aşyrylýan esasy hereketleriň kanunda doly derejede berkidilmändigine garamazdan olar barada durup geçmeklik zerurdyr.

Nägilelik kazyýetiniň mejlisi üç bölekden: taýýarlyk, şikaýaty (teklipnamany) seljermek, kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek böleklerinden ybaratdyr.

**Taýýarlyk bölegi**

Taýýarlyk bölegi birinji basgançakly kazyýetde amala aşyrylýan hereketlerden ybaratdyr.

1. Başlyklyk ediji kazyýet mejlisini açýar hem-de haýsy iş, kimiň şikaýaty (teklipnamasy) boýunça we haýsy kazyýetiň çözgüdine garalýandygyny yglan edýär.

2. Başlyklyk ediji işe gatnaşdyrylmaly edilenişe gatnaşýan taraplardan, olaryň wekillerinden kimleriň kazyýet mejlisine gelendigini we olaryň ygtyýarlyklaryny barlaýar. Şeýle hem terjimeçiniň gelendigi-de anyklanýar.

3. Başlyklyk ediji kazyýetiň düzümini yglan edýär, kimleriň prokuror, terjimeçi hökmünde gatnaşýandygyny habar berýär we işe gatnaşýan taraplara olaryň kanunda görkezilen taraplara ynam bildirmezlige hukuklarynyň bardygy düşündirilýär.

Ynam bildirmezligiň esaslary we tertibi edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýalydyr. Ýöne şu ýerde bir bellemeli zat, nägilelik kazyýetiniň mejlisine bilermen gatnaşmaýar. Şonuň ýaly-da nägilelik kazyýetinde kaza ynam bildirmezlik üçin goşmaça esas göz öňünde tutulan. Eger-de ol işiň garalmagyna birinji basgançakly kazyýetde gatnaşan bolsa, onda kazy nägilelik kazyýetiniň mejlisine gatnaşyp bilmeýär. Bu kadanyň bozulmagy bolsa nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň gözegclik tertibinde ýatyrylmagy üçin esas bolup durýar.

4. Başlyklyk ediji işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine, terjimeçä olaryň prosesual hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.

Edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly kanunyň şol bir kadalary düşündirilýär, ýöne olaryň ähli düzgünleri düşündirilmeýär. Mysal üçin, bilermene ynam bildirmezlik, kazyýet namasy barada şikaýat bildirmäge hukuklary düşündirilmeýär, sebäbi nägilelik kazyýetiniň kazyýet namalary yglan edilen pursatyndan başlap kanuny güýjüne girýär, bilermen bolsa, öň bellenip geçilişi ýaly, bu önümçilige gatnaşmaýar.

Işe gatnaşýan taraplaryň haýyşnamalary we arzalary edil birinji basgançakly kazyýetdäki ýaly tertipde çözülýär.

5. Kazyýet mejlisiniň geçiriljek güni barada işe gatnaşýan taraplara, olaryň wekillerine habar berilmedik ýagdaýynda işe garamaklyk başga bir güne bellenýär. Bu kadanyň bozulmagy hem nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň gözegçilik tertibinde ýatyrylmagy üçin esas bolup durýar.

Degişli tertipde habar edilen taraplaryň kazyýet mejlisine gelmezlikleri işiň seljerilmegi üçin päsgelçilik döretmeýär.

**Şikaýaty (teklipnamany) seljermek**

1. Şikaýaty (teklipnamany) seljermek kazy tarapyndan işiň maglumatlaryny habar bermekden başlanýar. Habar öz içine şulary alýar:

- çözgüdiň mazmunyny;
- nägilelik şikaýatynyň (teklipnamasynyň) delillerini;
- şikaýata (teklipnama) gelip gowşan seslenmelerdäki delilleri;
- kazyýete bildirilen täze maglumatlaryň we resminamalaryň mazmunyny.

2. Habardan soňra kazyýet mejlisine gelen işe gatnaşýan taraplaryň we olaryň wekilleriniň düşündirişleri diňlenilýär. Olar şikaýatda (teklipnamada) görkezilmedik delillerini hem beýan etmäge we goşmaça maglumatlary hem resminamalary bildirmäge haklydyr. Işe gatnaşýan taraplaryň biri-birine sowal bermäge hukuklary bar.

Eger-de teklipnama getirilen bolsa, onda prokuror iki gezek: teklipnamasyny esaslandyryp we işe gatnaşýan taraplaryň ählisiniň çykyşyndan soňra çözgüdiň kanunylygy hem esaslylygy barada çykyş edýär.

Ikinji basgançakly kazyýet diňe bir işde bar bolan subutnamalaryň esasynda däl-de eýsem işe gatnaşýan taraplaryň beren goşmaça materiallaryny hem göz öňünde tutmak bilen çykarylan çözgüdiň dogrulygyny barlaýar.

Bildirilen materiallar özleriniň prosesual tebigaty boýunça subutnama hasap edilmeýär, ýöne hakykatda welin olar subutnama bolup durýarlar. Onuň şeýle bolmagynyň sebäbi ikinji basgançakly kazyýetiň işiň ýagdaýlaryny anyklamaýanlygy we subutnamalary seljermeýänligi bilen düşündirilýär. Şonuň üçinem goşmaça materiallar, eger-de olar birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işiň hakyky ýagdaýlarynyň nädogry anyklanandygyna şaýatlyk edýän bolsalar, çözgüdiň ýatyrylmagyna getirip bilýärler.

**Kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek**

Bu mesele kanunda ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär. Emma muňa garamazdan kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek bilen bagly esasy prosesual hereketleriň üstünde durup geçmäge çalşalyň.

TAIÝK-nyň 130-njy maddasyna laýyklykda, kazyýet işe garalmagynyň netijeleri boýunça şu kazyýet namalarynyň birini kabul edýär: karar ýa-da kesgitnama. Ýöne kanun haýsy ýagdaýda kazyýetiň karar kabul etmelidigini, haýsy ýagdaý bolsa kesgitnama çykarmalydygyny anyk görkezmeýär.

Kazyýet namasy taýýarlananda ara alyp maslahatlaşylmaga degişli soraglar şulardyr:

- birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işiň ähli wajyp ýagdaýlary anyklananmy;
- şol ýagdaýlar subut edilenmi;
- kazyýetiň çözgüdinde beýan edilen netijeler işiň ýagdaýlaryna gabat gelýärmi;
- kanunyň kadalary bozulypmy.

Soraglary ara alyp maslahatlaşmaga we ses bermeklige ähli kazylar gatnaşýar. Ses bermeklik açyk geçirilýär. Her bir kazynyň aýratyn pikire hukugy bardyr. Eger-de iş boýunça kazynyň aýratyn pikiri bar bolsa, ol gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek meselesini çözmek üçin Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň dykgatyna ýetirilýär.

Kesgitnama kazyýet kollegiýasynyň adyndan çykarylýar.

Arbitraž iş ýöredişinde çözgüt ýatyrylan halatynda, onuň haýsy esaslara görä ýatyrylandygyna garamazdan, iş gaýtadan garamaklyk üçin birinji basgançakly kazyýete ugradylmaýar.

Munuň özi iş boýunça subutnamalar ýeterlik bolmasa-da, olar hakyky däl ýa-da biri-birine gapma-garşy gelýän bolsa-da, ýa-da işiň ýagdaýlary bilen bagly bolmasa-da, işiň ýagdaýlary doly hem dogry anyklanmadyk bolsa-da işiň nägilelik kazyýetiniň garamagynda galdyrylýandygyny aňladýar.

Eger-de görkezilen kemçilikler nägilelik kazyýeti tarapyndan düzedilýän bolsa, onda ol ikinji basgançakly kazyýetiň jedeli düýp mazmuny boýunça çözýändigini, ýagny subutnamalary derňeýändigini we işiň ýagdaýlaryny anyklaýandygyny aňladýar. Şeýlelikde nägilelik kazyýeti hakykat ýüzünde apellýasion kazyýetiň wezipelerini berjaý edýär (TAIÝK-nyň 128-nji we 130-njy maddalaryna seret).

Türkmenistanyň hereket edýän AIÝK-da nägilelik kazyýet önümçiligini düzgünleşdirýän hukuk kadalary özlerinde nägilelik kazyýetiniň we apellýasion kazyýetiň kadalaryny birleşdirýär. Şonuň bilen baglylykda kanunda nägilelik kazyýet önümçiliginiň ikinji basgançakly kazyýet hökmünde maksatlaryny we wezipelerini takyk kesgitlemek zerurdyr. Umuman biziň hukuk ulgamymyza şu günki tejribeden gelip çykyşyna görä apellýasion kazyýetiň kadalary mahsus däl. Şeýle-de bolsa geljekde onuň kazyýet önümçiliginiň ähli görnüşlerine-de girizlmegi mümkindir.

Raýat iş ýöredişinde ýokarda agzalan ýagdaýlar ýüze çykarylanda iş hökmany suratda birinji basgançakly kazyýete işe düýp mazmuny boýunça gaýtadan garamaklyk üçin ugradylýar.

Işi ugratmak bilen nägilelik kazyýeti aşakda durýan kazyýete degişli görkezmeleri berýär. Nägilelik kazyýetiniň görkezmeleri işe düýp mazmuny boýunça garaýan kazyýet üçin hökmanydyr, ýöne bu hökmanylygyň öz çäkleri bar.

Ýokarda durýan kazyýetiň aýry-aýry prosesual hereketleri (goşmaça subutnamalary toplamak, subutnamalary olaryň ýerleşýän ýerinde gözden geçirmek, degişli taraplary we üçünji taraplary işe çekmek hakynda we ş.m.) amala aşyrmak hakynda görkezmeleri hökmandyr.

TRIÝK-nyň 317-nji maddasyna laýyklykda, nägilelik kazyýeti ygtyýarly däl:

- çözgütde anyklanmadyk ýa-da onda inkär edilen ýagdaýlary anyklamaga we olary subut edilen diýip hasalamaga;
- ol ýa-da beýleki subutnamanyň hakykylygy ýa-da däldigi hakynda meseläni öňünden çözmäge;
- bir subutnama başga subutnamalar babatda artykmaçlyk bermäge;
- maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygyny kesgitlemäge;
- iş täzeden seljerilende nähili çözgüt çykarylmalydygyny kesgitlemäge.

TAIÝK-nyň 130-njy maddasyna laýyklykda, nägilelik kazyýetiniň kazyýet namasynyň mazmunynda beýan edilmeli:

- işiň tertip sany we kararyň ýa-da kesgitnamanyň kabul edilen senesi, nägilelik kazyýetiniň düzümi, kazyýet mejlisine gatnaşan taraplaryň ygtyýarlyklaryny görkezmek bilen, olaryň ady, birinji basgançakda

kazyýet namasynyň kabul edilen senesi hem-de ony kabul eden kazylaryň ady;

- işe gatnaşan, şikaýaty (teklipnamany) getiren tarapyň ady we beýleki işe gatnaşan taraplaryň ady;
- kabul edilen kazyýet namasynyň düýp manysynyň gysgaça beýany;
- kazyýet namasynyň kanunylygyny we esaslandyrylandygyny barlamak hakyndaky meseläniň goýulmagy üçin esaslar;
- şikaýata (teklipnama) seslenmelerde beýan edilen deliller;
- işe gatnaşan taraplaryň düşündirişleri;
- nägilelik kazyýeti tarapyndan işiň anyklanan ýagdaýlary, bu ýagdaýlar barada nägilelik kazyýetiniň çykaran netijelerini esaslandyrýan subutnamalar we nägilelik kazyýetiniň ol ýa-da beýleki subutnamalary ret edýän hem-de işe gatnaşýan taraplaryň salgylanýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmaýanlygynyň delilleri, şeýle hem degişli çözgütleri kabul eden mahaly nägilelik kazyýetiniň gollanan kadalaşdyryjy hukuk namalary;
- birinji basgançakly kazyýetiň namalarynyň ýatyrylan ýa-da üýtgedilen halatynda nägilelik kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýetiň çykaran netijeleri bilen ylalaşmanlygynyň delilleri;
- şikaýata (teklipnama) garamak bilen çykarylan netijeler.

Kararda ýa-da kesgitnamada taraplaryň arasynda kazyýet çykdajylarynyň paýlanmagynyň tertibi görkezilýär.

Karar ýa-da kesgitnama kabul edilen pursatyndan başlap kanuny güýjüne girýär.

Karar ýa-da kesgitnama kabul edilen gününden başlap bäş gün möhletde işe gatnaşýan taraplara iberilýär ýa-da olara gol çekdirilip gowşurylýar.

Karara ýa-da kesgitnama gözegçilik tertibinde garşylyknama getirilip bilner. Karara ýa-da kesgitnama garşylyknama getirilmegi onuň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

## §4. Nägilelik kazyýetiniň ygtyýarlyklary we şikaýat (teklipnama) getirilen kazyýet çözgütlerini ýatyrmak üçin esaslar

Kazyýet çözgütleriniň kanunylygyny we esaslylygyny barlamak bilen bagly nägilelik kazyýetiniň hukuklary hem borçlary onuň ygtyýarlyklaryny emele getirýär.

TAIÝK-nyň 128-nji maddasyna laýyklykda, nägilelik kazyýeti şikaýatyň (teklipnamanyň) delilleri bilen bagly däldir we ol işe garan mahaly işde bar bolan hem-de goşmaça bildirilen subutnamalar boýunça işe birinji basgançakda garan kazyýetiň kazyýet namasynyň kanunylygyny hem-de esaslandyrylandygyny dolulygyna barlaýar.

Nägilelik kazyýeti işe garap, şulara haky bardyr:

- kazyýet namasyny üýtgetmän, şikaýaty (teklipnamany) bolsa kanagatlandyrman galdyrmaga;

Adatça, birinji basgançakly kazyýetiň çözgütleri kanuny güýjünde galdyrylýar. Bu bolsa olaryň köpüsiniň kanuna laýyklygyny hem esaslylygyny aňladýar. Çözgüdi kanuny güýjünde galdyrmak bilen nägilelik kazyýeti şikaýatda (teklipnamada) beýan edilen ähli delillere jogap bermelidir.

- kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmaga we iş boýunça önümçiligi bes etmäge ýa-da talaby garaman galdyrmaga;

Birinji basgançakly kazyýetde bolşy ýaly, nägilelik kazyýeti hem TAIÝK-nyň 100-nji we 104-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan halatynda iş boýunça önümçiligi bes edýär ýa-da şikaýaty (teklipnamany) garaman galdyrýar.

- kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmaga we täze çözgüt kabul etmäge;
- kazyýet namasyny üýtgetmäge;

Täze çözgüdiň kabul edilmegi ýa-da onuň üýtgedilmegi subutnamalary derňemek we işiň ýagdaýlaryny anyklamak bilen bagly bolup durýar. Nägilelik kazyýeti şeýle halatlarda birinji basgançakly kazyýetiň wezipe ygtyýarlyklaryny öz üstüne alýar (TAIÝK-nyň 128-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

Raýat iş ýöredişinde, eger-de iş boýunça subutnamalary toplamak ýa-da subutnamalary goşmaça derňemek talap edilmeýän bolsa hem-de işiň ýagdaýlary birinji basgançakly kazyýet tarapyndan doly we dogry anyklanan bolsa, ýöne maddy hukuk kadalaryny ulanmakda ýalňyşlyga ýol berlen bolsa täze çözgüdiň kabul edilmegine ýa-da onuň üýtgedilmegine rugsat berilýär (TRIÝK-nyň 307-nji maddasynyň 4-nji bölegi). Başga islendik ýagdaýda iş birinji basgançakly kazyýete gaýtadan garamaklyk üçin ugradylýar (TRIÝK-nyň 307-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Kanun „täze çözgüt“ we „çözgüdiň üýtgedilmegi“ diýen düşünjeleriň hem biri-birinden anyk tapawutlandyrylmaýar. Kazyýet tejribesinde täze çözgüt diýlende, taraplaryň hukuklary hem borçlary hakynda kazyýetiň esasy netijesiniň üýtgedilen çözgüde düşünilýär. Mysal üçin, eger-de birinji basgançakly kazyýetde talaby kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa, nägilelik kazyýeti ony kanagatlandyrýar. Şu ýerden hem birinji basgançakly kazyýetiň çözgütde gelen netijeleriniň onuň anyklan ýagdaýlaryna laýyk gelmeýändigi hakynda netije gelip çykýar.

Çözgüt üýtgedildi diýip düşünilýär, haçan-da kazyýetiň taraplaryň hukuklary we borçlary hakynda netijeleri dogry bolup, onuň netije böleginde (tölenmeli edilen pul möçberini köpeltmekde ýa-da azaltmakda, döwlet pajynyň üstüne ýetmeýän bölegini töletmekde we ş.m.) ýa-da delillendiriş böleginde (degişli ýa-da degişli däl kadany ulanmakda) ýalňyşlyklar goýberilen bolsa.

TAIÝK-nyň 129-njy maddasynda kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýgetmek üçin esaslar berkidilýär. Olar şulardan ybarat:

- iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň ýeterlik derejede anyklanylmazlygy;

Kazyýet iş bilen bagly hukuk taýdan ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlary anyklamaga borçludyr. Her bir iş boýunça anyklanmaly ýuridik faktlaryň jemi şol jedelli hukuk gatnaşygyny düzgünleşdirýän maddy-hukuk kadasy bilen kesgitlenýär.

- birinji basgançakly kazyýetiň anyklanan diýip hasap edýän iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlarynyň subut edilmänligi;

Iş ýüzünde bu kazyýetiň netijeleriniň subutnamalar bilen tassyklanmandygyny aňladýar. Bu bolsa subutnamalaryň hakykata laýyk gelmeýänliginiň, ýeterlik däldiginiň, biri-birine çapraz gelýändiginiň we işiň ýagdaýlary bilen arabaglanyşygynyň ýoklugynyň netijesi bolup biler.

- kazyýet namasynda beýan edilen netijeleriň işiň hakyky ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi;

Bu ýagdaýda kazyýet özi tarapyndan anyklanan hakyky ýagdaýlardan taraplaryň hukuklary hem borçlary barada nädogry netije çykarýar. Hatda kazyýetiň işde inkär edip bolmajak subutnamalaryň bardygyna garamazdan anyklanan ýagdaýlary anyklanmadyk diýip bilmegi mümkin.

- maddy-hukuk kadalarynyň ýa-da prosesual hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa nädogry ulanylmagy.

Prosesual hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy, eger-de olar nädogry kazyýet namasynyň kabul edilmegine getiren ýa-da getirmegi mümkin bolan şertleri döreden bolsa, kazyýet namasynyň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi üçin esas bolup durýar.

Şonuň bilen birlikde TAIÝK-da edil TRIÝK-daky ýaly, prosesual kadalar bozulanda çözgüdiň hökmany ýagdaýda ýatyrylmaly halatlaryny görkezmek zerurdyr (TRIÝK-nyň 310-njy maddasy).

Maddy hukuk kadalarynyň nädogry ulanylmagyndan ýa-da bozulmagyndan gelip çykýan ýalňyşlyklar (netijeler) nägilelik kazyýeti tarapyndan düzedilýär.

Raýat iş ýöredişinde, eger-de maddy-hukuk kadasynyň bozulmagy bir wagtyň özünde çözgüdiň esassyz bolmagyna (hakyky ýagdaýlaryň doly anyklanmazlygyna, olaryň doly subut edilmezligine, kazyýetiň netijeleriniň işiň ýagdaýlaryna gabat gelmezligine) getiren bolsa, çözgüt ýatyrylýar we iş gaýtadan garamaklyk üçin birinji basgançakly kazyýete ugradylýar. Haçan-da işiň hakyky ýagdaýlarynyň düzümi dogry kesgitlenen bolsa, maddy-hukuk kadalaryny ulanmakdaky ýalňyşlyklary nägilelik kazyýeti düzedýär (TRIÝK-nyň 308-nji maddasynyň 4-nji bölegi).

TAIÝK-nyň 118-nji maddasynda kanunda göz öňünde tutulan halatlarda (mysal üçin, talap arzany kabul etmekden ýüz döndermek) we kazyýetiň kesgitnamasy işiň mundan beýläk hereket etmegine päsgelçilik döredýän halatlarynda (mysal üçin, talap arzany yzyna gaýtarmak) ol babatda şikaýat (teklipnama) getirip bolýandygy berkidilýär.

Ýöne nägilelik kazyýet önümçiligini düzgünleşdirýän TAIÝK-nyň 19-njy babynda birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy barada şikaýata (teklipnama) garamagyň tertibi bellenilmeýär we nägilelik kazyýetiniň hususy şikaýatlara (teklipnamalara) garamagy bilen baglylykdaky ygtyýarlyklary hem kesgitlenmeýär.

## 13-nji tema degişli çyzgylar. Kanuny güýjüne girmedik kazyýet çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýat bildirmek (teklipnama getirmek) we olary barlamak

Çyzgy 13.1.




Çyzgy 13.2.



Çyzgy 13.3.

**Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmegiň subýektleri**

- Işde maddy-hukuk bähbidi bolan taraplar
- Işde maddy-hukuk bähbidi bolan taraplaryň hukuk oruntutarlary
- Işde maddy-hukuk bähbidi bolan taraplaryň wekilleri
- Prokuror we beýleki ygtyýarly taraplar

Çyzgy 13.4.

**Kazyýete şikaýat (teklipnama) getirmegiň tertibini berjaý etmek**

- Çözgüt barada şikaýat (teklipnama) getirýän tarapyň hukuk ukyplylygy
- Şikaýaty (teklipnamany) getirmegiň möhletlerini berjaý etmek
- Şikaýatyň (teklipnamanyň) görnüşine we mazmunyna bildirilýän talaplary berjaý etmek
- Döwlet pajyny tölemek

Çyzgy 13.5.

**Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) yzyna gaýtarmak**

- Eger şikaýat (teklipnama) gol çekilmedik ýa-da oňa gol çekmäge hukugy ýok şahs ýa-da wezipe ýagdaýy görkezilmedik şahs tarapyndan gol çekilen bolsa
- Eger şikaýatyň (teklipnamanyň) nusgalarynyň işe gatnaşýan taraplara iberilendiginiň subutnamalary goşulmadyk bolsa
- Eger şikaýata döwlet pajynyň bellenilen tertipde we möçberde tölenilendigini tassyklaýan resminamalar goşulmadyk bolsa, kanun arkaly döwlet pajyny tölemegi gaýra goýmak, tölegi möhletlere bölmek ýa-da onuň möçberini azaltmak göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, bu baradaky haýyşnama bildirilmedik bolsa ýa-da haýyşnama kanagatlandyrylmadyk bolsa
- Eger şikaýat (teklipnama) bellenilen möhlet geçenden soň getirilen bolsa we geçirilen möhleti dikeltmek hakynda haýyşnama bildirilmedik bolsa
- Eger şikaýaty (teklipnamany) önümçilige kabul etmek hakyndaky kesgitnama işe gatnaşýan taraplara iberilýänçä şikaýaty (teklipnamany) getiren tarapdan onuň yzyna gaýtarylyp berilmegi ýa-da teklipnamanyň yzyna alynmagy hakynda arza gelip gowşan bolsa
- Eger-de nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) TAIÝK-na laýyklykda nägilelik şikaýaty bildirilmäge degişli bolmadyk kazyýet namasy babatda berlen bolsa

Çyzgy 13.6.

**Nägilelik basgançakly kazyýetiň mejlisiniň düzüm bölekleri**

- Taýýarlaýyş bölegi
- Nägilelik şikaýatyny (teklipnamasyny) seljermek
- Kazyýet namasyny taýýarlamak we yglan etmek

Çyzgy 13.7.

**Kazyýet namasy taýýarlananda ara alnyp maslahatlaşylýan meseleler**

- Birinji basgançakly kazyýet tarapyndan işiň ähli wajyp ýagdaýlary anyklananmy
- Şol ýagdaýlar subut edilenmi
- Kazyýetiň çözgütde beýan edilen netijeleri işiň ýagdaýlaryna gabat gelýärmi
- Kanunyň kadalary bozulanmy

Çyzgy 13.8.

**Nägilelik kazyýetiniň ygtyýarlyklary**

- Kazyýet namasyny üýtgetmän, şikaýaty (teklipnamany) kanagatlandyrman galdyrmak
- Kazyýet namasyny doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak we täze çözgüt kabul etmek
- Kazyýet namasyny üýtgetmek
- Kazyýet namasyny doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak we iş boýunça önümçiligi bes etmek ýa-da talaby doly ýa-da bölekleýn garaman galdyrmak

Çyzgy 13.9.

**Kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek üçin esaslar**

- Iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň doly anyklanmazlygy
- Birinji basgançakly kazyýetiň olary anyklanan diýip hasaplaýandygyna garamazdan iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlaryň subut edilmänligi
- Kazyýet namasynda beýan edilen netijeleriň işiň hakyky ýagdaýlaryna gabat gelmezligi
- Maddy ýa-da prosesual hukugynyň kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy

## 13-nji tema degişli testler: Kanuny güýjüne girmedik kazyýet çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýat bildirmek (teklipnama getirmek) we olary barlamak

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirilip bilner:**
- diňe jedelli hukuk gatnaşygynda taraplaryň hukuklary we borçlary baradaky mesele boýunça;
- kazyýet çykdajylaryny paýlamak baradaky mesele boýunça;
- kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň tertibi we möhleti baradaky mesele boýunça;
- çözgüdiň delillendiriş bölegine hukuk kadasyny goşmaça girizmek ýa-da ondan hukuk kadasyny aýyrmak baradaky mesele boýunça.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**2) Kazyýetiň çözgüdine şikaýat bildirip bilýärler:**
- işe gatnaşýan taraplar;
- işe gatnaşýan taraplaryň hukuk oruntutarlary;
- işe gatnaşýan taraplaryň wekilleri;
- iş ýöredişine gatnaşyjylar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**3) Nägilelik şikaýatyna kim gol çekýär?**
- şikaýat bildirýän tarap;
- şikaýat bildirýän hukuk oruntutar;
- şikaýat bildirýän tarap ýa-da şikaýat bildirýän hukuk oruntutar;
- şikaýat bildirýän tarap we şikaýat bildirýän hukuk oruntutar.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**4) Kim nägilelik kazyýetine şikaýata (teklipnama) seslenme ugradyp bilýär?**
- talapçy;
- jogapçy;
- taraplar;
- işe gatnaşýan taraplar.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**5) Nägilelik şikaýatyna (teklipnamasyna) seslenmä kim gol çekýär?**
- ýuridik şahsyň ýolbaşçysy we onuň wekili;
- hususy telekeçi we onuň wekili;
- ýuridik şahsyň ýolbasçysy we hususy telekeçi;
- ýuridik şahsyň ýolbasçysy ýa-da hususy telekeçi, ýa-da olaryň wekilleri.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**6) Nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) yzyna gaýtarylanda kazyýete gaýtadan öňkä meňzeş şikaýat (teklipnama) getirmäge rugsat berilýärmi?**

- ýok;
- hawa – ýöne kanunda bellenen ýagdaýlarda;
- hawa – ýöne bu kada diňe talapça degişli;
- hawa – ýöne bu kada diňe taraplara degişi.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Nägilelik şikaýaty (teklipnamasy) yzyna gaýtarylyp berilýär, eger-de kazy:**

- onuň delillerini we garaýyşlaryny esassyz diýip hasaplasa;
- onuň talaplaryny bikanun diýip hasaplasa;
- eger-de şikaýata oňa gol çekmäge hukugy bolmadyk tarap gol çeken bolsa;
- şikaýaty prokuror goldamasa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Jogapçy kazyýetiň çözgüdine şikaýat bildirýär. Şikaýat gelip gowşandan bäş gün soň iş ýokarda durýan kazyýete ugradylýar. Kazyýetiň hereketlerinde kanuny bozma barmy?**

- ýok;
- iş nägilelik kazyýetine on günüň dowamynda ugradylyp bilinýär;
- eger-de görkezilen möhletde prokuroryň teklipnamasy hem gelip gowşan bolsa, iş nägilelik kazyýetine ugradylyp bilinýär;
- eger-de görkezilen möhletde işe gatnaşýan taraplaryň ählisi tarapyndan şikaýat bildirmäge bolan hukukdan peýdalanylan bolsa, iş nägilelik kazyýetine ugradylyp bilinýär.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**9) Çözgüt yglan edilen gününiň ertesi, işi öwrenmeklik üçin ýokarda durýan kazyýet talap edip alýar. Şu ýagdaýda kanuny bozma barmy?**

- ýok;
- hawa;
- hawa, ýöne eger-de işi prokuror talap eden bolsa, onda ýok;
- hawa, ýöne eger-de iş ýokarda durýan kazyýet tarapyndan işe gatnaşýan taraplaryň razylygy bilen talap edilen bolsa, onda ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Nägilelik kazyýeti işe birinji basgançakly kazyýetiň düzgünlerine laýyklykda garaýar:**

- ýok;
- hawa;
- hawa, ýöne diňe birinji basgançakly kazyýetiň özüne degişli düzgünler ulanylmaýar;

- hawa, ýöne işe gatnaşýan taraplar işe garamagyň tertibini özleriçe teklip edip bilýärler.

***Dogry jogaby tapyň.***

**11) Nägilelik önümçiligine gatnaşyp bilmeýär:**
- bilermen;
- terjimeçi;
- üçünji tarap;
- wekil.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Eger-de çözgüde talapçy şikaýat bildiren bolsa, işe gatnaşýan beýleki taraplar oňa şikaýat bildirip bilýärlermi?**
- ýok;
- hawa;
- hawa, şu ýagdaýda bu hukuk jogapça berilýär;
- hawa, şu ýagdaýda bu hukuk üçünji taraplara berilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Çözgüde bir wagtyň özünde şikaýat we teklipnama getirilip bilnermi?**
- ýok;
- hawa;
- hawa, eger-de prokuror çözgüde şikaýat bildirilmegine garşy bolmasa;
- hawa, eger-de kazyýet çözgüde şikaýat bildirilmegine garşy bolmasa.

***Dogry jogaby tapyň.***

**14) Nägilelik kazyýetiniň namasyna garşylyknama getirilip bilner:**
- gözegçilik önümçiliginde;
- nägilelik önümçiliginde;
- nägilelik we gözegçilik önümçiliklerinde;
- nägilelik ýa-da gözegçilik önümçiliklerinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Nägilelik kazyýeti şikaýata (teklipnama) garap:**
- birinji basgançakly kazyýetiň namasyny öňki güýjünde galdyryp bilýär;
- täze çözgüt çykaryp bilýär;
- çözgüdi üýtgedip bilýär;
- çözgüdiň ýerine ýetirilmegini togtadyp bilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**16) Nägilelik kazyýeti şikaýata (teklipnama) garap:**
- talaby garaman galdyryp bilýär;
- iş boýunça önümçiligi bes edip bilýär;

- işi gaýtadan garamak üçin ugradyp bilýär;
- şikaýaty kanagatlandyrman bilýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Birinji basgançakly kazyýetde işiň ýagdaýlary nädogry anyklanypdyr we olar subut edilmändir. Eger-de nägilelik kazyýeti işleri arbitraž we raýat iş ýöredişiniň kadalaryna görä seljeren bolsa, ol nähili hereket etmeli?**

- iş ýöredişiň iki görnüşinde-de işi düýp mazmuny boýunça garamaklyk üçin birinji basgançakly kazyýete ugradylýar;
- iş ýöredişiň iki görnüşinde-de iş nägilelik basgançakly kazyýetiň garamagynda galdyrylýar we ol tarapyndan birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary düzedilýär;
- arbitraž iş ýöredişinde iş birinji basgançakly kazyýete gaýtadan garamaklyk üçin ugradylýar, raýat iş ýöredişinde bolsa ikinji basgançakly kazyýet tarapyndan birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary düzedilýär;
- raýat iş ýöredişinde iş birinji basgançakly kazyýete gaýtadan garamaklyk üçin ugradylýar, arbitraž iş ýöredişinde bolsa ikinji basgançakly kazyýet tarapyndan birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary düzedilýär.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**18) Maddy we prosesual kanunçylygynyň kadalarynyň nädogry ulanylmagy ýa-da bozulmagy kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek üçin hökmany esas bolup durýarmy?**

- ýok;
- hawa;
- maddy hukugyňky bolsa – hawa, prosesual hukugyňky bolsa – ýok;
- prosesual hukugyňky bolsa – hawa, maddy hukugyňky bolsa – ýok.

***Dogry jogaby tapyň.***

**19) Birinji basgançakly kazyýetiň ýalňyşlyklary düzedilýär:**

- köp halatda nägilelik önümçiliginde;
- köp halatda gözegçilik önümçilikde;
- deň derejede nägilelik we gözegçilik önümçiliklerinde;
- deň derejede nägilelik, gözegçilik we täze ýüze çykan ýagdaylar boýunça önümçiliklerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**20) Haýsy kazyýetde ykdysady işler seljerilende kazyýet mejlisiniň teswirnamasy ýöredilýär?**

- birinji basgançakly kazyýetde;
- nägilelik kazyýetinde;
- birinji we nägilelik basgançakly kazyýetlerde;

- ykdysady işler seljerilende kazyýet mejlisiniň teswirnamasy ýöredilmeýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***4*** | ***2*** | ***3*** | ***1*** | ***2*** | ***2*** | ***1*** | ***4*** | ***3*** | ***4*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** |

## Tema 14. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde hem-de täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak

### §1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde täzeden garamaga düşünje we onuň ähmiýeti

Tejribede kazyýet ýalňyşlyklarynyň hemmesi nägilelik tertibinde düzedilmeýär. Gözegçilik kazyýetiň wezipesi diňe bir aşakda durýan kazyýetleriň ýalňyşlyklaryny ýüze çykarmak we düzetmek bolman, eýsem maddy hem prosesual kadalaryň bolmalysy ýaly düşünilmegini we ulanylmagyny gazanmak bilen kazyýet tejribesini dogry ýola gönükdirmekden ybaratdyr. Gözegçilik kazyýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň berýän hökmany görkezmeleriniň üsti bilen kazyýet tejribesini talaba laýyk sünnäleýär, onda döreýän näsazlyklaryň hem-de gapma-garşylyklaryň aradan aýrylmagyny üpjün edýär. Bu görkezmeleriň ähli hukuk goraýjy edaralary tarapyndan üýtgewsiz ulanylmagy hökmandyr.

Alymlar tarapyndan gözegçilik önümçiligine adatdan daşary ýagdaýlarda döreýän iş ýörediş tapgyry hökmünde garalýar. Olaryň şu netijä gelmeklerine şu ýagdaýlar esas berýär:

- Gözegçilik önümçiligini işe gatnaşýan taraplar öz başlangyçlary bilen gozgap bilmeýärler. Gözegçilik tertibinde iş taraplaryň we üçünji taraplaryň erkine hem islegine garamazdan kazyýetiň ýa-da prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary tarapyndan gozgalýar;
- Gözegçilik tertibinde diňe kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna garşylyknama getirip bolýar;
- Nägilelik önümçiligini gozgamak çözgüt çykandan soňra on gün möhletde mümkin. Gözegçilik tertibinde işi gozgamaklyk möhlet bilen çäklendirilmeýär. RF-nyň AIÝK-sy gözegçilik tertibinde iş gozgamagy möhlet bilen çäklendirýär, eger-de ol esasly sebäplere görä goýberilen bolsa, möhleti dikeltmek mümkinçiligini-de göz öňünde tutýar (292-nji maddasy);
- Gözegçilik önümçiligi bellenilen tertipde birnäçe gezek döräp biler. Nägilelik tertibinde iş diňe bir sapar garalýar.

**Garşylyknama getirmäge hukukly subýektler**

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, işe gatnaşýan taraplar gözegçilik önümçiligini gozgap bilmeýärler. Olar diňe garşylyknama getirmek barada arza bilen degişli wezipeli adamlara ýüz tutmaga ygtyýarlydyrlar. TAIÝK-nyň 135-nji maddasynyň 4-nji bölegine laýyklykda, arza iki aý möhletde garalmaga degişli. Gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmekden ýüz dönderilende, ol barada arza berijä esaslandyrylan jogap berilýär. Edil şuňa meňzeş kada Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň kararyna garşylyknama getirmek babatda hem göz öňünde tutulan. Onuň bir aýratynlygy, ol hem işe gatnaşýan taraplaryň arzasyna garamagyň möhleti has çäkli, ýagny bir aýa çenli diýlip kesgitlenen (TAIÝK-nyň 145-nji maddasynyň 2-nji bölegi).

Gözegçilik önümçiligini gozgamak hukugy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň we Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň birinji ýolbaşçylaryna we

olaryň orunbasarlaryna berilýär. Munuň özi kanuny güýjüne giren kazyýet namalary babatda ýeterlik esassyz iş gozgalmagyna ýol bermezlik üçin edilendir.

TAIÝK-nyň 132-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we Türkmenistanyň Baş prokurory şu kazyýetleriň kazyýet namalaryna garşylyknama getirip bilýärler:

- Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlary Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň namalaryndan başga ähli kazyýetleriň namalaryna gözegçilik tertibinde garşylyknama getirip bilýärler.

Gözegçilik tertibinde işlere Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy hem-de onuň Prezidiumy we Giňişleýin mejlisi garaýar (TAIÝK-nyň 131-nji maddasy).

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arüitraž işleri boýunça kollegiýasynda kazyýetiň kanuny güýjüne giren kazyýet namalary garalýar. Eger-de şu kollegiýada şol iş öň nägilelik tertibinde  garalan bolsa, onda, biziň pikirimizçe, oňa gözegçilik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy garamaly.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda şol kazyýetiň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň namalary, Giňişleýin mejlisinde bolsa onuň Prezidiumynyň hem-de Giňişleýin mejlisiň öz kazyýet namalary gözegçilik tertibinde garalýar.

Gözegçilik önümçiliginde gözegçilik kazyýetleriniň haýsy işlere garamalydygyny kanunda düzgünleşdirmek zerur. Bu babatda Türkmenistanyň „Kazyýet hakynda“ we „Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda“ Türkmenistanyň kanunlarynyň degişli kadalary hem göz öňünde tutulmaly.

Kazyýet namalarynyň bikanunlygy hem esassyzlygy barada maglumatlary birnäçe çeşmelerden alyp bolýar:

- Bähbidi bar taraplaryň arzalaryndan;
- Edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň haýyşnamalaryndan;
- Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarlaryndan we ş.m..

Kanun boýunça kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary işleri olar babatda gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge esas bardygyny anyklamak üçin kazyýetden talap edip alyp bilýärler (TAIÝK-nyň 134-nji maddasy). Dogry, bu maddada prokuror bilen bagly bir çäklendirme bellenýär, ýagny prokuror işleri diňe kanunda görkezilen halatlarda talap edip alyp bilýär. Ýöne, TAIÝK-da ýa-da beýleki kanunlarda prokuroryň bu ygtyýarlygynyň ýüze çykmalary berkidilmeýär. Prokuror hökmany suratda kazyýetden işleri talap edip almaga hem-de kazyýet namalarynyň bikanunlygy we esassyzlygy anyklananda

olar babatda gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge ygtyýarly edilmeli. „Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň 43-nji maddasynyň 2-nji böleginde kazyýet mejlisine gatnaşýan prokuroryň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň prosesual kanunçylygynda kesgitlenýär diýlip görkezilen. Diýmek, agzalýan mesele TAIÝK-da düzgünleşdirilmäge degişli.

Kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary işi öwrenmek üçin kazyýetden talap edip alan halatlarynda, gözegçilik tertibinde iş boýunça önümçilik tamamlanýança kazyýet namasynyň ýerine ýetirilmegini togtadyp bilýärler (kanunda – eger-de ol entek ýerine ýetirilmedik bolsa diýip bellemeli). Şeýle-de bolsa näme üçindir, kanunçykaryjy bu ýagdaýy diňe kazyýetiň wezipeli adamlary bilen baglaýar (TAIÝK-nyň 133-nji we 146-njy maddalary). Logika boýunça bu hukugyň prokurora-da berilmelidigi öz-özünden düşnüklidir. Özi-de onuň bu hukugy „Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň 47-nji maddasynda berkidilýär.

TAIÝK-nyň 135-nji maddasynyň 1-nji bölegine laýyklykda, garşylyknama getirmäge esas bolan halatlarda kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary garşylyknama getirýärler hem-de ony iş bilen bilelikde kazyýetiň degişli basgançagyna geçirýärler. Bu maddada hem näme üçindir, prokuraturanyň wezipeli adamlary agzalmaýar. Şol bir wagtda-da prokuroryň bikanun we esassyz kazyýet namalaryna garşylyknama getirmek hukugy TAIÝK-nyň 132-nji maddasynda berkidilýär. Ýene-de bir bellemeli zat, TAIÝK-da gözegçilik tertibinde getirilýän garşylyknamanyň mazmuny berilse dogry bolardy.

Gözegçilik önümçiliginde kazyýet mejlisi başlanýança garşylyknamany getiren wezipeli adam ony yzyna talap edip alyp bilýär. Bu barada işe gatnaşýan taraplar habarly edilýär. Işe garamaga girişilenden soňra garşylyknama yzyna talap edilmäge degişli däl, şonuň ýaly-da ol üýtgedilip-de bilinmeýär (TAIÝK-nyň 137-nji maddasy).

Temanyň birinji paragrafyny jemlemek bilen, gözegçilik önümçiliginde iş gozgamaklygyň TAIÝK-da ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýändigine göz ýetirmek bolýar. Prosesual hereketler agzalyp geçilýär, ýöne näme üçindir, olar doly aýdyňlaşdyrylmaýar. Mysal üçin, işi talap edip almak, kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi togtatmak. Aýdalyň, haýsy esaslar boýunça kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi togtadyp bolýar, mesele nähili tertipde çözülýär we resmileşdirilýär, haçan bu hereket ýatyrylyp bilner we ony nädip resmileşdirmeli?

Ýokarda işe gatnaşýan taraplaryň gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek barada arza berip bilýändikleri bellenip geçildi. Ýöne, kanunda bu arza bilen ýüz tutmagyň tertibi, onuň mazmuny, arzany kabul etmegiň möhleti, ony kabul etmekden ýüz döndermekligiň esaslary we resmileşdirilişi, şeýle hem beýleki zerur prosesual hereketler barada hiç-hili kada ýok. Gözegçilik garşylyknamasy babatda hem edil şuňa meňzeş meseleler düzgünleşdirilmegini talap edýär.

RF-nyň AIÝK-da şu meseleleriň hemmesi anyk berkidilýär (292-298-nji maddalary). Bu tejribe TAIÝK-da hem ýerlikli ulanylsa dogry bolardy.

### §2. Gözegçilik kazyýetinde işe täzeden garamak

Gözegçilik kazyýetinde hem işe täzeden garamagyň tertibi ýeterlik derejede düzgünleşdirilmeýär. Kazyýet önümçiliginiň ýörelgeleri bu ýerde has-da çäkli görnüşde ýüze çykýar.

Gözegçilik önümçiliginde kazyýet kollegiýasyny düzýär:

- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – üç kazy;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda – onuň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisinde – onuň agzalarynyň üçden iki bölegi (TAIÝK-nyň 138-nji we 147-nji maddalary).

Gözegçilik tertibinde işe onuň degişli kazyýete gelip gowşan gününden bir aýyň dowamynda garalýar (TAIÝK-nyn 138-nji maddasynyň 3-nji bölegi). TRIÝK-nyň we RF-nyň AIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda her gözegçilik kazyýeti babatda aýratyn möhletler kesgitlenen (TRIÝK-nyň 332-nji maddasy, RF-nyň AIÝK-nyň 299-njy we 303-nji maddalary).

Gözegçilik tertibindäki garşylyknamanyň nusgasy işe gatnaşýan taraplara ugradylýar (TAIÝK-nyň 136-njy maddasy).

Kanunda gözegçilik garşylyknamasyny ugratmak bilen işe gatnaşýan taraplardan näme islenýändigini, ýagny haýsy hereketleri olaryň amala aşyrmalydygyny düzgünleşdirýän kada ýok. Bu resminamanyň işe gatnaşýan taraplara ugradylmagynyň düýp maksady, olaryň garşylyknama garaýşyny, ony goldaýandyklaryny ýa-da goldamaýandyklaryny anyklamak hem-de olaryň delillerini öwrenmek bolup durýar.

TRIÝK-nyň 329-njy maddasyna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplar şular ýaly ýagdaýda garşylyknama boýunça özleriniň ýazmaça düşündirişlerini we goşmaça maglumatlaryny bildirmäge ygtyýarly edilen. RF-nyň AIÝK-da bolsa gözegçilik garşylyknamasyna işe gatnaşýan taraplaryň ýazmaça seslenme bildirmek hukugy göz öňünde tutulýar (297-nji maddasy).

Nägilelik kazyýet önümçiliginde işe gatnaşýan taraplar hökmany ýagdaýda kazyýet mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty barada deslapdan habarly edilýär. Gözegçilik tertibinde bu talap diňe zerur halatlarda, özi-de diňe kazyýetiň başlangyjy bilen amala aşyrylýar (TAIÝK-nyň 136-njy maddasy). Işe gatnaşýan tarap işe gatnaşdyrylýan bolsa, onda ol iş boýunça dilden düşündiriş bermäge ygtyýarly. Ýöne onuň kazyýet mejlisine gelmedik ýagdaýynda işi onsuz dowam etdirmeklik mümkinçiligi kanunda düzgünleşdirilmeýär. TRIÝK-nyň 332-nji maddasyna laýyklykda, işe gatnaşýan taraplaryň kazyýetiň mejlisine gelmezlikleri işiň garalmagyna päsgelçilik döretmeýär.

Arbitraž iş ýöredişiniň beýleki tapgyrlaryndan tapawutlylykda, gözegçilik kazyýetine prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr (TAIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 4-nji bölegi). Iş boýunça kimiň garşylyknama getireniniň, ýagny kazyýetiň ýa-da prokuraturanyň wezipeli adamsynyň kazyýete ýüz tutanlygynyň ähmiýeti ýok.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, üç sany gözegçilik kazyýeti bar. Ol kazyýetlere haýsy prokuror gatnaşmaly diýen sorag döreýär. Biziň pikirimizçe, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisine Türkmenistanyň Baş prokurory, onuň Prezidiumyna – Türkmenistanyň Baş prokurory ýa-da onuň orunbasary, arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna – Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan ygtyýarly edilen prokuror gatnaşmaly. Gozgalan mesele takmynan şu tertipde TRIÝK-nyň 332-nji maddasynda düzgünleşdirilýär.

Kazyýet namasynyň kanunylygyny hem esaslylygyny barlamak iş boýunça dokladdan başlanýar. Doklady şol iş boýunça öň geçirilen kazyýet seljermelerine gatnaşmadyk kazy edýär. Haçan-da işe Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda ýa-da Giňişleýin mejlisinde garalanda doklad etmeklik olaryň agzalaryna tabşyrylýar (TAIÝK-nyň 138-nji maddasynyň 7-nji bölegi, 147-nji maddasynyň 2-nji bölegi). Ýöne kanunda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda gözegçilik tertibinde garşylyknama garalanda kimiň doklad etmelidigi görkezilmeýär. Megerem, bu wezipe şol kazyýet mejlisine başlyklyk edijiniň üstüne ýa-da onuň düzümine girýän agzalarynyň biriniň üstüne ýüklenilmelidir.

Dokladda işiň ýagdaýlary, kazyýet namalarynyň mazmuny, garşylyknamanyň mazmuny we delilleri, iş boýunça doklad edýäniň garaýşy beýan edilýär. Dokladça soraglar berlip bilner.

Iş ýöredişe işe gatnaşýan taraplar çagyrylan bolsa olaryň düşündirişleri diňlenilýär. Soňra prokuror öz garşylyknamasyny goldap çykyş edýär ýa-da kazyýet namasynyň kanunylygy we esaslylygy babatda netijenamasyny beýan edýär.

Şu ýerde bir meselä aýratyn üns bermeli. Günbataryň kazyýet ulgamyndan tapawutlylykda Türkmenistanyň ähli nägilelik we gözegçilik kazyýetleri kazyýet namasynyň kanunylygyny we esaslylygyny barlanlarynda nägilelik şikaýatynyň, teklipnamasynyň, garşylyknamanyň delillerini seljermek bilen çäklenmän, ony dolulygyna barlaýarlar, nägilelik tertibinde bolsa diňe bir şikaýat bildiren babatda däl-de işde bähbidi bar ähli taraplar bilen baglylykda netije çykarylýar (TAIÝK-nyň 138-nji we 147-nji maddalary).

Näme üçindir bu kada nägilelik önümçiliginde göz öňünde tutulmandyr. Biziň adyl kazyýetligi amala aşyrmak ýörelgelerimizden ugur alynsa, onda bu prosesual aýratynlyk kanunda hökman berkidilmäge degişli.

Gözegçilik kazyýetiniň netijeleriniň resmileşdirilişi TAIÝK-nyň 141-nji we 150-nji maddalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy işi gözegçilik tertibinde barlap, kesgitnama çykarýar, onuň Prezidiumy we Giňişleýin mejlisi bolsa – karar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamasyna kollegiýanyň mejlisine gatnaşan kazylar gol çekýär we ol gol çekilen pursadyndan kanuny güýjüne girýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Giňişleýin mejlisiniň karary oňa gatnaşan agzalarynyň köplüginiň sesi bilen kabul edilýar. Prezidiumyň kararyna kazyýetiň mejlisine başlyklyk eden gol çekýär. Giňişleýin mejlisiň

kararyna Türkmenistanyn Ýokary kazyýetiniň başlygy we Giňişleýin mejlisiň kätibi gol çekýär. Bu resminamalaryň ikisi-de gol çekilen pursadyndan güýje girýär.

Gözegçilik kazyýetiniň kazyýet namalary kabul edilende çözgüt çykarmagyň umumy kadalaryndan ugur alynýar (hiç bir kazy ses bermekden saklanmaly däl, başlyklyk ediji soňky bolup ses bermeli, kazynyň aýratyn pikirde bolmaga hukugy we ş.m.).

Gözegçilik kazyýetiniň ygtyýarlyklary TAIÝK-nyň 139-njy we 148-nji maddalarynda berkidilýär. Bu maddalaryň ilkinjisinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň hem onuň Prezidiumynyň, soňkusynda bolsa – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň ygtyýarlyklary sanalýar. Kanunda dürli aýdylýan-da bolsa olaryň ygtyýarlyklary many-mazmun taýdan deňdir.

Gözegçilik kazyýetleriniň şulara ygtyýarlary bar:

- kazyýet namasyny üýtgetmän galdyrmak, garşylyknamany bolsa kanagatlandyrmazlyk;
- kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ony dolulygyna ýa bölekleýin ýatyryp, täze kazyýet namasyny kabul etmek;
- kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ony ýatyryp, aşakda durýan kazyýetlere täzeden garamaga ýollamak;
- kazyýet namasyny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyryp, iş boýunça önümçiligi bes etmek ýa-da talaby dolulygyna ýa-da bölekleýin garaman galdyrmak;
- iş boýunça öň kabul edilen kazyýet namalarynyň birini güýjünde galdyrmak.

Gözegçilik kazyýetleriniň 2-nji we 3-nji ygtyýarlyklaryndan görnüşi ýaly, kazyýet namasynyň, şol sanda üýtgetmek mümkinçiligi berkidilýär, özi-de näme üçindir iki ýerde gaýtalanyp bellenýär. Biziň pikirimizçe, şu ygtyýarlyk özbaşdak bölümde düzgünleşdirilmeli. Onsoňam ygtyýarlyklaryň iki aýratyn maddalarda berkidilmeginiň zerurlygy ýok diýip hasaplaýarys.

Gözegçilik kazyýetleri tarapyndan kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esaslar TAIÝK-nyň 140-njy we 149-njy maddalarynda berkidilýär. Bu maddalarda aýry-aýry gözegçilik kazyýetleri üçin şol bir esaslar bellenen. Edil gözegçilik kazyýetleriniň ygtyýarlyklary bilen bagly ýagdaý şu ýerde hem gaýtalanýar. Gozgalýan meseleleriň ikisinde-de hukugyň salgylanma kadasyny ulanmaklyk maksadalaýykdyr.

Kodeksiň ýokarda agzalan maddalaryna laýyklykda, kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin onuň bikanunlygy ýa-da (kanunda – „we (ýa-da)“ diýilse dogry bolardy) esassyzlygy esas bolup durýar. Ýöne düýpli bolmadyk prosesual kemçilikler üçin kazyýet namasy ýatyrylyp bilinmez.

Haçan prosesual kemçilikler düýpli hasaplanýar? Bu soragyň jogabyny TAIÝK-nyň 129-njy maddasynyň 2-nji böleginden tapmak bolar. Prosesual hukuk kadalarynyň bozulmagy ýa-da nädogry ulanylmagy nädogry kazyýet namasynyň

çykarylmagyna getiren bolsa ýa-da getirip biljek bolsa, onda bu hereketler kazyýet namasyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esas bolup durýar.

Gözegçilik kazyýetiniň görkezmeleriniň hökmanylygy meselesi-de iki aýratyn maddada şol bir mazmun bilen berkidilýär (TAIÝK-nyň 142-nji we 151-nji maddalary).

Gözegçilik kazyýetleriniň görkezmeleri işe täzeden garaýan kazyýet üçin hökmandyr (subutnamalary toplamak, işe degişli taraplary çekmek, çözgüdiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek we ş.m.). Elbetde, gözegçilik kazyýetiniň ähli görkezmeleri aşakda durýan kazyýetler üçin hökman däldir.

Gözegçilik kazyýetiniň şulara haky ýok:

- Gözegçilik kazyýeti işi seljeren kazyýet tarapyndan anyklanmadyk ýa-da inkär edilen ýagdaýlary anyklamaga ýa-da olary subut edilen diýip hasaplamaga;
- Subutnamalaryň hakykylygy ýa-da hakyky däldigi barada netije çykarmaga;
- Subutnamanyň başga bir subutnamadan artykmaçlygyny kesgitlemäge;
- Maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygy barada görkezme bermäge;
- Işe täzeden garalanda nähili kazyýet namasynyň çykarylmalydygyny kesgitlemäge.

TAIÝK-nyň 152-nji maddasyna laýyklykda, gözegçilik tertibinde diňe bir kazyýetiň çözgütlerine däl-de, onuň kesgitnamalaryna-da aýratynlykda garamak mümkinçiligi berkidilýär, haçan-da kanunda olar babatda nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) bildirmek göz öňünde tutulan bolsa ýa-da olar iş ýöredişiň kadaly dowam etdirilmegine päsgelçilik döredýän bolsalar. Bu meselä kazyýetiň çözgütlerine (kanunda – „kazyýet namalaryna“ diýilse dogry bolardy) getirilen garşylyknamalara garamak üçin bellenen tertipde garalýar.

### §3. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak

Täze ýüze çykan ýagdaýlar – bu täze dörän ýagdaýlar däl-de, aslynda bolup, ýöne kazyýete we işe gatnaşýan taraplara iş seljerilen döwürde mälim bolmadyk ýagdaýlardyr. Soňra şu yagdaýlaryň ýuze çykarylmagy kazyýet namalaryna gaýtadan garamak önümçiliginiň döremegine getirýär.

TAIÝK-nyň 153-nji maddasyna laýyklykda kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamaga şular esas bolup biler:

- Öň mälim bolmadyk we mälim bolup hem bilmejek iş üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar ýüze çykarylsa;
- Bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kazyýet namasynyň kabul edilmegine getiren bilermeniň bilkastdan galp netijenama berendigi, bilkastdan nädogry terjime edilendigi, resminamalaryň ýa-da maddy subutnamalaryň

galplaşdyrylandygy kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa;

- Şol işe garalan döwürde arbitraž iş ýöredişine gatnaşyjylaryň (kanunda – „işe gatnaşýan taraplaryň“ diýilse dogry bolardy) ýa-da olaryň wekilleriniň jenaýatçylykly hereketleri edendikleri, ýa bolmasa kazylaryň jenaýatçylykly etmişleri edendikleri kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa;
- Kazyýet namasynyň kabul edilmegine esas bolan kazyýet çözgüdiniň, höküminiň ýa-da başga bir edaranyň kararynyň ýatyrylmagy;
- Kazyýet namasynyň çykarylmagyna esas bolan kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýatyrylmagy, eger-de täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama işiň ýagdaýlaryna düýpli täsir edýän bolsa, özi-de oňa yzyna täsir ediş güýji berlen bolsa.

TAIÝK-nyň 154-nji maddasynda kanuny güýjüne giren kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak barada arza bermegiň tertibi we möhleti kesgitlenýär.

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet namasyna gaýtadan garamaklyk prokuroryň we işe gatnaşýan taraplaryň arzasy boýunça şol ýagdaýlaryň belli bolan ýa-da belli bolmaly pursatyndan bir aýdan gijä goýman bildirilip bilinýär. Kesgitlenen möhlet esasly sebäplere görä goýberilen bolsa, onda ol dikeldilip bilner.

Şu mesele bilen kazyýete ýüz tutýan oňa barmazyndan öň arzanyň we onuň ýanyna goşulýan resminamalaryň nusgalaryny işe gatnaşýan taraplara ibermeli. Kazyýete bolsa bu talabyň ýerine ýetirilenligini subut edýän subutnamalar bildirilmeli. Ýogsa kazyýet arzany kabul etmeýär. Kazyýetiň arzany kabul etmezlik baradaky kesgitnamasyna şikaýat (teklipnama) bildirip bolýar.

Biziň pikirimizçe, kanunda ýokarda agzalýan arzanyň mazmuny, esasan-da haýsy ýagdaýlary täze ýüze çykan diýip hasaplamaly, ony subut edýän resminamalar we arza bilen ýüz tutanyň şunuň bilen bagly talaby görkezilse iş ýöredişiň göwnejaý guralmagyna oňaýly täsir ederdi. Onsoňam arzany kim we nähili tertipde kabul etmeli hem-de ony nähili görnüşde resmileşdirmeli diýen soraglar hem düzgünleşdirilmegini talap edýär.

Kazyýetiň kanuny güýjüne giren kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak baradaky arza TAIÝK-nyň 155-nji maddasyna laýyklykda garalýar.

Kazyýet namasyna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça haýsy kazyýetler gaýtadan garamaly diýen soragyň wajyp tejribe ähmiýeti bar. Jedelli meselä kazyýet namasyny çykaran kazyýet garaýar. Diýmek, birinji basgançakly kazyýet öz çykaran çozgüdine özi garaýar. Edil şu tertipde mesele nägilelik kazyýeti babatda çözülýär. Gözegçilik kazyýetleri birnäçe bolandygy sebäpli gaýtadan garamak kazyýet namasyny üýtgeden ýa-da täzesini kabul eden kazyýetde amala aşyrylýar.

Gaýtadan garamak baradaky arza işe gatnaşýan taraplary deslapdan mejlisiň geçiriljek ýeri we wagty barada habarly etmek bilen kazyýetde garalýar. Ýöne

olaryň gemezlikleri meseläň garalmagyna päsgelçilik döretmeýär. Arza kazyýete gelip gowşan gününden bir aýyň dowamynda garalmaga degişlidir.

TAIÝK-nyň 156-njy maddasyna laýyklykda, gaýtadan garamaklygy amala aşyrýan kazyýet arzany kanagatlandyran halatynda öň kabul edilen kazyýet namasyny ýatyrýar. Şu ýagdaýda iş TAIÝK-nyň kadalaryna laýyklykda umumy esaslarda degişli kazyýetde täzeden garalýar.

Gaýtadan garamak barada arza kanagatlandyrylmaly däl diýlen netijä gelnende kazyýet kesgitnama çykarýar, oňa bolsa şikaýat (teklipnama) bildirilmäge degişlidir.

## 14-nji tema degişli çyzgylar. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde hem-de täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak

Çyzgy 14.1.

**Gözegçilik tertibinde işe garaýan kazyýetler**

- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy
  - Goşmaça maglumat: - Kollegiýa nägilelik tertibinde hem işlere garaýar
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisi

Çyzgy 14.2.

**Gözegçilik tertibinde kazyýet namalaryna garşylyknama getirmek hukugynyň subýektleri we obýektleri**

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we Türkmenistanyň Baş prokurory şu kazyýetleriň kazyýet namalaryna:

- Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygynyň orunbasary we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasary şu kazyýetleriň kazyýet namalaryna:

- Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetleriniň;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň.

**Çyzgy 14.3.**




**Çyzgy 14.4.**




**Çyzgy 14.5.**



Çyzgy 14.6.

**Gözegçilik kazyýetleri ygtyýarly däl**

- Gözegçilik kazyýeti işi seljeren kazyýet tarapyndan anyklanmadyk ýa-da inkär edilen ýagdaýlary anyklamaga ýa-da olary subut edilen diýip hasaplamaga
- Subutnamanyň başga bir subutnamadan artykmaçlygyny kesgitlemäge
- Maddy hukugyň haýsy kadasynyň ulanylmalydygy barada görkezme bermäge
- Subutnamalaryň hakykylygy ýa-da hakyky däldigi barada netije çykarmaga
- Işe täzeden garalanda nähili kazyýet namasynyň çykarylmalydygyny kesgitlemäge

Çyzgy 14.7.

**Kazyýetiň kanuny güýjüne giren namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak üçin esaslar**

- Kazyýet namasynyň kabul edilmegine esas bolan kazyýet çözgüdiniň, höküminiň ýa-da başga bir edaranyň kararynyň ýatyrylmagy
- Öň mälim bolmadyk we mälim bolup hem bilmejek iş üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar ýüze çykarylsa
- Şol işe garalan döwürde arbitraž iş ýöredişine gatnaşyjylaryň (kanunda – „işe gatnaşýan taraplaryň“ diýilse dogry bolardy) ýa-da olaryň wekilleriniň jenaýatçylykly hereketleri edendikleri, ýa bolmasa kazylaryň jenaýatçylykly etmişleri edendikleri kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa
- Bikanun ýa-da esaslandyrylmadyk kazyýet namasynyň kabul edilmegine getiren bilermeniň bilkastdan galp netijenama berendigi, bilkastdan nädogry terjime edilendigi, resminamalaryň ýa-da maddy subutnamalaryň galplaşdyrylandygy kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen anyklansa
- Kazyýet namasynyň çykarylmagyna esas bolan kadalaşdyryjy hukuk namanyň ýatyrylmagy, eger-de täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk nama işiň ýagdaýlaryna düýpli täsir edýän bolsa, özi-de oňa yzyna täsir ediş güýji berlen bolsa

**14-nji tema degişli testler. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde hem-de täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak**

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Ykdysady işlere birinji basgançakly kazyýet hökmünde garalýar:**

- etrap, şäher kazyýetlerinde;
- etrap, şäher, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerinde;
- Arbitraž kazyýetde, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerinde;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Ykdysady işler boýunça çözgütler üçin nägilelik kazyýeti bolup durýar:**

- Aşgabat şäher kazyýeti;
- welaýat kazyýetleri;
- Arbitraž kazyýet;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Ykdysady işler boýunça kazyýet namalary üçin gözegçilik kazyýet bolup durýar:**

- welaýat kazyýetleriniň Prezidiumlary;
- Aşgabat şäher kazyýetiniň Prezidiumy;
- Arbitraž kazyýet;
- Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy:**

- diňe birinji basgançakly kazyýet bolup durýar;
- diňe nägilelik kazyýeti bolup durýar;
- birinji we nägilelik basgançakly kazyýet bolup durýar;
- nägilelik we gözegçilik kazyýeti bolup durýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**5) Gözegçilik kazyýetlerinde kollegiýany düzýär:**

- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – 3 kazy;
- Prezidiumda – agzalarynyň 50%+1;
- Giňişleýin mejlisde – agzalarynyň 2/3 bölegi;
- Arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – 3 ýa-da 5 kazy, Prezidiumda – agzalarynyň 2/3 bölegi, Giňişleýin mejlisde – agzalarynyň 100%.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**6) Gözegçilik kazyýetlerinde işe garamagyň möhletleri:**

- işiň Giňişleýin mejlise gelip gowşan gününden 3 aýyň dowamynda;
- işiň Prezidiuma gelip gowşan gününden 2 aýyň dowamynda;
- işiň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna gelip gowşan gününden 15 günüň dowamynda;
- ählisinde işiň kazyýete gelip gowşan gününden 1 aýyň dowamynda.

*Dogry jogaby tapyň.*

**7) Gözegçilik kazyýetleriniň işe täzeden garamagyň netijesinde kabul edýän kazyýet namalary:**

- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – kesgitnama, Prezidiumda we Giňişleýin mejlisde – karar;
- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – kesgitnama, kazyýet namasy üýtgedilende bolsa – karar;
- Prezidiumda – karar ýa-da kesgitnama;
- Giňişleýin mejlisde – karar ýa-da çözgüt.

*Dogry jogaby tapyň.*

**8) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Giňişleýin mejlisiniň görkezme häsiýetli düşündiriş berýän kararlary:**

- kazyýetler üçin hökmandyr;
- kazyýetler we prokuratura edaralary üçin hökmandyr;
- ähli hukuk goraýjy edaralar üçin hökmandyr;
- Giňişleýin mejlis tarapyndan seljerme geçirilip umumylaşdyrylan işler boýunça kazyýetler üçin hökmandyr.

*Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.*

**9) Ykdysady işlere kazyýetlerde garalýar:**

- birinji basgançakly kazyýetde – talap arzanyň gelip gowşan gününden 2 aýa çenli möhletde (umumy möhlet);
- nägilelik kazyýetinde – şikaýatyň (teklipnamanyň) gelip gowşan gününden 1 aýa çenli möhletde;
- gözegçilik kazyýetinde – garşylyknamanyň gelip gowşan gününden 1 aýa çenli möhletde;
- ähli basgançaklarda – resminamanyň gelip gowşan gününden 6 aýa çenli möhletde. Anyk möhleti kanunyň kesgitlän möhletiniň çäginden çykman kazyýetiň başlygy belleýär.

*Nädogry jogaby tapyň.*

**10) Işe gatnaşýan taraplar kazyýet mejlisiniň boljak ýeri we wagty barada habarly edilýär:**

- ähli basgançakly kazyýetlerde;
- birinji basgançakly kazyýetde;

- nägilelik kazyýetinde;
- birinji basgançakly kazyýetde, nägilelik kazyýetinde, gözegçilik tertibinde diňe zerur ýagdaýlarda.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**11) Gözegçilik kazyýetlerinde kazyýet namasy kabul edilýär:**
- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – sesleriň köplügi, Prezidiumda we Giňişleýin mejlisde – onuň ähli agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen;
- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – kazylaryň sesleriniň köplügi bilen;
- Prezidiumda – oňa gatnaşan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen;
- Giňişleýin mejlisde – oňa gatnaşan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Talapkär öz başlangyjy bilen gozgap bilýär:**
- birinji basgançakly kazyýet önümçiligini;
- nägilelik kazyýet önümçiligini;
- gözegçilik kazyýet önümçiligini;
- Arbitraž kazyýetde kazyýet önümçiligini.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**13) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasy ykdysady işler babatda:**
- birinji basgançakly kazyýet bolup çykyş edýär;
- nägilelik kazyýeti bolup çykyş edýär;
- gözegçilik kazyýeti bolup çykyş edýär;
- nägilelik we gözegçilik kazyýeti bolup çykyş edýär.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmek üçin işi zerur esaslaryň bardygyny anyklamak üçin talap edip alyp bilýär:**
- kazyýetiň degişli wezipeli adamlary;
- prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary;
- kazyýetiň we prokuraturanyň degişli wezipeli adamlary;
- kazyýetiň wezipeli adamlary, şeýle hem göz-görtele hukuklary bozulan işde bähbidi bar taraplar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Ykdysady işler garalanda prokuroryň gatnaşmagy hökman:**
- birinji basgançakly kazyýetde;
- nägilelik kazyýetinde;
- gözegçilik kazyýetinde;
- ähli basgançakly kazyýetlerde.

***Dogry jogaby tapyň.***

**16) Gözegçilik tertibinde kabul edilen kazyýet namasyna gol çekýär:**

- arbitraž işleri boýunça kazyýet kollegiýasynda – mejlise gatnaşan kazylar;
- Prezidiumda – mejlise başlyklyk ediji;
- Giňişleýin mejlisde – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy we mejlisiň kätibi;
- ähli basgançaklarda – mejlise başlyklyk ediji.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**17) Gözegçilik tertibinde kazyýet namasy üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner:**

- ol bikanun diýlip netije çykarylsa;
- ol esassyz diýlip netije çykarylsa;
- ol bikanun we esassyz diýlip netije çykarylsa;
- ol bikanun we (ýa-da) esassyz diýlip netije çykarylsa.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**18) Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet önümçiligini gozgap bilýär:**

- talapçy;
- prokuror;
- kazy;
- jogapçy.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**19) Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işe haýsy kazyýet garaýar?**

- çözgüdi çykaran kazyýet;
- kazyýet namasyny üýtgeden kazyýet;
- täze kazyýet namasyny çykaran kazyýet;
- ýokarda durýan kazyýet.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**20) Işe gaýtadan garaýan kazyýet kazyýet namasyny:**

- ýatyryp bilýär;
- üýtgedip bilýär;
- ýatyryp we üýtgedip bilýär;
- ýatyryp ýa-da üýtgedip bilýär.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *3* | *4* | *4* | *4* | *4* | *4* | *1* | *3* | *4* | *4* | *1* | *3* | *1* | *4* | *3* | *4* | *4* | *3* | *4* | *1* |

## Tema 15. Ýerine ýetirijilik önümçiligi

### §1. Kazyýet namalaryny ýerine ýetirişe düşünje we onuň ähmiýeti

Kazyýet namalaryny ýerine ýetirmek arbitraž iş ýöredişiniň ahyrky tapgyry bolup durýar. Ýöne bu arbitraž kazyýet önümçiliginiň hökmany tapgyry däldir, sebäbi ol diňe kazyýet namasy meýletin ýerine ýetirilmedik halatynda döräp bilýär. Diýmek, bu tapgyry dogry häsiýetlendirjek bolsak, ony mejbury ýerine ýetiriş önümçiligi diýip atlandyrmaly.

Kazyýet namalary Türkmenistanyň ähli çäklerinde hemme döwlet edaralary, öz-özüňi dolandyryş edaralary, edara-kärhanalar, guramalar, şeýle hem wezipeli adamlar we hususy telekeçiler tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Ýerine ýetiriş işleri banklaryň, şeýle-de kazyýetleriň kazyýet ýerine ýetirijileriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Arbitraž ş ýöredişinde köp halatda pul serişdelerini alyp bermek bilen bagly çözgütler çykarylýar. Bu çözgütler banklaryň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Emlägi alyp bermek, ammary boşatmak we ş.m. çözgütler kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin hem TAIÝK-nyň 157-nji maddasynda kazyýet namalaryny ýerine ýetirmegiň tertibi Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen hem düzgünleşdirilýär diýip bellenen. Şu ýerde ilkinji nobatda TRIÝK göz öňünde tutulýar. Kodeks kazyýet ýerine ýetirijisiniň wezipe borçlaryny kesgitleýär.

TAIÝK-nyň 158-nji maddasyna laýyklykda kazyýet namasy kazyýetiň çykarýan buýrugy esasynda ýerine ýetirilmäge degişli. Kazyýetiň buýrugy ýerine ýetiriş resminamasy bolup durýar we ol kazyýetiň çözgüdi kanuny güýjüne girenden soňra algydara berilýär.

Buýrukda beýleki zerur maglumatlar bilen bir hatarda kazyýet namalarynyň netije bölümi görkezilýär, ýagny onda anyk ýerine ýetirilmeli hereketler sanalýar. Eger-de kazyýet namasy birnäçe adam bilen bagly çykarylsa, ýagny iş boýunça birnäçe algydar ýa-da bergidar geçýän bolsa, onda her bir buýrukda aýratynlykda edilmeli anyk hereketler görkezilýär. Buýruga kazy gol çekýär we ol möhür bilen berkidilýär.

Pul möçberini töletdirmek bilen bagly buýruklar bankyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Bu ýerde algydar üçin alnyp berilmeli pul hem-de döwlet býujetine geçirilmeli pul barada gürrüň gidýär. Algydaryň peýdasyna alynmaly pul baradaky buýruk onuň özüne gowşurylýar ýa-da oňa aragatnaşyk bölüminiň üsti bilen iberilýär. Döwlet býujetine geçirilmeli pul bilen bagly buýruk salgyt gullugyna iberilýär. Galan ähli buýruklar kazyýetleriň kazyýet ýerine ýetirijileri tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Ýerine ýetiriş önümçiliginde prosesual gatnaşyklar algydar, bergidar hem kazyýet ýerine ýetirijisiniň arasynda döreýän ýaly bolup görünýär. Hakykat ýüzünde bu gatnaşyklar taraplar bilen kazyýetiň arasynda ýüze çykýar, sebäbi kazyýet ýerine ýetirijisi kazyýetiň adyndan çykyş edýär we onuň erkini berjaý edýär. Kazy onuň işine ýolbaşçylyk hem gözegçilik edýär, hökmany görkezmeleri berýär. Şeýle hem kazy kazyýet ýerine ýetirijisiniň zerur resminamalaryna gol çekýär.

Ýerine ýetirijilik önümçiliginde tarap hökmünde algydar hem bergidar çykyş edýär. Adatça talapçy algydar, jogapçy bolsa bergidar bolýar. Bu tersine-de bolup biler. Mysal üçin, talapçy talabyndan ýüz dönderýär. Şu ýagdaýda jogapçy kazyýet çykdajylaryna harçlan serişdelerini talapçydan alnyp berilmegini talap edip bilýär. Başga bir mysal, kazyýet namalary ýatyrylyp, taraplar ilkinji ýagdaýyna getirilmeli edilipdir. Şeýle halatda hem jogapçy algydar bolup durýar.

Ýerine ýetirijilik önümçiliginde algydaryň hem bergidaryň prosesual hukuklary deňdir. Munuň şeýledigine göz ýetirmek üçin bergidaryň käbir hukuklaryna salgylanalyň. Bergidaryň emlägi onuň bergilerini üzmek üçin gozgamasyz edilen bolsa, kanun bergidara ilkinji nobatda onuň haýsy emläkleriniň ýazgy edilmelidigini görkezmäge hukuk berýär. Kanunda ýerine ýetirilen çözgüt boýunça taraplary öňki ýagdaýyna getirmek mümkinçiliginiň berkidilmegi hem ilki bilen bergidaryň hukuklaryny goraýar.

Ýerine ýetirijilik önümçiligi adatça, algydaryň başlangyjy bilen döreýär. Bu mesele prokuror ýa-da kazy tarapyndan hem gozgalyp bilner.

Buýruk ýuridik şahsyň edarasynyň ýa-da emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça ýerine ýetirilýär. Hususy telekeçi babatda buýruk onuň ýaşaýan ýeri ýa-da onuň emläginiň ýerleşýän ýeri boýunça ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Kazyýet ýerine ýetirijisi öz işine bergidara öz borjuny meýletin ýerine ýetirmekligi teklip etmekden başlaýar. TRIÝK çözgüdi meýletin ýerine ýetirmegiň möhletini bäş gün diýip kesgitleýär (364-nji madda). Teklip kabul edilmese, diňe şondan soňra kazyýet ýerine ýetirijisi çözgüdi mejbury ýerine ýetirmeklige girişýär.

TRIÝK-nyň 365-nji maddasynda şu mejbury çäreler göz öňünde tutulan:

- emlägi gozgamasyz etmek we satmak arkaly tölegi bergidaryň emläginden tutup almak;
- tölegi zähmet hakyndan, pensiýadan, talyp hakyndan we bergidaryň girdejileriniň beýleki görnüşlerinden tutup almak;
- tölegi bergidaryň beýleki adamlarda bolan pul serişdelerinden we emläginden tutup almak;
- kazyýet çözgüdinde görkezilen belli-belli emläkleri bergidardan almak we algydara bermek;
- kanuna laýyklykda çözgütde görkezilen başga çäreler.

Esasly sebäpler ýüze çykan halatynda algydaryň arzasy boýunça ýa-da kazynyň kesgitnamasy bilen ýerine ýetiriş hereketlerini yza çekmek bolýar (TRIÝK-nyň 367-nji maddasy).

Ýerine ýetiriş önümçiliginde ýerine ýetirmekligi togtatmak zerurlygy ýüze çykyp bilýär. Käbir ýagdaýlarda kazy önümçiligi hökmany halatda togtatmaly bolýar. Başga bir ýagdaýlarda bu mesele kazynyň garamagyna berilýär.

TRIÝK-nyň 368-nji maddasyna laýyklykda, şu halatlarda kazyýet iş ýörediş önümçiligini togtatmaga borçludyr:

- bergidar aradan çykan mahalynda, eger-de maddy-hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa;
- bergidar kämillik ukybyny ýitiren bolsa;

- bergidar Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň böleginde bolan mahalynda ýa-da Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň böleginde bolýan algydar şeýle haýyş eden bolsa;
- emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak barada talap bildirilen bolsa;
- kazyýet tertibinde jedelleşmeklige kanunda ýol berilýän ýagdaýynda bergidar ýerine ýetiriş resminamasy babatda talap önümçiligi tertibinde jedel gozgan bolsa;
- dolandyryş edaralaryň hereketleri babatda şikaýat bildirilen bolsa;
- çözgüdi ýerine ýetirmegi togtatmak hukugy kanun esasynda özlerine berlen wezipeli adamlaryň karary esasynda.

Käbir ýagdaýlarda ýerine ýetiriş önümçiligini togtatmaklyk anyk bir çözgüdi ýerine ýetirmegiň aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Kazy zerurlygyna görä TRIÝK-nyň 369-njy maddasyna laýyklykda, şu halatlarda ýerine ýetiriş önümçiligini togtadyp bilýär:

- bergidar bolup durýan ýuridik şahs işini bes eden bolsa;
- Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň düzümine çagyryş boýunça harby gullukda ýören ýa-da haýsy-da bolsa bir döwlet borjuny ýerine ýetirmäge çekilen bergidar haýyş edýän bolsa;
- bergidar uzak möhletleýin gulluk iş saparynda bolsa;
- bergidar kesel bejeriş edarasynda bolýan ýa-da ol düýpli bolmadyk agyr kesel bilen kesellän we munuň özi kesel bejeriş edarasynyň resminamasy bilen tassyklanan bolsa;
- bergidaryň gözlegi kanunda agzalan ýagdaýlarda yglan edilen bolsa.

TRIÝK-nyň ýokarda salgylanylan maddalaryndaky ýagdaýlaryň aradan aýrylan halatynda iş ýörediş önümçiligi algydaryň arzasy boýunça ýa-da kazynyň başlangyjy bilen dowam etdirilýär.

Tejribede ýerine ýetirijilik önümçiliginiň bes edilmegine getirip biläýjek ýagdaýlar hem döräp bilýär. Şeýle bolanda amala aşyrylan ähli ýerine ýetiriş çäreleri ýatyrylýar. Özi-de bes edilen önümçilik täzeden gozgalyp bilinmez.

TRIÝK-nyň 371-nji maddasyna laýyklykda, iş ýörediş önümçiligi şu ýagdaýlarda bes edilýär:

- eger algydar algysyndan ýüz dönderse;
- eger algydar we bergidar barlyşyk ylalaşygyny baglaşsalar;
- eger algydar ýa-da bergidar aradan çykandan soňra maddy-hukuk oruntutarlyga ýol berilmeýän bolsa;
- eger talap edip almagyň şol görnüşi boýunça talap ediş möhleti geçen bolsa;
- eger talap ediş resminamasynyň berilmegine esas bolan kazyýet namasy ýatyrylan bolsa.

Ýerine ýetiriş önümçiligini togtatmak ýa-da bes etmek baradaky mesele işe gatnaşýan taraplary habarly etmek bilen kazyýet ýerine ýetirijisiniň işleýän kazyýetiniň kazysy tarapyndan garalýar. Işe gatnaşýan taraplaryň kazynyň çagyryşy boýunça gelmezlikleri meselä garamaga päsgelçilik döretmeýär. Kazy

garalan mesele boýunça kesgitnama çykarýar, oňa bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirip bolýar (TRIÝK-nyň 373-nji maddasy).

## § 2. Arbitraž iş ýöredişinde ýerine ýetiriş önümçiligini häsiýetlendirýän kadalar

Kazyýetiň buýrugyny ýerine ýetirmeklik TAIÝK-nyň 160-njy maddasyna laýyklykda möhlet bilen çäklendirilen. Buýrugy ýerine ýetirmek üçin bildirmek kazyýet namasy çykandan soňra üç aýdan gijikdirilmeli däl.

Kadadan çykma hökmünde şulary bellemek zerur. Eger-de kazyýet namasyny ýerine ýetirmeklik gaýra goýlan bolsa ýa-da ol bölekleýin ýerine ýetirilmeli edilen bolsa, onda üç aýlyk möhlet kesgitlenen tertip boýunça bellenen möhletiň soňky gününden hasaplanyp başlanýar. Haçan-da buýrugy ýerine ýetirmek üçin bellenen möhlet geçirilip, onuň geçirilmeginiň sebäpleri esasly hasaplanylyp, ol möhlet dikeldilen bolsa, bu ýagdaýda hem üç aýlyk möhlet esasly sebäplere görä geçirilen möhletiň dikeldilen gününden hasaplanyp başlaýar. Ýerine ýetiriş önümçiligi togtadylan halatynda, onuň togtadylan döwri üç aýlyk möhlete girmeýär.

Buýrugy ýerine ýetirmek üçin bildirmek bilen, kazyýet namasyny bölekleýin ýerine ýetirmek bilen üç aýlyk möhletiň arasy bölünýär, ýagny kanunda berkidilen hukuk amala aşyrylan hasaplanýar. Haçan-da ýerine ýetirmek mümkin däl diýlip buýruk yzyna gaýtarylan halatynda, üç aýlyk möhlet buýruk gaýtarylyp berlen gününden täzeden hasaplanyp başlanýar (TAIÝK-nyň 161-nji maddasy).

Üç aýlyk möhlet tamamlanýança kazyýetiň buýrugynyň ýitirilýän pursatlary bolýar. Başgaça aýdylanda, buýruk ýerine ýetirilmegi üçin bildirilmändir, algydaryň elinde hem ol ýok.

Şu ýagdaýda TAIÝK-nyň 163-nji maddasyna laýyklykda, algydar buýrugyň öwezligini kazyýetden alyp bilýär. Algydaryň kazyýete bildirýän arzasynyň ýanyna buýrugyň ýitirilendigi barada bank edarasynyň, kazyýet ýerine ýetirijisiniň, aragatnaşyk bölüminiň güwanamasy ýa-da ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň buýrugy ýitirenligi barada kepilnamasy goşulýar.

Kazyýet namasyny ýerine ýetirmekde bökdençlikler döräp bilýär, esasan hem taraplaryň maddy ýagdaýlaryna baglylykda şu mesele köplenç ýüze çykýar. Şeýle halatda TAIÝK-nyň 164-nji maddasyna laýyklykda kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi gaýra goýup bolýar ýa-da böleklere bölüp ýerine ýetirip bolýar, şeýle hem ony ýerine ýetirmegiň usulyny we tertibini üýtgedip bolýar.

Haçan-da kazyýet namasyny ýerine ýetirmeklik bergidaryň haýyşy boýunça gaýra goýlanda ýa-da böleklere bölüp ýerine ýetirilmeli edilende, kazyýet kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi üpjün etmek boýunça çäreleri görüp bilýär. Bu barada kitabyň 11-nji we 12-nji temalarynda durlup geçilipdi. Elbetde bu kada algydaryň bähbitlerini goramak üçin kanunda berkidilendir.

Gozgalýan meseleler boýunça kesgitnama çykarylýar we onuň nusgalary algydara hem bergidara ugradylýar. Kesgitnama bellenen tertipde şikaýat (teklipnama) getirip bolýar.

Kazyýet namasy ýerine ýetirilenden soňra ony dolulygyna ýa-da bölekleýin ýatyrmak ýa üýtgetmek barada mesele döräp biler. Şu hereketlere esas bolup biljek ýagdaýlar TAIÝK-nyň 165-nji maddasynda berkidilen:

- kazyýet namasynyň üýtgedilmegi ýa-da kazyýet namasynyň ýatyrylmagy we täze kazyýet namasynyň kabul edilmegi. Netijede talaby kanagatlandyrmakdan dolulygyna ýa-da bölekleýin ýüz dönderilmegi;
- iş boýunça önümçiligiň bes edilmegi;
- talabyň garalman galdyrylmagy.

Şular ýaly ýagdaýlar dörände jogapçydan talapça alnyp berlen zatlar täze kabul edilen kazyýet namasyna laýyklykda dolulygyna ýa-da bölekleýin yzyna gaýtarylýar, ýagny kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi yzyna öwürmek prosesual hereketi amala aşyrylýar.

Eger-de kazyýet namasy ýerine ýetirilmedik bolsa özi-de ýokarda agzalan hereketler amala aşyrylsa, onda degişli kazyýet basgançagy öz kazyýet namasy bilen töletdirmegi dolulygyna ýa-da bölekleýin bes edýär.

TAIÝK-nyň 166-njy maddasyna laýyklykda kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek meselesi öň çykarylan kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek barada netijä gelen kazyýet tarapyndan täze kazyýet namasyny kabul etmek esasynda amala aşyrylýar.

Eger-de kazyýet namasyny ýatyrmak ýa-da üýtgetmek barada täze kabul edilen kazyýetiň namasynda bu mesele agzalmadyk bolsa, onda ol Arbitraž kazyýeti tarapyndan çözülýär. Arza garan kazyýet kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek barada kesgitnama çykarýar. Ýuridik şahsyň ýa-da hususy telekeçiniň arzasy boýunça töletdirilen pul serişdelerini, alnan emläkleri ýa-da olaryň bahalaryny gaýtarmak barada degişli kazyýet tarapyndan buýruk berilýär. Öň kabul edilen kazyýet namasynyň ýerine ýetirilenligini tassyklaýan resminama hökmany halatda arzanyň ýanyna goşulmalydyr.

Jemläp aýdylanda, TAIÝK ýerine ýetirmegiň diňe käbir meselelerini düzgünleşdirýär: buýruk bermek, onuň öwezligini bermek, ýerine ýetirmegiň möhletini kesgitlemek, möhletiň arakesmesini we dikeldilmegini kesgitlemek, ýerine ýetirmegi gaýra goýmak, böleklere bölüp ýerine ýetirmek, onuň usulyny we tertibini üýtgetmek, kazyýet namasynyň ýerine ýetirilmänligi üçin jogapkärçiligi kesgitlemek, ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek. Ýerine ýetiriş kadalary Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ilkinji nobatda hem TRIÝK-da jemlenendir.

Gynansak-da ýokarda agzalan hereketler TAIÝK-da doly açylyp görkezilmeýär, ýagny düzgünleşdirilmeýär. Mysal üçin, kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek prosesual hereketi. Bu babatda kazyýete nähili görnüşde arza bermeli, ol nähili tertipde kabul edilmeli we resmileşdirilmeli, meselä garalanda algydar, bergidar we kazyýet ýerine ýetirijisi habarly edilmelimi, olar kazyýete gelmedik ýagdaýynda arza garap bolýarmy, kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat (teklipnama) getirip bolýarmy? Şu bellikleri TAIÝK-nyň 162-164-nji maddalaryna görkezilen hereketler babatda hem aýdyp bolýar.

Ýerine ýetiriş önümçiligi RF-nyň AIÝK-da has doly hem giňişleýin düzgünleşdirilýär. Bu meselede şu oňyn kadalary Türkmenistanyň arbitraž

prosesual kanunçylygyna ornaşdyrsa bolar: çözgüdi gaýra goýmasyz ýerine ýetirmek, kazyýet ýerine ýetirijisini öz borçlaryny ýerine ýetirmänligi ýa-da göwnejaý ýerine ýetirmänligi üçin ony jogapkärçilige çekmek, buýrugyň ýerine ýetirilmänligi üçin jogapkärçilik girizmek, ýerine ýetiriş önümçiligini togtatmak we bes etmek, ýerine ýetiriş hereketleri geçirmegi başga bir güne bellemek we ş.m..

## 15-nji tema degişli çyzgylar. Ýerine ýetirijilik önümçiligi

Çyzgy 15.1.




Çyzgy 15.2.



Çyzgy 15.3.




Çyzgy 15.4.



Çyzgy 15.5.

**Kazyýet namasyny ýerine ýetirmek boýunça mejbury çäreler**

- Emlägi gozgamasyz etmek we satmak arkaly tölegi bergidaryň emläginden tutup almak
- Tölegi zähmet hakyndan, pensiýadan, talyp hakyndan we bergidaryň girdejileriniň beýleki görnüşlerinden tutup almak
- Tölegi bergidaryň beýleki adamlarda bolan pul serişdelerinden we emläginden tutup almak
- Kazyýet çözgüdinde görkezilen belli-belli emläkleri bergidardan almak we algydara bermek
- Kanuna laýyklykda çözgütde görkezilen başga çäreler

Çyzgy 15.6.

**Ýerine ýetiriş önümçiliginiň togtadylmagy**
(hökmany esaslar)

- Bergidar aradan çykan mahalynda, eger-de maddy-hukuk gatnaşygy hukuk oruntutarlyga ýol berýän bolsa
- Bergidar kämillik ukybyny ýitiren bolsa
- Dolandyryş edaralaryň hereketleri babatda şikaýat bildirilen bolsa
- Bergidar Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň böleginde bolan mahalynda ýa-da Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň böleginde bolýan algydar şeýle haýyş eden bolsa
- Çözgüdi ýerine ýetirmegi togtatmak hukugy kanun esasynda özlerine berlen wezipeli adamlaryň karary esasynda
- Emlägi gozgamasyz etmekden boşatmak barada talap bildirilen bolsa
- Kazyýet tertibinde jedelleşmeklige kanunda ýol berilýän ýagdaýynda bergidar ýerine ýetiriş resminamasy babatda talap önümçiligi tertibinde jedel gozgan bolsa



Çyzgy 15.7.



Çyzgy 15.8.

## 15-nji tema degişli testler. Ýerine ýetirijilik önümçiligi

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Arbitraž iş ýöredişinde ýerine ýetiriş tapgyry her bir ykdysady iş boýunça:**

- hökmany tapgyr;
- hökmany däl tapgyr;
- kanunda görkezilen halatlarda hökmany tapgyr;
- kazynyň çözgüdi esasynda hökmany tapgyr.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Şulardan haýsysy ýerine ýetiriş namasy bolup durýar?**

- çözgüt;
- karar;
- buýruk;
- islendik kazyýet namasy.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Kazyýetiň çözgüdi kanuny güýjüne girmezinden öňünçä ýerine ýetirilip bilnermi?**

- ýok;
- hawa;
- diňe kanunda görkezilen halatlarda;
- kanunda görkezilen halatlarda hem-de kazy şeýle zerurlyk bar diýen netijä gelse.

***Dogry jogaby tapyň.***

**4) Ýerine ýetirilmeli kazyýet namasy boýunça:**

- bir buýruk çykarylyp bilner;
- iki buýruk çykarylyp bilner;
- üç buýruk çykarylyp bilner;
- birnäçe buýruk çykarylyp bilner.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**5) Kazyýet ýerine ýetirijisi haýsy buýrugy ýerine ýetirip bilmeýär?**

- tehniki enjamy alyp bermek;
- awtoulagy alyp bermek;
- jaýy boşatmak;
- pul serişdesini alyp bermek.

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Arbitraž iş ýöredişinde ýerine ýetiriş hereketleri düzgünleşdirilýär:**

- TAIÝK-nyň kadalary bilen;
- TRIÝK-nyň kadalary bilen;

- TAIÝK-nyň we TRIÝK-nyň kadalary bilen;
- TAIÝK-nyň, TRIÝK-nyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň kadalary bilen .

  ***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**7) Ýerine ýetiriş önümçiliginde algydar bilen bergidaryň hukuklary:**

- deňdir;
- deň däldir;
- algydara artyk hukuklar berilýär;
- bergidara artyk hukuklar berilýär.

  ***Dogry jogaby tapyň.***

**8) Ýerine ýetiriş önümçiligini gozgaýar:**

- algydar;
- bergidar;
- kazy;
- prokuror.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**9) Kazyýet namasy ýerine ýetirilýär:**

- meýletin;
- mejbury;
- meýletin we mejbury;
- meýletin ýa-da mejbury.

  ***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**10) Buýruk üç aýa çenli hökman ýerine ýetirilmelimi?**

- hawa;
- hawa, eger buýrugy ýerine ýetirmek gaýra goýulmadyk bolsa;
- hawa, eger buýruk bölekleýin ýerine ýetirilmeli edilmedik bolsa;
- hawa, eger bu möhlet geçirilip soňra dikeldilmedik bolsa.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Kazyýet namasy ýerine ýetirilenden soňra taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary öňki ýagdaýyna getirip bolýarmy?**

- ýok;
- hawa, eger-de kazyýet namasy ýatyrylsa ýa-da üýtgedilse;
- hawa, eger-de iş boýunça önümçilik bes edilse;
- hawa, eger-de talap garalman galdyrylsa.

  ***Nädogry jogaby tapyň.***

**12) Kazyýet namasyny ýerine ýetirmekligi yzyna öwürmeklik aňladýar:**

- jogapçydan alnan zatlaryň ählisiniň oňa yzyna gaýtarylmagyny;
- jogapçydan alnan zatlaryň bir böleginiň oňa yzyna gaýtarylmagyny;

- jogapçydan alnan zatlaryň ählisiniň ýa-da bir böleginiň oňa yzyna gaýtarylmagyny;
- jogapçydan alnan zatlaryň aglaba bölegini oňa yzyna gaýtarylmagyny.

***Kanuna doly laýyk gelýän jogaby tapyň.***

**13) Kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek:**

- öňki kazyýet namasyny ýatyrmak (üýtgetmek) barada kabul edilen täze kazyýet namasy bilen çözulýär;
- Arbitraž kazyýetiň kesgitnamasy bilen çözülýär;
- ýokarda, 1-nji we 2-nji jogaplarda agzalan kazyýet namalarynyň ikisi-de çykarylmaly;
- ýokarda, 1-nji we 2-nji jogaplarda agzalan kazyýet namalarynyň haýsy-da bolsa biri çykarylmaly.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Kazyýet namasyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek barada degişli kazyýet namasy çykandan soňra, bu prosesual hereketi amala aşyrmak üçin:**

- buýruk çykarmaly;
- çözgüt çykarmaly;
- buýruk ýa-da çözgüt çykarmaly;
- hiç-hili resminama gerek däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**15) Kazyýet namasyny ýerine ýetirmek boýunça önümçiligi:**

- diňe togtadyp bolýar;
- diňe bes edip bolýar;
- bir wagtda togtadyp we bes edip bolýar;
- togtadyp ýa-da bes edip bolýar.

***Dogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ***2*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** | ***4*** | ***4*** | ***1*** | ***2*** | ***4*** | ***1*** | ***1*** | ***3*** | ***3*** | ***1*** | ***4*** |

## Tema 16. Täjirçilik arbitraž kazyýetleri

### §1. Täjirçilik arbitraž kazyýetler barada düşünje we olaryň ähmiýeti

Täjirçilik arbitraž kazyýeti[1] – bu hemişe hereket edýän, döwlete edarasy bolmadyk we arbitrlerden (kazylardan) ybarat bolan, jedelleri çözmek üçin ýörite döredilen edaradyr. Ýöne anyk bir jedeli çözmek üçin döredilen bir gezeklik arbitraž kazyýeti hem bolup biler.

Hemişe hereket edýän (institusional) halkara arbitraž kazyýetler hökmünde Pariždäki Halkara söwda palatasy we Londondaky halkara arbitraž kazyýeti ykrar edilen. Galan arbitraž kazyýetlere, hatda olar esaslandyryş resminamalaryna laýyklykda halkara jedelleri çözmeklige ygtyýarly bolsalar-da, olara milli (ýerli) arbitraž kazyýetler hökmünde garalýar.

Arbitraž kazyýetler we jedelleri düzgünleşdirmegiň beýleki dessurlaýyn bolmadyk görnüşleri, döwlet kazyýet edaralary bilen birlikde ykdysady jedelleri seljermegiň alternatiw görnüşleri bolup durýarlar. Şonuň bilen birlikde olar döwletiň kazyýet ulgamy bilen bäsdeşlik edip bilmeýärler. Olar diňe döwlet kazyýet ulgamynyň üstüni doldurýan gural bolup hyzmat etmelidirler.

Arbitraž kazyýetleriň özüneçekijiligi esasan hem işi seljermeklik üçin çykdajylaryň döwlet kazyýetlerindäkidien ep-esli azdygy bilen düşündirilýär. Beýleki tarapdan arbitraž kazyýetleriň göz-görtele ýetmezçilikleri hem bardyr. Ilkinji nobatda olarda çözgütleriň kabul edilmegine döwlet gözegçiligi ýok, şonuň ýaly-da olaryň çözgütleri barada diňe käbir çäklendirilen ýagdaýlarda döwlet kazyýetlerine şikaýat etmek bolýar.

Esasan jedelleri arbitraž kazyýetleriň garamagyna bermäge bolan isleg halkara ykdysady gatnaşyklarda ýüze çykýar. Bu ýagdaý ilkinji nobatda jedelleşýän taraplaryň arasynda olaryň haýsysynyň döwletindäki kazyýete jedeli garamaga bermeli diýen meseläniň döreýändigi bilen düşündirilýär. Elbetde olaryň her haýsynyň jedeliň öz döwletinde hem-de öz milli kanunçylygynyň esasynda garalmagynda bähbidi bar. Düşnükli sebäplere görä, jedelleşýän taraplaryň başga bir döwletiň nätanyş kanunçylygyndan we onuň kazyýetiniň jedeli seljerende hem çözende tarapgöýlüge ýol bermeginden gorkysy bolýar. Şonuň üçin hem şeýle halatlarda jedelleşýän taraplaryň özara ylalaşygy esasynda döredilen halkara arbitraž kazyýetlere jedelleri garamak üçin hödürlemäge bolan isleg artýar. Halkara täjirçilik arbitražy her bir anyk ýagdaýda taraplaryň ikisiniň hem bähbitleriniň adyl we obýektiw goraljakdygynyň kepili bolup çykyş edýär. Onsoňam halkara tejribesinden gelip çykyşyna görä halkara arbitraž kazyýetleriniň işine döwlet hiç-hili täsir edip bilmeýär.

Şu ýerde arbitraž kazyýetleriň özleriniň gönüden-göni bitarap kazyýetiň wezipe ygtyýarlyklaryny amala aşyrman, diňe kazyýet önümçiligini bitarap kazyýetiň ýörelgeleriniň esasynda guralmagyny üpjün edýändiklerine dogry düşünilmegi zerur. Her bir anyk ýagdaýda işler taraplaryň özara ylalaşygy

[1] Şu düşünjeler: täjirçilik bitarap kazyýeti, bitarap kazyýet, täjirçilik kazyýeti, halkara arbitraž kazyýeti, arbitraž, arbitraž kazyýet birmeňzeş manyly sözler (sinonimler) hökmünde ulanylýar.

esasynda şol iş boýunça düzülen arbitrler tarapyndan seljerilýär. Şonuň ýaly-da arbitražyň geçirilmeli ýerini, kazyýet önümçiliginiň dilini, şeýle hem haýsy prosesual we maddy-hukuk kadalarynyň ulanylmagyny-da taraplar kesgitleýärler.

## §2. Arbitraž kazyýetleriň häsiýetli aýratynlyklary

Arbitraž kazyýetiň esasy häsiýetli aýratynlyklary şulardan ybarat:

- taraplaryň jedeli arbitraž kazyýetine bermek barada ylalaşygynyň (razylyklarynyň) bolmagy;
- arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýeriniň kesgitlenmegi;
- jedeli çözende arbitraž kazyýetiň goldanmaly kanunlarynyň kesgitlenmegi;
- arbitriň (arbitrleriň) saýlanmagy;
- kazyýet önümçiliginiň diliniň kesgitlenmegi;
- arbitraž kazyýetde kazyýet önümçiliginiň özboluşly aýratynlyklarynyň bolmagy;
- arbitraž kazyýetiň çözgüdine şikaýat etmegiň tertibiniň kesgitlenmegi;
- arbitraž kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň tertibiniň we möhletleriniň kesgitlenmegi.

### Taraplaryň jedeli arbitraž kazyýetine bermek barada ylalaşygynyň (razylyklarynyň) bolmagy

Bu jedeli arbitraž kazyýetiň garamagyna bermegiň hökmany şertidir. Diňe jedelleşýän taraplaryň biriniň islegine görä arbitraž kazyýeti döredilip we geçirilip bilinmeýär. Düzgün bolşuna görä, taraplaryň razylygy şertnamada (kontraktda) berkidilýär we ol arbitraž şertleşigi diýlip atlandyrylýar. Mysal üçin, satyn almak-satmak şertnamasy baglaşylýar we şertnamada borçnamalar berjaý edilmedik ýagdaýynda jedeliň döwlet kazyýetlerinde däl-de arbitraž kazyýetde çözülmelidigi hakynda şertleşilýär. Taraplaryň goşmaça baglaşan ylalaşygy esasynda şu tertip üýtgedilmese, onda döwlet kazyýetlerine ýüz tutup bolmaýar. Döwlet kazyýet edaralaryna ýüz tutmak üçin taraplaryň razylygy zerur däldir.

Jedeli arbitraž kazyýetiniň garamagyna bermek hakynda iki taraplaýyn razylyk jedel ýüze çykandan soňra, ýörite ylalaşyk (bitarap ýazgysy) baglaşmak arkaly hem gazanylyp bilner. Şeýle ýagdaýda ylalaşyk esasy şertnamanyň bir bölegine öwrülýär. Razylyk mundan başga-da hat alşyk, teletaýp we telegraf habarlary arkaly beýan edilip bilner.

Bitarap ylalaşygyň hukuk güýji nämeden ybarat? Taraplar görkezilen ylalaşygy ýatyrmak hakynda ýazmaça habar alyşmasalar olaryň hiç biriniň jedeli çözmek üçin döwlet kazyýetlerine ýüz tutmaga haky ýokdur. Döwlet kazyýetleri bolsa arbitraž ylalaşygy bolan jedeller boýunça talap arzalary önümçilige kabul etmäge ygtyýarly däldir. Eger-de iş kazyýetiň önümçiligine kabul edilen bolsa onda ol iş jedel arbitraž kazyýetde çözülýänçä önümçilik togtadylýar.

### Arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýeriniň kesgitlenmegi

Arbitraž kazyýetiň geçirilmeli ýeri şertnamada kesgitlenýär. Eger-de bu mesele boýunça taraplaryň ylalaşygy bolmasa, onda arbitraž kazyýetiň geçirilmeli

ýeri taraplar üçin amatly bolmagyny we işiň ýagdaýlaryny nazarda tutmak bilen arbitraž kazyýetiň özi tarapyndan saýlanylýar.

Arbitraž kazyýetiň arbitrleri arbitraž kazyýetiň geçirilýän ýurdunyň prosesual kadalaryna gollanmalydyr. Aýry-aýry ýurtlarda olar has amatly bolýar. Bu ýagdaý barada şertnamada hökman şertleşilýär. Ýerli kanunçylyk jedeliň arbitraž kazyýetleriň garamagyna degişliligini, olaryň işine döwlet kazyýetleriniň goşulmaklarynyň çäklerini, arbitraž ylalaşyklarynyň görnüşlerini we ş.m. kesgitleýär.

**Jedeli çözende arbitraž kazyýetiň goldanmaly kanunlarynyň kesgitlenmegi**

Jedeli düzgünleşdirmek üçin ulanylmaly maddy kanun şertnamada berkidilýär. Eger-de bu mesele şertnamada berkidilmedik bolsa taraplar haýsy kanunçylygyň ulanylmalydygyny çözmek üçin bilermen netijenamasyny almak bilen bagly çykdajylary çekmeli bolýarlar. Bilermen arbitraž kazyýetiň haýsy maddy kanuna gollanmalydygyny gutarnykly kesgitleýär.

Her bir şahsyň öz ýurdunyň kanunlary onuň bähbitlerini doly möçberde gorap bilmezligi hem mümkin. Käbir ýagdaýlarda garşydaş tarapyň ýurdunyň kanunlary beýleki tarap üçin has amatly bolmagy-da ahmal. Şonuň üçinem her bir aýratyn ýagdaýda jedeli kadalaşdyrmak üçin maddy kanun saýlanyp alnanda bu işe giňişleýin (differnsirlenen) çemeleşme gerek.

**Arbitriň (arbitrleriň) saýlanylmagy**

Arbitraž kazyýetiň arbitrleri taraplar ýa-da arbitraž kazyýet tarapyndan saýlanylýar. Munuň özi arbitraž kazyýetiň kadalaryna bagly bolup durýar. Düzgün bolşuna görä, arbitrleri arbitraž kazyýet kesgitleýär. Ýöne şertnamada arbitrleri taraplaryň saýlamalydygy hakynda-da şertleşilip bilner.

Adatça ýönekeý işler (eger-de şertnamanyň bahasy ujypsyz bolsa) bir arbitr tarapyndan, eger iş çylşyrymly bolsa üç arbitr tarapyndan garalýar.

Arbitrleri saýlamagyň dürli-dürli çemeleşmeleri bardyr:

- her tarap bir arbitri saýlaýar we olar hem öz gezeginde üçünji arbitri başlyklyk ediji hökmünde saýlaýarlar;
- arbitraž kazyýet özüniň arbitrleriniň sanawyny taraplara berýär. Olar bolsa şolaryň içinden öz işlerini seljerjek arbitrleri saýlaýarlar;
- arbitraž kazyýet özüniň prosesual kadalaryna gollanyp, arbitrleriň belli bir bölegini ýa-da ählisini kesgitleýär.

Eger-de arbitriň tarapgöýsüzligine we garaşsyzlygyna şübhe dörän ýagdaýynda oňa ynam bildirilmän bilner.

**Kazyýet önümçiliginiň diliniň kesgitlenmegi**

Kazyýet önümçiliginiň dili (käbir ýagdaýlarda bolsa dilleri) taraplar tarapyndan şertnamada kesgitlenýär. Däp bolşuna görä halkara arbitraž kazyýetiniň dili iňlis dili bolup durýar.

**Arbitraž kazyýetde kazyýet önümçiliginiň özboluşly aýratynlyklarynyň bolmagy**

Döwlet kazyýetlerinde berk prosesual tertip bolýar. Gatnaşyjylaryň her biriniň hereketleri kanunda jikme-jik berkidilýär.

Arbitraž kazyýetde bolsa esasy zat, taraplara subutnamalaryny bildirmäge we olary derňemeklige gatnaşmaga mümkinçilik döretmekdir. Adatça, haýsy hakyky ýagdaýlary anyklamalydygyny, haýsy subutnamalary we olary nähili tertipde derňemelidigini taraplaryň özleri kesgitleýärler. Munuň özi islendik hereketiň çykdajylar bilen baglydygyna görä şeýle edilýär. Mysal üçin, taraplar şaýatlary çagyrman, diňe ýazmaça resminamalary derňemek bilen çäklenmek hakynda ylalaşyp bilerler.

Şonuň ýaly-da taraplar işiň dilden seljerilmegi barada (taraplaryň düşündirişlerini diňlemek, maddy subutnamalary seljermek we ş.m.) ýa-da işi ýazmaça resminamalary derňemek ýoly bilen alnyp gidilmegi hakynda ylalaşyp bilerler.

Eger-de bu mesele boýunça taraplaryň arasynda ylalaşyk ýok bolsa, ýokarda görkezilen hereketleriň amala aşyrylmagynyň tertibi arbitraž kazyýet tarapyndan, subutnamalaryň işe degişliligini, şu iş babatda ulanyp bolýanlygyny we wajyplygyny nazarda tutmak bilen kesgitlenýär. Şu ýagdaýda iş ýöredişde utulan tarap ähli çykdajylary tölemeli edilýär.

**Arbitraž kazyýetiň çözgüdine şikaýat bildirmegiň tertibiniň kesgitlenmegi**

Döwlet kazyýetlerinde kazyýetiň çözgüdi bilen ylalaşmadyk tarap islendik çözgüde şikaýat bildirip bilýär. Arbitraž kazyýetde bolsa beýle düzgün ýok. Şu ýagdaý hem arbitraž kazyýetlere ýüz tutmakdan saklanmagyň esasy sebäpleriniň biri hökmünde çykyş edýär.

Ýurtlaryň aglaba köpüsinde arbitraž kazyýetiň çözgütlerine şikaýat bildirmegiň çäklendirilen esaslary (arbitrleriň özlerini talab laýyk alyp barmazlygy, iş ýöredişiň degişli derejede geçirilmezligi we ş.m.) göz öňünde tutulýar.

Halkara söwda arbitražy hakynda BMG-niň 1985-nji ýylda kabul edilen bir şekildäki ÝUNSITRAL kanunynda, şu aşakdaky ýagdaýlarda çözgüt barada şikaýat getirmekligiň mümkindigi kesgitlenýär:

- eger-de taraplaryň biriniň kämillik ukybynyň ýoklugy subut edilse;
- arbitraž ylalaşyk ýurduň kanunçylygyna ters gelýän bolsa;
- tarapa kazyýete öz subutnamalaryny bildirmäge mümkinçilik berilmedik bolsa;
- arbitraž kazyýet arbitraž ylalaşygyň çäklerinden çykan bolsa;
- jedeliň obýekti arbitraž kazyýetiň seljermeginiň närsesi bolup bilmeýän bolsa we ş.m..

Iş ýöredişde ýeňen tarap kazyýete arbitraž kazyýetiň çözgüdini ýatyrmak boýunça seljerişi togtatmak we öz ýalňyşlyklaryny düzetmäge mümkinçilik bermek hakynda haýyşnama bilen ýüz tutup bilýär.

**Arbitraž kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmegiň tertibiniň we möhletleriniň kesgitlenmegi**

Ýurtlaryň aglaba köpüsinde arbitraž kazyýetiň çözgüdi gutarnykly we mejbury ýerine ýetirilmäge degişli diýlip bilinýär. Bu ýerde „Täjirçilik arbitraž kazyýetleri hakynda“ kanuny kabul eden we „Bitarap kazyýetleriň çözgütlerini ykrar etmek hem-de ýerine ýetirmek hakynda“ 1958-nji ýylyň Nýu-Ýork

Konwensiýasyna goşulan döwletler hakynda gürrüň barýar. Şol döwletlerde arbitraž kazyýetleriň çözgütleri döwlet kazyýetleriniň ýerine ýetiriş birlikleriniň kömegi bilen berjaý edilýär.

Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň çözgütleri meýletin ýerine ýetirilmäge degişli. Onuň çözgütleri ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda taraplar öz hukuklaryny we bähbitlerini goramak üçin Arbitraž kazyýete umumy esaslarda talap arza bilen ýüz tutup bilýärler..

Beýleki döwletleriň arbitraž kazyýetleriniň çözgütleriniň hökmany, ýagny mejbury ýerine ýetirilmegi Türkmenistanda mümkin däl. Sebäbi Türkmenistan ýokarda görkezilen 1958-nji ýylyň Nýu-Ýork Konwensiýasyna şu günki günde goşulmady. Şonuň üçin hem umumy düzgünlere laýyklykda, daşary ýurt döwletleriniň kazyýetleriniň we arbitraž kazyýetleriniň kazyýet namalarynyň ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň esasynda amala aşyrylýar.

Arbitraž kazyýetlere ýüz tutmaklyk gönüden-göni olaryň çözgütleriniň hökmany berjaý edilmegine bagly bolup durýar. Arbitraž kazyýetleriň hususy edara düzüm bolýandygy sebäpli döwletiň goldawy bolmazdan olaryň çözgütleriniň mejbury ýerine ýetirilmegi mümkin däl. Şonuň üçin hem arbitraž kazyýetleri üçin olaryň çözgütleriniň döwlet tarapyndan kanun esasynda ykrar edilmegi we olary ýerine ýetirmegiň kanuny tertibiniň berkidilmegi hakyndaky mesele öz wajyplygyny hem durmuşylygyny ýitirmeýär.

Şu nukdaýnazardan „Bitarap kazyýetleriň çözgütlerini ykrar etmek hem-de ýerine ýetirmek hakynda“ Nýu-Ýork Konwensiýasyna goşulmak dünýä tejribesinde döwletiň we telekeçilik düzümleriniň ykdysady bähbitlerini goramak çygryny özgertmekde, galyberse-de tutuş jemgyýeti halk häkimiýetliligi ýörelgeleriniň esasynda kämilleşdirmeklige we ösdürmeklige tarap ädilen möhüm ädim hökmünde garalýar.

## §3. Täjirçilik jedellerini çözmegiň alternatiw usullary

Arbitraž kazyýetler bilen bir hatarda, has dogrusy arbitraž kazyýete barmazdan öňurti jedelleri çözmegiň alternatiw usuly hökmünde araçylyk tertibi çykyş edýär. Araçylyk gapma-garşylygyň (konfliktiň) taraplarynyň arasynda ylalaşyk (konsensus) gazanmaklyga gönükdirilýär we taraplaryň arasyndaky özara ylalaşyk görnüşinde resmileşdirilýär. Eger-de onuň şertleri berjaý edilmese ýa-da bozulsa, şol ylalaşyk kazyýet şeljerişiniň närsesi hökmünde çykyş edip biler.

Arbitraž kazyýetden tapawutlylykda, jedelli ýagdaýlary çözmegiň beýleki ylalaşdyryjy, alternatiw usullary arkaly gazanylan ahyrky netijeleri mejbury ýerine ýetirtmeklik göz öňünde tutulmaýar.

Araçylyk barada ikitaraplaýyn razylyk, adatça şertnama girizilýär. Ýöne jedel ýüze çykandan soňra hem araçylyk barada ylalaşyk baglaşylmagy mümkindir.

Araçylykda işiň agramly bölegi jedelleşýän taraplaryň hukukçylary tarapyndan amala aşyrylýar. Araçy bolsa diňe olary ylalaşyk gazanmaga (konsensusa) iterýär. Eger-de araçylykda taraplar ylalaşmasalar, onda olara arbitraž kazyýete ýa-da döwlet kazyýetine ýüz tutmak galýar.

Araçylygyň geçirilmegine razylyk beren taraplaryň özleri ylalaşyk gazanmak üçin çynlakaý ýykgyn etmelidirler. Jedeli çözmegiň bu görnüşiniň bähbitli tarapy, ol örän çalt we az çykdajyly çözülýär. Araçy bu arbitr däl, ol diňe taraplaryň arasyndaky ylalaşygy işläp düzmeklige ýardam berýär, ylalaşyk bolsa ýokarda bellenip geçilişi ýaly, taraplaryň özleri tarapyndan hukuk resminamasy görnüşinde resmileşdirilýär. Kada laýyklykda arbitraž kazyýetlerde, şeýle hem döwlet kazyýetlerinde çözgüt üçünji tarap tarapyndan kabul edilýär.

Häzirki döwürde jedeli çözmekde arbitraž kazyýetiň we araçylygyň meşhurlygy artýar. Araçylyk soňky döwürde has hem çalt ýaýraýar. Ýöne araçylygyň oňyn däl tarapy hökmünde, halkara tejribesinde ýeterlik hünär taýýarlykly araçylaryň azlyk edýändigini belläp geçýärler. Ýöne bu ýagdaý deň-derejede arbitrlere hem degişlidir. Döwlet kazyýetlerine halkara tejribesinde kän bir ýüz tutulmaýar, sebäbi olarda çykdajylar kän we jedeliň çözülmegi uzaga çekdirilýär.

## 16-njy tema degişli çyzgylar. Täjirçilik arbitraž kazyýetleri

Çyzgy 16.1.




Çyzgy 16.2.



Çyzgy 16.3.


Ykdysady jedel seljerilip bilner
Araçylyk tertibinde
(araçy tarapyndan)
Döwlet kazyýetinde
Täjirçilik arbitraž kazyýetinde
(arbitr ýa-da arbitrler tarapyndan)

**Jedeli araçylygyň kömegi bilen düzgünleşdirmegiň tertibi**

**Tablisa 16.1.**

| |
|---|
| **Tertip resmi däl (hökmany yzygiderlik ýok)** |
| **Gatnaşyjylar: jedelleşýän taraplaryň hukukçylary, az sanda şaýatlar we resminamalaryň iň az möçberi. Adwokatlaryň gatnaşmagy hem mümkin** |
| **Gizlin häsiýetli bolan gepleşikleriň kömegi bilen jedeliň çozülmegi** |
| **Taraplaryň ylalaşyk gazanmaga uly isleglериniň bolmagy** |
| **Şertnamanyň bir bölegine öwrülýän ýazmaça ylalaşyk baglasmak arkaly jedeliň düzgünleşdirilmegi. Eger-de ylalaşykdaky borçnamalar berjaý edilmese ol islendik kazyýet seljerişiniň özbaşdak närsesi hökmünde çykyş edip biler** |
| **Ylalaşyk baglaşylmagynyň netijesinde işewürlik we adamçylyk gatnaşyklary saklanyp galýar we käbir halatda oňatlaşýar hem** |
| **Jedeli çözmek bilen bagly çykdajylar arbitraž we döwlet kazyýetlerindäkä garanyňda juda az** |
| **Ylalaşyk gazanyp bolmadyk ýagdaýynda taraplar jedeli çözmek üçin täjirçilik arbitraž ýa-da döwlet kazyýetine ýüz tutup bilýärler** |
| **Araçy ylalaşyk baglaşylmagyna tarapgöýsüzlik bilen ýardam berýär** |
| **Araçy täjirçilik arbitražyň arbitri däl, ol öz erkiniň berjaý edilmegini talap edip bilmeýär we çözgüt çykarmaýar** |

**Täjirçilik arbitraž kazyýetinde işleriň seljerilmeginiň aýratynlyklary**

**Tablisa 16.2.**

| |
|---|
| **Döwlet kazyýetlerindäki ýaly berk kanuny tertip ýok, ýöne käbir resmi hereketler bar. Olaryň ulanylmagy taraplaryň ylalaşygy esasynda berjaý edilýär** |
| **Resminamalar köp möçberde seljerilýär we köp şaýatlar diňlenilýär. Düzgün bolşuna görä, adwokatlar gatnaşýarlar** |
| **Subutnamalar taraplar tarapyndan bildirilýär we olary derňemek gizlin häsiýete eýe bolup biler** |
| **Arbitr tarapgöýsüzlik bilen çözgüt kabul edýär. Tejribede arbitriň çözgüdi köp halatda taraplaryň arasyndaky gapma-garşylygyň ýitileşmegine getirip bilýär** |
| **Täjirçilik arbitraž kazyýetiniň çözgüdi gutarnykly häsiýete eýedir we ol döwlet kazyýetleriniň ýerine ýetiriş düzüm birlikleriniň kömegi bilen hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir (degişli Konwensiýanyň agza döwletleriniň arasynda)** |
| **Çözgüt barada diňe çäkli esaslar boýunça döwlet kazyýetine şikaýat edilip bilner. Arbitraž kazyýetleri tarapyndan öz çözgütlerini gaýtadan barlamak tertibi göz öňünde tutulmadyk** |
| **Döwlet kazyýetlerindäkä garanyňda jedeli çözmek bilen bagly çykdajylar az, ýöne onuň möçberi araçylyk tertibindäkiden köpdür** |

**Ykdysady işlere döwlet kazyýetinde garalmagynyň aýratynlyklary**
(Günbatar Ýewropa döwletleriniň tejribesinde)

**Tablisa 16.3.**

| |
|---|
| **Kazyýet mejlisi resmi görnüşe eýedir, ýagny prosesual kanunçylyk adyl kazyýetligi amala aşyrmagyň tertibini berk düzgünleşdirýär** |
| **Iş ýörediş gizlin bolup bilmeýär** |
| **Iş ýöredişe adwokatlaryň gatnaşmagy hökmandyr** |
| **Köp sanly subutnamalar derňelýär. Olary diňe taraplaryň özleri bildirýärler** |
| **Işiň ýagdaýlaryny we olaryň subut edilenligini göz öňünde tutmak bilen çözgüdi kazy ýa-da oturdaşlar kazyýeti (суд присяжных) kabul edýär** |
| **Adatça taraplaryň biri çözgütden närazy bolýar. Şonuň bilen baglylykda taraplaryň arasyndaky gatnaşyklar has hem ýaramazlaşýar** |
| **Kazyýetiň çözgüdi hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir** |
| **Kazyýet çykdajylarynyň möçberi täjirçilik arbitraž kazyýetindäkiden köp** |
| **Kazyýetiň islendik çözgüdi barada närazy tarap ýokarda durýan kazyýete şikaýat edip bilýär** |
| **Ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan çözgüdiň diňe şikaýat edilen bölegi, özi-de diňe şikaýat eden taraplar bilen bagly barlanylýar** |

**Ykdysady işlere Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetinde, welaýat we Aşgabat şäher kazyýetlerinde garalmagynyň aýratynlyklary**
(Günbatar Ýewropa döwletleriniň kazyýet tejribesinden esasy aýratynlyklary görkezilýär)

**Tablisa 16.4.**

| |
|---|
| **Işe adwokatlaryň gatnaşmagy hökman däl** |
| **Kazy öz başlangyjy bilen subutnamalary toplap bilýär. Bu onuň wezipe borjy bolup durýar** |
| **Iş bilen bagly haýsy ýagdaýlaryň anyklanmalydygyny kazyýet kesgitleýär** |
| **Çözgüt kazy ýa-da kazylar tarapyndan çykarylýar** |
| **Apellýasion kazyýet önümçiligi hereket etmeýär** |
| **Ýokarda durýan kazyýetler tarapyndan çozgüt dolulygyna, şol sanda şikaýat etmedik taraplar bilen hem barlanýar** |

**16-njy tema degişli testler. Täjirçilik arbitraž kazyýetleri**

*(jogaplaryň içinden dogrusyny, nädogrysyny ýa-da kanuna doly laýygyny tapmaly)*

**1) Jedeli täjirçilik arbitraž kazyýetine geçirmek üçin razylygy talap edilýär:**

- taraplaryň biriniň;
- taraplaryň ikisiniň hem;
- diňe talapçynyň;
- taraplaryň ikisiniň hem, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa taraplaryň diňe biriniň.

***Dogry jogaby tapyň.***

**2) Jedeli täjirçilik arbitraž kazyýetine geçirmek üçin razylyk beýan edilýär:**

- dilden;
- ýazmaça görnüşde;
- dilden ýa-da ýazmaça görnüşde;
- ýazmaça görnüşde, kanunda göz öňünde tutulan halatlarda bolsa dilden.

***Dogry jogaby tapyň.***

**3) Jedeli bitaraplar kazyýetine geçirmek üçin razylyk beýan edilip bilner:**

- şertnamada;
- şertnama goşmaça ylalaşykda;
- hat we teletaýp ýa-da telegraf habar alşygynda ;
- arbitraž kadalarynda berkidilen ýörite ýazmaça görnüşde.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**4) Arbitraž ylalaşygyň hereket edýän döwründe:**

- döwlet kazyýetine talap arza bilen ýüz tutmaklyga rugsat berilmeýär;
- döwlet kazyýetiniň önümçiligindäki iş jedel arbitraž kazyýetde çözülýänçä togtadylmaga degişli;
- diňe arbitraž ylalaşygy ýazmaça görnüşde bes edilenden soňra döwlet kazyýetine ýüz tutmak bolýar;
- başga täjirçilik arbitraž kazyýetine ýüz tutmak bolýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**5) Täjirçilik arbitraž kazyýetiniň geçiriljek ýeri kesgitlenýär:**

- diňe şertnamada taraplar tarapyndan;
- diňe täjirçilik arbitraž kazyýeti tarapyndan;
- şertnamada taraplar tarapyndan, galan ýagdaýlarda täjirçilik arbitraž kazyýeti tarapyndan;
- talapçy tarapyndan (şonda ol jogapçynyň bähbitlerini hem göz öňünde tutmaga borçly).

***Dogry jogaby tapyň.***

**6) Täjirçilik arbitraž arbitrleri saýlanylýar:**

- diňe taraplar tarapyndan;
- diňe täjirçilik arbitraž kazyýeti tarapyndan;
- taraplar ýa-da täjirçilik arbitraž kazyýeti tarapyndan;
- taraplar we täjirçilik arbitraž kazyýeti tarapyndan.

***Dogry jogaby tapyň.***

**7) Taraplar öz aralarynda ylalaşyp bilýärler:**

- işiň dilden diňlenilmegi barada;
- işiň ýazmaça resminamalar boýunça seljerilmegi barada;
- täjirçilik arbitraž iş ýöredişinde haýsy ýagdaýlaryň anyklanmalydygy we seljerilmeli subutnamalary kesgitlemek barada;
- taraplaryň ikisini hem kanagatlandyrýan çözgüdi özleri tarapyndan kabul etmek barada.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**8) Täjirçilik arbitraž kazyýetiniň çözgüdine:**

- çäklendirilen ýagdaýlarda döwlet kazyýetine şikaýat edilip bilner;
- çäklendirilmedik ýagdaýlarda döwlet kazyýetine şikaýat edilip bilner;
- şikaýat edilmäge degişli däl;
- başga täjirçilik arbitraž kazyýetine şikaýat edilip bilner.

***Dogry jogaby tapyň.***

**9) Täjirçilik arbitraž kazyýetleriň çözgütleriniň mejbury ýerine ýetirilişi:**

- ähli ýurtlarda hökmany;
- ähli ýurtlarda hökmany däl;
- ýurtlaryň aglaba köpüsinde hökmany;
- ýurtlaryň aglaba köpüsinde hökmany däl.

***Dogry jogaby tapyň.***

**10) Täjirçilik arbitraž kazyýetine çenli araçylyk tertibinde jedeli çözmekde araçy:**

- taraplaryň arasynda ylalaşygyň gazanylmagyna hemmetaraplaýyn ýardam berýär;
- jedel boýunça çözgüt çykarmaýar;
- taraplaryň özara gatnaşyklarynyň hemmetaraplaýyn oňatlaşmagyna goldaw berýär;
- gepleşikleriň gizlinligini üpjün etmäge borçly däl.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**11) Jedeliň seljerilmegi bilen bagly çykdajylaryň möçberiniň iň azy:**

- täjirçilik arbitražyna çenli araçylyk tertibinde;
- täjirçilik arbitraž kazyýetinde;

- döwlet kazyýetinde;
- hemmesinde birmeňzeş.

***Dogry jogaby tapyň.***

**12) Täjirçilik arbitraž kazyýetine çenli araçylyk tertibiniň netijesinde ylalaşyk gazanylmadyk ýagdaýynda taraplar jedeli çözmek üçin ýüz tutup bilýärler:**

- diňe täjirçilik arbitraž kazyýetine;
- diňe döwlet kazyýetine;
- täjirçilik arbitražyna ýa-da döwlet kazyýetine;
- diňe başga araça.

***Dogry jogaby tapyň.***

**13) Döwlet kazyýetlerinde:**

- iş ýörediş täjirçilik arbitraž iş ýöredişinden tapawutlylykda resmi däl;
- çözgüt hökmany ýerine ýetirilmäge degişli;
- kazyýet çykdajylarynyň möçberi täjirçilik arbitraž kazyýetindäkiden köp;
- kazyýetiň çözgüdine ýokarda durýan kazyýete şikaýat edip bolýar.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**14) Ykdysady jedeli seljermek resmi görnüşde guralýar:**

- araçylyk tertibinde;
- täjirçilik arbitraž kazyýetinde belli bir derejede;
- döwlet kazyýetlerinde;
- döwlet kazyýetlerinde we täjirçilik arbitraž kazyýetinde belli bir derejede.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**15) Ykdysady jedeli seljermek hökman çözgüt çykarmak bilen jemlenýär:**

- döwlet kazyýetinde;
- täjirçilik arbitraž kazyýetde;
- döwlet we täjirçilik arbitraž kazyýetlerinde;
- araçylyk tertibinde.

***Nädogry jogaby tapyň.***

**Testleriň jogaplarynyň belgileri:**

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| *2* | *2* | *4* | *4* | *3* | *3* | *4* | *1* | *3* | *4* | *1* | *3* | *1* | *1* | *4* |

## Jemleme

Türkmenistan SSSR-iň düzüminde bolan döwründe ykdysady ýaýrawdaky işler boýunça adyl kazyýet özünde dolandyryş we adyl kazyýetiň wezipelerini jemleýän döwlet arbitraž kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylypdyr.

Döwlet arbitraž kazyýetleriniň döremegi taryhy zerurlyk diýlip kesgitlenipdi. Döwlet arbitraž kazyýetleri ygtybarly hukuk guraly hökmünde döwletiň ykdysadyýetiniň ösmegine we durnuklylygyna ýardam berip, ýurduň ykdysady bähbitleriniň hemmetaraplaýyn goragyny üpjün edip gelipdirler. Olar döwlet meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmegine, sosialistik kanunçylygyň we ykdysadyýetde düzgün-nyzamyň pugtalandyrylmagyna gös-göni täsir edipdirdiler. Başga sözler bilen aýdylanda, döwlet arbitraz kazyýetleri, dolandyryş edaralary bilen bir hatarda ýurduň ykdysadyýetine täsir etmegiň anyk hukuk guralyna öwrülipdiler.

Türkmenistan garaşsyzlygyny almak bilen bazar ykdysadyýetine esaslanýan jemgyýeti gurup başlady. Şonuň bilen baglylykda döwlet arbitraž kazyýetleri meýilnamalaýyn ykdysadyýetiň ýapjasy hökmünde ýatyrylypdy hem-de hojalyk kazyýetleriniň özbaşdak ulgamy döredilipdi. Soňlugy bilen, kazyýet häkimiýetiniň özgerdilmeginiň barşynda, olar Türkmenistanyň bütewi kazyýet ulgamyna birikdirildiler.

Hojalyk kazyýetleriniň ulgamy ýatyrylandan soňra olaryň ygtyýarlyklary umumy ýurisdiksiýaly kazyýetlere geçirildi. Ykdysady jedellere welaýat kazyýetleri, Aşgabat şäher kazyýeti we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan garalmaly edildi. Ondan başga-da, bütewi kazyýet ulgamynda ykdysady jedeller boýunça birinji basgançakly kazyýetiň ygtyýarlyklary bar bolan ýörite kazyýet – Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti döredildi. Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň, şonuň ýaly-da welaýat kazyýetleriniň, Aşgabat şäher kazyýetiniň kazyýet namalary babatynda nägilelik we gözegçilik tertibinde işleri seljermek Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň üstüne ýüklendi.

Türkmenistanyň Arbitraž kazyýeti Türkmenistanyň kazyýet ulgamynda ýörite ykdysady kazyýet bolup durýar. Mümkin, ol şeýle-de, ýagny Türkmenistanyň Ykdysady kazyýeti diýlip atlandyrylmalydyr. Ýogsa, köplenç oňa döwlet kazyýet häkimiýetine hiç-hili dahyly bolmadyk hususy täjirçilik arbitraž kazyýetleri bilen bir hukuk ýagdaýly (statusly) edara hökmunde garaýarlar. Günbataryň kazyýet ulgamynda dolandyryş işleri, maşgala işleri we beýleki işler boýunça ýörite kazyýetler giňden ýaýrandyr. Onsoňam Türkmenistanyň Arbitraž kazyýetiniň ýerlerde düzüm birlikleriniň ýoklugyny we onuň umumy kazyýet ulgamyna girýändigini nazara alyp, azyndan „Türkmenistan“ sözi aýrylsa dogry bolardy. Dogry, geljekde ykdysady işler boýunça kazyýet ulgamynyň döredilmegi-de mümkindir.

Bütin dünýäde bazaryň öz ýeke-täk kadalary bar: şertnamalary deňhukuklylyk we özara bähbitlilik esasda baglaşmak erkinligi, eýeçiligiň eldegrilmesizligi we oňa ygtyýar etmegiň erkinligi, öz jogapkärçiligiň astynda kärhanalary döretmegiň erkinligi, hususy işlere kimdir biriniň gatyşmagyna ýol berilmezligi, kanunyň çäklerinde hukuklaryň we bähbitleriň goralmagy.

Arbitraž prosesual kanunçylyk ykdysady gatnaşyklaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilmeginde dispozitiw başlangyçlary has köp göz öňünde tutýan bazar ykdysadyýetine nazarlandyrylmalydyr. Şonda biz bir ykdysady-hukuk meýdanynda binýat tutýan raýat (ykdysady) we prosesual kanunçylyklaryň zerur sazlaşygyny alarys (TRK, TAIÝK).

Bazar ykdysadyýetiniň hukuk meýdany bütewi bolmaly. Maddy hukuk hem, prosesual hukuk hem umumy ykdysady-hukuk ýörelgelerine eýermeli. Döwletimiziň ösüşiniň häzirki tapgyrynda kanunçykaryjynyň esasy wezipesi prosesual tertibi maddy kanunçylyga laýyk getirmekden ybaratdyr.

Täjirçilik arbitraž kazyýetlerine dünýä tejribesinde bazar ykdysadyýetiniň möhüm guraly hökmünde seredilýär. Ykdysady jedellere täjirçilik bitarap kazyýetlerde garamak mümkinçiliginiň kanun esasynda berkidilmeginiň ilkinji nobatdaky wezipesi ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň giňişleýin esasda çekilmeginden we onuň iş ýüzünde dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagyndan ybaratdyr.

Eger bazar ykdysadyýeti eýeçilige ygtyýar etmegiň erkinligini göz öňünde tutýan bolsa, onda subýektiw hukuklary we kanuny bähbitleri goramagyň serişdeleri, şonuň ýaly-da usullary telekeçilik işi bilen meşgullanyp, jedelli ýagdaýa düşen şahslaryň garamagyna bagly edilmegi wajyp mesele hökmünde geljekde öwrenilmäge mynasypdyr.

## Edebiýatlar we kanunlar


1. Berdimuhamedow G.M. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow G.M. Eserler ỳygyndysy, 1-nji tom. Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow G.M. Parahatçylyk, döredijilik, progress syỳasatynyň dabaralanmasy. Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow G.M. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ỳurdy. Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow G.M. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2007.
6. Berdimuhamedow G.M. Täze galkynyş eỳỳamy. Aşgabat, 2007. 1
7. Berdimuhamedow G.M. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2008.
8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
9. Türkmenistanyň Raỳat iş ỳörediş kodeksi. Aşgabat, 1963.
10. Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raỳat kodeksi. Aşgabat, 1998.
11. Türkmenistanyň Arbitraž iş ýörediş kodeksi. Aşgabat, 2000.
12. “Kazyýet hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009.
13. “Türkmenistanyň prokuraturasy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat, 2009.
14. Арбитражный процессуальный кодекс Российской Федерации. Москва, 2006.
15. Анохин В.С. Практикум по хозяйственному праву. Воронеж, 1992.
16. Арбитражный процесс / Под ред. Проф. М.К. Треушникова. Москва, 1991.
17. Арбитражный процесс в СССР / Под ред. М.С. Шакарян. Москва, 1981.
18. Арбитражный процесс в СССР / Под ред. А.А. Доброволского. Москва, 1983.
19. Гражданский процессуальный кодекс РСФСР с постатейными материалами. Москва, 1994.
20. Зайцев И.М. Сущность хозяйственных споров. Саратов, 1974.
21. Каллистратова Р.Ф. Государственный арбитраж. Москва, 1973.
22. Клейнман А.Ф. Советский гражданский процесс. Москва, 1954.
23. Клеандров М.И. Арбитражный процесс. Тюмень, 1996.
24. Логинов П.В. Сущность государственного арбитража. Москва, 1968.
25. Тараненко В.Ф. Принципы арбитражного процесса. Москва, 1978.
26. Треушников М.К. Доказательства и доказывание в советском гражданском процессе. Москва, 1982.
27. Чечот Д.М. Субъективное право и формы его защиты. Ленинград, 1968.
28. Гочыев Т. Совершенствование конституционных основ правосудия. Türkmenistanda ylym we tehnika.1999, №6.

29. Goçyýew T. Ykdysadyýet ýaýrawynda adyl kazyýetiň amala aşyrylmagynyň özgerdilmegi. Altyn Asyryň Ykdysadyýeti, 2009, №1.

30. Goçyýew T. Hukuk bilimlerini özleşdirmekde okatmagyň progressiw usullaryny we serişdelerini ulanmak. Altyn Asyryň Ykdysadyýeti, 2009, №7.
31. Goçyýew T. Arbitraž işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliliginiň meseleleri. Altyn Asyryň Ykdysadyýeti, 2009, №9.
32. Goçyýew T. Arbitraž iş ýöredişini hukuk düzgünleşdirmesiniň meseleleri. Altyn Asyryň Ykdysadyýeti, 2009, №11.
33. Goçyýew T. Galkynyşlar zamanasynda hukuk reformasynyň strategiýasynyň durmuşa geçirilişi. Altyn Asyryň Ykdysadyýeti, 2010, №1.

**MAZMUNY**

**Giriş**

**I bölüm. UMUMY DÜZGÜNLER**

**Tema 1. Arbitraž prosesual hukugy barada düşünje we onuň mazmuny**
§1. Arbitraž prosesual hukugynyň närsesi , usuly we onuň çeşmeleri
§2. Arbitraž iş ýöredişi we onuň tapgyrlary
§3. Arbitraž prosesual hukugynyň ýörelgeleri
§4. Arbitraž prosesual hukuk gatnaşyklary
*1-nji tema degişli çyzgylar*
*1-nji tema degişli testler*
**Tema 2. Arbitraž iş ýöredişinde taraplar**
§1. Taraplar barada düşünje, olaryň esasy prosesual hukuklary we borçlary
§2. Degişli däl tarapy çalyşmak
§3. Prosesual tarapdarlyk
§4. Prosesual hukuk oruntutarlygy
*2-nji tema degişli çyzgylar*
*2-nji tema degişli testler*
**Tema 3. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplar**
§1. Arbitraž iş ýöredişinde üçünji taraplara düşünje
§2. Jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirýän üçünji taraplar
§3. Jedeliň närsesine özbaşdak talap bildirmeýän üçünji taraplar
*3-nji tema degişli çyzgylar*
*3-nji tema degişli testler*
**Tema 4. Prokuroryň arbitraž iş ýöredişine gatnaşmagy**
§1. Prokuroryň arbitraž iş ýöredişine gatnaşmagyna düşünje we onuň ähmiýeti
§2. Birinji basgançakly kazyýete prokuroryň gatnaşmagy
§3. Arbitraž iş ýöredişiniň beýleki tapgyrlaryna prokuroryň gatnaşmagy
*4-nji tema degişli çyzgylar*
*4-nji tema degişli testler*
**Tema 5. Arbitraž iş ýöredişine wekiliň gatnaşmagy**
§1. Kazyýet wekilçiligine düşünje
§2. Kazyýet wekilçiliginiň görnüşleri
§3. Kazyýet wekiliniň ygtyýarlyklary we olary resmileşdirmegiň tertibi
*5-nji tema degişli çyzgylar*
*5-nji tema degişli testler*
**Tema 6. Kazyýet subutnamalary**
§1. Kazyýet aň ýetirişine we subut etmeklige düşünje

§2. Kazyýet subutnamalaryna düşünje
§3. Kazyýet subutnamalarynyň görnüşleri (klassifikasiýasy)
§4. Subut etmekligiň närsesi
*6-njy tema degişli çyzgylar*
*6-njy tema degişli testler*
**Tema 7. Subutnamalaryň (subut ediş serişdeleriniň) aýry-aýry görnüşleri**
§1. Ýazmaça subutnamalar
§2. Maddy subutnamalar
§3. Işe gatnaşýan taraplaryň düşündirişleri
§4. Bilermenleriň netijenamalary
*7-nji tema degişli çyzgylar*
*7-nji tema degişli testler*
**Tema 8. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna we belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi**
§1. Ykdysady işleriň kazyýetiň garamagyna degişliligi barada düşünje
§2. Ykdysady işleriň belli bir kazyýetiň garamagyna degişliligi
*8-nji tema degişli çyzgylar*
*8-nji tema degişli testler*
**Tema 9. Prosesual möhletler we kazyýet çykdajylary**
§1. Prosesual möhletler
§2. Kazyýet çykdajylary
*9-njy tema degişli çyzgylar*
*9-njy tema degişli testler*
**II bölüm. BIRINJI BASGANÇAKLY ARBITRAŽ KAZYÝETDÄKI ÖNÜMÇILIK**

**Tema 10. Ykdysady işleri gozgamak**
§1. Talap arzany bildirmegiň tertibi we ony ýerine ýetirmezligiň netijeleri
§2. Talap arza we ondaky ýalňyşlyklary düzetmegiň tertibi
§3. Talap arzany kabul etmek. Talap arzany kabul etmekden ýüz döndermegiň esaslary
*10-njy tema degişli çyzgylar*
*10-njy tema degişli testler*
**Tema 11. Ykdysady işleri kazyýet seljerişine taýýarlamak**
§1. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamaklyga düşünje we onuň ähmiýeti
§2. Işi kazyýet seljerişine taýýarlamagyň dowamynda amala aşyrylýan prosesual hereketler
*11-nji tema degişli çyzgylar*
*11-nji tema degişli testler*
**Tema 12. Ykdysady işleriň kazyýetde seljerilişi**
§1. Ykdysady işleriň kazyýet seljerişiniň umumy düzgünleri we tertibi
§2. Kazyýet mejlisiniň kadaly hereketine päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak
§3. Kazyýet çözgüdini çykarmazdan işi tamamlamak
§4. Birinji basgançakly kazyýetiň kazyýet namalary

*12-nji tema degişli çyzgylar*
*12-nji tema degişli testler*
**III bölüm. ÇÖZGÜTLERE GAÝTADAN GARAMAK ÖNÜMÇILIGI**

**Tema 13. Kanuny güýjüne girmedik kazyýet çözgütlerine we kesgitnamalaryna şikaýat bildirmek (teklipnama getirmek) we olary barlamak**
§1. Nägilelik önümçiligi barada düşünje we onuň mazmuny
§2. Nägilelik tertibinde şikaýat (teklipnama) getirmäge bolan hukugy amala aşyrmagyň şertleri we tertibi
§3. Işi nägilelik basgançagynda seljermek
§4. Nägilelik kazyýetiniň ygtyýarlyklary we şikaýat (teklipnama) getirilen kazyýet çözgütlerini ýatyrmak üçin esaslar
*13-nji tema degişli çyzgylar*
*13-nji tema degişli testler*
**Tema 14. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde hem-de täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça täzeden garamak**
§1. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna gözegçilik tertibinde täzeden garamaga düşünje we onuň ähmiýeti
§2. Gözegçilik kazyýetinde işe täzeden garamak
§3. Kanuny güýjüne giren kazyýet namalaryna täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça gaýtadan garamak
*14-nji tema degişli çyzgylar*
*14-nji tema degişli testler*
**Tema 15. Ýerine ýetirijilik önümçiligi**
§1. Kazyýet namalaryny ýerine ýetirişe düşünje we onuň ähmiýeti
§2. Arbitraž iş ýöredişinde ýerine ýetiriş önümçiligini häsiýetlendirýän kadalar
*15-nji tema degişli çyzgylar*
*15-nji tema degişli testler*
**Tema 16. Täjirçilik arbitraž kazyýetleri**
§1. Täjirçilik arbitraž kazyýetleri barada düşünje we olaryň ähmiýeti
§2. Täjirçilik arbitraž kazyýetleriniň häsiýetli aýratynlyklary
§3. Täjirçilik jedellerini çözmegiň alternatiw usullary
*16-njy tema degişli çyzgylar*
*16-njy tema degişli testler*
*Jemleme*
**Edebiýatlar we kanunlar**